**M.H. Baýramlyýewa, G.T.Ýollyýew, N.M.Berdinyýazow**

# FARMASIÝANYŇ GURALYŞY WE YKDYSADYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 615.1/4+338:378
B 38

**Baýramlyýewa M.H. we başg.**
B 38 **Farmasiýanyň guralyşy we ykdysadyýeti.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

Okuw kitaby farmasiýanyň guralyşy we ykdysadyýeti dersiniň okuw maksatnamasynyň esasynda taýýarlanyldy. Kitapda bazar ykdysadyýeti şertlerinde ýurdumyzyň derman senagatyny ösdürmek, ilatyň derman serişdeleri bilen üpjünçiligi, kesel bejeriş hem-de keselleriň öňüni alyş edaralarynyň derman serişdeleri, lukmançylyk üçin niýetlenilen önümler bilen üpjünçiligi baradaky meselelere seredilýär.

Kitap ýokary okuw mekdepleriniň, şeýle hem orta hünär okuw mekdepleriniň talyplary üçin niýetlenen.

TDKP № 51, 2016 KBK 52.8 ýa 73

© M.H. Baýramlyýewa we başg., 2016



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Eşretli hem bagtyýar durmuşyň gözbaşy ylmyň we bilimiň kämilleşmegi bilen aýrylmaz baglydyr.*

## GIRIŞ

Türkmenistan Garaşsyzlygyny almak bilen, syýasy we ykdysady özbaşdaklyga eýe boldy. Bu bolsa ýurdymyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmeklikde täze mümkinçiliklere eýe bolmaklyga getirdi. Türkmenistanyň ýerasty jümmüşi dürli gazylyp alynýan peýdaly baýlyklara: nebite, gaza, kükürde, natriý, kaliý, magniý duzlaryna we beýleki duzlara, ýoda, broma, reňkli hem-de seýrek duş gelýän metallara (stronsiý, uran we beýlekiler), süýji we mineral (senagat hem-de bejeriş ähmiýetli) suwlara, timarlaýyş we gurluşyk üçin çig mallara we ş.m. baýdyr.

Türkmenistan bazar ykdysadyýeti ösüş ýoluna düşdi. Halk hojalygynyň her bir pudagyny (nebit-gaz, oba hojalyk, derman senagaty) ösdürmek zerurlygy gelip çykdy. Sebäbi, her bir pudak öz-özüni doly ödäp, ýurduň milli girdejisine goşant goşmalydyr.

Türkmenistanyň Hökümeti milli girdejileri halkyň bähbitleri üçin ulanýar. Çünki, Türkmenistan döwletimiziň baş maksady – halkymyzy eşretli durmuşda ýaşatmakdyr. Ýurdumyzda «raýatlarymyzyň jan saglygy hemme zatdan ileridir» diýen ýörelgeden ugur alynýar. Halkyň jan-saglygy barada alada etmek birinji ýerde durýar. Baky Bitarap ýurdumyzyň «Il saglygy–ýurt baýlygy» diýen şygary raýatlaryň saglygyny goramak meselesiniň birinji derejeli wezipe hasaplanylýandygyny aňladýar. Dünýäde özbaşdak ösüş ýoluna düşen ýurtlarda (şol sanda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ýurtlarda) derman serişdeleriniň ilata maliýe we ykdysady taýdan elýeterli bolmakly-

gyny gazanmak möhüm meseleleriň biri bolup durýar (...Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň maglumatlaryndan).

Türkmenistanyň özbaşdak ösüş ýoluna düşmegi bilen ilatyň saglygyny goramak meselesine uly üns bilen garaldy. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda «Saglyk» döwlet maksatnamasyny we Türkmenistany durmuş ykdysady we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry Milli Maksatnamany» kabul etdi. Bu maksatnamalar ilatyň saglygyny goramak we derman senagatyny ösdürmek boýunça öňünde uly wezipeleri öňde goýdy. Olary ýerine ýetirmekde halkyň saglygyny goramaklyga gönükdirilen köp sanly durmuş-ykdysady özgertmeler geçirildi. Ýurtda ulanylýan derman serişdeleriniň 80%-ini dermanlyk çig mallarymyzyň hasabyna özümizde öndürmek wezipe edilip goýuldy. Bu bolsa derman önümçiligi we üpjünçiligi bilen meşgullanýan edaralaryň öňünde uly meseleleri çözmekligi talap edýär. Bu talaplary ýokary depginde ýerine ýetirmekligiň barşynda dermançylyk ulgamynda birnäçe täze kärhanalaryň döremegine, işleriň uly depgin bilen öňe gitmegine getirdi.

«Saglyk» döwlet maksatnamasyndaky görkezmeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, ýerli çig mallardan, birinji nobatda, dermanlyk ösümliklerden derman serişdelerini almagy ýola goýmak üçin 1999-njy ýylda Türkmenistanyň Milli derman serişdeleri instituty açyldy. Ol ylmy-barlag edarasy bolup, onuň wezipesi derman işläp taýýarlamakdyr. Mundan başga-da, derman öndürmek maksady bilen, «Türkmenderman-Buýan» obasenagat toplumlary, «Saglyk» himiki-farmasewtiki zawody, bilelikdäki Türkmenderman «Ajanta-Farma LTD» zawody, «Tenekär» erginler zawody hem-de birnäçe derman ösümlik, tejribe hojalyklary, edaralar we guramalar işleýär.

Türkmenistana gelýän derman serişdeleriniň we lukmançylyk enjamlarynyň howpsuzlygyny, bejeriş häsiýetleriniň we hiliniň ýokary bolmaklygyny üpjün etmek maksady bilen, Garaşsyzlyk ýyllarynda Turkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň «*Derman serişdelerini hasaba alyş we olaryň hiline Döwlet gözegçiligi merkezi»* döredildi.

Türkmenistanyň dermançylyk işinde bellibir iş tertibini düzgünleşdirmek, kadalaşdyrmak, derman üpjünçiligini gowulandyrmak maksady bilen, 2002-nji ýylyň 5-nji iýulynda *«Melhemçilik işi we derman üpjünçiligi hakynda»* Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Şonuň ýaly hem 2002-nji ýylyň dekabr aýynyň 14-ine *«Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda»* Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Öňde goýlan maksatlary durmuşa geçirmek üçin:

– mugt lukmançylyk hyzmatlarynyň döwlet tarapyndan kepillendirilen möçberini üpjün etmek;

– lukmançylyk hyzmatynyň hilini we netijeliligini ýokarlandyrmak üçin ykdysady-guramaçylyk we hukuk şertlerini üpjün etmek;

– lukmançylyk hyzmatlarynyň binýadyny döretmek, hususy saglygy goraýşy höweslendirmek;

– saglygy goraýşy dolandyrmagyň we döwlet tarapyndan maliýeleşdirmek ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmak;

ýurdumyzda derman senagatyny çalt depginde ösdürmek baradaky wezipeleri çözmek bellenildi.

Türkmenistanda derman önümçiliginde hil kadalarynyň düzgünlerini üpjün etmek we onuň ýerine ýetirilişiniň gözegçiligini güýçlendirmek maksady bilen, Gollandiyanyň önümçiligindäki hil-kadalar düzgünleri kabul edildi hem-de olar derman serişdeleriniň önümçiligine, dermanhana işlerine girizildi.

Türkmenistanyň ilatyna derman hyzmatynyň ýola goýluşy hem-de üpjünçiligi maksadalaýyk üýtgedilip gurulýar. Hojalyk hasaplaşygynda işleýän dürli eýeçilikli dermanhana ulgamlary giňeldi we halkymyzyň dermana bolan isleglerini doly kanagatlandyrmaga mümkinçilik döredi. Şeýle-de, ilaty öz wagtynda ýokary hilli derman serişdeleri bilen üpjün etmek esasy maksadymyzdyr. Şeýlelikde, ýurdumyzyň dermanhana ulgamynyň doly hojalyk hasaplaşykly we öz-özüni dolandyryşly işlemäge geçmegi farmasewtika fakultetiniň uçurymlarynyň ýokary ykdysady taýýarlygyny talap edýär. Guramaçylygyň, dolandyryşyň täze usullaryny bilmek zerurlygy ýüze çykýar.

Okuw kitabynda dermanhana edaralarynyň, hojalyk hasaplaşygyndaky dermanhanalaryň, hassahanalardaky dermanhanalaryň, hususy dermanhanalaryň, dermanhana ammarlarynyň bazar yk-

dysadyýeti şertlerinde ýerine ýetirýän işleri, iş aýratynlyklary, enjamlaşdyrylyşy, guramaçylyk düzümi, işgärleri, olaryň borçlary we hukuklary, oňa gelýän haryt-maddy gymmatlyklary hasaba almak, saklanylyşyny guramak, hasabatlary düzmek ýaly meseleler şöhlelendirilýär. Okuw dersiniň ýokary derejede özleşdirilmeginde hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ensiklopedik işi aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Häzirki wagtda bu ylmy işiň sekiz kitaby çap edildi we olar ähli lukmançylyk hem-de dermançylyk ulgamynyň hünärmenleriniň, geljekde saglyk ulgamynda zähmet çekjek talyplaryň ýankitabyna öwrüldi.

# I BÖLÜM

## 1.1. Derman üpjünçiliginiň guralyşy dersi

Farmasiýanyň guralyşy we ykdysadyýeti dersi häzirki bazar ykdysadyýeti şertlerinde derman üpjünçiligi gurnamaklygyň esaslaryny öwrenýär.

Jemgyýetiň her bir ösüş basgançagynda şol ýurduň syýasatyna, ykdysady mümkinçiliklerine görä, derman üpjünçiligini dolandyrmagyň usullary işlenilip düzülýär we diňe bu iş talabalaýyk ýola goýlanda saglygy goraýyşda üstünlik gazanylýar. Şonuň ýaly-da, Garaşsyz watanymyzda hem derman üpjünçiligini täzeçe gurnamaklygy döwür talap etdi.

Bu ders Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanda derman üpjünçiligini gowulandyrmakda, dermançylyk ulgamyny dolandyrmaklygyň täze kanundyr düzgünlerini taýýarlamagyň ýollaryny we olaryň jemgyýet hem-de döwlet bilen özara gatnaşyklaryny öwrenýär.

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ýurtlar özbaşdaklygyny almagy bilen derman üpjünçilik meselesinde käbir çözülmesi hökmany bolan meselelere gabat gelindi. Mysal üçin:

– öňki Soýuzyň derman üpjünçilik ulgamynyň bozulmagy bilen, her döwlet bu babatdaky meseleleri özleri çözmeli boldular;

– derman serişdeleriniň elýeterliligi;

– käbir ýurtlarda döwlet tarapyndan saglygy goraýşa goýberilýän maliýe serişdeleriniň çäklendirilmegi;

– daşary ýurtlardan gelýän derman serişdeleriniň gymmatlygy ýa-da olaryň araçy firmalardan gymmat satyn alynmagy;

– ýatymlaýyn bejergi alýan näsaglaryň kesellerini bejermeklige mugt derman serişdelerini almak üçin maliýe gorunyň ýetmezçiligi ýa-da stasionar bejerginiň ilat üçin tölegli edilmegi;

– ilatyň käbir gatlaklarynyň maşgala girdejisiniň az bolmagy (işsizlik, köp çagalylyk, ýeke ýaşaýan garrylar we ş.m.);

– lukmançylyk kömekleriniň kesel bejerişiň, maslahatlaryň tölegli bolmagy.

Türkmenistanda derman üpjünçiligini gowulandyrmakda gerekli täzelikler, usullar wagtynda dolandyryşa girizildi. Bu babatda derman serişdeleriniň ilat üçin elýeterli bolmagy gazanyldy. Sebäbi, derman serişdeleriniň ilata elýeterliligini üpjün etmekde hökman döwlet tarapyndan bu meseläniň oňaýly çözüliş usulyny tapmak zerurdy. Bu meseläniň – derman üpjünçiliginiň amatly usullaryny hem-de lukmançylyk hyzmatlaryny gowulandyrmakda Türkmenistanyň dermançylyk edaralarynyň tagallalary üstünlik getirdi. Bu işleri amala aşyrmakda biziň ýurdumyzdaky gazanylan syýasy durnuklylyk we ykdysady ösüş uly ähmiýete eýedir .

Derman serişdeleriniň elýeterliligini üpjün etmek, saglygy goramagyň ýolunda ilkinji üstunlikleriň biridir. Öz halkyny ruhy belent, sagdyn, eşretli ýaşatmak üçin alada edýän hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda bu ugurda halkyň ýaşaýyş-durmuş ýagdaýyny gowulandyrmaklyga gönükdirilen işler durmuşa geçirilýär. Olar şu aşakdakylardan ybarat:

– näsaglary bahasyndan 90% ýeňillikli dermannama hatlar boýunça derman serişdeleri bilen üpjün etmekden;
– näsaglary bahasyndan 50% ýeňillikli dermannama hatlar boýunça derman serişdeleri bilen üpjün etmekden;
– näsaglary derman serişdeleri bilen mugt üpjün etmekden;
– bejeriş täsiri ýokary, bahasy amatly bolan derman serişdelerini Türkmenistana getirmekden. Bu babatda hökümetimiz Türkmenistana getiriljek derman serişdeleriniň dünýäniň ýokary hilli derman serişdeleri bolmalydygyny Türkmenistanyň SG we DS ministrliginiň öňünde möhüm wezipeleriň biri edip goýdy. Şoňa laýyklykda Baş dermanhana birleşigi getiriljek derman serişdeleriniň bütindünýä kadalarynyň berjaý edilýän önümleriň bolmalydygyny (Ýewropa, Hytaý, ABŞ we beýlekiler) belledi we derman serişdelerini satyn almakda şertnamalary diňe şol ýurtlar bilen baglaşylyp başlandy;
– ulanylýan derman serişdeleriniň saglyk öýlerinden we olaryň näsagyň keseline görä ýazylyşynyň (derman serişdesiniň zerur däl mahaly näsaga ýazylmagyny ýa-da bejeriş ähmiýeti pes derman serişdesiniň ýazylmagy, ýa-da derman serişdeleriniň gereginden artyk ýazylmagy) dogrulygyny derňemek. Bu

derňew derman serişdeleriniň netijesiz ulanylmagynyň öňüni alar we derman serişdeleriniň tygşytly ulanylmagyna getirer;
- hususy dermanhanalaryň köpelmegi derman serişdeleriniň bolçulygyny döretmekde uly ähmiýete eýe bolar;
- 2002-nji ýylyň 5-nji iýulynda derman üpjünçiligini we onuň dolandyrylyşyny gowulandyrmak maksady bilen, «Melhemçilik işi we derman üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi;
- 1996-njy ýylda Derman serişdelerini hasaba almak we olaryň hiline Döwlet gözegçiligini amala aşyrmak boýunça merkez döredildi. Bu edara Türkmenistana gelýän we Türkmenistanda öndürilýän derman serişdeleriniň ýokary hilli bolmagyny üpjün edýän edaradyr;
- 1999-njy ýylda Türkmenistanyň Milli derman serişdeleri instituty açyldy. Bu institut ýerli dermanlyk çig mallardan derman serişdeleriniň önümçiligini talabalaýyk ýola goýmakda uly ähmiýete eýe bolar.
- derman üpjünçiliginiň guralyşy we ony gurnamak ylmy ýurtlarda derman serişdeleriniň ähli ilat üçin ykdysady elýeterliligini nähili gazanmalydygyny öwrenýär. Sebäbi, soňky wagtlarda derman serişdeleriniň sany köp dürli, emma olaryň hemmesi üçin elýeterli bolup durmaýar.

Şonuň üçin bu ders:
- bahalaryň emele gelşi;
- derman serişdelerini elýeterli etmekde Döwlet guramalarynyň etmeli işleri;
- ilata ilkinji saglyk kömegini we stasionar kömegini bermekde derman serişdeleriniň bahalaryny sazlamaga we maliýeleşdiriş işlerine girizilmeli üýtgeşmeler baradaky ykdysady gatnaşyklary öwrenýär.

## 1.2. Türkmenistanda derman üpjünçilik işiniň ösüş taryhy

Gadymy türkmen lukmançylygynyň aýratynlygy, türkmenleriň ir zamanda kesel bejermekde derman ösümlikleri we olardan ýasalýan derman serişdelerini, mundan hem başga haýwanlardan we minerallardan alynýan derman serişdelerini ulanyp gelmegidir.

Türkmenistanyň çäginde taryhyň dürli döwürlerinde dermançylyk işi we lukmançylyk emleri şol ugurlardan amaly taýdan tejribesi bolan adamlar tarapyndan alnyp barlypdyr. Olaryň özleri derman serişdelerini taýýarlapdyrlar we näsaglary bejermek üçin ulanypdyrlar. Taýýarlanan dermanlar beýleki harytlar bilen bazarlarda satylypdyr. Orta Aziýada, türkmen topragynda ýaşan tebipler öz bejerýän keselleri ýa-da em edýän usullary bilen biri-birinden tapawutlanypdyrlar. Mysal üçin, adam bedeniniň içki agzalarynyň kesellerini öz bilýän dermanlary bilen bejerýän tebipler ýa-da gan almak bilen keselleri bejerýän tebipler, gusdurmak arkaly kesel bejerýän tebipler bolupdyr.

Tebipleriň köpüsi öz bilýän emlerini, usullaryny başgalara öwretmän, gizlin saklap, diňe öz kärlerini nesilden-nesle berip, öz ogullaryna, ýakynlaryna öwredipdirler. Tejribeli tebipler şol wagtlar bejeriş usullary, ulanýan derman serişdeleri barada ýazgylary ýöredipdirler. Şol wagtlar dermançylyga, tebipçilige degişli birnäçe işler ýazylypdyr[1].

Biziň eýýamymyzyň VI-VII asyrlarynda Orta Aziýanyň çäginde bolup geçen ýagdaýlar tebipçiligiň, dermançylygyň ösmegine oňaýsyz täsir edipdir. Yslam dininiň ornaşmagy bilen lukmançylyk täze ugur bilen ösüpdir.

Türkmenistanyň çäklerindäki halklar beýleki ýurtlar bilen lukmançylyk, dermançylyk babatda gatnaşyklary ösdüripdirler. Arap halifi Al Mansur XIII asyrda araplaryň täze paýtagtyny döredýär we ol şäher Ýewropany, Hytaýy, Hindistany, Ýakyn Gündogary, Orta Aziýany birleşdirýän söwda şäheri bolup galýar. Şol döwürler dürli ýurtlarda ösümliklerden derman serişdelerini taýýarlamak işi ösüpdir. Bagdatdaky açylan Ýokary lukmançylyk mekdebinde köp halklaryň tebipçilikde gazananlarynyň beýany arap dilinde ýazylypdyr. Bagdadyň Ýokary lukmançylyk mekdebine Merwden (Marydan) Ahmed ibn Abdallah Merwezi, Ferganadan Muhammed ibn Kassio Fergani ýaly alymlar barypdyrlar. Merwli Ahmed Ibn Abdallah Merweziniň lukmançylyga degişli işleri Gadymy Mary, Köneürgenç kitaphanalarynda saklanyp, ol işler beýleki birnäçe bize gelip ýetmedik awtorlaryň işleri bilen mongol çozuşlarynda ýakylypdyr. IX asyryň ahyry – X asyryň başynda Bagdadyň Ýokary lukmançy-

---

[1] B.A. Hudaýgulyýew, 1985 ý.

lyk mekdebinde kliniki tejribelere esaslanan, lukmançylyga degişli täze hususy bejeriş usullary peýda bolýar. Bu bejeriş usullarynda derman ösümlikler we beýleki bejeriji serişdeler ulanylypdyr. Arap halifatynda belli bolan Bagdat şäheriniň Baş lukmany, filosof we tebigaty öwreniji Abu Bakr Muhammed ibn Zakariýa ar Raziniň (Abu Bakr Razi) «Lukmançylyk işleri» şol wagtlar Ibn Sinanyň kitabynyň ýüze çykan döwrüne çenli, lukmançylykda esasy kitap hasaplanylypdyr. Abu Bakr Raziniň dermançylyk ugrundaky işlerinde «Derman barada», «Dermanlaryň ýasalyşy», «Emeli dermanlar barada» beýanlarynda dermanlaryň häsiýetleri, taýýarlanylyşy we saklanyş usullary dogrusynda aýdylypdyr. Abu Bakr Raziniň pikirine görä, derman ilki bilen kesel dörediji sebäbe täsir etmelidir. Ol ýa-da beýleki derman bilen bejeriş usuly saýlap almak keseliň häsiýetine, agyrlygyna, näsagyň ýagdaýyna baglydygyna üns berilmegini düşündiripdir. Bu düzgün bilen häzirki zaman lukmanlary razylaşýarlar, sebäbi, eger beýnide gan aýlanma bozulsa, içegede tromblaryň emele gelmegi mümkin[2].

Abu Bakr Raziniň zamanynda araplar kerwen ýollary barýan şäherlerde keselhanalary açypdyrlar. Ilkinji keselhanalar Bagdatda, Damaskda (VIII-IX asyrda), has soňra Hemedanda, Astrabatda, Merwde, Buharada, Samarkantda we beýleki şäherlerde açylypdyr[3].

Şol döwürler arap lukmanlary Ali ibn Abbas, Abu Hanifa grek lukmançylygynda mälim bolmadyk dermanlary öwrenmek boýunça täze açyşlar edýärler, ýagny dermanyň täsirini ilki haýwanlarda ulanyp, dermanlary biologik usullar bilen öwrenmekligi ýola goýýarlar.

Şeýlelik bilen, X asyrda arap lukmançylygy şol wagt dünýäde belli grek lukmançylygyndan tapawutly ösüp başlaýar. Arap lukmanlary kän sanly dürli derman serişdeleri bilen işleýärler. Arap lukmanlary näsaglary örän çylşyrymly dermanlar bilen bejeripdirler. Şol döwürde 60-dan köpräk düzümli dermannamalar ýazylypdyr. Täze derman görnüşleri: pilulýalar, şireler, plastrlar, aromat suwlar döräpdir. Damask şäherinde aromat suwlary, efir ýaglary almak boýunça kiçi zawodlar döräpdir. Derman önümçiligi şeýle bir çylşyrymlaşypdyr, şonuň üçin derman taýýarlamak işinde ýörite hünärmenler gerek

---

[2] A.A.Kadyrow, U.T.Saipow, 1963 ý.

[3] Ýu.D. Gendina, 1974 ý.

bolupdyr. Şeýlelik bilen, farmasewt hünärmenlerini taýýarlamagyň zerurlygy hem ýüze çykypdyr.

Ilkinji dermanhanalar Bagdatda we Damaskda VIII asyryň ikinji ýarymda döräpdir[4]. Araplarda farmasewte «Attar» ýa-da «sandalin», lukmanlara bolsa tebipler, alym tebiplere – hekimler diýipdirler[5].

X asyrda grek lukmanlaryň beýanlary, hindi lukmançylyk kitaplary arap diline terjime edilipdir. Bu kitaplar şol döwürde türkmen topragyndaky şäherlere hem ýaýrapdyr. Ferganaly farmakognost Abu Mansur Muwallaki şol döwürler işlerini pars dilinde ýazypdyr. Olarda Orta Aziýanyň, şol sanda türkmen topragynyň, Hindistanyň, umuman, Gündogaryň derman ösümlikleriniň 466-syndan ýasalan mineral serişdeleri, 44 sany haýwanlarde üçin derman serişdeleri beýan edilipdir. Abu Bakr Raziniň okuwçysy tebip Ibn Abbas «Şalar kitaby» diýen işinde lukmançylykda gazanan üstünlikleri, tejribeleri barada ýazypdyr.

Ýokarda agzalan arap we grek lukmançylygynyň gazananlary Abu Ali Ibn Sinanyň – Awisennanyň lukmançylygynyň ýokary derejä galmagyna esas bolandyr. Ibn Sinanyň «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» diýen kitaby bäş tomdan ybarat bolup, iki tomy–ilkinji we bäşinji tomlary derman serişdelerini öwrenmäge bagyşlanypdyr. Ibn Sina dermançylyk älemindäki garaýyşlaryny beýleki «Ýürek kesellerinde ulanylýan dermanlar hakynda kitap», «Syçratgynyň häsiýetleri», «Sirke bilen ary balynyň häsiýetleri» atly kitaplarynda beýan edipdir. Dermançylyk ylmyna uly goşant goşan, Ibn Sinanyň döwürdeşi, alym-ensiklopidist Abu Reýhan Biruni «Lukmançylykda farmakognoziýa» atly kitabynda derman ösümlikleriň 750 görnüşini häsiýetlendiripdir. Bu kitapda, Ibn Sinanyň «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» atly kitabyndan tapawutlylykda, derman serişdeleriň häsiýetleri, olardan alynýan çig mallar barada jikme-jik durlup geçilýär, emma bejeriş täsiri barada düýbünden hiç zat aýdylmandyr. Kitabyň aýratyn tapawudy onuň köp dillerde – arap, grek, siriýa, hindi, pars, türk, horezm dillerinde ýazylmagy we dermanlyk ösümlikleri dogry tanamaklyga kömek etmegidir. Ibn Sinadan soň Orta Aziýada lukmançylyga uly goşant goşan Seýit Ysmaýyl Gür-

[4] N.A.Golosowa, 1961 ý, Ýu.D. Gendlina, 1974 ý.

[5] A.F. Gammerman, 1940 ý.

genli, Muhammet Gaýmaz Türkmendir. Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň «Tebipçiligiň ýankitaby» diýen eseri tebipçilikde uly gollanmadyr. Umuman, türkmen tebipçiliginiň nazaryýeti bolup gadymy grek, arap lukmançylyklary hyzmat edýär. Türkmen tebipçiligniň ösmegine Ibn Sina, Seýit Ysmaýyl Gürgenli, Muhammet Gaýmaz Türkmen uly goşant goşýarlar. Mongollaryň çozuşynda (XIII asyrda) Orta Aziýada, ykdysadyýet, medeniýet, şeýle-de, lukmançylyk pese gaçýar. Olaryň ösüşinde uzaga çeken durnuklylyk bolýar. XIV-XV asyrlarda mongol basybalyjylarynyň ýetiren zyýanlary dikeldilip, Orta Aziýa täzeden ösüp ugraýar. Lukmançylyk, dermançylyk babatda gyzykly pikirler ýüze çykýar. Muhammed Huseýin ibn al-Mereki as-Samarkandi içi owadan, reňkli, dermanlyk ösümlikleriň, derman taýýarlanylýan gaplaryň suratlary bilen bezelen farmasewtiki işi ýazýar.

XVII-XVIII asyrlarda (Rus Patyşasy Petr I döwründe) türkmenleriň ruslar bilen aragatnaşyklary ösüp başlaýar. Şol döwürde Moskwada «Gündogaryň lukmançylyk işlerini öwrenmek boýunça Petr I Dermançylyga Buýruk» diýen buýrugy bellenilýär. Şol döwürden galan, rus diline geçirilen, häzir Moskwanyň kitaphanasynda №481 gapda saklanylýan, Ibn Sinanyň bejeriş kitaby aýratyn taryhy gyzyklanma döredýär. Rus goşunlary XIX asyryň ahyrynda türkmen topragyny basyp alyp ugranda demir ýol gurluşygyna başlaýar we täze ilatly obalar emele gelýär. 1870--1880-nji ýyllarda rus goşunlary we olar bilen gelen ilat goşun bölümlerinde döredilen Goşun dermanhanalaryndan derman serişdeler bilen üpjün edilipdir. Şol wagtlar göçüp gelýän ilatyň sanynyň artmagy bilen, soňabaka goşun dermanhanalary ähli ilaty, goşuny we beýlekileri derman bilen üpjün edip bilmeýär. Şonuň üçin 1882-nji ýylda ýörite ülke dermanhanalary döredilipdir. Olar Aşgabatda, Maryda (Merwde), Turkmenbaşyda (Krasnowodskide), Mangyşlakda, Tejende bolupdyr. Goşun dermanhanalary we ülke dermanhanalary 1883-nji ýyldan 1891-nji ýyla çenli aralykda Zakaspiý welaýaty üçin döredilen Ätiýaçlyk derman ammarynyň üsti bilen üpjün edilipdir.

Şol döwürler, 1882-nji ýylda Aşgabada prowizor L.I. Ýanuşkewiç ilkinji hususy dermanhanasyny açýar. Soňra hususy dermanhana-

lar 1883-nji ýylda Mangyşlakda, 1886-njy ýylda Merwde, 1899-njy ýylda Gyzylarbatda (häzirki Serdar), 1905-nji ýylda Pöwrizede (häzirki Arçabil ), 1908-nji ýylda Tejende açylýar. Hususy dermanhanalary açmaga ygtyýarnamany Zakaspiý welaýatynyň Goşunlukmançylyk merkezi beripdir. 1917-nji ýyla çenli Türkmenistanda 10 sany hususy dermanhana bolupdyr, olar dermannamalar boýunça derman serişdeleriniň 230 müň sanysyny taýýarlapdyrlar. Alym W.A.Dubýanskiý 1916-njy ýylda derman görnüşleri bilen gyzyklanyp, dermanhanalarda barlag geçirip öwrenende, Tagtabazardaky we Serdardaky (Gyzylarbatdaky) dermanhanalarda derman serişdeleriň dörtden biriniň ýerli çig mallardan ýasalandygyny belläpdir. B.A. Fedçenko 1916-njy ýylda türkmen topragynda 3 müň sany gerbariý ýygnapdyr. Garrygalanyň (häzirki Magtymguly) ilatynyň ýerli derman ösümlikleri gowy bilýändiklerini belläpdir.

Sowet hökümetiniň (1917-1991ý) gelmegi bilen ähli dermanhanalar hususy eýelerinden alnyp, döwlete geçirilýär. Sowet hökümeti dermançylyk işiniň ösmegine uly orun berýär. 1918-nji ýylda «Dermanhanada farmasewtleriň hünär hukugyna girizilen üýtgemeler», «Dermanhanada harytlaryň satylmagyny we goýberilmesini sazlamak» atly kararlar, görkezmeler çykýar.

Sowet hökümeti gurlup başlanda Türkmenistanda milli dermançylyk hünärmenleri döretmekde kynçylyklar bolupdyr. «Türkmenistanyň dermanhana birleşigi» 30 sany farmasewt bilen işe başlapdyr. 1924-nji ýylda Türkmenistan respublikasynda 102 farmasewt hasapda durupdyr. Sowet döwründe Türkmenistanda – Balkan, Mary, Daşoguz, Lebap welaýatlarynda we Aşgabatda derman üpjünçiligini dolandyrmakda Dermanhana birleşikleri tarapyndan derman ammarlary döredilipdir. Merkezi etrap dermanhanalary we keselhana dermanhanalary döredilýär, olaryň sany köpelýär. Türkmen dermançylyk hünärmenleri Türkmen Döwlet lukmançylyk institutynyň (1981-nji ýyldan bäri) we lukmançylyk orta okuw mekdepleriniň farmasewtika bölümlerinde taýýarlanyldy. Mundan başga-da ýerli hünärmenleri – türkmen prowizorlary Baku, Moskwa, Harkow, Daşkent, Sankt-Peterburg ýaly şäherleriň farmasewtiki institutlarynda taýýarlanyldy. Sowet häkimiýeti ýyllary içinde türk-

men topragynyň ösümlik, haýwanat, mineral dermanlyk çig mallary giň möçberde ylmy-barlaglaryň netijesinde öwrenildi.

Ylmy-barlag iş saparlarynyň netijesinde respublikada ösümlikleriň 337 görnüşlerinde möhüm farmasewtiki işjeň maddalar tapyldy. Bu maddalar derman serişdelerini döretmekde çig mal bolup hyzmat edýär. 20 sany täze maddalaryň himiki gurluşy öwrenildi, 28 sany täze kumarin, 10 sany flawonoid, 52 sany terpenoid maddalaryň gurluşy anyklanyldy. Türkmen topragynyň efir ýaglaryny saklaýan ösümliklerini öwrenmekde professor M.O.Garryýew köp işler etdi. Onuň işlerinde türkmen topragynda ösýän derman ösümlikleriniň morfologik alamatlary, çig mallarynyň taýýarlanylyşy, himiki düzümi, ondaky işjeň maddalaryň häsiýetleri, derman ösümlikleriniň halk we ylmy lukmançylykda ulanylyşy barada köp maglumatlar berilýär.

Professor E.S.Sahatow dermançylyk işini gurnamaklyga, derman serişdeleriniň tilsimatyna degişli ylmy işleriň birnäçesiniň awtorydyr. Onuň 1995-nji ýylda «Dermanhana edaralarynda hasap we hasabat işleri» atly kitabynda dermançylyk işini dolandyrmaklygyň ykdysady taraplary barada maglumat berilýär. Ýurdumyzyň tanymal prowizory. B. A. Hudaýkulyýewiň «История развития фармацевтического дела в Туркменистане» atly kitabynda dermançylygyň taryhy dogrusynda gürrüň berilýär. Türkmen topragynyň derman ösümliklerini öwrenmekde W.W.Nikitiniň we M.Geldihanowyň «Определитель растений Туркменистана» (Ленинград – 1988) kitaby, B.B. Kerbabaýewiň «Народные и научные туркменские названия растений» (Aşgabat-1992) we «Botanika adalgalarynyň türkmençe-rusça sözlügi» atly kitaby uly ähmiýete eýedir. Bu kitaplar derman ösümliklerini tanamaklyga, olary beýleki görnüşlerinden tapawutlandyrmaga ýardam berýär.

1991-nji ýylda Türkmenistanyň Garaşsyzlygy almagy dermançylyk ugrunyň ösmegine uly ýol açdy.

## 1.3. Garaşsyz Türkmenistanda dermançylyk ulgamynyň guralyşy

Ýurdumyzyň ähli dermançylyk kärhanalary Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň tabynlygynda öz işlerini ýöredýärler. Dermançylyk işleri Ministrlikde üç ulgama: «Türkmenderman senagat birleşigi», «Baş dermanhana birleşigi» we «Derman serişdelerini hasaba alyş we olaryň hiline döwlet gözegçiligi merkezi» ulgamlaryna bölünýär. Dermançylyk işini ýöredýän dördünji ulgam bu – hususy dermanhanalar ulgamydyr.

«Türkmenderman senagat birleşigi» özüne «Buýan» obasenagat toplumyny, «Saglyk» himiki farmasewtiki zawodyny, Türkmenistan bilen Hindistanyň bilelikdäki «Türkmenderman Ajanta-Farma LTD», erginleri öndürýän «Tenekar» kärhanasyny we beýlekileri birleşdirýär. «Baş dermanhana birleşigi» – Baş dermanhana müdirligini we welaýatlaryň dermanhana müdirliklerini, Aşgabadyň we welaýatlaryň döwlet dermanhanalaryny, derman ammarlaryny, derman serişdeleriniň hiline gözegçilik edýän barlaghanalary özüne birleşdirýär. «Derman serişdelerini hasaba alyş we olaryň hiline döwlet gözegçiligi merkezi» özüne iki sany topary, ýagny derman serişdelerini resmileşdirmek boýunça topary we derman serişdeleriniň täsirini barlamak boýunça topary özüne birleşdirýär.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanda hususy dermanhanalar döräp ugrady. Olar öz işlerini Türkmenistanyň SG we DS ministrliginden dermançylyk işine ygtyýarnama alanlaryndan soň başlaýarlar. Derman serişdelerini getirmek boýunça we satýan derman serişdeleriniň hili boýunça işlerine «Derman serişdelerini hasaba alyş we hiline döwlet gözegçiligi merkezi» gözegçilik edýär.

Ýurdumyzda ilaty we bejeriş edaralaryny derman serişdeleri we lukmançylyk kömegi üçin enjamlary bilen üpjün etmek işini dermanhanalar amala aşyrýarlar. (Dermanhana) grekçe «apotheke»– ammar diýmegi aňladýar. Dermanhana saglygy goraýşyň derman serişdeli binýadynyň düzüm bölegidir. Dermanhanalaryň ýurdumyzda birnäçe görnüşleri bar. Olar: hojalyk hasaplaşygyndaky merkezi etrap dermanhanalary we olaryň şahamçalary, býujetdäki dermanhanalar hem-de hususy dermanhanalardyr.

Dermanhanalaryň esasy wezipeleri:
- ilaty we kesel bejeriş edaralaryny taýyn we özünde taýýarlanylýan derman serişdeleri we söwdasyna rugsat berlen mineral suwlar, sargy serişdeleri, zyýansyzlandyrylan serişdeleri, näsaglara seretmekde ulanylýan arassaçylyk serişdeleri bilen üpjün etmek;
- dermannama hatlary, talapnamalar boýunça derman serişdelerini taýýarlamak we goýbermek;
- ýokary guramanyň görkezmesi bilen düzülen, tassyklanan meýilnama boýunça oba ýerlerinde dermanlyk ösümlik çig mallaryny ýygnatmak;
- lukmanlara derman serişdeleri we olaryň ulanylyş usullary, dozalary, derman serişdeleriniň dermanhanada bolan ätiýaçlyklary, ýerini tutýan hem-de täze gelen serişdeler barasynda maglumatlary yzygiderli berip durmak;
- ilata derman serişdeleri we olaryň haýsy dermanhanada barlygy barada maglumat bermek;
- ilat arasynda arassaçylyk işi dogrusynda, aýratyn hem öý şertlerinde derman serişdeleriniň saklanylyşy, öz-özüni bejermegiň zyýany we ş.m. barada gürrüňler geçirmek.

Häzirki zaman talaplaryna görä her bir dermanhana aýratyn jaý hökmünde gurulmaly ýa-da ol köp gatly jaýlaryň 1-nji gatynda şemal öwüsýän, gün düşýän ýerde ýerleşmeli.

«Baş dermanhana birleşigi», «Derman serişdelerini hasaba alyş we olaryň hiline döwlet gözegçiligi merkezi», dermanhananyň her bir görnüşi we olaryň hünärmen sanawlary, olardaky iş, tertip-düzgünler barada okuw kitabynda aýratyn gürrüň berler.

## TÜRKMENISTANYŇ SAGLYGY GORAÝYŞ WE DERMAN SENAGATY MINISTRLIGINIŇ GURAMAÇYLYK DÜZÜMI

***TSG we DSM***

Baş dermanhana müdirligi
Ahal welaýat dermanhana müdirligi
Balkan welaýat dermanhana müdirligi
Lebap welaýat dermanhana müdirligi
Mary welaýat dermanhana müdirligi

Daşoguz welaýat dermanhana müdirligi
Merkezi etrap dermanhanalary
Hojalyk hasaplaşykly dermanhanalar (HHD)
Dermanhana nokatlary
Dermanhana ammary

Derman serişdeleriniň hiline we mukdaryna gözegçilik edýän barlaghana

***«Türkmendermansenagat» birleşigi***

«Saglyk» derman kärhanasy
«Ajanta» farma limited derman kärhanasy
«Tenekar» infuzion erginleri öndürýän derman kärhanasy
«Buýan» oba senagat kärhanasy

***Welaýat we şäher Saglygy goraýyş gullugy***

Köp ugurly hassahanalar
Ýöriteleşdirilen hassahanalar
Anyklaýyş merkezi
Saglyk öýleri

***Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşýän gulluk***

***Derman serişdeleri bellige alynýan we hiline gözegçilik edýän merkez***

***Ilata saglygy goraýyş hyzmatlarynyň maşgala lukmançylyk usulyny hem-de ilkinji saglygy goraýyş kömeginiň berlişini kämilleşdirmek.*** Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» döwlet maksatnamasynyň esasy wezipeleriniň biri ilata ilkinji lukmançylyk kömegini maşgala ýörelgesi arkaly amala aşyrmakdan ybarat bolup, häzirki wagtda ýurdumyzda şäher saglyk öýleri we saglyk merkezleri işleýär. Oba ýerlerinde feldşer-göbegene nokatlarynyň deregine oba saglyk öýleri döredildi. Saglyk öýlerinde maşgala lukmançylygy we ýörite ugurly hünärmenleriň işi ýola goýuldy.

Öz gündelik işlerinde maşgala lukmanlary, şepagat uýalary keselleriň öňüni almaklyga, olary irki döwürde ýüze çykarmaklyga, ýokanç keselleriň öňüni alyş, bejeriş çäreleriniň wagtynda geçirilmegine aýratyn üns berýärler.

Maşgala lukmançylygynyň giňden ornaşdyrylmagy netijesinde çagalar, eneler, aýratyn-da 1 ýaşa çenli bäbekler uly alada bilen gurşaldy. Sanjymlaryň we beýleki öňüni alyş çäreleriniň wagtynda geçirilmegine gözegçilik ýola goýuldy. Aşgabat, Mary, Daşoguz,

Türkmenabat, Balkanabat şäherlerinde döwrebap, ýokary hilli enjamlar we tehnologiýa (kompýuterli tomograflar, ultrases we rentgenologiki gurallar), ýokary bilimli hünärmenler bilen üpjün edilen saglygy goraýyş, anyklaýyş merkeziniň ulanylmaga berilmegi keselleri irki möhletlerde has doly anyklamaga ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiziň sowgady bolan zerur lukmançylyk gurallary we derman serişdeleri bilen üpjün edilen ýörite bukjalar maşgala lukmanlary üçin örän oňaýlydyr.

***Ilaty mugt saglygy goraýyş hyzmatlarynyň döwlet tarapyndan kepillendirilen möçberi bilen üpjün etmek.*** Ilata möhüm saglygy goraýyş hyzmatynyň mugt berilmegi döwlet tarapyndan kepillendirilýär. Mugt saglygy goraýyş hyzmatynyň sanawyna şu aşakdakylar girýär:

– gyssagly gaýragoýulmasyz saglygy goraýyş kömegi;
– saglygy goraýşyň ilkinji hyzmatlary;
– ýokanç kesellere garşy ilat arasynda gorag we sanjym çäreleriniň geçirilmegi;
– zenanlara göwrelilik döwründe hem-de çaga dogurmakda edilýän hyzmatlar;
– çagalara we ýetginjeklere edilýän saglygy goraýyş kömekleri;
– umumy ugurly hassahanalarda ýatymlaýyn kesel bejeriş kömegini bermegiň kepillendirilen möçberleri;
– durmuş babatda täsir edýän we daş-töwerek üçin howp döredýän keseller (onkologiki, psihiki, deri-wenerologiki, ýokanç endokrin, hünär bilen baglanyşykly keseller, inçekesel, neşekeşlik we arakhorluk) boýunça ýöriteleşdirilen lukmançylyk kömegi.

Derman serişdeleri bilen mugt (ýeňillikli) üpjün edilýän ilat toparlary we kesselleriň sanawy gaýtadan seredilip, yzygiderli kämilleşdirilýär. Mugt saglygy goraýyş kömegini guramak we kämilleşdirmek üçin Aşgabat şäherinde, welaýatlarda gyssagly tiz kömek merkezleriniň , etrap hassahanalarynyň düzüminde, gyssagly gaýra goýulmasyz ilkinji lukmançylyk kömegi ulgamynda näsaga ýerinde, öz wagtynda we oňat hilli hyzmat etmek, şeýle hem zerurlyk ýüze çykan mahaly gysga möhletde ýaşamak üçin synalaryň kadaly işleýşiniň dikeldilmegini amala aşyrjak, öňdebaryjy saglygy goraýyş

usuly we ýokary hünärli saglygy goraýyş işgärleri bilen üpjün edilen kliniki bölümlerden durýan «Tiz kömek» gulluklarynyň we gyssagly uçarlaryň işi ýola goýuldy.

***Saglyk ätiýaçlandyrmasyny kämilleşdirmek.*** Halkymyzy eşretli durmuşda ýaşatmak üçin edilýän aladalaryň biri hem 1996-njy ýylda ýurdumyzda raýatlaryň döwlet meýletin saglyk ätiýaçlandyrmasynyň girizilmegidir. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ilaty döwlet meýletin saglyk ätiýaçlandyrmasynyň ýeňilliklerinden peýdalanýar. Saglyk ätiýaçlandyrmasy ulgamy boýunça öwezi dolunýan saglyk hyzmatlarynyň görnüşleri, şeýle hem bu hyzmatlaryň öwezini dolmak usullary kämilleşdirildi.

2000-nji ýylda meýletin saglyk ätiýaçlandyrmasy boýunça goýberilýän dermanlaryň bahasyna görä ýeňillikleri tapawutlandyrmak göz öňünde tutulyp, ýeňillikli goýberilýän dermanlaryň sanawyna ýurdumyzda öndürilýän derman serişdeleri girizildi.

## 1.4. Türkmenistanyň raýatlary bilen döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyna şertnama baglaşmagyň tertibi

Türkmenistanyň raýatlary bilen döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy «Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» döwlet maksatnamasyna we «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry Milli maksatnamasyna» laýyklykda işlenip taýýarlanyldy. Ol meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyna şertnama baglaşmak bilen baglanyşykly taraplaryň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň maksady raýatlary näsaglan döwründe derman serişdeleri we saglygy goraýyş hyzmatlary bilen ýeňillikli üpjün etmekden ybaratdyr.

Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň amala aşyrylmagy Türkmenistanyň raýatlarynyň saglygyny durmuş taýdan goramaklygyň esaslaryny berkitmeklige hem-de ilata saglygy goraýyş hyzmatynyň elýeterliligini artdyrmaklyga gönükdirilendir.

Döwlet meýletin saglygy gorayyş ätiýaçlandyrmasyna gatnaşyjylar bolup raýat, edara görnüşindäki tarap (eýeçiliginiň we hojalygy ýöretme görnüşlerine garamazdan, kärhanalar, edaralar we guramalar, okuw mekdepleri, durmuş üpjünçiligi edaralary, oba hojalyk paýdarlar jemgyýetleri (mundan beýläk «kärhanalar») hem-de Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň saglygy goraýyş edaralary çykyş edýärler.

***Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň şertnamasyny baglaşmagyň we bozmagyň tertibi, şeýle hem ätiýaçlandyryş gatançlaryny hasaplamagyň we olary Türkmenistanyň Saglygy goraýşy ösdürmegiň döwlet gaznasyna geçirmegiň tertibi.*** Meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy raýatyň işleýän edarasynyň (guramasynyň) ýolbaşçysynyň adyna (yzygiderli girdejileri bolmadyk raýatlar – ýerli bejeriş-keselleriň öňüni alyş edarasynyň ýolbaşçysynyň adyna) beren arzasy esasynda ätiýaçlandyrmaga gatnaşýanlaryň arasynda baglaşylan şertnama görnüşinde amala aşyrylýar we üç nusgada resmileşdirilýär. Olaryň biri ätiýaçlandyrylanda, ikinjisi kärhanalarda we üçünjisi ýerli saglyk öýünde galýar.

Işlemeýän, işe ukyply raýatlar, daşary ýurt şereketlerinde işleýänler, edara görnüşindäki tarapy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan raýatlar, döredijilik işgärleri, daýhan hojalygyny alyp barýan, esasy iş ýeri bolmadyk raýatlar üçin şertnama iki nusgada baglaşylýar, olaryň biri raýatda, beýlekisi ýerli saglyk öýünde galýar.

***Şular:***

**1.** Işleýän raýatlar, şol sanda işleýän pensionerler, göwreliligi we çaga dogmagy boýunça, şeýle hem çaga üç ýaşa ýetýänçä oňa ideg etmek boýunça rugsatda bolýan aýallar–esasy iş ýeri boýunça;

**2.** Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary, ýörite orta we hünär-ment-tehniki okuw mekdepleriniň okuwçylary – okaýan ýeri boýunça;

**3.** «Pensiýa hakynda» 1998-nji ýylyň iýun aýynyň 17-sindäki Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda pensiýa bellenilen işlemeýän pensionerler, şeýle hem döwlet ýardam puluny alýan raýatlar – ýerli durmuş üpjünçiligi edaralarynda;

**4.** Işlemeýän işe ukyply raýatlar, daşary ýurt şereketlerinde işleýän raýatlar, edara görnüşindäki tarapy döretmezden

telekeçilik işini amala aşyrýan raýatlar, döredijilik işgärleri, daýhan hojalygyny alyp barýan, esasy iş ýeri bolmadyk raýatlar – ýerli Saglyk öýlerinde döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşýarlar.

Meýletin döwlet saglygy goraýyş, ätiýaçlandyryş şertnamasyny kärhanalaryň ýolbaşçysy tarapyndan bellenilen jogapkär adam resmileşdirýär. Ol dogluş hakyndaky şahadatnamanyň göçürme nusgasynyň ýa-da ýaşaýyş jaý ulanyş ülşünde (ÝUÜ), ýa bolmasa, Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçligi ministrliginiň bölüminden berlen delilhatynyň esasynda saglyk ätiýaçlandyryş pasportyna ätiýaçlandyrylan raýatyň, eklenjinde bolýan 16 ýaşa ýetmedik çagalary (mundan «beýläk eklenjindäkiler») girizýär.

Meýletin döwlet saglygy goraýyş, ätiýaçlandyryş şertnamasynyň nusgalary kärhana tarapyndan taýýarlanylýar (şertnamanyň mysaly görnüşi goşulýar). Şertnamanyň nusgalarynyň degişli sütünleri kärhanalar we ýerli Saglyk öýleri tarapyndan doldurylýar.

Saglyk ätiýaçlandyryş pasportlary Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan merkezleşdirilen ýagdaýda taýýarlanylýar we saglygy goraýyş edaralarynyň üsti bilen kärhanalara hem-de raýatlara paýlanylýar. Saglyk ätiýaçlandyryş pasporty berk hasabatlylykdaky resminama bolup durýar, onuň tapgyry we belgisi bolýar.

«Meýletin döwlet pensiýa we saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça tölegleri tölemek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2001-nji ýylyň fewral aýynyň 26-synda çykaran №5109 kararyna laýyklykda ätiýaçlandyrylan raýatlaryň iş hakyndan (pul üpjünçiliginden), talyp hakyndan, pensiýasyndan, ýardam pulundan we girdejilerinden 2 göterim gatanç, ministrlikler pudaklaýyn dolandyryş edaralary, häkimlikler, kärhanalar, guramalar, edaralar tarapyndan hasaplanylýar, tutulyp alynýar we Türkmenistanyň saglygy goraýşy ösdürmegiň döwlet gaznasyna geçirilýär. Şundan ätiýaçlandyryş gatançlaryny tutup almak meýletin esasda we raýatlaryň ýazmaça arzasy bar mahaly amala aşyrylmalydyr.

Ätiýaçlandyrylan, yzygiderli girdejileri bolmadyk raýatlar her aýda Türkmenistanyň saglygy goraýşy ösdürmegiň döwlet gaznasyna

bellenilen binýatlyk döwründen 2 göterim möçberde ätiýaçlandyryş gatanjyny töleýärler.

Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportynda saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy üçin her aýlyk gatançlarynyň girizilendigini tassyklaýan degişli belligi etmäge borçludyr. Şol bellige baş hasapçynyň ýa-da jogapkär adamyň goly we kärhananyň möhri bilen güwä geçilýär. Kärhananyň töleg boýunça hususy möhri kärhananyň hasabyna bellenilen tertipde ýasalýar. Kärhananyň ýolbaşçysy we baş hasapçysy ätiýaçlandyrylan işgärleriň Türkmenistanyň saglygy goraýşy ösdürmegiň döwlet gaznasyna gatançlarynyň wagtynda we doly geçirmegi üçin jogapkärçilik çekýärler. Ätiýaçlandyrylan işden boşanda, başga işe geçende ýa-da wagtlaýyn işlemeýän mahaly, hemişelik ýaşaýan ýeri üýtgände ýolbaşçynyň adyna baglaşan şertnamasyny bozmak hakynda arza berýär. Şu halatlarda raýat kärhananyň jogapkär işgärine saglyk ätiýaçlandyryş pasportyny gaýtaryp bermeli däldir.

– işden boşan mahaly (başga iş ornuna geçirilen mahaly) ýa-da göwrelilige we çaga dogmagy boýunça, şeýle hem, çaga üç ýaşa ýetýänçä oňa ideg etmek boýunça zähmet rugsadyna çykan wagty, kärhananyň ýolbaşçysy saglyk ätiýaçlandyryş pasportynyň «Işe kabul edilenligi we işden çykarylandygy baradaky maglumatlar» atly sahypasynda degişli bellik edýär, oňa gol we tugraly möhür bilen güwä geçýär.
– başga işe geçýän mahaly raýat kärhananyň ýolbaşçysy bilen meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň täze şertnamasyny baglaşýar we ol ýerli saglyk öýünde gaýtadan hasaba alynýar (şertnamanyň bir nusgasy tabşyrylýar). Kärhananyň ýolbaşçysy saglyk ätiýaçlandyryş pasportynyň «işe kabul edilmegi we işden çykandygy baradaky maglumatlar» atly sahypasynda degişli bellik edýär, oňa gol we tugraly möhür bilen güwä geçýär.
– eger raýat wagtlaýyn işlemeýän bolsa; göwreliligi we çaga dogmagy boýunça, şeýle hem çaga üç ýaşa ýetýänçä oňa ideg etmek boýunça zähmet rugsadynda bolsa, saglyk ätiýaçlandyryş pasporty islemeýänler üçin bellenilen tertipde peýdalanylýar. Şol döwür üçin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň gatanç-

lary bellenilip binýatlyk göwrümiň 2 göterimi möçberinde hasaplanylýar.

– hemişelik ýaşaýan ýeri (şäher, etrap, welaýat) üýtgän mahaly ätiýaçlandyrylan ilki başdaky ýaşaýan ýerindäki ýerli Saglyk öýi bilen şertnamany baglaşýar we raýatyň gelýän ýerindäki ýerli saglyk öýünde ätiýaçlandyryş pasportyny hasaba aldyrmak bilen, täze şertnama baglaşýar. Saglyk öýi ätiýaçlandyryş pasportynyň degişli sahypasynda saglygy goraýyş edarasynyň goly we tugraly möhri bilen güwä geçilýän bellikleri etmäge borçludyr.

Raýat meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamany gutarnykly bozmaga isleg bildiren mahaly kärhananyň ýolbaşçysynyň adyna arza berýär we kärhananyň jogapkär işgäri (işlemeýänler – ýerli Saglyk öýüniň jogapkär işgärine) saglyk ätiýaçlandyryş pasportyny gaýtaryp berýär. Olar bolsa, öz nobatynda, saglygy goraýyş ätiýaçlandyryş pasportyny hasapdan çykarmak hakyndaky güwänamany düzýärler. Raýat isleg bildiren mahaly şu düzgünnama laýyklykda täze meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylýar.

Daşary ýurt raýatlary, şeýle hem raýatlygy ýok adamlar eger Türkmenistanyň kanunçylygy ýa-da halkara şertnamalary bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyna degişli däldir.

***Ätiýaçlandyrylan raýatlaryň hukuklary we borçlary.*** Meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan we meýletin döwlet saglygy goraýyş atiýaçlandyrmasy boýunça tölegleri töleýän adamlara we olaryň eklenjindäkilere:

– Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary esasynda tassyklanylýan, sanawa girizilen derman serişdelerini, olaryň bahasynyň ýüzden 90 bölegi möçberinde arzanladylan görnüşde döwlet dermanhana edaralaryndan satyn almak;

– döwletiň býujetindäki we hojalyk hasaplaşygyndaky bejeriş-keselleriň öňüni alyş edaralarynda, şypahanalarda tölegli saglygy goraýyş hyzmatlarynyň ähli görnüşlerini, olaryň bahasynyň ýüzden 50 bölegi möçberinde arzanladylan görnüşde almak;

– bir hepde möhletde hassahana ýerleşmek;
– hyzmat edýän bejeriş edarasynyň çäklerinde maşgala lukmany bilen üpjün edilmek ýeňillikler berilýär.

Sagdyn durmuşy alyp barmak, keselleriň öňüni almak, şeýle hem olarda ýüze çykan keselleri bejermek boýunça lukmanyň bellänlerini, ähli talaplaryny hem-de ündewlerini berjaý etmek ätiyäçlandyrylan raýatyň we olaryň eklenjindäkileriň borçlary bolup durýar.

Ätiýaçlandyrylan raýat saglygy goraýyş kömegini almak üçin islendik saglygy goraýyş edarasyna ýüz tutan mahaly we döwlet dermanhana ulgamyndan derman serişdelerini satyn alan mahaly şu düzgünnama laýyklykda resmileşdirilen we ätiýaçlandyryş gatançlarynyň tölenilendigi hakyndaky bellikler bolan saglyk ätiýaçlandyryş pasportyny görkezmäge borçludyr.

***Saglygy goraýyş edaralarynyň borçlary we hukuklary.*** Saglygy goraýyş, şol sanda şypahana edaralary ätiýaçlandyrylan raýatlary we olaryň eklenjindäkileri ýeňillikli tölegli saglygy goraýyş hyzmatlary bilen üpjün etmäge, döwlet dermanhanalary bolsa Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary bilen tassyklanylan sanawa we bahalara laýyklykda lukmanyň dermannamasy boýunça derman serişdelerini ýeňillikli goýbermäge borçludyrlar.

Her aýda girizilen ätiýaçlandyryş hasaba alynmagy bilen, şeýle hem saglyk ätiýaçlandyryş pasportynyň «Işe kabul edilendigi we işden çykandygy baradaky maglumatlary» atly sahypasynda bellik bilen möhürlenen saglyk ätiýaçlandyryş pasporty ätiýaçlandyrylan raýata we onuň eklenjindäkilere derman serişdelerini ýeňillikli goýbermek hem-de ýeňillikli tölegli saglygy goraýyş hyzmatlaryny etmek üçin esas bolup durýar. Raýata bagly bolmadyk sebäpler bilen tölenilmedik halatlaryndan başga hatarlarda soňky 3 aýyň dowamynda ätiýaçlandyryş gatançlary tölenilmedik we saglyk ätiýaçlandyryş pasportyny wagtynda dogry resmileşdirmek berjaý edilmedik mahaly raýat ätiýaçlandyrylmak hukugyny ýitirýär.

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi hem-de ýerli saglygy goraýyş edaralarynyň wezipeleri.*** Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi hem-de ýerli saglygy goraýyş edaralary ätiýaçlandyrylan

raýatlara we olaryň eklenjindäkilere saglygy goraýyş ulgamynyň bejeriş-keselleriň öňüni alyş, şol sanda şypahana edaralary tarapyndan tölegli saglygy goraýyş hyzmatlary edilen mahaly ýeňillikleriň berilmegine hem-de derman serişdeleriniň ýeňillikli goýberilişine gözegçiligi üpjün edýär. Şeýle hem, ätiýaçlandyrylanlaryň tölegli saglygy goraýyş hyzmatlary edilen mahaly ýeňillikleriň berilmegine we derman serişdeleriniň ýeňillikli goýberilmegine degişli meseleler boýunça nägileliklerine we şikaýatlaryna garaýar hem-de Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen tertipde günäkärler babatda çäreleri görýär.

***Meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň ulgamynda taraplaryň jogapkärçilikleri.*** Kärhananyň dolandyryş edarasy şertnamanyň resmileşdirilmegi, saglygy goraýyş pasportynyň berilmegi, oňa eklenjindäkileriň dogry girizilmegi, ätiýaçlandyryş pasportynyň «Işe kabul edilendigi we işden çykandygy baradaky maglumatlar» atly sahypasyna bellik edilmegi we hemişelik ýaşaýan ýerindäki ýerli Saglyk öýünde hasaba alynmagy üçin jogapkärçilik çekýär.

Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda ätiýaçlandyrylan raýatyň ýazmaça arzasy esasynda kärhananyň dolandyryş edarasy onuň iş hakyndan (talyp hakyndan, pensiýasyndan, ýardam pulundan we girdejilerinden) 2 göterim möçberinde serişdäniň her aýda tutulyp alynmagy, şol pul möçberleriniň Türkmenistanyň saglygy goraýşy ösdürmegiň döwlet gaznasyna wagtynda geçirilmegi hem-de saglyk ätiýaçlandyryş pasportynda ätiýaçlandyryş gatançlarynyň girizilendigi hakyndaky degişli bellikleriň goýulmagy üçin, berk hasabatlylykdaky resminamalaryň abat saklanylmagy üçin, şeýle hem ýerli Saglyk öýüne şol kärhanalarda meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň barşy hakynda her aýlyk maglumatlaryň berilmegi üçin jogapkärçilik çekýär.

Ýerli Saglyk öýüniň dolandyryş edarasy işe ukyply işlemeýän raýatlar, daşary ýurt şereketlerinde işleýän raýatlar, edara görnüşindäki tarapy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan raýatlar, döredijilik işgärleri, daýhan hojalygyny alyp barýan esasy iş ýeri bolmadyk raýatlar bilen şertnamanyň resmileşdirilmegi, olara saglyk ätiýaçlandyryş pasportynyň berilmegi, oňa eklenjindäkileriň girizilmegi üçin jogapkärçilik çekýär.

Saglygy goraýşyň bejeriş-keselleriň öňüni alyş edaralary we döwlet dermanhanalary ätiýaçlandyrylan raýatlara, olaryň eklenjindäkilere saglygy goraýyş hyzmatynyň hem-de ýeňillikli derman serişdelerini goýbermegiň pes hilli berjaý edilmegi we wagtynda edilmezligi üçin jogapkärçilik çekýär.

Ätiýaçlandyrylan raýat ätiýaçlyk tölegleri hasaplanmaly girdejilerini gizländikleri ýa-da peseldenlikleri üçin jogapkärçilige çekilýär.

Meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen kazyýet tertibinde çözülýär. Şu düzgünnama 2006-njy ýylyň ýanwar aýynyň 1-inden güýje girýär.

**Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy**

**ŞERTNAMA**

201___ý.____________________aýynyň _____» №_____
(raýatyň F. A. A.a.)

______________________________________________________________
(ýerli saglygy goraýyş edarasynyň ady)

______________________________________________________________
(kärhananyň ady we wezipesi)

__________tapgyry №____________________resmileşdirilen we öňden berlen
(gereklisiniň üstüni çyzmaly) saglyk ätiýaçlandyryş pasporty.

Taraplar Türkmenistanyň raýatlary bilen meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyna şertnama baglaşmagyň tertibi barada «Düzgünnama» laýyklykda meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyna şertnama baglaşdylar.

Şertnama ätiýaçlandyrylan tarapdan ilkinji ätiýaçlandyryş gatanjy girizileninden soň güýje girýär. Ätiýaçlandyryş gatnaşyklary şertnama baglanyşylan pursadyndan başlap tölenilmelidir. Ätiýaçlandyryş saglygy goraýyş gatnaşyjynyň möçberi ätiýaçlandyrylan raýatyň iş hakynyň (talyp hakynyň,

pensiýasynyň, ýardam pulunyň, girdejileriniň, bellenilen binýatlyk göwrümiň) 2 göterimine barabardyr we meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň şertnamasy bozulýança her aýda tölenilmäge degişlidir. Girizilen ätiýaçlandyryş gatançlary gaýtarylyp berilmäge degişli däldir.

***Taraplaryň jogapkärçiligi.*** Kärhana şulara borçlanýar:

1. Raýatyň şahsy arzasynyň esasynda, bellenilen tertipde Saglyk ätiýaçlandyryş pasportyny resmileşdirmäge, her aýda onuň iş hakyndan (talyp hakyndan, pensiýasyndan, ýardam pulundan we girdejilerinden) 2 göterimi tutup almaga we Türkmenistanyň saglygy goraýşy ösdürmegiň döwlet gaznasyna wagtynda geçirmäge;
2. Ýerli Saglyk öýüne şol kärhanada meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň barşy hakynda her aýlyk maglumatlary bermäge;
3. Saglyk ätiýaçlandyryş pasportynda ätiýaçlandyryş gatnaşyklarynyň girizilmegi hakyndaky degişli bellikleri etmäge, olara baş hasapçynyň ýa-da jogapkär işgäriň goly we kärhananyň möhürçesi (möhri) bilen güwä geçmäge;
4. Ätiýaçlandyrylanyň işleýän ýeri çalşan mahaly ätiýaçlandyryş pasportynyň «Işe kabul edilendigi we işden çykandygy baradaky maglumatlar» diýen sahypasyna bellik edilmäge, oňa gol we tugraly möhür bilen güwä geçmäge.

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň saglygy goraýyş edaralary şulara borçlanýar.***

1. Ýerli Saglyk öýleriniň üsti bilen meýletin esasda şertnama baglaşmaga, raýatlara saglyk ätiýaçlandyryş pasportyny bellenilen tertipde resmileşdirmäge we bermäge;
2. Döwlet bejeriş-keselleriň öňüni alyş edaralarynyň üsti bilen ätiýaçlandyrylan raýatlara ýeňillikleri wagtynda, oňat hilli we doly möçberinde bermäge, döwlet dermanhana edaralarynyň üsti bilen lukmanyň dermannamalary boýunça derman serişdelerini ýeňillikli goýbermegi üpjün etmäge.

***Raýat şulara borçlanýar:***

**1.** Sagdyn durmuşy alyp barmak, keselleriň öňüni almak, şeýle hem lukmanyň görkezmelerini ýerine ýetirmek boýunça ündewleri berjaý etmäge;

**2.** Her aýda öz iş hakyndan (talyp hakynyň, pensiýasyndan, ýardam pulundan, girdejilerinden, bellenilen binýatlyk göwrümden) 2 göterim möçberde ätiýaçlyk gatançlaryny tölemäge we Türkmenistanyň saglygy goraýşy ösdürmegiň döwlet gaznasyna wagtynda geçirmäge;

**3.** Türkmenistanyň çäklerinde saglygy goraýyş kömegi üçin islendik saglygy goraýyş edarasyna ýüz tutan mahaly we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň dermanhana ulgamynda derman serişdelerini satyn alan mahaly her aýda ätiýaçlyk gazançlarynyň girizilendigi hakyndaky bellik bilen saglyk ätiýaçlandyryş pasportyny görkezmäge we saglyk ätiýaçlandyryş pasportynyň degişli sahypalarynyň wagtynda dogry resmileşdirilmegini berjaý etmäge;

**4.** Işden başga iş ornuna geçen (ýa-da wagtlaýyn işlemeýän), hemişelik ýeri üýtgän halatlarynda bu barada ýerli Saglyk öýlerine habar bermäge.

Kärhananyň ýolbaşçysy | Bejeriş-keselleriň öňüni alyş edarasynyň ýolbaşçysy | Raýat

***(F.A.A.a) (F.A.A.a) (F.A.A.a)***

________________ ________________________________

***(goly)*** ***(goly)*** ***(goly)***

________________ _____________________

________________

***M.ý.*** ***M.ý.***

***Saglygy goraýşyň maliýeleşdirilmegini kämilleşdirmek, lukmançylyk hyzmatlarynyň bazaryny ösdürmek, hususy lukmançylyga ýardam etmek.*** Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň mart aýynyň 13-indäki 3640 belgili Kararyna laýyklykda, saglygy goraýyş ulgamynda dolandyryşy we maliýeleşdirişi kämilleşdirmek

maksady bilen, Türkmenistanyň saglygy goraýşyny ösdürmekligiň döwlet gaznasy döredildi. Bu gaznanyň esasy maliýe çeşmeleri saglyk ätiýaçlandyrmasynyň ýygymlaryndan we saglygy goraýyş edaralarynyň tölegli hyzmatlaryndan gelýän serişdelerden ybaratdyr. Gaznanyň maliýe serişdeleri ilatymyzy ýokary hilli dermanlar, kesellerden goraýyş sanjym serişdeleri bilen üpjün etmäge we saglygy goraýyş edaralarynyň enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmaga gönükdirilýär. Gaznanyň maliýe girdeji çeşmesiniň 90%-e golaýy raýatlaryň döwlet meýletin saglyk ätiýaçlandyrmasynyň hasabynadyr.

Hormatly Prezidentimiziň aladasy bilen dünýä ülňülerine laýyk gelýän, häzirki zaman enjamlar bilen üpjün edilip bina edilen S.Nyýazow adyndaky Halkara lukmançylyk merkeziniň, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky iç keseller merkeziniň, Aşgabat, Daşoguz we Mary şäherlerindäki saglygy goraýyş-anyklaýyş merkezleriniň işleri tölegli esasda amala aşyrylýar.

Hususy kesel bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň hem-de hususy ýagdaýda hyzmat edýän lukmanlaryň işlerini ygtyýarnama esasynda giňeltmegiň hasabyna tölegli saglygy goraýyş hyzmatyny mundan beýläk-de ösdürmek göz öňünde tutulýar.

***Ýurdumyzyň derman senagatyny ösdürmek, saglygy goraýyş edaralarynyň maddy-tehniki üpjünçiligini ýokarlandyrmak.*** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzda öndürilýän dermanlaryň hasabyna ilatyň derman serişdelerine bolan ösen isleglerini kanagatlandyrmak barada görkezmesi halkara ölçeglerine gabat gelýän we bäsdeşlige ukyply önümleri çykarýan, ykdysady taýdan netijeli milli derman senagatyny ösdürmegi talap edýär.

Türkmenistanyň milli derman serişdeleri institutynda synag önümçilik maksatlary üçin buýanyň gury ekstraktynyň, çerbiýe toşabynyň, ýapon saforasynyň, çopantelpegiň, narpyzyň, boýbodranyň, dyrnaklyjanyň, arpabadyýanyň, ösümlikler ýygyndysynyň, çöpboýanyň, arçanyň, çit-çitiniň, ýandagyň, mekgejöwen gulpagynyň, saryçaý otunyň, yşgynyň onlarça görnüşi öndürildi we dermanhanalara ýaýradyldy.

Saglygy goraýyş hyzmatlarynyň hilini we netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, saglygy goraýşyň maddy-tehniki binýadyny düýpli pugtalandyrmak göz öňünde tutuldy. Döwlet serişdeleri saglygy goraýşyň işläp gelýän kesel bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň durkuny täzelemäge we olary abatlamaga, şeýle hem saglygy goraýyş desgalarynyň gurluşygyny dowam etmeklige gönükdirildi. Öňdebaryjy daşary ýurt şereketleriniň, şol sanda Germaniýanyň «Simens» paýdarlar jemgyýeti welaýat saglygy goraýyş edaralaryny ýokary tilsimatly saglygy goraýyş enjamlary bilen üpjün etmek, welaýat saglygy goraýyş edaralarynyň Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen durnukly kompýuter aragatnaşyk ulgamlaryny döretmek boýunça maýa goýum maksatnamalary durmuşa geçirdi.

Maliýeleşdirmegiň dürli çeşmeleriniň hasabyna lukmançylyk awtoulaglary satyn alyndy we halkyň hyzmatynda goýuldy. 2005-nji ýylda «Mersedes-Bens» kysymly 100 sany häzirki zaman Tiz kömek» awtoulaglarynyň satyn alynmagy ilatymyza edilýän saglygy goraýyş hyzmatlarynyň hilini has-da ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Hormatly Prezidentimiziň adamlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak barada edýän taýsyz tagallasy bilen saglygy goraýyş işgärleri üçin otaglarynyň ýerleşişi gowulandyrylan, köpgatly ýaşaýyş jaýlary gurlup, ulanmaga berilýär. Türkmenistanyň çäklerinde öndürilýän, daşyna çykarylýan we daşyndan getirilýän derman serişdeleriniň hilini barlaýan edaralar hereket edýär. Derman serişdelerini hasaba alyş we olaryň hiline döwlet gözegçiligi merkeziniň, şeýle hem onuň binýadynda dermanlaryň täsirini barlamak boýunça hem-de dermanlary resmileşdirmegi, derman üpjünçiligi we ynsan saglygy üçin howpsuzlygyna gözegçiligi ýokarlandyrmaga itergi berdi.

***Saglygy goraýşyň kanunçylyk binýatlaryny berkitmek.*** Saglygy goraýşyň kanunçylyk binýatlaryny berkitmek we pugtalandyrmak babatda Türkmenistanyň ilatynyň we her bir raýatynyň hukuk taýdan goralmagyny üpjün etmek maksady bilen ulanylýan kada-hukuk resminamalary:

- «Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny;
- «Melhemçilik işi we derman üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny;
- «Neşe serişdeleri, psihotrop maddalar we olaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş çäreleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny;
- «Iýmit önümleriniň hili we howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny;
- «Adamyň immun ýetmezçilik wirusy sebäpli keseliň öňüni almak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny;
- «Adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüniň alynmagy we ýok edilmegi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny;
- «Çagalaryň hukuklarynyň kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny;
- «Çilim çekmegi gadagan etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny;
- «Nas atmagy gadagan etmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany;
- «Duzy ýodlaşdyrmak barada» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary;
- «Türkmenistanda ilatyň saglygyny goramak babatdaky işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmagy kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary;
- Türkmenistanyň raýatlaryna berilýän mugt saglygy goraýyş kömeginiň möçberi we mugt saglygy goraýyş kömegi bilen üpjün edilýän hassalaryň we beýleki hemaýata mätäçleriň sanawy hem-de beýlekiler işlenip düzüldi we hereket edýär.

Häzirki wagtda döwletimiziň saglygy goraýyş ulgamynyň kanunçylyk esaslaryny mundan beýläk-de kämilleşdirmek maksady bilen:

- «Raýatlaryň saglygynyň ätiýaçlandyrmasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny işläp taýýarlamak we tassyklamak;
- «Türkmenistanyň arassaçylyk hakynda bitewi kanunyna» goşmaçalar we üýtgetmeler girizmek;

- «Adamyň immun ýetmezçilik wirusy sebäpli döreýän keseliň öňüni almak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna goşmaçalar we üýtgeşmeler girizmek;
- «Döwlet hemaýat kömekleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna goşmaçalar we üýtgeşmeler girizmek boýunça guramaçylyk işleri alnyp barylýar.

Saglygy goraýyş ulgamyny mundan beýläk-de özgertmek we ösdürmek, halkyň ösýän talaplaryny ödemek, saglygy goraýyş hyzmatlarynyň hilini dünýä ülňüleriniň derejesine ýetirmek, derman senagatyny ösdürmek, ilatymyzyň saglyk howpsuzlygyny doly berjaý etmek we beýleki derwaýys meseleleri çözmek üçin, hormatly Prezidentimiziň, halkymyzyň öňündäki borçlaryny abraý bilen ýerine ýetirmek üçin saglygy goraýyş işgärleri janypkeş we halal zähmetiň asylly nusgasyny görkezmäge çalyşýarlar.

«Saglyk» döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi ilat arasynda sagdyn durmuş ýoluny kemala getirmegi we ösdürmegi, döwlet möçberinde keselleriň öňüni almaklygyň netijeli çärelerini durmuşa geçirmegi, saglygy goraýyş hyzmatlarynyň hilini we netijeliligini ýokarlandyrmagy, ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyny dünýä derejesine çykarmaklygy kepillendirýär.

Hormatly Prezidentimiziň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe baş saglygy, agzybirlik, tutanýerli zähmetsöýerlik, ýokary derejeli ylymly-bilimli XXI asyryň Türkmeniň Altyn asyrynyň berk binýady bolar.

Arkadagymyzyň Türkmenistanda «Saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary», «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri», «Türkmenistan – melhemler mekany», «Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy», «Türkmenistan – sagdynlygyň we bagtyýarlygyň ýurdy» atly Saglygy goraýşa degişli kitaplary bize saglygymyzy saklamaga, dikeltmäge, berkitmäge, ruhubelent zähmet çekmäge, döretmäge egsilmez güýçdür, kuwwatdyr, gözbaşdyr.

## 1.5. Ýurdumyzda derman ösümlikleriniň ylmy taýdan öwrenilişi

«Saglyk» döwlet maksatnamasynyň çäklerinde Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň düzüminde Biologiýa we ösümlükleri öwreniş ylmy-barlag instituty döredildi. Bu ylmy ojakda ýurdumyzyň derman ösümliklerini öwrenmekde we halk köpçüligine ýetirmekde uly işler geçirilýär. Adamzadyň ösüşine uly täsir eden, beýik şahsyýetleriň goýup giden mirasy müdimilikdir. Olaryň adamzadyň ösüşindäki galdyran mirasyny, altyn hazynalaryny öwrenmek we şu günki talaplara laýyk gelýän derejede ulanmagy başarmak, hormatly Prezidentimiziň türkmen ylmynyň öňünde goýan wezipeleriniň biridir.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňden görüjilik bilen döreden bu ylmy-barlag institutynyň öňünde goýlan esasy wezipeleriň biri hem ýerli tebigy çig mallardan derman we beýleki bejeriji serişdeleri taýýarlamakda toplumlaýyn ylmy-barlag işini amala aşyrmakdan we olary önümçiligiň üsti bilen halka ýetirmekden ybaratdyr. Ýerine ýetirmeli şeýle toplumlaýyn wezipeleriň iň ilkinjisi hem derman serişdelerini öndürip boljak mümkinçilikleri ýüze çykarmakdan ybarat bolup, şol maksatlar bilen institutda derman serişdeleriniň dürli görnüşleri, ýagny işlenilen dermanlyk ot-çöpleri, gerdejikler, kapsulalar, şerbetler we ş. m. barlaghana şertlerinde ýasaldy. Olaryň birnäçeleri bolsa, ýarym önümçilik şertlerinde hem barlanyp görüldi (mysal üçin, buýanyň gury ekstrakty, onuň kapsulasy we ş.m.). Ýasalan dermanlaryň ýigrimiden gowrak görnüşiniň (ýandagyň gury ekstrakty, çerbiýe şerbeti, buýanyň gury ekstrakty, buýanyň süýri dänesi we ş. m.) bejerijilik häsiýetleri kliniki şertlerinde hem barlanyp, olaryň doly ulanmak mümkinçilikleri ýüze çykaryldy. Bu işe diňe bir institut däl, saglygy goraýşyň beýleki edaralary hem, ýagny Türkmenistanyň Prezidenti S. A. Nyýazow adyndaky kesel bejeriş we maslahat beriş Merkezi, Aşgabat şäheriniň arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugy, Merkezi deri wenerologiýa hassahanasy, Aşgabat şäheriniň ýokanç keseller hassahanasy, howply ýokanç keseller Merkezi we başgalar gatnaşýarlar. Barlanyp görlen dermanlaryň esasy bölegi iýmit siňdiriş ýollarynyň kesellerini,

ýaralary, ýanyklary, agyz boşlugyndaky we deri kesellerini bejermeklige niýetlenendir. Şol bir wagtyň özünde barlaglaryň netijesinde ýerli dermanlaryň dürli häsiýetleri hem ýüze çykaryldy. Mysal üçin, buýanyň ekstrakty özüne mahsus bolan gakylyk gopduryjy, ýara bitiriji we çişi gaýtaryjy häsiýetlerinden başga-da, örän howply we ýokanç keseller bolan garahassalygy, gyrgyn we mergi kesellerini dörediji mikroblaryň ösüşini togtatýandygy, ýandagyň ekstraktynyň bolsa, garahassalygy dörediji mikroblary ýok edýändigi ýüze çykaryldy. Bu dermanlaryň dokuz sanysyna, ýagny buýanyň gury külkesi we süýri derman görnüşi (wagtlaýyn farmakopeýa – WFM 41-12-21, WFM 41-13-21), noýbanyň baldagyna we gury külkesine (WFM 43-1-99, WFM 41-2-99), mäşiň baldagyna we gury külkesine (WFM 43-3-99, WFM 41-3-99), çerbiýe toşabyna (WFM 41-7-22) düzülen hil barasyndaky kadalaşdyryş düzgünnamalaryna Türkmenistanyň Döwlet Farmakopeýa komiteti tarapyndan seredildi we tassyklanyldy.

Önümçilik ulgamynda institut Türkmenistanyň SG we DSM-niň «Türkmendermansenagat» birleşigi bilen bilelikde işleri ýola goýýar. Mysal üçin, bu birleşigiň «Saglyk» derman kärhanasynyň hünärmenleri bilen bilelikde ýapon saforasynyň miwesine we onuň jöwherine kadalaşdyryş düzgünnamalarynyň toplumy işlenilip düzüldi hem-de olar önümçilik şertlerinde ulanylmaga berildi. Şeýle-de bu birleşige degişli bolan Türkmenderman «Ajanta farma-LTD» türkmen-hindi bilelikdäki kärhanasy institutyň işläp taýýarlan buýanyň süýri derman görnüşiniň alnyşynyň önümçilik şertlerini barlagdan geçirdi. Institut «Buýan» oba senagat birleşigi bilen-de ýakyn aragatnaşyk saklaýar. Bu kärhananyň ösdürip ýetişdirýän ösümlikleri, şeýle-de buýanyň önümleri institutyň taýýarlaýan çig mallarynyň esasy bölegini tutýar. Şu günler olary ulanmak mümkinçilikleriniň üstünde işlenilýär. Olara buýanyň gury külkesi, buýandan alynýan dermany, çerbiýäniň şerbeti, sary çaý otunyň jöwheri, ýandagyň gury külkesi, ýodly bentonit sepgisi we başgalar degişlidir. Olardan başga-da institut täzeden işlenilen dermanlyk ot-çöpleriň hem ýigrimiden gowragyny (çopantelpek, narpyz, ýandak, boýbodran, arpabadyýan, senamekge we ş. m.) halka hödürlendi. Institutda ylmy-önümçilik işlerinden başga-da, tebigatdaky derman ösümlikleri öwrenmek we olary ýygnamak maksady bilen, meýdan-gözleg işleri hem amala aşyrylýar. Şu maksatlar bilen

institutyň hünärmenleri her ýylyň ýaz we güýz aýlarynda Merkezi Garagumda, Bathyzda, Köpetdagda, Köýtendagda we başga-da birnäçe ýerlerde uzak möhletleýin ylmy-barlag saparlarynda bolýarlar. Bu barlag-gözleg işlerine Türkmen Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň talyplary hem gatnaşýarlar.

Şeýle işleriň netijesinde instituta dermanlyk ot-çöpleriň ýüzden gowrak görnüşi ýygnalyp getirilýär. Bu işleriň netijesinde ol ösümlikleriň esasy görnüşleriniň mukdary hem anyklanýar, sebäbi bu görkeziji önümçilik üçin zerur görkezijidir. Şeýle meýdan-gözleg işleriniň geçirilmegi ýerlerdäki halk lukmançylygyny öwrenmäge doly mümkinçilik hem berýär. Häzirki döwre çenli ýetmişe golaý lukmançylyk mirasyna degişli işler öwrenildi. Institut işläp ugraly bäri uly ylmy duşuşyklar we maslahatlar geçirildi. Olara ýurdumyzyň ylmy-barlag edaralarynyň, ýokary hem-de ýöriteleşdirilen okuw mekdepleriniň hünärmenleri, lukmanlar, önümçilik işgärleri, tebipler, talyplar, mugallymlar, halk lukmançylygyny öwrenijiler, daýhanlar, botanikaçylar, farmasewtler, alymlar we başgalar gatnaşýarlar. Geçirilen ylmy duşuşyklaryň we maslahatlaryň temalary bu ylmy ugurlaryň esasy meseleleri bilen baglanyşyklydyr. Olara «Türkmenistanyň derman ösümliklerini öwrenmegiň geljegi», «Türkmen tebipçilik mirasy», «Türkmenistanyň derman ösümliklerini ösdürip ýetişdirmegiň we rejeli peýdalanmagyň ýollary», «Dermanlaryň himiýasy we tilsimaty», «Türkmen naz-u-nygmatlarynyň melhemlik häsiýetleri» – mysal bolup biler. Institutyň işgärleri tarapyndan Türkmenistanyň tebigy derman ösümlikleriniň ähmiýeti barada köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çykyşlar gurnalyp durulýar.

Bu işi anyk ýola goýmak maksady bilen, institut tarapyndan «Saglyk ýoly» atly ylmy-habarlar toplumynyň aýda bir gezek goýberilşi ýola goýuldy we onuň on alty müň nusgalygy neşir edildi. Bu habarlar toplumy hünärmenlere we halka niýetlenilip, onda ynsan saglygy bilen baglanyşykly ylmy-habarlaryň gadymy golýazmalaryndan başlap, häzirki zaman Internetden alynýan gysgaça ýazgylar berilýär. Häzirki wagta bu habarlar toplumyndan, diňe bir welaýat we etrap hassahanasynyň lukmanlary ýa-da dermanhanalaryň hünär-

menleri peýdalanman, eýsem köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hem saglyk bilen baglanyşykly sahypalaryndan peýdalanýarlar. Bu işleri has-da göwnejaý ýola goýmak maksady bilen, ýerli dermanlyk ot-çöplerine degişli telewizion gepleşikleri we filmleri taýýarlamaga hem gatnaşýar. Oňa institutyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň ýerli dermanlyk ot-çöpleri hakynda telewizion filmi hem mysal bolup biler.

Bu edilýän işler Türkmenistanyň milli derman serişdeleri institutynyň amala aşyrmaga göz öňünde tutýan işleriniň bellibir bölegidir. Ony has-da oňat ýola goýmak üçin institutyň öňünde duran meseleler köp dürlüdir. Şeýle meseleleri çözmek we bellenilen sepgide ýetmek bolsa, institutyň esasy borjudyr.

## 1.6.Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagat ministrliginiň Baş dermanhana birleşigi

Türkmenistanyň «Saglyk» döwlet maksatnamasyndan ugur alyp, Baş dermanhana birleşigi derman serişdeleri bilen ýurdumyzyň raýatlaryny döwlet dermanhanalarynyň üsti bilen bökdençsiz üpjün edip gelýär.

Baş dermanhana birleşiginiň esasy wezipeleri:

- daşary ýurtlardan we ýerli zawodlardan derman serişdelerini getirmek;
- derman serişdelerini Merkezi ammardan welaýat derman ammarlaryna, dermanhanalara paýlamak;
- derman serişdeleriniň ýylda gerek mukdaryny kesgitlemek we ş. m. Häzirki wagtda birleşik boýunça 196 dermanhana edaralarynda 969 prowizor we farmasewt bilimli hünärmenler işleýärler. Garaşsyz, bitarap Türkmenistan döwletimizde derman serişdeleriniň üpjünçiligini ýokarlandyrmak üçin 50-den gowrak döwlet bilen şertnama baglaşylýar.

Jemi Türkmenistan boýunça häzirki wagta çenli 1100 görnüşli derman serişdeleri gelip gowuşdy. Şol sanda derman serişdeler –1002 görnüşli, lukmançylyk enjamlary – 98 görnüşli, derman serişdeleriniň 95-si ýerli önümçiligiň hasabyna, olaryň 39-sy derman otlardyr.

Häzirki güne çenli hemme gelýän derman serişdeleri welaýat dermanhana müdirliklerine we bejeriş-öňüni alyş edaralaryna öz wagtynda paýlanylýar. Ýurt boýunça derman serişdeleriň galyndysy – 260,982 million manatdan ybarat, şolardan 77,345 million manatlyk merkezi derman ammarynda saklanylýar.

Ätiýaçlyk dermannama hatlar boýunça derman serişdeleriniň 128 görnüşinden birleşigiň dermanhanalarynda 128-si elmydama tapdyryp durýar.

Saglyk ätiýaçlyk bilen 90% dermannama boýunça raýatlara goýberilýän derman serişdeleriniň jemi ýyl boýunça 52,48 million manatlyk, 10% dermannama hatlar boýunça jemi 5,826 million manatlyk, mugt dermannamalar bilen goýberilen derman serişdeleriň jemi 19,405 million manatlyk, 50% ýeňillikli dermannamalar bilen goýberilen derman serişdeleriniň jemi 102,1 million manatlyk, doly bahasynda dermannama hatlar bilen goýberilen derman serişdeleriniň jemi 176,747 million manatlyk boldy.

Bejeriş-öňüni alyş edaralaryna goýberilen derman serişdeleriniň jemi 92,512 million manatlyk, şol sanda başga pudaklaryň bejeriş-öňüni alyş edaralarynda jemi 9,017 million manatlyk boldy.

Bellibir ýyllaryň dowamynda 347,07 million manatlyk derman serişdeleri satuwa goýberildi (şol sanda satuw bahasy bilen 254,529 million manatlyk we lomaý bahasy bilen 92,512 million manatlyk). Şeýlelikde:

– jemi haryt dolanyşygy – 347,07 million manat;
– umumy girdeji – 58,311 million manat;
– girdejiniň jemi – 4,152 million manat;
– umumy girdejiden peýdasy – 2% boldy.

Işiň hilini ýokarlandyrmak üçin işgärleriň arasynda guramaçylyk işleri hem geçirilýär. Biz döwletde bar bolan iň gymmatly zada «Adamlaryň saglygynyň hatyrasyna tutanýerli işlemelidiris» diýip, Gahryman Arkadagymyzyň aýdan sözlerinden ugur alyp, birleşigiň hünärmenleri ýerli dermanhanalara ýakyndan kömek berýärler.

Türkmenistanyň SG we DS ministrliginiň Baş dermanhana birleşiginde we welaýat dermanhana müdirliklerinde maliýe-hojalyk işlerine yzygiderli gözegçilik işleri geçirilýär. Ýylyň dowamynda düzülen meýilnama esasynda hem-de her çärýekde maliýe pul

serişdeleriniň we döwlet emläkleriniň tygşytly ulanylşyna, goralyp saklanylyşyna häli-şindi barlag işleri geçirilip durulýar.

Dermanhanalarda dermannama hatlar esasynda goýberilýän derman serişdeleri Türkmenistanyň SG we DSM-niň 2002-nji ýylyň ýanwar aýynyň 2-sindäki 1-nji belgili buýruk bilen tassyklanan Saglyk ätiýaçlyk dermannama haty boýunça goýberilýän derman serişdeleriň «Saglyk ätiýaçlyk dermannama boýunça öz bahasyndan 90% ýeňillikli baha bilen bejergi üçin goýberilýän derman serişdeleriň sanawyna», şeýle hem 2-nji goşundy «Saglyk ätiýaçlyk dermannama boýunça öz bahasyndan 90% ýeňillikli baha bilen we doly bahasyndan satmaga rugsat berilýän derman serişdeleriniň Sanawynyň» düzgünlerine laýyklykda ýerine ýetirilýär.

Derman serişdeleri ýeňillikli we tölegsiz dermannama hatlar boýunça hem goýberilýär. Şeýle hem Beýik Watançylyk urşunyň weteranlary, maýyplar derman serişdeleri bilen üpjün etmeklikde ýeňilliklerden peýdalanýarlar. Derman we derman serişdeleriniň dermanhanalarda we ammarlarda saklanyşy, ulanyş möhleti, rejeli peýdalanylyşy, üpjünçiligi, dermanhanalarda gündelik pulhana hasabatynyň düzülişi, pul dolanyşygynyň hereketi, dermannama resminamalaryna we olaryň saglyk öýleri bilen bilelikde hasaba alnyşy, derman-melhemçilik düzgünleriniň berjaý edilişi hemme taraplaýyn gözegçilikde saklanýar.

Aşgabat şäheri boýunça 35 sany dermanhana bolup, olaryň hemmesinde diýen ýaly derman üpjünçilik işlerden başga-da bejeriş-abadançylyk işleri geçirilip durulýar, daş-töwerekleri «Gök guşak» syýasatyndan ugur alyp, gür baglyga öwrüldi. Dermanhanalaryň içi we daşy mahabat ýazgylary bilen raýatlara görnükli ýerlerde asylyp goýlan. Halka ýokary derejede medeniýetli hyzmat etmek üçin döwrebap degişli enjamlar bilen üpjün edildi. Maglumat beriji işler hem ýola goýuldy. Ilatyň derman serişdeleri bilen üpjünçiligini gowulandyrmak maksady bilen, Aşgabat şäheriniň 14-nji dermanhanasynda hem-de welaýat merkezi dermanhanasynda maglumat beriş bölümi işleýär.

Dermanhanalaryň derman goýberilýän bölümlerinde raýatlaryň dykgatyna täze gelýän derman serişdeleri barada hemme maglumat-

lar ýetirilip durulýar. Bu bolsa soňky döwürde rayatlar tarapyndan bildirilýän nägileliklerïň we arza-şikaýatlaryň azalmagyna getirdi. Şeýle hem, Türkmenistanyň Döwlet Lukmançylyk uniwersiteti bilen ýakyndan aragatnaşyk saklanylyp, talyplar ýerlerde zähmet tejribesini geçip, okuwyny gutarandan soňra taýýar ýaş hünärmen hökmünde Baş dermanhana birleşiginiň ygtyýaryna berilýär.

Baş dermanhana birleşiginiň umumy düzgünnamasy Türkmenistanyň SG we DS ministrligi tarapyndan tassyklanýar. Häzirki wagtdaky hereket edýän düzgünnama «Türkmenistanyň Kärhanalar hakyndaky» Kanunyna, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň «Baş dermanhana birleşigi» baradaky düzgünnama, şeýle hem Türkmenistanyň çäginde hereket edýän beýleki kanunçylyk we kadalaşdyryjy namalara laýyklykda işlenip düzülendir. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Baş dermanhana birleşigi (mundan beýläk birleşik), Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň öz-özüni maliýeleşdiriji, hojalyk hasaplaşykly gurluş bölümi hasaplanylýar. Birleşigi esaslandyryjy edaralary döwlet tarapyndan hasaba alyş gullugynda 03.09.1999 ý. senede № 25808348 belgi bilen hasaba alnan Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi hasaplanýar.

Birleşik esaslandyryjynyň özüne berkiden emlägine eýeçilik etmäge, peýdalanmaga Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde dessine dolandyrmaga hukuklydyr. Birleşik doly hojalyk hasaplaşygy we öz-özüni maliýeleşdiriş ýörelgelerinde iş alyp barýar. Onuň aýratyn emlägi, Türkmenistanyň banklarynda we gyzyl pul hasaplaşyk hasaby bar. Ol öz işini Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň beýleki namalarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň beýleki namalarynyň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlarynyň, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Baş dermanhana birleşiginiň buýruklarynyň, gözükdirijileriniň we tertipnamalarynyň esasynda amala aşyrýar. Birleşigiň düzümine Balkan, Mary, Daşoguz, Ahal, Lebap welaýat dermanhana müdirlikleri we dermanhanalary Aşgabat şäheriniň dermanhana müdirliginiň dermanhanalary girýär.

Birleşik hukukly tarapyň hukugyndan peýdalanýar, Türkmenistanyň Döwlet Gerbi (Tugrasy) şekillendirilen we özüniň ýasalan tegelek möhri, resmi kagyzlary bar. Eýeçiligiň görnüşi – döwlet eýeçiligi. Iş möhleti çäklendirilmedik. Birleşigiň hukuk salgysy: 744015, Aşgabat şäheri, Şors köçesi jaý 35. Türkmenistanyň edaralarynda döwlet hasaba alyş gullugy tarapyndan 10.09.1999 ý. senede №13708381 belgi bilen hasaba alnan «Türkmenfarmasiýa» birleşigi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriliginiň 22.04.2003 ý senede №51 buýrugy esasynda «Baş dermanhana birleşigi» diýlip atlandyryldy we onuň ähli hukuklarynyň hem borçlarynyň miras düşeri hasaplanýar.

***Birleşigiň esasy wezipeleri:***

**1.** Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» döwlet maksatnamasyny durmuşa geçirmek;
**2.** Ýurduň ilatyny we saglyk goraýyş edaralaryny ýokary hilli derman serişdeleri, saglygy goraýşa niýetlenen önümler, arassalaýjy serişdeler, derman kömekleri bilen doly möçberde üpjün etmek;
**3.** Ilata ýokary hilli dermanlaryň hyzmatyny ýerine ýetirmek;
**4.** Dermanhanalaryň içinde derman serişdeleri taýýarlamak;
**5.** Maslahat beriş, dellalçylyk hyzmatlaryny bermek we marketing barlaglaryny geçirmek;
**6.** Saglygy goraýşa niýetlenen önümleri, derman serişdelerini, şol sanda öz öndürýän derman serişdelerini lomaý we bölek satmak;
**7.** Ilatyň we saglygy goraýyş edaralarynyň derman serişdeleriniň, saglygy goraýşa niýetlenen serişdeleriniň hilini mundan beýläk-de gowulandyrmaklyga gönükdirilen çäreleri guramak we geçirmek.

***Birleşigiň hukuklary we borçlary:***

**1.** Birleşik şulara hukukly:

– Türkmenistanyň banklarynda milli we erkin çalşylýan gyzyl pulda hasaplaryny açmaga;
– şertnamalary özbaşdak baglaşmaga;

– Türkmenistanda Esaslandyryjynyň buýrugy hukukly tarapyň hukugyny bermek we bermezlik şerti bilen gurluş bölümlerini döretmäge;
– Türkmenistanda, daşary ýurtlarda bazarlary, sergileri guramaga we gatnaşmaga
– derman serişdeleri, saglygy goraýşa niýetlenen önümleri, çig maly zerur möçberde taýýarlamaga (satyn almaga);
– harytlary, hyzmatlary Esaslandyryjy bilen ylalaşylan ýa-da şertnamalaýyn bahalar we nyrhlar boýunça Türkmenistanyň kanunlarynda hereket edýän ýagdaýlarda bolsa, döwlet bahalary boýunça satmagy amala aşyrmaga;
– bölümleriniň işine gözegçiligi amala aşyrmaga;
– birleşigiň bölümleriniň maliýe meýilnamasyny, düzgün-tertibini işläp taýýarlamaga hem-de tassyklamaga;
– iş tertibini bellemäge;
– ilata, guramalara, kärhanalara we edaralara ýokary hilli tölegli derman kömegi hyzmatlary ýerine ýetirmäge;
– hususy we üpjün edilýän önümleriniň sarp edijilere ibermäge, gorap saklamaga, kabul edip almaga;
– öz işi üçin zerur bolan kärhanalary, hereket edýän we hereket etmeýän emlägi kärendä almaga, tabşyrmaga, başga biriniň adyna geçirmäge, almaga, gurluşyklaryny amala aşyrmaga;
– bellenen tertipde awtoulaglaryny, enjamlaryny, goş-golamlaryny hasapdan çykarmaga.

***Birleşigiň borçlary*:**
– öz işlerini Türkmenistanyň kanunlaryna, Esaslandyrjynyň buýruklaryna, kadalaşdyryjy namalaryna laýyklykda amala aşyrmaga;
– döwletiň we jemgyýetiň bähbidini goraýan, daşky gurşawyň goraglylygyny kepillendirilýän, zähmet goragy boýunça kadalaryň, derman kömegini, arassaçylyk, ýangyn howpsuzlygy we beýleki kadalary berk berjaý etmekligi üpjün etmeklige;
- işgär üçin howpsuzlygyň we päkizeligiň talaplaryna jogap berýän zähmet şertlerini döretmäge.

***Gaznalary emele getirmegiň tertibi we girdejeleri paýlamak:***

**1.** Baş dermanhana birleşiginiň tertipnamalaýyn gaznasy esaslandyrylan wagty 3.045.039.000 (üç miliard kyrk bäş million otuz dokuz müň) manat boldy, ol üýtgäp biler.

**2.** Birleşigiň işini üpjün etmek üçin tertipnamalaýyn gazna döredilýär we Esaslandyryjynyň karary boýunça köpeldilip ýa-da azaldylyp bilner.

**3.** Birleşigiň girdijelerini emele getirmegiň çeşmeleri:

– önümçilik - hojalyk işlerinden alnan girdejiler;
– hyzmatlardan alnan girdejiler;
– beýleki hojalyk işlerinden alnan girdejiler;
– bankyň karzlary;
– kanunda gadagan edilmedik beýleki çeşmeler. Birleşigiň maliýe-hojalyk işlerini umumylaşdyrýan esasy görkezijiler hasaplanýar.

Girdejiden salgytlar we hökmany tölegler tölenenden soň, galanynyň 30%-i Baş dermanhana birleşiginiň gaznasyna geçirilýär, Birleşik ýörite maksatly gaznalary döredýär:

– toplaýyş gaznasy – 60%;
– sarp ediş gaznasy – 40%.

***Birleşigiň hasaby we hasabaty:***

**1.** Birleşik Türkmenistanyň kanunlarynda bellenen tertipde hasap maglumat hasaby we hojalyk hem-de beýleki işleriniň netijeleriniň hasabaty özünden ýokary gurama berýär;

**2.** Birleşik döwlet hasabatyndan boýun gaçyranda Türkmenistanyň kanunynda bellenen tertipde düzgün-tertip, ýolbaşçylyk we jenaýat jogapkärçiligine çekilýär;

**3.** Birleşigiň maliýesi ýylyň ýylnamasyna gabat gelýär.

***Birleşigi dolandyrmak.***

**1.** Birleşik öz işinde Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriligine tabyn bolýar.

**2.** Birleşige ýolbaşcylygy ýeke-täk baştutan hökmünde Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministri wezipä belläp, boşadýar.

**3.** Birleşigiň direktory:

– hasaplaşyk we beýleki hasaplaryny açýar;
– düzüm çäkleri işläp taýýarlaýar we tassyklaýar;
– işgärleri saýlap alýar we ýerli-ýerinde goýýar;
– içki düzgün-tertibi yglan edýär;
– birleşigiň ähli işgärleri üçin hökmany bolan tabşyryklary we buýruklary berýär;
– esaslandyryjy bilen ylalaşyk boýunça Birleşigiň gurluşyny kesgitleýär;
– karzlara eýeçilik edýär, şertnama baglaşýar, Türkmenistanyň hereket edýän kanunlarynda bellenen çäklerde Birleşigiň adyndan borçlary düşündirýär we beýleki hereketleri amala aşyrýar;
– birleşigi döwlet guramalarynda, kazyýetde, araçy kazyýetde, jemgyýetçilik we beýleki guramalarda tanyşdyrýar.

***Birleşigiň iş bilen baglanyşykly jedelleri çözmek:***

**1.** Birleşigiň Türkmenistanyň, daşary ýurduň hukukly, fiziki taraplary bilen jedelleri Türkmenistanyň hereket edýän kanunlaryna laýyklykda we gazanylan ylalaşyklar esasynda çözülýär;

**2.** Birleşik Esaslandyryjynyň borçlaryna jogap bermeýär, Esaslandyryjy hem Birleşigiň borçlaryna jogap bermeýär.

***Birleşigiň işini togtatmak:***

**1.** Birleşigiň işi bellenen tertipde täzeden guramak ýa-da ýatyrmak ýoly bilen togtaldylyp bilner.

**2.** Birleşigiň işi Esaslandyryjynyň karary boýunça, şeýle hem kazyýetiň karary boýunça we hereket edýän kanunlaryň tertibinde togtadylyp bilner.

**3.** Birleşik ýatyrylanda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işden boşan işgärleriň hukuklaryny berjaý etmeklik kepillendirilýär.

## 1.7. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň «Türkmendermansenagat» birleşigi

TSG we DSM «Türkmendermansenagat» birleşigi «Saglyk» döwlet maksatnamasynyň öňde goýan meselelerini durmuşa geçirmek, ýurdumyzyň halkyny we bejeriş edaralaryny özümizde öndürilýän derman serişdeleri bilen üpjün etmek üçin tutanýerli iş alyp barýar. Birleşigiň düzümine birnäçe derman serişdelerini we dermanlyk çig maly öndürýän:

– S.A.Nyýazow adyndaky «Buýan» oba senagat toplumy;
– «Saglyk» derman kärhanasy;
– bilelikdäki Türkmenderman «Ajanta-Farma Limited» türkmen-hindi kärhanasy;
– «Tenekar» derman kärhanasy;
– Aşgabat şäherindäki «Berzeňňi» mineral bejeriş suwy kärhanasy;
– Aşgabat şäheriniň Abadan etrabyndaky zyýansyzlandyryjy erginleri öndürýän kärhana;
– Balkan welaýatynyň Bereket etrabyndaky ýod önümçilik kärhanasy we Jebel şäherçesindäki bejeriş palçyklaryny hem-de deňiz duzuny gaplaýan kärhana;
– Daşoguz welaýatynyň merkezinde zyýansyzlandyrylan sargy serişdelerini öndürýän kärhanalary girýärler.

Birleşigiň kärhanalarynda hili, howpsuzlygy we täsirliligi taýdan dünýä derejesindäki talaplara gabat gelýän dürli dermanlaryň 180-den gowragynyň önümçiligi ýola goýuldy. Bular çüýşe, polietilen we kagyz gaplarda öndürilýän gerdejikler, süýri däneler, melhemler, jöwherler, külke görnüşli dermanlar, lukmançylyk pamygy, sargylar we ýylanyň zäheri ýaly gymmat bahaly önümlerdir. Ulanyş ugurlary barada aýtsak, olaryň arasynda antibiotikler, dürli agyry aýryjylar, ýürek, bagyr, böwrek, aşgazan-içege kesellerine garşy ulanylýan we beýleki köp sanly dermanlar bardyr. Galyberse-de, öndürilýän dermanlaryň aglaba köpüsi saglyk ätiýaçlandyrmasyna degişli dermanlardyr. Birleşikde özümizde öndürilýän dermanlaryň görnüşini artdyrmak we önümçiligiň göwrümini giňeltmek üçin hem iş alnyp barylýar.

4. Sargyt № 1856

Şonuň bilen birlikde daşary ýurtlaryň önümi bolan derman serişdeleri hem satyn alynýar. Olar hödürlenen derman önümleriniň ýokary netijeliligine we howpsuzlygyna görä saýlanylyp alynýar. Dünýäde ýasama derman serişdelerini öndürijileriň sanynyň barha artýandygyny göz öňünde tutsak, bu dermanlara gözegçilik işiniň diýseň wajypdygy öz-özünden düşnüklidir. Ol gözegçilik bolsa, Türkmenistanyň SG we DS ministrliginiň derman serişdelerini bellige almak we olara döwlet gözegçiligini amala aşyrmak baradaky Merkeziň üstüne ýüklenýär.

«Melhemçilik işi we derman üpjünçiligi baradaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda islendik derman serişdesi diňe şu Merkez tarapyndan bellige alnandan soň, ulanylmaga goýberilýär.

«Saglyk» derman kärhanasy ýurdumyzda derman serişdelerini öndürýän öňdebaryjy kärhanalaryň biridir. Kärhanada ortaça 160 adam işleýär. Bu ýerde dermanlar gerdejik, süýri däne, melhemler we ýaglar, erginler we jöwherler görnüşinde öndürilýär. Galyberse-de, derman otlary we lukmançylyk pamygy taýýarlanylýar. 1995 – 2005-nji ýyllar aralygynda kärhanada dürli dermanlaryň 80-den gowrak görnüşiniň 124878,4 manatlygy öndürilip, halkymyza ýetirildi. Şol sanda, dürli gerdejikleriň we süýri däneleriň 337152000 sanysy ýa-da 78907,0 manatlygy, derman otlaryň 991000 gaby ýa-da 4106,5 manatlygy, lukmançylyk pamygynyň 366,6 tonnasy ýa-da 7150,4 manatlygy, melhemleriň we ýaglaryň 8048000 gaby ýa-da 17961,0 manatlygy, erginleriň we jöwherleriň 8570000 gaby ýa-da 16753,5 manatlygy öndürildi.

S. A. Nyýazow adyndaky «Buýan» oba senagat toplumynyň öndürýän buýan köki we onuň toşaby ýurdumyzyň çäginden has uzaklarda-da bellidir. Buýan köküniň gaýtadan işlenilmegi netijesinde alynýan önümler derman senagatynda ulanylýar. 1995–2005-nji ýyllar aralygynda toplum 19476 tonna buýan köküni, 2780 tonna buýan köküniň toşabyny ýa-da 59022,0 manatlyk taýýar önümi öndürdi. Mundan başga-da, toplumda derman otlaryň 9 görnüşiniň 28,5 tonnasy ösdürilip ýetişdirildi we derman öndüriji kärhanalarymyza, dermanhanalarymyza iberildi.

Bilelikdäki Türkmenderman «Ajanta Farma-Limited» türkmen-hindi karhanasy ýurdumyzda Garaşsyzlyk ýyllarynda gurlan

ilkinji derman öndüriji kärhanadyr. Ol 1998-nji ýylyň dekabr aýynda açyldy we işe girizildi. Kärhana «Türkmendermansenagat» birleşigi we Hindistanyň «Ajanta-Farma Limited» firmasy tarapyndan esaslandyryldy. Bu ýerde hindistanly we ýerli hünärmenler agzybirlikde işleýärler. Kärhananyň 8 sany önümçilik bölümi bolup, olarda dermanlaryň gerdejik, süýri däne we ürgün görnüşleri, çüýşejiklerde we derman çüýşelerde sanjym serişdeler, melhemler, diş ýuwulýan serişdeler öndürilýär. Şu güne çenli dermanlaryň 80 görnüşiniň jemi 116880,0 manatlygy öndürildi. 1995–2005-nji ýyllar aralygynda kärhanada dürli gerdejikleriň 202172 müň sanysy ýa-da 40424,0 manatlygy, süýri däneleriň 60063000 sanysy ýa-da 22050,0 manatlygy, çüýşejiklerdäki sanjymlaryň 18684000 sanysy ýa-da 30568,0 manatlygy, derman çüýşelerdäki sanjymlaryň 3255000 sanysy ýa-da 15819,0 ürgün görnüşdäki dermanlaryň 2200000 sanysy ýa-da 4 302,0 manatlygy, melhemleriň 417000 sykma gaby ýa-da 3367,0 manatlygy, diş ýuwulýan serişdeleriň 135000 sykma gaby ýa-da 350,0 manatlygy öndürildi.

1999-njy ýylyň fewral aýynda ýurdumyzda derman serişdelerini öndürýän «Tenekar» derman kärhanasy guruldy. Onuň önümçilik enjamlary we önümçilik usullary Germaniýanyň infuzion erginleri öndürmekde dünýäde öňdebaryjy «Faratek» firmasy tarapyndan getirildi. 1999–2005-nji ýyllar aralygynda kärhanada infuzion erginleriň 14 görnüşiniň 1465000 ýa-da 18622 manatlygy öndürildi.

«Türkmendermansenagat-Lekhim» hojalyk jemgyýetiniň işe girizilenine bary-ýogy bir ýyl geçendigine garamazdan, onda gerdejik görnüşli derman serişdeleriniň 484000 gaby ýa-da 12314 manatlygy, gyzdyrgyçlaryň 169000 gaby ýa-da 1018 manatlygy öndürildi we dermanhanalarymyza iberildi. Bu önümçilik hojalygy 2006-njy ýylda «Saglyk» zawodyň bölümine öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiziň aladasy we howandarlygy esasynda 2014-nji ýylda şanly Garaşsyzlygyň 23 ýyllygy mynasybetli dabaraly ýagdaýda birnäçe ýokary tilsimatly öňdebaryjy önümçilik enjamlary bilen üpjün edilen kärhanalar açylyp ulanylmaga berildi.

Aşgabat şäherindäki «Berzeňňi» mineral bejeriş suwy kärhanasynda suw taýýarlaýjy, önümçilik, hil we barlag bölümleri işleýär. Bu kärhana 4 bölümçeden ybarat bolup, olar öz aralarynda kompýuter arkaly arabaglanyşykly işleýärler. Kärhana ýylda umumy göwrümi

200 000 litr 26 görnüşli zyýansyzlandyryjy erginleri hem-de dermanlary öndürmäge we olary dürli göwrümde gaplamaga ukyplydyr.

Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherindäki zyýansyzlandyrylan sargy serişdelerini öndürýän kärhanada sargy hasalary dürli ölçeglerde, gipsli sargy hasalary, guşaklar, goşarlyklar, ýelimli plastyrlar, sanjym plastyry, maýyşgak sargy serişdeleri, bir gezek ulanylýan desmallar bolup, kärhananyň önümçilik kuwwaty 1 ýylda 13 müň gap taýýar önüme barabardyr.

Balkan welaýatynyň Bereket etrabyndaky ýod önümçiligi kärhanasynyň önümçilik kuwwaty ýylda 250 ýodly taýajyklar, 50 ýodly galam, 500000 diş tamponyna barabardyr. Kärhana 5 sany esasy: suw taýýarlaýjy bölümden, ýodly taýajyklary öndürýän, ýodly galamlary öndürýän, diş tamponlaryny öndürýän bölümlerden we hil barlagy bölüminden durýar.

Balkan welaýatynyň Jebel şäherçesindäki bejeriş palçyklaryny hem-de deňiz duzuny gaplaýan kärhana 2 sany esasy bölümden durup, önümçilik kuwwaty 1 ýylda 400000 gap taýýar önüm, şol sanda: Mollagara palçygy 200000 gap, wulkan palçygy 100000 gap, deňiz duzy 100000 gaba barabardyr.

Halkara ülňülerine laýyk gelýän täze derman kärhanalarynyň işe girizilmegi pudagyň düýpli diwersifikasiýalaşdyrylmagyny, ilatyň ýurdumyzda öndürilýän ýokary hilli derman serişdeleri bilen üpjün edilmegini, şeýle hem dürli künjeklerde täze iş orunlarynyň döremegini üpjün eder. Mundan başga-da, ýurdumyzda öndürilýän dermanlyk serişdelerini eksport etmegiň mümkinçilikleri göz öňünde tutulýar. Pudagyň ylmy-tehniki we innowasion kuwwatyny ösdürmegiň wezipeleri daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň azaldylmagyna, öndürilýän derman serişdelerine eksport möçberiniň artdyrylmagyna gönükdirilendir.

Şeýlelikde, «Türkmendermansenagat» birleşiginiň esasy maksady – ýurdumyzyň halkyny we kesel bejeriş edaralaryny ýokary hilli we täsirli, şol bir wagtda-da, howpsuz we elýeter bahaly derman serişdeleri bilen üpjün etmekdir. Ýerli derman senagatymyzy mundan beýläk-de ösdürmek daşary ýurtlarda derman satyn almaga harçlanýan gyzyl pul serişdelerini azaltmaga, täze iş ýerleri açmaga, halkymyzy ýokary hilli dermanlar bilen üpjün etmäge mümkinçilik döreder.

## 1.8. Derman serişdelerini hasaba alyş we olaryň hiline döwlet gözegçiligi merkezi

Türkmenistanyň Prezidentiniň 1995-nji ýylyň 21-nji noýabrynda çykaran №2400 «Türkmenistanyň lukmançylyk we dermançylyk işlerini döwlet tarapyndan ygtyýarlaşdyrmak hakyndaky» kararyna laýyklykda hem-de Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň 1996-njy ýylyň №25 buýrugy esasynda 1996-njy ýylyň mart aýynyň 1-inde Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň ýanynda *Derman serişdeleri we lukmançylyk enjamlaryny, tehnikasyny bellige alýan hem-de hilini barlaýan, kliniki ekspertiza geçirýän döwlet merkezi* (gelejekde diňe Döwlet merkezi diýiljekdir) döredildi. Bu merkez:

– Türkmenistanyň öz çykarýan we oňa getirilýän derman serişdelerini we lukmançylyk harytlaryny ilkinji bellige almak hem-de täzeden bellige almak işlerini alyp barýar;
– ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň himiki-farmasewtiki, gormon, ferment derman serişdelerini, antibiotikleri, ösümliklerden we haýwanlardan alynýan dermanlyk çig mallary, immuno-biologiki, radio-farmasewtiki derman serişdeleri hil taýdan barlap, döwlet gözegçiliginde saklaýar, sertifikatlary berýär;
– dermanlaryň täsirini barlamak boýunça we dermanlary resmileşdiriş toparlary ýurdumyzda öndürilýän we daşary ýurtlardan alynýan derman serişdelerini hem-de öňüni alyş, anyklaýyş üçin niýetlenen derman serişdelerini kliniki barlaglardan geçirmek işlerini utgaşdyryp alyp barmaga guramaçylyk taýdan ýardam berýär we derman serişdeleriniň resminamalaryny barlamak işlerini gurnaýar;
– Türkmenistanyň çäklerinde derman serişdeleriniň önümçiligi bilen meşgul bolýan hünärmenleriň işine lukmançylyk enjamlara bildirilýän talaplary, farmakopeýa boýunça talaplary, döwlet standartlarynyň talaplary boýunça gözegçiligi saklaýar;
– derman serişdelerini daşary döwletlere ugratmaklygy we özümize getirmekligi ygtyýarlandyrmak;

– bellige alnan derman serişdeleri baradaky maglumat bilen gyzyklanýan kärhanalary, dermanhanalary üpjün edip durmak.

Döwlet merkezi öz işini Farmakologiki we Farmakopeýa komitetleri bilen alyp barýar. Bu komitetlerde ekspertler – bilermenler işleýär. Bilermenler derman serişdelerini we olaryň resminamalaryny barlap, komitetleriň ýygnagynda bu derman serişdäni bellige almak, Türkmenistanda ulanmaga rugsat etmek boýunça netijeleri çykarýar. Adatça Türkmenistanda derman serişde 5 ýyllyk bellige alnyp, möhleti dolsa, täzeden bellige hödürlenilýär.

2004-nji ýylda Döwlet Merkeziniň işine TSG we DSM tarapyndan täzeçe üýtgeşmeler girizildi (Buýruk №150, 2003-nji ýylyň dekabr aýynyň 4-i). Bu üýtgemelerde Farmakologiki we Farmakopeýa komitetleri gönüden-göni Döwlet merkeziniň garamagyna berildi. Degişlilikde olaryň ady üýtgedildi we farmakologiki komitet dermanlaryň täsirini barlamak boýunça topar, farmakopeýa komitet dermanlary resmileşdirmek boýunça topar diýlip atlandyryldy.

***Dermanlaryň täsirini barlamak boýunça topar we onuň işi.*** Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň dermanlaryň täsirini barlamak boýunça topary ministrligiň bilermenler topary bolup, ol ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ähli täze nusgalyk derman, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş serişdelerini we derman ösümlik çig mallary näsaglarda (kliniki) deslapky synagdan geçirmek, ýagny olary işläp taýýarlamak we döretmek bilen meşgullanýar. Toparyň görkezmeleri haýsy pudaga we eýeçiligiň görnüşine degişlidigine garamazdan, Türkmenistanyň ähli edara görnüşli hukuk we şahsy taraplary üçin hökmany bolup durýar. Näsaglarda (kliniki) deslapky synaglary geçirmek Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen ylalaşyp dermanlaryň täsirini barlamak boýunça toparynyň rugsat bermegi bilen mümkindir.

Dermanlaryň täsirini barlamak boýunça toparynyň düzümi başlykdan, alym kätipden we agzalardan ybaratdyr. Toparyň şahsy düzümi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanylýar. Topar Türkmenistanda hasaba almak we gaýtadan hasaba almak üçin gelip gowuşýan derman

serişdeleri, saglyk hajatly önümleri we lukmançylyk enjamlary üçin resminamalara seljerme geçirmek üçin ýöriteleşdirilen bilermenlerden ybarat iş topary döredilýär.

Toparyň esasy borçlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– lukmançylyk taýdan ulanmak üçin rugsady bolmadyk, ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň derman, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş serişdeleriniň we derman ösümlik çig mallarynyň, saglyk hajatly önümleriň we lukmançylyk enjamlarynyň häsiýetnamasyny we howpsuzlygyny bilermenler tarapyndan anyklamak bilen baglanyşykly meseleleri çözmek;
– resminamalaryň seljermesini, şol sanda olaryň kliniki deslapky synaglaryny geçirmegiň mümkinçilikleri we maksada laýyklygy hakyndaky meseläni çözmek üçin derman, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş serişdeleriniň we derman ösümlik çig mallarynyň klinika çenli öwrenilişini saýlama-deslapky synag barlagyna ibermek;
– Türkmenistanda bellige alynmadyk, ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň täze derman, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş serişdeleriniň we derman ösümlik çig mallarynyň, lukmançylyk enjamlarynyň näsaglarda (kliniki) deslapky synaglaryna rugsat bermek;
– halkara ülňülerine laýyklykda «Oňat kliniki amal» *(GCP-Good Clinical Practice)* boýunça esasy ýörelgelere laýyklykda deslapky kliniki synaglaryň möçberini we häsiýetini kesgitlemek;
– lukmançylyk tejribesinde ulanmagyň maksada laýyklygy we döwletimizde bellige alynmagy hakyndaky meseläni çözmek maksady bilen, ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň täze derman, öňüni alyş, anyklaýyş serişdeleriniň we derman ösümlik çig mallarynyň, saglyk hajatly önümleriň we lukmançylyk enjamlarynyň näsaglarda (kliniki) deslapky synaglarynyň netijelerini seljermek;
– Türkmenistanda näsaglarda (kliniki) deslapky synaglardan geçen ýa-da ulanmaga rugsat berlen daşary ýurt gönezlik (generiki) serişdeleri bilermenler tarapyndan anyklanmak bilen baglanyşykly meseleleri çözmek;

- serişdeleriniň we derman ösümlik çig mallarynyň, saglyk hajatly önümleriň we lukmançylyk enjamlarynyň görkezmelerine üýtgetmeleri girizmek;
- derman, keseliniň öňüni alyş, anyklaýyş serişdeleriniň we derman ösümlik çig mallarynyň, saglyk hajatly önümleriň we lukmançylyk enjamlarynyň netijeliligini we howpsuzlygyny klinika çenli deslapky synag we kliniki taýdan anyklamak boýunça teklipleri taýýarlamak;
- halkara ülňülerini ornaşdyran ýurdumyzyň klinikalarynyň sargytlaryna laýyklykda täze derman, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş serişdeleriniň we dermanlyk ösümlik çig mallaryň, saglyk hajatly önümleriň we lukmançylyk enjamlarynyň deslapky kliniki synaglaryny guramagyň ýörelgelerini we tertibini tassyklamak hem-de durmuşa ornaşdyrmak;
- könelen az täsirli, ýaramaz täsir edýän serişdeleri döwlet sanawyndan çykarmak maksady bilen, derman, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş serişdeleriniň we derman çig mallarynyň, saglyk hajatly önümleriň we lukmançylyk enjamlarynyň sanawyna gaýtadan seretmek; derman, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş serişdeleriniň we derman ösümlik çig mallarynyň, saglyk hajatly önümleriň we lukmançylyk enjamlarynyň synaglaryny resmileşdirmek.

***Dermanlaryň täsirini barlamak boýunça toparyň şu aşakdakylara hukugy bardyr:***

- täze derman serişdeleri, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş serişdeleri we derman ösümlik çig mallary barada resminamalaryň bilermenlik anyklamasyny geçirmek, şeýle hem derman serişdelerini synag etmek we ulanmak barada aýry-aýry meseleleri çözmek üçin ylmy edaralaryň, kafedralaryň ýokary derejeli işgärlerini we aýry-aýry hünärmenlerini çekmäge (olar netijenamany bellenen möhletlerde hat üsti bermäge borçludyrlar);
- derman, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş serişdelerini we derman ösümlik çig mallaryny synag etmek we ulanmak meseleleri boýunça hünärmenleriň maslahatlaryny geçirmäge;
- ady ýazylan resmi blanka eýelik etmäge;

– zerur bolan ýagdaýynda anyk meselelere seretmek üçin bilermenler iş toparlaryny döretmäge;
– dermanlaryň täsirini barlamak boýunça toparyň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde habar beriş we resminamalary neşir etmek babatda işe gatnaşmaga;
– dermanlaryň täsirini barlamak boýunça toparyň bilermenleri, iş toparlaryň agzalary garaşsyz bilermenler bolup durýarlar we özleriniň işleýän edaralarynyň, guramalarynyň we kärhanalaryň bähbitlerini aramaýarlar. Derman, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş serişdeleri we dermanlyk ösümlik çig mallary, saglyk hajatly önümleri we lukmançylyk enjamlary üçin kadalaşdyryş-tehniki resminamalary seljermek boýunça olaryň işine bellenilen tertipde töleg tölenilip bilner; tölegiň tertibi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanylýar;
– dermanlaryň täsirini barlamak boýunça toparyň karary bu toparyň agzalarynyň köpüsiniň gatnaşmagynda kabul edilýär. Näsaglarda (kliniki) synaglara rugsat bermek hakyndaky meselelere seredilende pikirleriň gabat gelmedik ýagdaýynda, goşmaça bilermenleri çekmek arkaly bu meselä gaýtadan seredilip bilner;
– dermanlaryň täsirini barlamak boýunça toparyň karary resmileşdirilende, oňa bu toparyň başlygy gol çekýär. Bilermenleriň kararlaryna bilermenler tarapyndan gol çekilýär. Olar toparyň mejlisinde ara alnyp maslahatlaşylýar hem-de dermanlaryň täsirini barlamak boýunça topar tarapyndan tassyklanylýar;
– dermanlaryň täsirini barlamak boýunça toparyň bilermenlerine bu toparyň kararlaryny taýýarlamak maksady bilen, degişli ugurdaky täze derman, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş serişdelerine we derman ösümlik çig mallaryna, saglyk hajatly önümlere we lukmançylyk enjamlaryna degişli ähli bilermen resminamalaryna deslap seretmek hem-de öz wagtynda doly çözgüt kabul etmek üçin teklipleri bermek tabşyrylýar.

***Derman serişdeleri resmileşdirmek boýunça topar we onuň işi.*** Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň

dermanlary resmileşdirmek boýunça topary derman, keseliň öňüni alyş we anyklaýyş serişdeleriniň, derman otlaryň, saglyk hajatly önümleriň, lukmançylyk enjamlarynyň hiline gözegçilik ediji bilermenler toparydyr hem-de Tükmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministirliginiň garamagynda durýar.

Dermanlary resmileşdirmek boýunça topar başlykdan, ylmy kätipden we agzalardan ybaratdyr. Bu toparyň şahsy düzümi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanýar.

Derman serişdeleri resmileşdirmek boýunça topary karar bilen Türkmenistanda hasaba alynmagy we gaýtadan hasaba alynmagy üçin gelýän derman serişdeleriň, saglyk hajatly önümlere we lukmançylyk enjamlaryna seljerme geçirmek üçin ýöriteleşdirilen bilermenler toparyny döredýär.

Dermanlary resmileşdirmek boýunça toparyň şu aşakdaky hukugy bardyr:

- işläp taýýarlaýjylardan we senagat dessurlarynyň, wagtlaýyn dermanlary resmileşdiriş resminamalarynyň, dermanlary resmileşdiriş resminamalarynyň taslamalarynyň talaplaryna laýyk gelýän barlaghana we senagat düzgünleriniň taslamalaryny seretmek üçin kabul etmäge;
- barlaghana we senagat düzgünlerini goşmaça işlemek hem-de bilermenleriň maslahatlaryna laýyklykda taýýarlaýjylara gaýtarmaga;
- derman, keseliň öňüni alyş we anyklaýyş serişdeleriniň döwlet ölçegleri boýunça resminamalary taýýarlamaga;
- derman, keseliň öňüni alyş we anyklaýyş serişdeleriniň, derman otlarynyň, saglyk hajatly önümleriň we lukmançylyk enjamlarynyň döwlet ölçeglerine laýyklygyny derňemek üçin saglygy goraýyş, okuw we ylmy edaralaryndan aýry-aýry hünärmenleri çekmäge hem-de olaryň maslahatyny geçirmäge;
- dermanlary resmileşdiriş resminamalaryň we wagtlaýyn dermanlary resmileşdiriş resminamalaryň hereket ediş möhletleriniň uzaldylmagyny ýa-da uzaldylmazlygyny delillendirýän resminamalary taýýarlamaga;

– Öz ady ýazylan resminamalary edinmäge;

Dermanlary resmileşdirmek boýunça toparyň esasy borçlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– kadalalaşdyryş-tehniki resminamalaryny we bilermenleriň netijenamalaryny öwrenmek we tassyklamak;
– dermanlaryň täsirini barlamak boýunça topar tarapyndan Türkmenistanda ulanmak üçin hödürlenilen täze derman, keseliň öňüni alyş we anyklaýyş serişdeleri, derman otlar barada barlaghana we senagat düzgüni, wagtlaýyn dermanlary resmileşdiriş resminamalaryny we dermanlary resmileşdiriş resminamalaryny seljermek we tassyklamaga bermek;
– derman, keseliň öňüni alyş we anyklaýyş serişdeleriniň, derman otlarynyň hilini ýokarlandyrmak we gözegçilik usullaryny kämilleşdirmek maksady bilen, olaryň barlaghana we senagat dessurlaryna, wagtlaýyn dermanlary resmileşdiriş resminamalaryna we dermanlary resmileşdiriş resminamalaryna we beýleki kadalaşdyryş tehniki resminamalara seretmek;
– barlaghana we senagat dessurlaryna, dermanlary resmileşdiriş resminamalaryna we beýleki kadalaşdyryş-tehniki resminamalara üýtgetmeler, goşmaçalar girizmek baradaky teklipleri seljermek;
– Türkmenistanda ulanmaklyga ygtyýar berlen we Türkmenistanda hasaba almaga we gaýtadan hasaba almaga degişli bolan ýurdumyzda we daşary ýurtlarda öndürilen derman, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş serişdeleriniň, derman otlarynyň kadalaşdyryş tehniki resminamalaryny seljermek;
– derman, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş serişdeleriniň derman otlaryň standartlaşdyrylmagy we hiline gözegçilik edilmegi babatda halkara hyzmatdaşlyga gatnaşmak;
– derman, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş serişdeleriniň, derman otlarynyň hili baradaky talaplary we işläp taýýarlamagyň düzgünlerini kesgitleýän gollanma resminamalary, gollanmalary taýýarlamak we tassyklamaga hödürlemek;
– derman, keseliň öňüni alyş we anyklaýyş serişdelerini, derman otlaryny, saglyk hajatly önümleri we lukmançylyk enjamlaryny öndürmek üçin ulanylýan gaplaýyş serişdelerine, gaplara, gaplanylyşyna, olaryň taslamalaryny seljermek;

Dermanlary resmileşdirmek boýunça toparyň we bilermenler iş toparynyň agzalary garaşsyz bilermenler bolup durýarlar we özüniň işleýän edaralarynyň, guramalarynyň we kärhanalarynyň bähbitlerini aramaýarlar. Olaryň derman, keseliň öňüni alyş, keseli anyklaýyş serişdelerine, derman otlara, saglyk hajatly önümlere we lukmançylyk enjamlaryna kadalaýyş resminamalaryna seljerme edendikleri baradaky işine bellenilen tertipde töleg tölenilip bilner; tölegiň tertibi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanylýar. Toparyň kararlary bu toparyň agzalarynyň köpüsiniň gatnaşmagynda kabul edilýär. Topar saglygy goraýyş, okuw, ylmy edaralaryň we barlaghanalarynyň hünärmenlerini derman, anyklaýyş serişdeleri, derman otlar baradaky kadalaşdyryş-tehniki resminamalaryny seljermek üçin bilermenler hökmünde çekilip biler. Toparyň kadalaşdyryş-tehniki resminamalary derman serişdeleriniň hiline bolan talaplary kesgitleýän, onuň Döwlet standartlaşdyryş edarasy hökmünde ygtyýarlygy bardyr. Toparyň talaplary haýsy edara ýa-da pudaga degişlidigine garamazdan derman serişdeleriniň, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş serişdeleriniň, dermanlyk otlaryň, saglyk hajatly önümleriň öndürilmegi, saklanylmagy, ýerleşdirilmegi, gözegçilik edilmegi we ulanylmagy bilen meşgullanýan hukuk taraplary we raýatlary üçin hökmandyr.

Topar TSG we DSM-ine, Döwlet dermanlarynyň täsirini barlamak boýunça toparyň derman, keseliň öňüni alyş we anyklaýyş serişdelerine, derman otlara, saglyk hajatly önümlere we lukmançylyk enjamlara degişli resminamalaryň resmileşdiriş maksatlaryny, olara goşmaçalary, üýtgetmeleri taýýarlaýar we tassyklamak üçin berýär. Toparyň bilermenleri barlaghana we senagat düzgünlerine, wagtlaýyn resmileşdiriş resminamalaryň we resmileşdiriş resminamalaryň, taslamalaryna, olara üýtgetmeleriň, goşmaçalaryň taslamalaryna bilermenler tarapyndan çykarylýan netijenamalary, şeýle hem derman, keseliň öňüni alyş we anyklaýyş serişdelerine, derman otlara, saglyk hajatly önümlere we lukmançylyk enjamlara degişli kadalaşdyryjy resminamalaryň seljerme edilmegi boýunça çykarylan netijenamany dermanlaryň täsirini barlamak boýunça toparynyň seretmegine hödürleýär.

***Derman serişdelerini öndürýän kärhanalar üçin Senagat düzgünlerini işläp taýýarlamagyň düzgünnamalary.*** Derman serişdelerini öndürmegiň Senagat düzgünleriniň umumy gurluşy:

1. Senagat düzgüni işlenip çykaryljak derman serişdesiniň ahyrky taýýar görnüşiniň häsiýetnamasy;
2. Taýýar derman serişdesiniň ýarlygynyň görnüşi we resmileşdiriş ýazgylarynyň mazmuny we sanawy;
3. Önümçiligiň himiki beýany (derman serişdesine degişlilikde bar bolsa);
4. Derman serişdesini senagat taýdan taýýarlamagyň beýany;
5. Aralyk önümler, çig mal we serişdeler;
6. Önümçilikde ulanylýan çig mallaryň we serişdeleriň hili baradaky talaplary;
7. Önümçiligiň ýerine ýetirilişiniň beýany;
8. Önümçiligiň esasy barlag nokatlarynyň sanawynyň, senagat düzgünleriniň üpjünçiliginiň bellenen tertipde ýerine ýetirilişi;
9. Önümçilikde ulanyljak enjamlaryň we abzallaryň çyzgysy, häsiýetnamasy we olaryň hiline edilýän talaplar;
10. Senagat howpsuzlygynyň esasy düzgünleri.
11. Taýýar derman serişdesiniň hiliniň degişli Melhemçilik resminamasynyň beýleki resminamalaryň talaplaryna laýyk gelşi baradaky maglumatlar;
12. Önümçiligiň dürli tapgyrlarynyň tebigata ekologiýa nukdaýnazardan edip biljek täsiri we olaryň öňüni alyş çäreleri;
13. Önümçilige «Oňat önümçilik amaly» *(GMP–Good Manufacture Practice)* şertlerini girizmegiň ýollary we meýilnamalary;
14. Derman serişdesiniň ulanma görkezmesi;
15. Senagat düzgüni taýýarlanylanda ulanylan edebiýatlar we resminamalar.

Derman serişdeleriniň görnüşlerine (sanjym üçin erginler, gerdejikler we beýlekiler) baglylykda Senagat düzgüniniň düzimine birnäçe goşmaça talaplar girizilip bilner. Senagat düzgüni işlenip düzüljek derman serişdesiniň Lukmançylyk ulgamyna zerurlygy we ykdysady çykdajylaryny esaslandyryjy maglumatlar:

**1.** Önümçilige ornaşdyryljak derman serişdesiniň lukmançylyk ulgamynda ulanylyşy we ortaça sarp edilişi;

**2.** Önümçilige gerek boljak esasy täsir ediji maddalaryň we kömekçi serişdeleriň üpjün edilişiniň ýollary (öz ýurdumyzda öndürilýär – mukdary, önümçiligiň güwänamasy; daşary döwletlerden getirilýär–geleşikleriň we şertnamalaryň meýilnamalary);

**3.** Dermanlyk çig maly dermanlyk otlardan alnan halatynda ulanyljak ýabany ösümlikleriň senagat möçberinde ulanylyp boljak tebigy meýdany, ösdürilip ýetişdirilýän dermanlyk otlaryň hasyllylygy baradaky maglumatlar.

Derman serişdelerini öndürýän kärhanalar we dermanhanalar üçin Melhemçilik resminamalaryny işläp taýýarlamagyň düzgünnamalary:

1. Sanjym üçin erginler;
2. Suwuk derman görnüşleri (içmek we teniň daşynda ulanmak üçin);
3. Melhemler;
4. Gerdejikler we däneler;
5. Dänejikler.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2002-nji ýylyň iýul aýynyň 17-sine N122-II «Melhemçilik işi we derman üpjünçiligi hakynda» kanunynda «Derman serişdelerini öndürmek (taýýarlamak) derman serişdeleriniň öndürilmegini guramak we hiline gözegçilik etmek kadalaryny, döwlet ölçeglerini, tehniki şertleri, şeýle hem halkara kadalarynyň talaplaryny berjaý etmek bilen tehnologik kada boýunça amala aşyrylýar», «Derman serişdelerini melhemçilik işine ygtyýarnamasy bolan dermanhana edaralarynda lukmanlaryň rugsat hatlary boýunça taýýarlanyp bilner» diýlip bellenilýär. Derman serişdelerini dermançylyk kärhanalarynyň we dermanhanalaryň şertlerinde işläp taýýarlanylmagynyň, saklanylmagynyň, resmileşdirilmeginiň we ýerlenilmeginiň (goýberilmeginiň) kanuna laýyklygyny degişli derman serişdesiniň TSG we DSM-niň derman serişdelerini resmileşdirmek boýunça topary tarapyndan tassyklanan Senagat dessurynyň we Melhemçilik resminamasynyň bolmagy bilen kesgitlenilýär.

***Melhemçilik resminamasy*** – derman serişdesiniň hili barada döwlet standartlar toplumy bolup, derman görnüşlerine edilýän esasy talaplary we derman serişdeleriniň barlagynyň ölçeg usullary barada-

ky maglumatlaryny beýan edýär. Bellibir derman serişdesi üçin melhemçilik maksatnamasy işlenip düzülende lukmançylykda ulanyljak derman görnüşine degişlilikde işjeň madda üçin aýratyn Melhemçilik resminamasy işlenip düzülýär. Derman serişdesiniň görnüşine baglylykda (sanjym üçin erginler, gerdejikler we ş.m.) Melhemçilik resminamasyna degişli talaplar we üýtgetmeler girizilýär.

***I. Sanjym üçin erginleriň melhemçilik resminamasyna gerekli talaplar:***

**1.** Derman serişdesiniň ady türkmen we latyn dillerinde;
**2.** Düzümi (işjeň täsir edýän maddasy, kömekçi maddalar we durnuklylaşdyryjylar (degişli ölçeglerde – *g*, *ml* we ş.m.);
**3.** Häsiýetnamasy;
**4.** Hakykylygy;
**5.** Reňkliligi (barlag usuly we deňeşdirme etalony);
**6.** Durulygy (barlag usuly we deňeşdirme etalony);
**7.** Bölejikleriň ölçegi (suspenziýalar we emulsiýalar üçin);
**8.** Erginiň pH (turşulyk we aşgarlyk derejesi);
**9.** Takyklanan (nominal) göwrüminiň ölçenilişi (bellenen göwrüm artykmaçlygy);
**10.** Mehaniki garyndylaryň barlanylyşy;
**11.** Pirogenliginiň barlanylyş usuly;
**12.** Zyýansyzlandyrylandygy;
**13.** Izotonikligi;
**14.** Hil we mukdar barlagy;
**15.** Gaplanylyşy, resmileşdirilişi we saklanma şerti (gaplaryň şekilleri, çyzgylary we ýazgylaryň nusgalyklary);
**16.** Ulanma möhleti ( hasabat görnüşinde);
**17.** Farmakologiki topary we lukmançylykda ulanylyşy.

***II. Suwuk derman görnüşleri (içmek we teniň daşyndan ulanmak üçin):***

**1.** Derman serişdesiniň ady türkmen we latyn dillerinde;
**2.** Düzümi (işjeň täsir edýän maddasy, kömekçi maddalar) we durnuklylaşdyryjylar (degişli ölçeglerde –*g*, *ml* we ş.m.);
**3.** Häsiýetnamasy;
**4.** Hakykylygy;

**5.** Erginiň pH (turşulyk we aşgarlyk derejesi) gerek bolan halatynda;
**6.** Dykyzlygy;
**7.** Goýulygy;
**8.** Bölejikleriň ölçegi (suspenziýalar we emulsiýalar üçin);
**9.** Takyklanan (nominal) göwrüminiň ölçenilişi (bellenen göwrüm artykmaçlygy);
**10.** Etil spirtiniň ölçenilişi (spirtli erginler üçin);
**11.** Hil we mukdar barlagy;
**12.** Mikrobiologiki arassalygy;
**13.** Gaplanylyşy, resmileşdirilişi we saklanma şerti (gaplaryň şekilleri, çyzgylary we ýazgylaryň nusgalary);
**14.** Ulanma möhleti (hasabat görnüşinde);
**15.** Farmakologiki topary we lukmançylykda ulanylyşy.

***III. Melhemler*:**

1. Derman serişdesiniň ady türkmen we latyn dillerinde;
2. Düzümi (işjeň täsir edýän maddasy, kömekçi maddalar) we durnuklylaşdyryjylar (degişli ölçeglerde –*g*, *ml* we ş.m.);
3. Häsiýetnamasy;
4. Hakykylygy;
5. Agramy;
6. Melhemiň birmeňzeşligi we bir dürlüligi;
7. Hil we mukdar barlagy;
8. Mikrobiologiki arassalygy;
9. Gaplanylyşy, resmileşdirilişi we saklanma şerti (gaplaryň şekilleri, çyzgylary we ýazgylaryň nusgalary);
10. Ulanma möhleti (hasabat görnüşinde);
11. Farmakologiki topary we lukmançylykda ulanylyşy.

***IV. Gerdejikler we däneler:***

1. Derman serişdesiniň ady türkmen we latyn dillerinde;
2. Bir gerdejigiň düzümi (işjeň täsir edýän maddasy, kömekçi maddalar) we durnuklylaşdyryjylar (degişli ölçeglerde – *g*, *ml* we ş.m.);
3. Häsiýetnamasy;

4. Gerdejigiň ortaça agramy we ortaça agramdan tapawudy;
5. Hakykylygy;
6. Ereýjiligi we dargamagy;
7. Hil we mukdar barlagy;
8. Mikrobiologiki arassalygy;
9. Gaplanylyşy, resmileşdirilişi we saklanma şerti (gaplaryň şekilleri, çyzgylary we ýazgylaryň nusgalyklary);
10. Ulanma möhleti (hasabat görnüşinde);
11. Farmakologiki topary we lukmançylykda ulanylyşy.

***V. Dänejikler:***

1. Derman serişdesiniň ady türkmen we latyn dillerinde;
2. Bir dänejigiň düzümi (işjeň täsir edýän maddasy, kömekçi maddalar we durnuklylaşdyryjylar (degişli ölçeglerde –*g*, *ml* we ş.m.);
3. Häsiýetnamasy;
4. Bir gram agramdaky dänejikleriň sany;
5. Ereýjiligi we dargamagy;
6. Gapdaky ortaça agramy we ortaça agramdan tapawudy;
7. Guradylandaky agram ýitgisi;
8. Hil we mukdar barlagy;
9. Mikrobiologiki arassalygy;
10. Gaplanylyşy, resmileşdirilişi we saklanma şerti (gaplaryň şekilleri, çyzgylary we ýazgylaryň nusgalyklary);
11. Ulanma möhleti (hasabat görnüşinde);
12. Farmakologiki topary we lukmançylykda ulanylyşy.

Melhemçilik resminamasynyň «***Häsiýetnama***» bölüminde derman serişdesiniň daşky görkezijileri (fiziki ýagdaýy, reňki, ysy) howada we ýagtylyk düşmegi bilen bolup biljek üýtgemeler kesgitlenilýär.

«***Hakykylygy***» bölüminde ultra melewşe we infragyzyl şöhlelerini siňdirijiligi we degişli derman serişdesine has mahsus bolan 2-3 himiki täsirleri (reaksiýalar) görkezilýär.

«***Ereýjiligi***» bölüminde derman serişdesiniň suwda, spirtli erginlerde, hloroformda we efirde gerek bolan mahalynda beýleki erginlerde ereýjilik görkezijileri bellenilýär. Suwuk derman serişdeleriniň

5. Sargyt № 1856

«Reňkliligi we durulygy» bellibir mukdary üçin bellenilýär. Derman serişdesi reňkli bolan mahalynda reňkli ketalonynyň tertip belgisi görkezilýär. pH (turşulyk we aşgarlyk derejesi) – indikatorlaryň kömegi bilen, 0,01 M-dan 0,1 M çenli erginleriň mukdarynda Potensiometrlerde barlanylýar.

«***Mikrobiologiki arassalygy***» bölüminde mikroblaryň barlanyş usuly we bolup biljek mukdary görkezilýär.

«***Piragenligi we zyýansyzlandyrlandygy***» baradaky bölümde görkezijileriň barlanyş usullary we netijeleri bellenilýär.

«***Hil we mukdar***» barlagynda derman serişdesiniň esasy täsir ediji maddasynyň mukdarynyň we hiliniň barlanyş usullary doly ýazylyp beýan edilýär.

«***Gaplanylyşy, resmileşdirilişi we saklanma şerti***» bölümlerinde derman serişdesiniň ilkinji gaby (derman çüýşe, damdyrgyçly derman çüýşe, sykma gapda, çüýşejiklerde we beýlekiler), ilkinji gapdaky önümiň sany (meselem, gerdejikleriň derman çüýşedäki sany), ikinji gaplaryň ýapylyşy, gaplaryň daşky ýazgylary we goşmaça ýazgylary, dermanlaryň saklanyş şertleri, ulanma möhleti görkezilýär.

«***Farmakologiki topary we lukmançylykda ulanylyşy***» bölümde derman serişdesiniň farmakologiki topary (ýürek glikozidleri, sowuklama we demgysma garşy serişdeler we beýlekiler) we lukmançylykda haýsy kesellere garşy (ýürek-damar, öýken, aşgazan keselleri we ş.m) ulanylýandygy barada maglumatlar görkezilýär.

Derman serişdeleriniň Melhemçilik resminamalary taýýar dermanlaryň esasy hil ölçegi bolup hyzmat edýär. Derman serişdesiniň hil ölçegi işläp taýýarlanylýan derman serişdesiniň ýokary hilli bolmagyny, howpsuzlygyny we ýokary täsirliligini üpjün etmelidir. Derman serişdesiniň hil ölçegine lukmançylyk, melhemçilik we beýleki ylymlaryň gazananlaryny, şeýle-de ösen döwletleriň halkara guramalarynyň maslahat bermegi esasynda wagtynda täzeden seredilmelidir. Döwlet derman serişdesiniň hil ölçegleriniň talaplary – eýeçiligiň haýsy görnüşine degişlidigine garamazdan derman serişdeleriň önümçiligi bilen meşgullanýan hemme edara-kärhanalar üçin hökmanydyr.

Melhemçilik resminamasynyň möhleti makala tassyklanylan halatynda derman serişdeleriniň senagat önümçiliginiň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak bilen 3 ýyl ýa-da 5 ýyl bolup biler.

***Dermanlyk otlaryň we olardan taýýarlanylýan derman serişdeleriniň Melhemçilik resminamalarynyň tassyklanylyşynyň düzgünleri.*** Ýurdumyzda ýerli ösümlik çig mallaryndan derman serişdeleriniň taýýarlanylyşyny önümçilige ornaşdyrmak maksady bilen, melhemçilik resminamalaryny tassyklanylmaga hödürlenilýän dermanlyk otlarynyň ýurdumyzyň çäginde ýabany ösýändigini ýa-da ösdürilip ýetişdirilýändigini göz öňünde tutmak bilen, olara degişli bolan derman serişdeleriniň melhemçilik resminamalaryny tassyklamak aşakdaky maglumatlar esasynda amala aşyrylýar:

1. Dermanlyk otlary hökmünde ulanyljak ýabany ösümlikleriň senagat möçberinde ulanylyp boljak tebigatdaky meýdany we mukdary, ösdürilip ýetişdirilýän dermanlyk otlaryň hasyllylygy baradaky maglumatlar;
2. Ýabany ösýän we ösdürilip ýetişdirilýän dermanlyk otlaryň farmakognostiki derňewi (öndüriji ösümlik, çig maly, ösümlikler maşgalasy we görnüşi, daşky alamatlary, fitohimiýa derňewi we beýleki aýratynlyklary);
3. Dermanlyk otlaryň haýsy böleginiň ulanyljakdygy (ýapragy, güli, köki …) we olaryň taýýarlanyş aýratynlyklary, ownuklyk derejesi, himiki düzümi, esasy täsir ediji maddalarynyň mukdary we çägi, daşky goşundylary we arassalygy, ulanma möhleti, saklanylyşy, gaplanylyşy we resmileşdirilişi baradaky maglumatlar;
4. Dermanlyk otlaryň fiziki-himiki düzümine we farmakologiýa täsirine baglylykda ýygnalyş, saklanyş we taýýarlanylyş aýratynlyklary.

***I. Dermanlyk otlaryň çig malyna we toplumlaryna degişli melhemçilik resminamalaryna edilýän talaplar:***

1. Dermanlyk otlaryň çig maly we toplumlary (gaplanan serişdeleriň görnüşleri: briketler, kagyz gutular, owradylyp-gysylan, süzgüçli kagyzlara gaplanan we ş.m.).

1.1. Derman serişdesiniň türkmen, latyn dillerindäki atlary we Türkmenistanyň çäginde ösýän ýerleri;
2. Dermanlyk ösümlikleriň türkmen we latyn dillerindäki atlary we degişli maşgalasy;
3. Dermanlyk otlaryň ulanylýan bölegi;
4. Dermanlyk otlaryň tutuşlygyna we owradylan görnüşleriniň hakykylygynyň barlagy:
4.1. Daşky alamatlary, umumy görnüşi (dermanlyk ösümligiň bellibir böleginiň ýa-da ösüp oturan ösümligiň suratlary);
4.2. Mikroskopiýasy (kiçi görnüşde düşürilen suratlary ýa-da çekilen şekilleri bilen);
4.3.Hil we öýjük-himiki reaksiýalary;
5. Dermanlyk otlaryň tutuşlygyna we owradylan görnüşleriniň san möçberi;
6. Farmakologiki we biologiki işjeň täsirini ýüze çykarýan täsir ediji maddalarynyň mukdary;
7. *Arassalygynyň görkezijileri:*
7.1. Mikrobiologiýa arassalygy;
7.2. Himiki arassalygy;
7.3. Umumy küli;
7.4. Duz turşusynda eremeýän küli;
7.5. Sulfatly küli;
7.6. Suwda ekstragirlenýän maddalary;
7.7. Spirtde ekstragirlenýän maddalary;
7.8. Guradylandaky agram ýitgisi;
7.9. Çişme möçberi;
7.10. Agyr metallar;
7.11. Radioaktiw maddalar;
8. Bolup biljek goşundylar: owradylany (elekden geçirilen barlagy), reňki üýtgän bölejikler, ösümligiň taýýarlamaga degişli däl bölekleri, organiki we mineral goşundylar;
9. Dermanlyk otlaryň tutuşlygyna we owradylan görnüşleriniň lomaý we bölekleýin gaplanylyşy;
10. Dermanlyk otlaryň tutuşlygyna, owradylan, lomaý we bölekleýin gaplanylan görnüşleriniň resmileşdirilişi;
11. Farmakologiki topary;

12. *Lukmançylykda ulanylyşy*;
12.1. Kliniki barlaglaryň netijesine esaslanylyp ulanylyşy;
12.2. Melhemçilik resminamalarynda (Farmakopeýalarda) we beýleki resminamalarda görkezilip ulanylyşy;
12.3. Halk tebipçiligine esaslanylyp ulanylyşy;
13. Islenilmeýän täsiri;
14. Garşy görkezmeleri;
15. Aýratyn görkezmeleri;
16. Dermanlyk görnüşi;
17. Ulanma möçberi we usuly;
18. Saklanma şerti;
19. Ulanma möhleti.

***II. Dermanlyk otlardan taýýarlanylýan derman serişdeleri barada melhemçilik resminamalary:***

*Spirtde ýatyrylan erginler – jöwherler:*
1. Derman serişdesiniň türkmen we latyn dillerindäki atlary.
2. Halkara patentlenmedik ady türkmen dilinde.
3. Düzümi.
4. Teswirlemesi.
5. Hakykylygy.
6. Agyr metallaryň mukdary.
7. Mukdar barlagy.
8. Spirtiň mukdary ýa-da dykyzlygy.
9. Gury galyndy.
10.Nominal göwrümi.
11.Mikrobiologiýa taýdan arassalygy.
12.Gaplanylyşy, resmileşdirilişi, saklanylyşy.
13.Farmakologiki topary.
14.Ulanma görkezmeleri.
15.Islenilmeýän täsiri.
16.Garşy görkezmeleri.
17.Aýratyn görkezmeleri.
18. Ulanma möçberi we usuly.
19.Saklanma şerti.
20.Ulanma möhleti.

***III. Ekstraktlar (suwuk, goýy, gury):***

1.Derman serişdesiniň türkmen we latyn dillerindäki atlary.
2.Halkara patentlenmedik ady (birdüzümli derman serişdesi üçin) türkmen dilinde.
3.Düzümi.
4.Teswirlemesi.
5.Hakykylygy.
6.Agyr metallaryň mukdary.
7.Mukdar barlagy.
8.Spirtiň mukdary ýa-da dykyzlygy (suwuk ekstraktlarda).
9.Gury galyndy.
10.Guradylandaky agram ýitgisi (goýy we gury ekstraktlar üçin).
11.Nominal göwrümi.
12.Ortaça agramy (gury ekstraktlar üçin)
13.Dänejikleriň düzümi (gury ekstraktlarda).
14.Mikrobiologiki arassalygy.
15.Gaplanylyşy, resmileşdirilişi, saklanylyşy.
16.Ulanma möçberi.
17.Farmakologiki topary.
18.Islenilmeýän täsiri.
19.Garşy görkezmeleri.
20.Aýratyn görkezmeleri.
21.Ulanma möçberi we usuly.
22.Saklanma şerti.
23.Ulanma möhleti.

***IV. Dermanlyk otlardan taýýarlanylýan beýleki derman görnüşleri (gerdejikler, melhemler we beýlekiler) resmileşdirilende, degişlilikde derman görnüşlerine edilýän umumy talaplar we derman otlaryna degişli ýokarda bellenilen şertler berjaý edilýär.***

***Melhemçilik resminamalaryny tassyklamaga hödürlenilende aşakdaky resminamalar goşulýar:***

1. Ugradyş haty.

2. Hemme hil görkezijileriniň 5 tapgyrynyň netijeleri aýratyn tablisa görnüşinde berilýär.
3. Anyklaýyş haty.
4. Ulanma möhletiniň durnuklylyk görkezijileriniň netijeleri – tablisa görnüşinde.
5. Ulanma görkezmesiniň taslamasy.
6. Başga döwletlerdäki melhemçilik resminamalarynyň birmeňzeş görkezijileriniň deňeşdirme tablisasy.
7. Derman serişdeleriniň gaplanan we resmileşdirilen nusgalyklary 5(bäş) sany.

## 1.9. Hususy dermanhanalar

Hususy dermanhanalar Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň çäginde hereket edýän kanunlara laýyklykda açylýar we öz işini amala aşyrýar. Hususy dermanhanalary açmak üçin TSG we DSM-den ygtyýarnama alynýar. Hususy işi alyp barmak üçin birnäçe resminamalary toplamaly.

***Dermançylyk işleri alyp barmak üçin gerek resminamalaryň sanawy*:**

**1.** Arzasy.
**2.** Ýuridiki adamlar üçin telefon, faks.
**3.** Öý salgysy, telefony.
**4.** Pullary saklajak bankyň ady we bankdaky hasaplaşyk hasabyň belgisi.
**5.** Açyljak dermanhananyň ady.
**6.** Dermanhananyň ýolbaşçysynyň diplomy.
**7.** Zähmet depderçesinden soňky iş ýyllary barada maglumat.
**8.** Açyljak dermanhananyň farmasewtiki taýdan sanawy.
**9.** Jaýy kärendä alanlygy barada şertnamanyň nusgasy we inwentar resminamanyň nusgasy.
**10.** Kärendä alnan jaýlaryň tehniki howpsuzlyk we tehniki ýagdaýy barada netijeler boýunça maglumat.
**11.** Arz edilen işiň görnüşine gabat gelýän enjamlaryň we gurallaryň sanawy.

**12.** Farmasewtiki enjamlaryň metrologiki ýagdaýlary barada delilnamalaryň nusgasy.
**13.** Bellige alýan Döwlet Merkeziniň şertnamasynyň nusgasy.
**14.** Keselleriň öňüni alyş edarasynyň açyljak dermanhananyň ýeriniň, töwereginiň arassalygy barada netijeleriniň güwänamasy.
**15.** Ýangyn howpsuzlyk gullugynyň netijesiniň nusgasy.
**16.** Farmasewtiki işgärler barada maglumatlar (farmasewtiki bilimi, diplom, zähmet kitapçasy).
**17.** Derman serişdeleri bellige alnanlygy barada şertnamasynyň nusgasy.
**18.** Kärhananyň düzgünnamasynyň nusgasy.
**19.** Dermanhananyň içki düzgünnamasy.
**20.** Ygtyýarnama bellenilen pul möçberini tölänligi barada çek. Arzaçy şu resminamalary toplanyndan soňra hususy kärhananyň işini alyp barýar. Alnan ygtyýarnamanyň möhleti 3 ýyl bolmaly. Üç ýyldan soňra hususy kärhana ygtyýarnamany (lisenziýany) täzeden almaly.

Ýurdumyzda Konstitusiýa esasynda hereket edýän düzgünlere laýyklykda hususy kärhanalar şeýle-de raýatlara dermanhanalary açmaga rugsat berilýär. Bu dermanhanalaryň işi TSG we DSM-niň resminamalary esasynda alnyp barylýar we olaryň zähmet haky Türkmenistanda kabul edilen «Zähmet haky barada» Kanun esasynda amala aşyrylar. Derman serişdeleri hususy dermanhanalara ýörite baglanyşylan şertnama esasynda gelýär. Derman serişdeleri kabul edilende görkezme boýunça kabul edilýär (hil, mukdar we nyrh taýdan). Olar ýörite resminamada bellige alynýar. Her aýyň soňunda hasap işleri geçirilýär. Girdeji we çykdajy hereketler resminamada bellige alynýar. Soňra hasaplaşyk işleri geçirilip, indiki aýa galyndy çykarylýar.

Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän edaralar we kärhanalar Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň talaplaryna we iş hakynyň tölenilişi baradaky kanunlara laýyklykda bellibir tertip-düzgünde hususy dermanhanalarda zähmet haky tölenilýär ýa-da umumy girdejiniň 3%-ini aýlyk haky diýip işgärlere tölenilýär.

Zähmet rugsady ýylda bir gezek 11 aý işlän işgärlere berilýär. Rugsat güni 24 iş güni hasaplanylýar. Baýramçylyk we hatyra günlerde ýerine ýetirilýän işe iki esse möçberinde zähmet haky tölenilýär. Hususy dermanhanalar hem özleriniň iş meýilnamasyna laýyklykda wagtal-wagtal tükelleme işlerini geçirýärler. Tükellemeklik bu gymmatlyklaryň hem-de pul serişdeleriň we nagt pulsuz amala aşyrylýan hasaplaşyklary hakykatdan-da wagtal-wagtal barlamakdyr. Tükellemekligiň netijelerini hasabyň we hasabatyň maglumatlary bilen deňeşdirip gymmatlyklaryň ulanylyşynyň we saklanylyşynyň dogrulygyny kesgitleýär. Tükellemegi geçirmegiň tertibi TSG we DSM tarapyndan tassyklanylýar we ýörite gözükdirijiniň talaplaryna laýyklykda alnyp barylýar. Tükellemäniň netijeleri ýörite resminamada bellige alynýar.

# II BÖLÜM

## 2.1. Dermanhana edaralarynyň guramaçylyk işleri

***Ilata lukmançylyk we dermançylyk kömeginiň gurnalyşy.*** Türkmenistanda lukmançylyk işi – keseliň öňüni almaklygyň çäreleri we hassalary bejermekligiň her hili görnüşleri bilen üpjün etmeklikdir. Lukmançylyk işi döwlet tarapyndan gözegçilik edilýär. Keseli bejerýän we keseliň öňüni almak işlerini amala aşyrýan edaralara şu aşakdakylar girýär:

– saglyk öýleri, saglyk merkezi, şäher we etrap hassahanalary;
– lukmançylyk-arassaçylyk gulluklary;
– tiz we gaýragoýulmasyz kömek, gan merkezleri;
– enäniň we çaganyň saglygyny goraýan edaralar;
– şypahana edaralary;
– Bütin dünýä Ýürek-damar kesellerini anyklaýyş we bejeriş Merkezi;
– Iç keselleri anyklaýyş we bejeriş Merkezi;
– Böwrek kesellerini anyklaýyş we bejeriş Merkezi;
– Diş kesselleriniň Merkezi we beýlekiler degişlidir.

Bu edaralaryň işinde iň wajyp meseleleriň biri keseli döredýän sebäpleri ýok etmäge garşy we lukmançylyk çärelerini amala aşyrmakdyr. Bu çärelere daşky gurşawy zaýalaýan maddalardan goramak, halkyň zähmet we durmuş ýagdaýyny gowulandyrmak, ilatyň arassaçylyk medeniýetini ýokarlandyrmak, sagdyn durmuş keşbi wagyz etmek, ýokanç däl we has giň ýaýran keselleriň (ýürek-damar, dem alyş synalaryň keselleri we ş.m.) öňüni almak degişlidir.

Ugurdaş keselleriň öňüni almakda we olary bejermekde hassahanalar aýratyn rol oýnaýarlar. Olaryň hataryna ýürek-damar, deri-wenerelogik, narkologik, onkologik (çiş keselleri), inçekesel, endokrin hassahanalar we lukmançylyk bedenterbiýe merkezleri degişlidir.

**Saglyk öýleri:** Ilata hassahanalardan başga-da bejeriş kömegi berilýän ýer saglyk öýleridir. Saglyk öýleriniň alyp barýan umumy işlerine näsaglary kabul etmek, olara öý şertlerinde lukmançylyk işini we gerek bolan halatlarda gaýragoýulmasyz kömegi bermek girýär.

Saglyk öýleri köp ugurly edara bolup, özüniň hyzmat edýän meýdanynda keselleriň öňüni almak we olary azaltmak üçin birgiden işleri durmuşa geçirýär, sag adamlaryň we näsaglaryň hasabatyny ýöretmegi amala aşyrýar we bellibir ýere–sebitdäki ilata ýokary derejeli lukmançylyk kömegini berýär.

Häzirki wagtda bu iş Türkmenistanda maşgala lukmanlarynyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Saglyk öýi üç bölümden hasabat ýöredýän we sorag-jogap bölüm, ýöriteleşdirilen kesel bejeriş-öňüni alyş bölümler ýa-da otaglar hem-de ýolbaşçy-hojalyk bölümlerinden durýar. Senagat kärhanalarynyň işgärlerine häzirki zaman lukmançylyk kömegini bermek üçin arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşýän gulluk (A we KÝGGG) niýetlenendir. Bütindünýä saglygy goraýşyň usuly boýunça bu bölümleriň işgärleriniň sany 4000-den ýokary, kähalatlarda bolsa (himiýa, magdan gazyp alýan, ýüplük öndürýän, pagta işläp bejerýän, kömür çykarýan we nebiti gaýtadan işleýän kärhanalarda) sany 2000-den köp bolan senagat kärhanalarynda döredilýär.

***Lukmançylyk-arassaçylyk gullugynyň*** düzümine ýöriteleşdirilen kesel bejeriş-anyklaýyş (kesgitleýän) otaglary we bölümleri bolan saglyk öýi, sagaldyş nokatlary girip biler. Türkmenistanda bu gulluklar daşary ýurt firmalarynyň iş ýöredýän uly gurluşyk ýerlerinde we uly zawodlarda bardyr.

***Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşýän gulluk (A we KÝGGG)*** şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýärler:

– Hyzmat edilýän işgärlere ýokary derejeli ýöriteleşdirilen lukmançylyk-arassaçylyk kömegini bermek;

– Zähmetiň şertlerini gowulandyrmak, keselleriň öňüni almak we olary azaltmak, önümçilik heläkçiligi kär bilen baglanyşykly keselçiligi we maýyplygy peseltmek barada kärhananyň alyp barýan işlerine gözegçilik etmek.

***Tiz we gaýragoýulmasyz lukmançylyk kömegini berýän edaralar.*** Bu edaralara özbaşdak tiz kömek merkezleri, şäherlerdäki we etraplardaky hassahanalarynyň tiz kömek bölümleri degişlidir. Betbagtçylyk ýagdaýlarynda, birden kesellenilende öz ýerinde we näsaga kesel bejeriş edarasyna getirilýänçä tiz lukman kömegini bermek, tiz emel edilmegi we hassahana ýerleşdirilmäge mätäç näsaglary gys-

sagly getirmek, betbagtçylygyň öňüni almak üçin degerli işleri alyp barmak tiz kömek edaralarynyň esasy wezipeleridir.

Näsaglara ýokary derejedäki lukman kömegini berýän edara – bu hassahanalardyr. Hassahanalar wezipesine we tabynlyga baglylykda döwlet, ülke, welaýat, şäher kliniki (lukmançylyk we ylmy-barlag institutyna tabyn), merkezi etrap, etrap we oba hassahanalaryna bölünýärler. Özüniň ugry boýunça hassahanalar köpugurly we ýöriteleşdirilen bolýarlar. Mundan başga-da şäherlerde ýöriteleşdirilen we köpugurly çaga hassahanalary hem bardyr.

Häzirki zaman şäher hassahanasynda kabul ediji ýöriteleşdirilen bölümler, kesel bejeriş-anyklaýyş bölümler ýa-da otaglar (rentgenradiologiýa), barlaghanalar (kliniki, biohimiki, bakteriologiki, immunologik we ş.m.) ýolbaşçy-hojalyk bölümi (aşhana, gap-çanak ýuwulýan ýer, ammarlar) bolýar.

Döwlet (ülke, welaýat) hassahanasy ýokary derejeli, ýöriteleşdirilen lukmançylyk kömeginiň merkezi bolup, onuň düzüminde maslahat beriş saglyk öýi, gyssagly we meýilnamaly maslahat, lukmançylyk kömegini berýän bölüm, lukmançylyk hasabatyny öz içine alýan guramaçylyk–usuly bölümler we ş.m. bolýar.

Merkezi etrap hassahanasy diňe bir ýöriteleşdirilen lukmançylyk kömeginiň we guramaçylyk–usuly işleriň merkezi bolman, eýsem bütin etrabyň saglygy goraýyş ulgamyna ýolbaşçylyk edýän merkezdir.

Enäniň we çaganyň saglygyny goraýan edaralar lukmançylyk kömegini guramakda aýratyn orna eýedirler. Aýallara akuşer-ginekologik kömegi ambulator, hassahana ýörite edaralarda ýa-da köpugurly hassahanalaryň we saglyk öýleriniň ýörite bölümlerinde berilýär. Ambulatoriýa edaralaryň esasylary aýallara maslahat beriş (özbaşdak ýa-da çaga dogrulýan öýleriniň düzüminde) we ginekologik otaglardyr. Hassahana usulynda akuşer ginekologik kömegini berýän esasy edaralara çaga dogrulýan öýler, welaýat, etrap we oba hassahanalarynyň akuşerçilik we ginekologik bölümleri degişlidir. Bu edaralaryň esasy wezipesi aýallar göwreli bolan mahaly, olar çagalary dogran we çaga dograndan soň, ginekologik keseller bilen kesellän wagtynda hem-de ýaňy bolan bäbegiň akuşerçilik öýlerinde bolan mahaly olara tejribeli lukmançylyk kömegini bermekden ybaratdyr. Çagalara berilýän kesel bejeriş we olaryň öňüni alyş kömek üznüksiz bolup, ol çaga dogandan tä mekdebi gutarýan wagtyna çen-

li möhleti öz içinde alýar. On bäş ýaşa çenli çagalara hem häzirki döwürde maşgala lukmanlary gözegçilik edýär. Ýöriteleşdirilen lukman kömegi gerek bolan halatynda çagalar hassahanasynda degerli bejergi alýarlar.

***Şypahana edaralary*** Bu edaralar keselleriň öňüni almakda, olary bejermekde hem-de işe ýarawsyz näsaglaryň we maýyplaryň saglygyny dikeltmekde ähmiýeti uludyr.

Soňky ýyllarda iri senagat kärhanalarynyň ýanynda döredilýän şypahanalaryň, dynç alyş öýleriniň birnäçesi emele geldi. Bu edaralarda adamlar önümçilikden aýrylman öz kesellerini bejerdýärler we dynç alýarlar.

***Ilaty derman serişdeleri bilen üpjün etmek ulgamy (dermanhanalar).*** Saglyk öýlerinde we hassahanalarda näsaglara lukmançylyk kömegini bermek, ýokary täsirli derman serişdeler bilen üpjün etmek işi şol edaralarda ýerleşýän dermanhanalarynyň kömegi bilen amala aşyrylýar.

Derman serişdeleri we lukmançylyk üçin niýetlenen beýleki önümler Türkmenistanyň «Saglyk», Türkmenderman «Ajanta-farma LTD, Tenekär» ýaly dürli derman senagaty kärhanalarynda öndürilýär, häzirki wagtda, esasan daşary döwletlerden getirilýär.

Dermançylyk gullugy senagat kärhanalary bilen halkyň we Keseli-bejeriş we öňüni alyş edaralaryň (KBÖAE) arasyndaky birleşdiriji we olary derman serişdeleri bilen üpjün ediji zynjyrdyr. Bu gulluk saglygy goraýşyň maddy-binýadynyň esasy bölegidir. Dermançylyk gullugynyň derman serişdeleri bilen üpjün etmekdäki ähmiýeti, wezipesi halka maşgala lukmanlarynyň we hassahana işiniň derejesi halkyň maddy we medeni derejesiniň ýokarlanmagy, derman serişdeleriniň we bejeriş üçin niýetlenen önümleriň öndürilişiniň artmagy, derman serişdeleriniň sanawynyň giňemegi, derman serişdeleri bilen üpjün etmegiň has netijeli görnüşleriniň durmuşa ornaşdyrylmagy bilen kesgitlenilýär.

Türkmenistanda dermanhanalaryň dürli görnüşleri bardyr. Bu ulgama ýurdumyzyň SG we DSM, «Başdermanhana birleşigi», welaýatlarda bu işe welaýat dermanhana müdirlikleri ýolbaşçylyk edýändigi ýokarda bellenildi. SG we DSM-niň «Başdermanhana birleşiginiň»

esasy wezipesi – welaýat dermanhana müdirlikleriniň dermanhanalarynyň üsti bilen Türkmenistanyň halkyny we ýurdumyzyň kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryny gerek bolan derman serişdeleri, bejeriş üçin niýetlenen önümleri bilen öz wagtynda üpjün etmekden ybaratdyr.

Etraplaryň, şäherleriň halkyny, kesel bejeriş we öňüni alyş edaralary derman serişdeleri bilen üpjün etmek üçin ýolbaşçylygy we guramaçylyk–usuly işleri etrap merkezi dermanhanalary alyp barýarlar. Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň tassyklan dermanhana edaralaryna ýokarda bellenilşi ýaly:

– «Baş dermanhana birleşiginiň» – edaralary merkezi etrap, şäher dermanhanalary, olaryň şahamçalary, dermanhana ammary, käbir hassahana dermanhanalary;

– «Bellige alyş merkezi»;

– «Türkmenderman» senagat birleşigi degişlidir.

Ilaty, kesel-bejeriş we öňüni alyş edaralaryny derman serişdeleri bilen üpjün edýän esasy edara dermanhana hem-de dermanhana şahamçalarydyr. Dermanhanalar özleriniň ykdysady taýdan maliýeleşdirilişine baglylykda hojalyk hasaplaşykly we býujet hasaplaşykly dermanhanalaryna bölünýär.

Hojalyk hasaplaşykly dermanhanalar halky we kesel bejeriş hem-de öňüni alyş edaralaryny derman serişdeleri bilen üpjün etmek üçin çykarýan çykdajylarynyň öwezini derman serişdelerini satmakdan alýan girdejileriniň hasabyna dolýar. Bu girdejileri almak üçin dermanhanalar derman serişdelerini ylalaşylan bahalar (lomaý söwda nyrhy) boýunça satyn alýarlar we olaryň üstüne bellibir göterim mukdarynda nyrh goýup, olary bölek satuw baha boýunça satýarlar. Bölek satuw we lomaý söwda nyrhlarynyň arasyndaky tapawut bolsa dermanhanalaryň umumy girdejisini emele getirýär.

Hojalyk hasaplaşygyndaky dermanhanalar hem öz gezeginde, esasan, ilata hyzmat edýän umumy görnüşli dermanhanalary we hassahanalary üpjün edýän dermanhanalara bölünýär. Çagalar baglaryny, mekdepleri, senagat kärhanalarynyň arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşýän gulluklary (A we KÝGGG) hem-de beýleki edaralary derman serişdeler bilen umumy görnüşli dermanhanalar üpjün edýärler.

Döwlet hasabyndaky dermanhanalar öz işleriniň netijesinde girdeji gazanmaýarlar. Çünki olar döwlet tarapyndan maliýeleşdirilýär, derman serişdelerini diňe bölek satuw nyrh boýunça satyn alýarlar we satýarlar. Bu dermanhanalar kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryň düzüminde bolýarlar we olara şu edaralaryň bölümi hökmünde garalýar. Soňky ýyllarda dünýä ýurtlarynyň köpüsinde dermanhanalaryň ýöriteleşmegi bolup geçdi. Olaryň ýöriteleşmegi näsaglaryň degişli toparlaryna ýokary hilli derman kömegini bermäge ýardam edýär.

Ýöriteleşdirilen dermanhanalary şu aşakdaky alamatlary boýunça toparlara bölmek bolar:

1. Önümçilik işi boýunça – önümçiliksiz (ýa-da taýýar derman serişdeleriniň dermanhanasy) we önümçilikli dermanhanalar;

2. Üpjün etmek häsiýeti boýunça – hassahana, hassahana ara, ownuk lomaý söwda dermanhanalary;

3. Hyzmat edilýän näsaglar boýunça – çaga üçin derman serişdelerini goýberýän geriatric (gartaşan we garry adamlara hyzmat edýän) dermanhanalar;

4. Goýberilýän derman serişdeleriniň toparlary boýunça derman ösümlikleriniň we ösümliklerden alynýan derman serişdeleriniň dermanhanasy, süýji keseline garşy ulanylýan derman serişdelerini goýbermek üçin ýöriteleşdirilen dermanhanalar;

5. Okuw-önümçilik dermanhanalary.Taýýar derman serişdeleriniň dermanhanasy. Bu dermanhanalar ilatyň taýýar derman serişdelerine bolan islegini doly kanagatlandyrmak üçin şäher we oba ýerlerinde açylýar.

*Taýýar derman serişdeleriniň dermanhanasy:*

– lukmanlaryň dermannama haty boýunça we dermannama hatsyz goýberilýän derman serişdelerini arassaçylyk we näsaglara seretmek üçin ulanylýan enjamlary we sargy serişdeleri bilen ilaty üpjün edýär;

– derman serişdeler bilen üpjün edilişi barada lukmanlara we halka ýörite maglumatlary bermek wezipelerini ýerine ýetirýär.

*Çagalar üçin niýetlenen derman serişdeleriniň dermanhanasy.* Bu dermanhana uly şäherlerde açylýar we çagalar üçin niýetlenen taýýar derman serişdeleri we lukmanlaryň dermannama hatlary

boýunça ekstemporal (dermanhanalarda taýýarlanylýan aýratyn dermanlar) derman bilen syrkaw çagalary üpjün edýär.

*Gartaşan we garry adamlar üçin dermanhanalar.* Bu dermanhanada derman serişdeleriň kabul edilişi, olaryň öý şertlerinde saklanylyşy, möçberi barada we syrkawlara seretmek üçin ulanylýan serişdelerden dogry peýdalanmak hakynda näsaglara maslahatlar hem berilýär.

*Derman ösümlikleriniň dermanhanasy* halky derman ösümlikleri we lukmanyň dermannama haty boýunça ösümliklerden taýýarlanylýan aýratyn derman serişdeleri bilen üpjün edýär. Adatça şeýle dermanhanalar ilatynyň sany 400 müňden köp bolan uly şäherlerde (ülke, welaýat merkezlerinde) açylýar. Bu dermanhanalar ilaty derman ösümlikleri bilen üpjün etmek bilen bir hatarda ösümlik çig malyny ýygnamak we taýýarlamak ondan alynýan derman serişdelerini ulanmak barada lukmanlaryň hem-de ilatyň arasynda guramaçylyk we usuly işleri hem geçirýär. Olarda derman ösümliklerinden demleme, çaý gaýnatma bölümi hem açylyp bilýär.

Derman serişdeleriniň aýry-aýry toparlaryny goýbermek üçin *ýöriteleşdirilen dermanhana.* Şeýle dermanhanada gerek bolan derman serişdesiniň doly sanawy köp görnüşinde jemlenýär. Bu dermanhana, adatça, ýöriteleşdirilen kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryň ýanynda ýerleşdirilýär.

*Okuw-önümçilik dermanhanasy* ýaş hünärmenleriň internatura – käre ýöriteleşdirme geçmegi üçin talyplaryň we kämilleşdiriş geçýän talyplar bilen amaly sapaklaryny geçirmek üçin ýörite ýer hökmünde ulanylýar. Bu dermanhananyň esasy wezipesi – prowizorlaryň we farmasewtleriň amaly endikleriniň hilini ýokarlandyrmakdan we olaryň nazary bilimlerini kämilleşdirmekden hem-de ilaty we saglygy goraýyş edaralaryny derman serişdeler we lukmançylyk üçin niýetlenen önümler bilen üpjün etmekden ybaratdyr. Bu wezipeleri ýerine ýetirmek üçin okuw-önümçilik dermanhanasy iň täze abzallar, gurallar, enjamlar, serişdeler we hasaplaýyş enjamlary bilen üpjün edilmelidir. Bu dermanhananyň jaýy dermançylyk institutyň (fakultetleriň) ugurdaş kafedralarynda ýerleşip biler. Bu ýerde ylmy-barlag işleri geçirilip, dermançylyk ylmynyň gazananlaryny synlap we durmuşa geçirilip bilinýär.

***Dermanhana ulgamynyň giňelmegi we ýerleşdirilişi.*** Dermanhanalaryň ýerleşdirilişi we ilatyň farmasewtik işgärler bilen üpjün edilişi halkyň derman kömegi bilen öz wagtynda üpjün edilişine dogry gelmelidir.

Hojalyk hasaplaşykly dermanhanalar şäherlerde, şäherçelerde we oba ýerlerinde açylýar. Saglygy goraýyş edarasy hökmünde hojalyk hasaplaşykly dermanhanalaryň ösmegi we ýerleşdirilişi üçin esasy şert – ilata derman kömegini bermekden ybaratdyr.

Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy tarapyndan hödürlenýän «Esasy derman serişdeleriniň» sanawy 365 sany derman serişdelerini özi içine alýar.

Ýurdumyzda Konstitusiýa esasynda hereket edýän düzgünlere laýyklykda hususy kärhanalar, şeýle-de raýatlara dermanhanalary açmak rugsat edilýär. Bu dermanhanalaryň işi SG we DSM-niň resminamalary esasynda alnyp barylýar we olaryň zähmet haky Türkmenistanda kabul edilen «Zähmet haky barada» Kanun esasynda amala aşyrylýar.

***Dermançylyk işiniň guralyşynyň esasy ýagdaýlary.*** Ilatyň derman serişdelerini almagy üçin amatly şertler döretmegi nazarda tutup, dermanhanalaryň iş düzgüni saglygy goraýyş we ýerli häkimiýet bilen maslahatlaşylyp bellenilýär.

Dermanhanalaryň köpüsi 2 tapgyrly, ýagny irki we öýlänki gezegine bölünen alty günlük iş hepdesinde işlemelidir. Şäher ýerlerinde 24 sagat işleýän nobatçy dermanhanalar hem bolup biler. Garaşsyz ýurdumyzda nobatçy dermanhanalar paýtagtymyz Aşgabatda we welaýat şäherlerde gurnalan.

Saglyk öýlerine gelen näsaglar şol günüň özünde dermannama haty boýunça derman serişdelerini alyp ýetişer ýaly, dermanhanalar, saglyk öýleri işlerini gutarandan bir sagat soň ýapylmalydyr.

Kesel bejeriş, öňüni alyş edaralarynyň we dermanhanalaryň iş düzgüni dynç günleri üýtgedilip bilner. Kesel bejeriş-anyklaýyş hem-de derman kömegi barada metbugatyň, radionyň we teleýaýlymlaryň üsti bilen ilat habardar edilmelidir. Etraplarda dermanhanalaryň iş düzgüni ýaz we tomus pasyllary üçin aýratyn bellenilýär.

6. Sargyt № 1856

Gerek bolan halatlarda oba dermanhanalarynda işgärleriň razyçylygy bilen işiň arakesmesi 2 sagatdan hem köp bolan, iki tapgyra bölünen iş güni hem girizilip bilner.

Dermanhanalarda tükellemek, bejeriş we arassaçylyk işleri diňe ýokary guramalaryň rugsady bilen geçirilýär we dermanhana ýapylmazyndan birnäçe gün ozal bu hakda ýörite bildiriş bilen ilat habardar edilýär.

Hyzmat edilýän otagda ilat üçin amatly şertler döredilmelidir. Oňat görünýän ýerde şu aşakdakylar barada:

– watançylyk urşunyň maýyplaryna we oňa gatnaşanlara nobatsyz hyzmat edilýänligi barada;

– ätiýaçlandyryş pasporty boýunça 10% tölegli derman serişdeleriniň sanawy;

– dermannama hatsyz goýberilmäge rugsat edilen derman serişdeleriniň sanawy barada;

– dermanhanada taýýarlanylýan derman serişdeleriniň saklanma möhleti barada;

– 24 sagat işleýän nobatçy dermanhanalarynyň salgylary barada;

– dermanhanalaryň müdirleriniň we onuň orunbasarlarynyň ilaty kabul edýän sagatlary barada;

– sorag-jogap gullugy (uly şäherlerde) ýerleşýän ýeri, telefonlary we işleýän wagty barada maglumatlar ýerleşdirilmelidir.

Halka hyzmat edýän bölümleriň her bir iş ýerinde prowizoryň ýa-da farmasewtiň familiýasy, ady, atasynyň ady ýazylan ýazgylar ýerleşdirilýär. Işgär döşüne şol ýazgyly kartany dakyp bilýär.

Arzalar we teklipler kitapçasy hyzmat edilýän otagyň oňat görünýän we elýeter ýerinde bolmalydyr.

Prowizor-tehnologyň ýa-da farmasewtiň lukman tarapyndan bellenmedik derman serişdelerini näsaga hödürlemäge hukugy ýokdur (eger-de ol dermanhanada ýok dermanyň ornuny tutýan derman bolsa, onda lukmanyň razylygy bilen hödürlemek bolar).

Dermanhanalaryň işine farmasewtik ylmyň zähmeti ylmy taýdan guramagyň we öňdebaryjy tejribesiniň gazananlary birsyhly girizilip durulmalydyr. Bu bolsa dermanhanalaryň işiniň netijeliligini, halka hyzmat edilişiniň hilini ýokarlandyrmaga maddy we zähmet

baýlyklarynyň ýerlikli hem tygşytly ulanylmagyna ýardam berýär. Dermanhana ýüz tutan her bir adam derman serişdeleriniň dermanhanadan nädip alynýandygy, olaryň nähili ulanylýandygy we öý şertlerinde nähili saklanylýandygy barada doly maglumat berilmelidir.

Maşgala lukmanlarynyň bellemegi boýunça saglyk öýleriniň näsaglaryny birinji nobatda üpjün etmek üçin örän wajyp we giňden ulanylýan derman serişdeleriniň sanawy Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanyldy. Bu sanawda hemme dermanhanalarda bolmaly derman serişdeleri we ýokary guramanyň buýrugy boýunça aýry-aýry dermanhanalarda düzüminde neşeli derman serişdeleri we derman serişdeleriniň beýleki toparlary (güýçli täsir edýän derman serişdeleri we umumy sanawa girýän derman serişdeleri) bellenendir.

Soňky ýyllarda dermanhanalaryň işinde dermannama hatlary Saglyk öýlerinde kabul edip, soňra derman serişdelerini näsagyň öýüne eltip bermek, derman görnüşini taýýarlamak üçin telefon arkaly lukmanyň talapnamalaryny kabul etmek, näsaglara seretmek üçin ulanylýan enjamlaryny wagtlaýyn ulanmaga bermek ýaly ilaty derman serişdeleri bilen üpjün etmegiň dürli görnüşleri girizildi.

Dermanhanalaryň işini guramagyň häzirki zaman görnüşleriniň biri ekstemporal (dermanhananyň içinde taýýarlanýan derman serişdeler) dermannama hatyny yzygiderli öwrenmekden, lukmanyň tiz-tizden gaýtalanýan dermannama haty boýunça derman serişdelerini öňünden taýýarlap goýmakdan ybaratdyr. Bu dermanhanalar şu hili derman serişdelerini köpçülikleýin taýýarlap, olary etrabyň ýa-da şäheriň beýleki dermanhanalaryna hem berýärler. Bu bolsa syrkawlary ýokary hilli derman serişdeleri bilen öz wagtynda üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

Göze damdyrylýan dermanlaryň we sanjym üçin niýetlenen erginleriň taýýarlanylmagy hem şeyle dermanhanalarda amala aşyrylýar.

***Gije-gündiziň dowamynda ilaty derman bilen üpjün edilmeginiň ugurlary.*** Ilata gije-gündiziň dowamynda edilýän derman kömegi kesel bejeriş we öňüni alyş edarasynyň ýa-da dermanhananyň üsti bilen amala aşyrylyp bilner. Gije-gündiziň dowamynda halky derman serişdeleri bilen üpjün edýän dermanhanalaryň sanawy, olaryň

ýerleşişi we iş sagatlary saglygy goraýyş edaralary we ýerli häkimiýet bilen maslahatlaşylyp Baş dermanhana gullugy tarapyndan tassyklanylýar.

Nobatçy dermanhanalaryň esasy wezipesi – gyssagly ýagdaýlarda dermannama hatlary boýunça derman serişdelerini goýbermek, gaýragoýulmasyz lukmançylyk kömegini bermek, dermannama hatsyz goýberilýän derman serişdeleri bejeriş üçin niýetlenen beýleki önümleri goýbermek bilen ilaty bökdençsiz üpjün etmekden ybarat.

## 2.2. Hojalyk hasaplaşykly dermanhanalar

Halk hojalygynyň aýry-aýry pudaklaryny dolandyrmagy kämilleşdirmek häzirki zaman ykdysady meseleleriniň iň esasylarynyň biri bolup durýar. Bu meseläni çözmek üçin hojalyk hasaplaşykly edaralary we kärhanalary ykdysady taýdan höweslendirmek usullaryna geçirmek, eýeçiligiň täze görnüşlerini girizmek we bazar ykdysadyýetine doly geçmek möhümdir. *Hojalyk hasaplaşygy* – bu hojalygy meýilnama boýunça alyp barmagyň usuly bolup, ol her bir edaradan we kärhanadan sarp edilen çykdajylary we işiň netijesini pul hasabynda deňeşdirmegi, önümçilik üçin çykarylan çykdajylaryň öwezini alnan girdejileriň hasabyna dolmagy, düşewüntli işlemegi, işiň netijesini has ýokarlandyrmak üçin maddy taýdan höweslendirmegi we berk jogapkärçiligi talap edýär.

Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanan düzgünnama laýyklykda hojalyk hasaplaşykly dermanhananyň esasy wezipesi halky hem-de dermanhana berkidilen saglygy goraýyş edaralaryny derman serişdeleri, arassaçylyk serişdeleri we syrkawlara seretmek üçin ulanylýan enjamlar, sargy serişdeleri we lukmançylykda ulanylýan beýleki önümler bilen üpjün etmekdir.

Hojalyk hasaplaşykly dermanhanalarda umumy işler önümçilik, üpjün edijilik, söwda, maliýe hojalyk işlerinden ybaratdyr. Önümçilik işi lukmanlaryň dermannama haty we kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryň talapnamalary boýunça derman serişdelerini taýýarlamakdan, çekip-gaplama işlerini geçirmekden, derman serişdeleriniň hilini barlamakdan, olary resmileşdirmekden we ilata hem-de saglygy goraýyş edaralaryna goýbermekden ybaratdyr.

Bulardan başga-da hojalyk hasaplaşykly dermanhana şu aşakdakylar bilen meşgullanýar:

– derman serişdeleri taýýarlamak, olaryň hilini barlamak, ýeke-täk resmileşdiriş düzgüni boýunça resmileşdirip halka goýbermek;
– lukmanlaryň we beýleki lukmançylyk işgärleriniň arasynda derman serişdelerine, olaryň ulanylyşyna, möçberlere bölünişine gözegçilik etmek, dermanhanalarda wagtlaýyn bolmadyk derman serişdelerini onuň ornuny tutýan başga derman bilen çalyşmak;
– mümkinçilikler we beýleki meseleler barada yzygiderli habar bermek;
– başga dermanhanalarda bar bolan derman serişdeleri barada we iň ýakyn dermanhanalaryň we kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryň ýerleşişi hakynda maglumat bermek;
– ýokarky guramalaryň tassyklanan resminamasyna laýyklykda derman ösümlikleriniň çig malyny doly mukdarda we sanawda taýýarlamak;
– halkyň arasynda arassaçylyk, aň-bilim işlerini aýratyn hem öý şertlerinde derman serişdeleriniň saklanylyşy we kabul edilişi hem-de öz-özüni bejermegiň zyýany barada düşündiriş işlerini geçirmek;
– gerek bolan mahaly ilkinji lukmançylyk kömegini bermek;
– derman kömeginiň halka berlişini has-da ýygjamlaşdyrmak üçin hojalyk hasaplaşykly dermanhana özüne bagly şahamçalary açmak işlerini hem ýerine ýetirýär.

Dermanhanalaryň işleriniň göwrümi iki sany görkeziji bilen kesgitlenilýär we oňa baglylykda toparlara bölünýär.

**1.** Dermannama haty boýunça hem-de kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryň talapnamalary boýunça goýberilen derman serişdeleriniň mukdary bilen esaslandyrylýan toparlar;

**2.** Haryt dolanyşygy ýa-da halka hem-de kesel bejeriş we öňüni alyş şeýle hem beýleki edaralara goýberilen derman serişdeleriniň we bejeriş üçin niýetlenen beýleki önümleriň umumy bahasy bilen esaslandyrylýan toparlar.

*Dermanhana bölümleri:*

Ýerine ýetirilýän işiň göwrümine görä umumy görnüşli hojalyk hasaplaşykly dermanhanalarda özbaşdak bölümler döredilip bilner. Olar:

– ätiýaçlyk bölümi;

– dermannama haty boýunça derman serişdeleri taýýarlaýan bölüm;

– taýýar derman serişdeleriniň we dermannama hatsyz goýberilýän serişdeleriň bölümi;

– derman serişdeleriň dermannama haty boýunça goýberilýän bölümi;

– Sorag-jogap bölümi.

*Ätiýaçlyk bölümi* derman serişdelerine bolan islegi kesgitleýär, dermanhana ammaryndan we lukmançylyk üçin niýetlenen beýleki önümleri kabul edýär, olaryň dogry saklanylmagyny we dermanhanalaryň beýleki bölümlerine, dermanhana berkidilen kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryna we ownuk-bölek söwda dermanhana ulgamyna goýbermegi üpjün edýär. Bu bölümde konsentratlar, ýarym fabrikatlar we köp gaýtalanýan dermannama ýazgylary boýunça dermanhananyň içerki önümleri taýýarlanylýar we olaryň hili barlanylýar.

*Önümçilik bölümi.* Bu bölümde aýry-aýry derman görnüşleri – sanjym serişdeleri, göze damdyrylýan dermanlar we dermanhanalaryň içki önümleri taýýarlanylýar we olaryň hili barlanylýar, şeýle hem bu derman serişdeleri lukmanlaryň dermannama hatlary boýunça halka talapnamalar boýunça dermanhana berkidilen kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryna goýberilýär.

*Taýýar derman serişdeleriniň bölümi.* Dermannama haty boýunça senagat şertlerinde öndürilen taýýar ýa-da dermanhanalaryň içinde öňünden taýýarlanylýan derman serişdelerini ilata goýberýär.

*Dermannama hatsyz goýberýän bölüm.* Bu bölüm dermannama hatsyz goýbermäge rugsat edilen derman serişdelerini, keseliň öňüni alyş we näsaga seretmek üçin ulanylýan enjamlary, dermanlyk ösümlikleri we sargy serişdeleri satýar.

***Dermanhanalarda maddy jogapkärçilik.*** Dermanhana işgärlerine örän köp mukdardaky harytlar ynanylýar. Olar şol harytlaryň

abat saklanylmagyny üpjün etmelidirler, ýagny maddy jogapkärçiligi boýnuna almalydyrlar.

Maddy jogapkärçilik doly we çäklendirilen görnüşde bolýar. Doly maddy jogapkärçilik hem öz gezeginde:

– şahsy;

– köpçülikleýin maddy jogapkärçilige bölünýär.

Doly maddy jogapkärçilik baradaky şertnama işgär bilen şu aşakdaky şertler berjaý edilende hat üsti bilen baglanyşylyp bilner:

– eger işgär 17 ýaşa ýeten bolsa;

– işgär gymmatly zatlaryň saklanylmagy, täzeden işlenilmegi, satylmagy ýa-da haryt öndürmekde ulanylmagy bilen gös-göni baglanyşykly işleri ýerine ýetirýän ýa-da şol hilli wezipäni eýeleýän bolsa.

Doly şahsy maddy jogapkärçilik baradaky şertnama pulçylar (kassirler), uly ýa-da pulçylaryň wezipesini ýerine ýetirýän işgärler dermanhana edaralarynyň, olaryň bölümleriniň müdirleri we müdirleriň orunbasarlary ownuk-bölek satuw dermanhanalaryň (dermanhana şahamçalaryň) işgärleri bilen baglanyşylýar.

Eger-de harytlaryň saklanylmagy, täzeden işlenilmegi, satylmagy ýa-da haryt öndürmekde ulanylmagy bilen baglanyşykly işleri işgärler bilelikde ýerine ýetirýän bolsalar we şonda her bir işgäriň maddy jogapkärçiligi aýyl-saýyl edilip bolmaýan bolsa hem-de bu sebäbe görä olar bilen hususy şertnama baglaşmaga mümkünçilik bolmasa, onda köpçülikleyin maddy jogapkärçilik barada şertnama baglaşylýar. Bu maddy jogapkärçiligi girizmek üçin kärdeşler arkalaşyklarynyň razylygy hökmanydyr. Çäklendirilen maddy jogapkärçilik dermanhana edarasyna maddy zyýany ýetiren (derman serişdelerini, ýörite eşikleri, abzallary we ş.m.), zaýalan işgärlere degişlidir.

Dermanhana edarasyna maddy zyýan ýetiren işgär ol zyýany dolulygyna, ýöne öz aýlygynyň üçden bir böleginden köp bolmadyk (diňe aýratyn ýagdaýlarda ondan köp) mukdarda tölemelidir. Eger-de işgär öz işine jogapkärçiliksiz garamagy bilen gymmatly zatlar ýok edilen bolsa, onda ol aýlygynyň möçberiniň üçden iki böleginden köp bolmadyk mukdarda jogapkärçilik çekýär. Eger-de işgär maddy zyýany içgili ýagdaýda ýetiren bolsa, onda ol zyýanyň bahasyny dolulygyna töleýär.

***Dermanhananyň abzallaşdyrylyşy.*** Dermanhanalar arassaçylyk we howanyň gyzgynlyk derejesiniň talaplaryna doly laýyk gelýän jaýlarda ýerleşdirilmelidir. Şäherlerde dermanhanalar köp gatly jaýlaryň birinji gatynda, oba ýerlerinde bolsa aýratyn duran ýa-da lukman ambulatoriýalary bilen bilelikde ýerleşýän jaýlarda açylmalydyr.

Dermanhanalaryň jaýlary üçin gurluşyk kadalary we düzgünleri tassyklanandyr. Şol kadalara we düzgünlere laýyklykda, dermanhanalarda hyzmat edilýän otag, zyýansyzlandyrylmadyk derman serişdeleri hem-de aseptiki şertlerde taýýarlanylýan derman serişdeleri üçin dermanhana gelen derman serişdeleriniň daşky gaplarynyň aýrylýan, ätiýaç saklanylýan, dermanhana berkidilen kesel bejeriş edaralaryna hyzmat edilýän we birnäçe kömekçi jaýlar bolmalydyr.

*Dermanhanalarda:*

– nobatçy farmasewt üçin;
– lukmana çenli ilkinji lukmançylyk kömegi bermek üçin;
– konsentrirlenen erginleri we ýarym fabrikatlary taýýarlamak, çekip-gaplamak üçin;
– prowizor-analitigiň otaglary bolmalydyr.

Derman serişdelerini kada laýyk saklamak, taýýarlamak, hilini barlamak we goýbermek üçin Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan hojalyk hasaplaşykly dermanhanalary gurallar we hojalyk taýdan enjamlaşdyrmagyň takmynan bolmaly kadaly resminamalary tassyklanylandyr. Bu kadalar derman serişdelerini, ýara daňmak üçin sargy serişdeleri we başga önümleri saklamak üçin mebelleri, kiçi mehanizasiya serişdelerini, tilsimat enjamlary, durmuşda ulanylýan elektrik enjamlaryny hem-de önümçilik we hojalyk üçin niýetlenen enjamlary öz içine alýar.

***Dermanhanalarda arassaçylyk düzgüni.*** Derman serişdeleriniň ýokary hilli taýýarlanylmagyny olaryň ilata we kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryna goýberilmegini üpjün etmek üçin her bir dermanhana Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň № 298-nji buýrugy bilen tassyklanylan arassaçylyk talaplaryny berjaý etmelidir. Bu talaplar dermanhanalaryň jaýlaryna onuň enjamlaryna we aseptiki şertlerde öndürilýän sanjym üçin, suwuň alnyşyna, saklanylyşyna degişlidir. Bu talaplara laýyklykda önümçi-

lik otaglarynyň penjirelerine tuty tutmak, bu otagda halylary ýazmak, gülleri ösdürmek, diwarlyklary asmak we ş.m. rugsat berilmeýär.

Dermanhana girilýän ýerde aýakgaby arassalamak üçin enjam bolmaly, ol bolsa günde bir gezek arassalanyp durulmalydyr.

Aseptiki bölümde otaglaryna hem-de hajathana girilýän ýerlerde erginler bilen öllenen esgiler bolmalydyr.

Ähli önümçilik otaglary ýuwujy we arassalaýjy serişdeler bilen öllenen esginiň kömegi bilen süpürilmeli, şonda pollar her çalşyk dowamynda iki gezek, diwarlar we gapylar bolsa hepdede bir gezek ýuwulmalydyr. Aýda bir gezek ähli diwarlar (ýokarsy bilen) öl esgi bilen tozandan arassalanmalydyr. Şeýle hem aýda bir gezek penjiräniň aýnalary we onuň arasyndaky boş ýerlerini ýuwujy serişdeler, gyzgyn suw bilen ýuwulmalydyr. Aýda bir gezek dermanhanada arassaçylyk güni geçirilýär. Şol gün arassaçylyk işleri bilen birlikde dürli abatlaýyş işleri hem geçirilip bilner.

Işgärleriň şahsy arassaçylygyna aýratyn talaplar bildirilýär. Şu maksat bilen derman serişdelerini taýýarlaýan, olaryň hiline baha berýän, çekip-gaplaýan we dermanhana gaplaryny işläp bejerýän, taýýar önümler bilen işleşýän işgärler dermanhana işe girende lukmançylyk barlagy, soňra bolsa yzygiderli barlag gözegçiligini geçýärler. Barlaglaryň netijesi arassaçylyk kitapçasynda bellenilýär. Işe başlamazdan öň hemme işgärler ellerini ýuwmalydyrlar, ak ýektaýyny we arassaçylyk aýakgabyny geýmelidirler.

Ýektaý hepdede iň azyndan iki gezek (gerek bolsa ondan hem çalt) çalşyrylmalydyr. Ýektaýly hajathana girmäge rugsat berilmeýär. Şonuň ýaly-da, ýektaýly we arassaçylyk aýakgaply dermanhananyň çäginden çykmak gadagandyr. Derman serişdelerini taýýarlaýan, olaryň hiline baha berýän we çekip gaplaýan adamlara dyrnaklaryny ösdürmek, olara boýag çalmak hem-de barmaklaryna ýüzük dakmak gadagandyr. Her bir işgäriň öz şahsy el süpürgiji bolmalydyr. Önümçilik otaglarynda naharlanmak gadagandyr.

***Hojalyk hasaplaşykly dermanhanalaryň ätiýaçlyk bölüminiň işiniň guralyşy.*** Öň belläp geçişimiz ýaly, özbaşdak ätiýaçlyk bölümi ähli uly dermanhanalarda guralýar. Bu bölüm derman serişdelerine we lukmançylykda ulanylýan önümlere bolan islegi kesgitleýär, öz wagtynda dermanhana ammaryna we beýleki üpjünçilik edaralaryna

sargyt-talapnamalary berýär, dermanhana gelýän dermanlary mukdary we hili boýunça kabul edýär, olary talaba laýyklykda saklamagy guraýar. Bu derman serişdeleri we bejeriş üçin niýetlenen önümler bilen dermanhananyň beýleki bölümlerini, ownuk bölek satuw dermanhana ulgamyny, dermanhana berkidilen kesel bejeriş, öňüni alyş we özge edaralary üpjün edýär.

Ätiýaçlyk bölüminiň işiniň wajyp derman serişdelerine bolan islegi dogry kesgitlemek we talapnamalary düzüp, olary öz wagtynda dermanhana ammaryna bermekdir. Bu maksat bilen dermanhana ammarynyň her bir bölümi boýunça çaphanalarda neşir edilen talapnamalardan dermanhana ammarynyň şol bölüminde bar bolan derman serişdeleriniň hemmesiniň ady (hatary), ölçeg birligi, hatar sany, olaryň lomaý söwda we bölek satuw nyrhlary görkezilendir. Bu sargyt-talapnama dermanhana tarapyndan üç aý üçin, her aýa aýratyn bölünip iki nusgada doldurylýar. Onuň bir nusgasy talap edilen derman serişdesiniň gelşine gözegçilik etmek üçin dermanhanalarda galdyrylýar. Bu talapnamalar ýörite reje boýunça dermanhana ammaryna iberilýär. Eger-de üç aýlygyň ikinji we üçünji aýlary üçin käbir derman serişdeleriniň mukdaryna düzediş girizilmeli bolsa, dermanhana şu düzedişi girizip bilýär. Maksatnama boýunça düzülýän sargytlardan başga-da, dermanhanalar gyssagly talapnamalary hem berip bilýärler. Adatça bu talapnamalar şu aşakdaky ýagdaýlarda berilýär:

- ölüm howpy abanan näsaglar, Watançylyk urşunyň maýyplary we bir ýaşyna ýetmedik çagalar dermanhana ammarynda saklanylýan ätiýaçlykdan derman serişdeleri bilen üpjün edilende;
- maksatnama boýunça düzülen talapnamada derman serişdelerine bolan isleg ýalňyş kesgitlenilende;
- zäherli, düzüminde neşeli derman serişdelerine we etil spirtine bolan talapnamalar aýratynlykda latyn dilinde ýazylýar.

***Ätiýaçlyk bölüminiň şu aşakdaky ýaly jaýlary bolmalydyr:***

- derman serişdeleriniň daşky gabynyň açylýan ýeri-jaýy;
- ammarlar (dermanlary, taýýar, gyzgyna çydamsyz derman serişdelerini, mineral suwlary, gaplary, kömekçi maddalary, derman ösümliklerini, sargy serişdeleri saklamak üçin);

– kesel bejeriş we öňüni alyş edaralara hyzmat etmek üçin otaglar, talapnamalary kabul etmek we resmileşdirmek üçin derman serişdeleri goýbermek üçin jaýlar.

Käbir dermanhanalarda talapnamalar bölüminde barlaghana (damdyrgyç desgalar üçin, konsentrirlenen erginleri, ýarym fabrikatlary we dermanhanada öňünden taýýarlanylyp goýlan taýýar derman serişdelerini, dermanhananyň içerki önümlerini taýýarlamak) we çekip gaplamak işleri alnyp barylýar. Bu işleri guramak üçin ýörite otaglar bölünip berilýär, ol otaglar bolsa gerek bolan tilsimat enjamlary we önümçiligi enjamlaşdyrmak üçin niýetlenen esbaplar bilen abzallaşdyrylýar. Konsentratlaryň, ýarym fabrikatlaryň we dermanhanalaryň içerki önümleriniň sanawy, barlaghananyň razylygy bilen Baş dermanhana gullugy tarapyndan tassyklanylýar we ol hemme dermanhanalara ýetirilýär.

Derman serişdeleri ýörite şkaflarda we seýflerde, lukmançylyk önümleri bolsa şkaflarda we tekjelerde saklanylýar. Dermanlyk çig mallar we derman serişdeleri saklanylanda şu aşakdaky yzygiderlik göz öňünde tutulýar:

1. *Zäherliligi boýunça:*
   *a) A sanaw- zäherli we neşeli derman maddalar;*
   *b) B sanaw – güýçli täsir ediji maddalar;*
   *ç) Ç umumy sanaw.*
2. *Ulanylyş usuly boýunça (içki we daşky);*
3. *Fiziki-himiki häsiyetleri boýunça;*
4. *Çäklendirilen ýaramlylyk möhleti bolan derman serişdeleriniň bellenilen saklama möhleti boýunça.*

Derman serişdeleriniň saklanylyşy bu görkezilen 4 sany esasy ugurlardan başga-da, olaryň biri-biri bilen bilelikde ýerleşdiriliş mümkinçiligini göz öňünde tutup hem amala aşyrylýar. Şonda olary saklamak üçin toparlara bölmek dermanlaryň farmakologiki toparlarynda agregat ýagdaýyna (suwuk derman görnüşleri, ürgünleri we gaz görnüşli dermanlardan aýry saklanylýar), derman görnüşiniň häsiýetine baglylykda berjaý edilýär. Atlary boýunça biri-biri bilen meňzeş iň ýokary bir gezeklik möçberler boýunça bolsa, gaty tapawutlanýan «B» sanawyna girýän, içmek üçin ulanylýan derman, serişdelerini biri-biriniň ýanynda saklamak we olary elipbiý tertibi-

boýunça ýerleşdirmek maslahat berilmeýär. Zäherli we neşeli derman serişdeleriniň saklanylyşyna aýratyn üns berilmelidir.

Derman görnüşine garamazdan «A» sanawa girýän derman serişdeleri agzy gulplanylýan ýörite demir şkaflarda aýratynlykda, neşeli dermanlar bolsa diňe seýflerde saklanylmalydyr. Aýratyn zäherli serişdeler (myşýagyň angidridi, natriniň arsenatynyň kristallary, strihniniň nitraty, simabyň dihloridi-sulemasy, simabyň oksisianidi) seýfiň içindäki ýörite gulplanylýan bölüminde saklanylýar.

«B» sanawa degişli güýçli täsir ediji derman serişdeleri aýratyn şkaflarda saklanylmalydyr.

«A» sanawa degişli derman serişdeleri saklanylýan şkafyň we seýfiň gapysynyň içki tarapynda «*Wenena*» (ýagny, «zäher») diýlen, «B» sanawa girýän derman serişdeleri saklanylýan şkafyň gapysynda bolsa «*Heroika*» (ýagny, «güýçli täsir ediji») diýlen ýazgylar, bu sanawlara girýän zäherli, neşeli, güýçli täsir ediji serişdeleriň sanawy hem-de olaryň iň ýokary bir gezeklik, gije-gündizlik mukdarlary bolmalydyr.

Zäherli derman serişdeleri saklanylýan gaplarda ýerligi gara-ak harplar bilen, güýçli derman serişdeleri saklanylýan gaplarda bolsa, ýerligi ak-gyzyl harplar bilen olaryň latyn dilinde ýazylan atlary bolmalydyr hem-de ýüzünde derman serişdeleriniň iň ýokary bir gezeklik we gije-gündizlik möçberleri hem görkezilmelidir.

Zäherli we neşeli derman serişdeleri saklanylýan jaýlaryň penjirelerinde demir gözenekler bolmalydyr, gapylaryň ýüzi bolsa demir bilen örtülmelidir. Iş gutarandan soň bu jaýlaryň gapylary gulplanylýar we möhürlenilýär.

Neşeli derman serişdeleri saklanylýan otaglarda we seýflerde yşykly we sesli gorag duýduryjylary bolmalydyr. Neşeli derman serişdeleriniň ätiýaçlygy dermanhanalarda onuň bir aý gerek bolan mukdaryndan köp bolmaly däldir. Beýleki dermanhanalar üçin bolsa olaryň üpjünçilik ammarlardan nähili uzaklykda ýerleşenligini nazara alyp, haryt ätiýaçlygy gün hasabyndaky umumy kadadan köp bolmadyk mukdarda ýokary edaralar tarapyndan bellenilýär. Umuman, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagat ministrligi tarapyndan taýýarlanan «*Saglygy goraýyş edaralarynda düzüminde*

*neşe maddalary bolan derman serişdelerini we olary goýbermek üçin ýörite dermannamalary saklamak hem-de hasabyny alyp barmak baradaky» düzgünnama laýyklykda aşakdaky ýaly iş tertibi talap edilýär:*

1. Saglygy goraýyş edaralaryň dermanhanalary hem döwlet dermanhanalary üçin göz öňünde tutulan düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriň saklanyşy, hasaba alnyşy we goýberilişi barada düzgünler esasynda çäreler amala aşyrylýar.
2. Öz dermanhanalary bolmadyk saglygy goraýyş edaralary düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini dermanhanalarda ýa-da önümçilikde taýýarlanan derman görnüşinde almaly. Saglygy goraýyş edaralary tarapyndan dermanhanalardan alynýan, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriň gabynyň daşynda «Içmek üçin», «Bedene çalynýan», «Sanjym üçin», «Göz üçin damja» we ş.m. hem-de bu dermany taýýarlan dermanhananyň belgisi, ady, bölümiň (otagyň ady) ady, dermanyň düzümi, talapnama laýyklykda ýazylýar we taýýarlanan wagty, dermany taýýarlanyň, barlanyň we dermanhanadan goýberenleriň gollary bolmaly. Derman serişdeleriniň gabynda ýokarda agzalan ýazgylaryň ýok halatynda, olary saglygy goraýşyň edaralarynda saklamak we ulanmak gadagan. Çekip gaplama, garmak, başga gaba guýmak we bölümiň (otagyň) gabyna geçirmek, ýazgylary çalyşmak düýbünden gadagan. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň gaplarynyň daş ýüzi gara syýa bilen «A» harpy bilen belgilenen bolmaly. Özünde neşe maddalary saklaýan derman serişdelerini demir sandyklarda saklamaly. Demir sandyklaryň iç ýüzünde düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň sanawy we olaryň bir gezeklik we gije-gündizlik möçberleri görkezilen bolmaly.
3. Sanjym görnüşinde ulanylýan derman serişdeleri aýratyn, özbaşdak tekjelerde saklanmaly.
4. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň ätiýaçlyk möçberi edaranyň buýrugy esasynda bölümlerde (otaglarda) 3 günlük islegden köp, saglygy goraýyş edaralaryň

dermanhanalarynda bolsa, olaryň ätiýaçlyk möçberi 2 hepdelik islegden köp bolmaly däl.

5. Ýatymlyk şertlerinde bejergi geçirilýän saglygy goraýyş edaralarynyň näsaglary kabul ediş bölümlerinde adam janyna howp abanan ýagdaýynda agşam we gije wagtlary gyssagly saglygy goraýyş kömegini bermek üçin, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň bäş günlük ätiýaçlyk möçberiniň bolmagyna rugsat edilýär. Bu ätiýaçlyk möçberini jogapkär nobatçy lukmanyň rugsady boýunça ýatymlyk şertlerinde bejergi geçirýän saglygy goraýyş edaralarynyň ähli bölümlerinde ulanmak bolýar.
6. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň saklanylyşyna we näsaglara bellenilişine jogapkär saglygy goraýyş edarasynyň başlygy hem-de edaranyň buýrugy boýunça tassyklanylan hünärmenler bolup biler.
7. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini içmeklik, diňe şepagat uýasynyň ýanynda amala aşyrylmaly.
8. Saglygy goraýyş edaralaryň bölümlerindäki we otaglaryndaky düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň ählisiniň hasaby ýöredilmelidir. Hasabat ýörite görnüşli, başlygyň goly çekilip möhürlenen, tikilen we belgilenilen kitapda alnyp barylýar.
9. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri üçin ýöriteleşdirilen dermannama kagyzlarynyň hasaby ýörite görnüş boýunça alnyp barylýar. Ýörite dermannama kagyzlary saglygy goraýyş edarasyna getirilende, edaranyň ýolbaşçysy tarapyndan kabul edilip, toparyň Delilnamasyna laýyklykda hasap boýunça kitaba girizilýär.
10. Her bir saglygy goraýyş edarasynda ýolbaşçynyň buýrugyna laýyklykda hemişe hereket edýän topar döredilýär. Bu topar aýda 1 gezek edarada bejeriji lukmanlaryň düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini belleýişleriniň esaslandyrmasyny, bu derman serişdelerini we oňa niýetlenen dermannama kagyzlarynyň saklanyşyny, hasabynyň ýöredilişini we ulanylyşyny barlamaga borçludyr.

**11.** Saglygy goraýyş edaralarynda ýörite dermannama kagyzlarynyň gündelik islegi bir aýlyk talapdan köp bolmaly däldir. Olaryň artygy ýerli saglygy goraýşy dolandyryjy guramalaryna tabşyrylmalydyr. Bejeriji lukman görkezme bolan ýagdaýynda saglygy goraýyş edarasynyň ýolbaşçysynyň orunbasarynyň rugsady bilen, anyk näsaga düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri goýbermek üçin ýörite dermannama kagyzyny berip biler.

**12.** Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini goýbermek üçin ýörite dermannama kagyzlary diňe açary saglygy goraýyş edaranyň ýolbaşçysynda ýa-da edaranyň buýrugy boýunça bu işe jogapkär adamda bolan demir sandykda saklanmaly.

**13.** Saglygy goraýyş edaralarynyň ýolbaşçylary düzüminde derman serişdeleriniň hem-de olary goýbermek üçin ýörite dermannama kagyzlarynyň ýerlikli ulanylyşyna, hasabynyň alnyp barlyşyna we aýawly saklanyşyna doly jogapkärdirler. Ätiýaçlyk bölümine onuň müdiri we müdiriň orunbasarlary ýolbaşçylyk edýär.

*Olaryň wezipeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:*

– gerek bolan derman serişdelerine we lukmançylyk üçin niýetlenen önümlere bolan sargyt-talapnamalary düzmek we olary dermanhana ammaryna bermek;

– bu serişdeleriň bütin sanawynyň dermanhanada bolmagyna gözegçilik etmek we olaryň dogry saklanmagyny guramak;

– önümleri üpjün edijilerden kabul etmek, olaryň hilini barlamak we önümleriň ýany bilen gelen resminamalaryň dogrudygyna gözegçilik etmek;

– bölümdäki haryt-maddy gymmatlyklarynyň aýlanyşygy barada hasap-hesip işlerini geçirmek;

– harytlary dermanhananyň beýleki bölümlerine goýbermek;

– derman serişdeleri bilen kesel bejeriş we beýleki edaralary üpjün etmek;

– gerek bolan derman serişdelerini ownuk-bölek satuw dermanhana ulgamyna (dermanhana nokadyna) goýbermek:

*Ätiýaçlyk bölüminde we harytlar saklanylýan otaglarda işleýän prowizor tehnolog şu wezipeleri ýerine ýetirýär:*

- amaly işlerini alyp barmak, ýagny konsentrirlenen erginleri, ýarym fabrikatlary hem-de dermanhananyň içerki önümlerini taýýarlamak;
- çekip gaplaýjylaryň arasynda işi paýlamak we olaryň çekip, gaplan önümlerini kabul etmek;
- döwlet farmakopeýasynyň we tassyklanylan gönükdirijileriň talaplaryna laýyklykda haryt otaglarynda derman serişdeleriniň dogry saklanylmagyny üpjün etmek;
- dermanlaryň ätiýaçlyklary saklanylýan gaplaryň dogry resmileşdirilmegine (zawodyň, ammaryň adyny, tapgyryny, derňewiň sany, saklama möhletiniň barlygyny) we derman serişdeleri assistent otaglaryna berlende amatly bolar ýaly, birmeňzeş gaplaryň bolmagyna gözegçilik etmek;
- ätiýaç goýlan dermanlaryň üstüni dolmak, dermanhananyň bölümleri we dermanhana berkidilen saglygy goraýyş edaralary üçin talapnamalary jemlemek;
- käbir derman serişdeleriniň hili barada şübhe dörände, olaryň hili barlanýança dermanhanadan goýbermän saklamak we bu barada dermanhana müdirine habar bermek;
- dermanlar we beýleki lukmançylyk önümleri üçin talapnamany düzmäge gatnaşmak, dermanhanada ýok we täze gelen harytlar barada hasap işini geçirmek;
- dermanhana gelen derman serişdeleriniň we lukmançylyk önümleriniň kabul edilişine gatnaşmak we olaryň saklanylmaly ýerlerinde dogry ýerleşdirilişine gözegçilik etmek;
- haryt saklanylýan otaglarda farmasewtiki düzgüniň we arassaçylyk kadasynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek;
- mundan başga-da, prowizor-tehnolog barlaghana we çekip gaplama işleriniň hasaby barada resminamalaryň dogry resmileşdirilişine hem jogapkärdir.

*Çekip gaplaýjylar öz işlerine degişli düzgünnamalardan we içki zähmet kadalaryndan ugur alýarlar. Olaryň wezipeleri şulardan ybaratdyr:*

- derman serişdelerini we beýleki lukmançylyk önümlerini çekip gaplamak we möçberini kesgitlemek işini ýerine ýetirmek;

– harytlary kabul etmäge we olary dermanhananyň bölümleriniň arasynda bölmäge kömekleşmek;
– agram çekiji gurallary, çekip gaplaýan we beýleki enjamlary dogry ulanmak, olary mynasyp ýagdaýda hem arassalykda saklamak;
– prowizor-tehnologyň önümçilik işleri bilen bagly bolan görkezmelerini ýerine ýetirmek;
– öňdebaryjy tejribäni ulanyp, özüniň ussatlyk derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak;
– bu işgärler özleriniň ýerine ýetiren işleriniň hili we iş ýerini arassaçylyk ýagdaýy üçin hem jogapkärdirler.

***Hojalyk hasaplaşykly dermanhanalaryň önümçilik bölüminiň işi. Dermannama hatyny kabul etmek işiniň guralyşy***

*Bu bölümiň esasy wezipeleri:*
– ekstemporal derman serişdeleri taýýarlamak üçin saglyk öýünden, näsaglardan dermannama hatlaryny we kesel bejeriş hem-de öňüni alyş edaralaryndan talapnamalary kabul etmek;
– şol dermannama hatlar we talapnamalar boýunça derman serişdelerini taýýarlamak;
– taýýarlanan dermanlaryň hilini barlamak;
– dermannama hatlary we talapnamalar boýunça taýýarlanan derman serişdelerini resmileşdirmek, olary ilata hem-de kesel bejeriş, öňüni alyş edaralaryna goýbermek;
– käbir dermanhanalarda önümçilik bölüminde amaly we çekip gaplamak işleri hem geçirilýär. Bu wezipeleri ýerine ýetirmek üçin önümçilik bölüminiň assistent otaglary, hiline gözegçilik edýän barlaghana, derman serişdeleriniň ätiýaçlygy saklanylýan, çekip-gaplanylýan we gap-gaç ýuwulýan otaglary bolmalydyr.
– dermanhananyň önümçilik bölümine kesel bejeriş edaralary berkidilen bolsa, onda onuň talapnamalary kabul edýän, sargytlary resmileşdirýän, harytlaryň ugradylan we gap-gaçlary zyýansyzlandyrylýan otaglary hem bolmalydyr. Eger-de bu bölümde sançmak üçin erginler, göze damdyrylýan damjalary we ýaňy bolan çagalar üçin derman serişdeleri taýýarlanylýan bolsa, onda bu ýerde ýörite abzallaşdyrylan aseptiki otag gurul-

malydyr. Bu bölüme müdir we onuň orunbasary ýolbaşçylyk edýär. Olaryň esasy wezipeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- bölümiň hemme otaglarynda arassaçylyk kadalaryny we dermançylyk düzgünini berjaý etmek;
- derman serişdeleriniň ýokary hilli taýýarlanmagyny we olaryň ilata, kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryna goýberilmegini guramak;
- dermannama hatlaryň we maddy gymmatlyklaryň hasabyny ýöretmek hem-de öz wagtynda olar barada hasabat bermek.

Bu bölümde müdür we onuň orunbasaryndan başga-da prowizor-tehnologlar, prowizor-analitikler, çekip-gaplajylar, gap-gaç ýuwujylar işleýärler. Prowizor-tehnologlar dermannama hatlaryny kabul edýärler, derman serişdelerini goýberýärler. Konsentratlar, ýarym fabrikatlar taýýarlananda olaryň hilini barlaýarlar. Dermannama hatlary kabul etmekde we derman serişdelerini goýbermekde ýalňyşlyk goýberilmez ýaly, prowizor-tehnolog dermannama hatlaryň ýazylyş düzgünini doly bilmelidir.

***Saglyk öýlerinde näsaglar üçin dermannama hatlaryň ýazylyşynyň umumy düzgünleri.*** Kesel bejeriş we öňüni alyş edaralarynyň lukmanlary hem-de hususy lukmançylyk bilen meşgul bolýan lukmanlar öz gollary we şahsy möhürleri bilen tassyklanylan dermannama hatlaryny gerek bolan halatlarda näsaglara bermäge borçludyrlar. Ýurtda ulanylmaga rugsat berilmedik we daşary ýurtlardan satyn alynmaýan derman serişdelerine hem-de näsaglaryň we olaryň garyndaşlarynyň haýyşy boýunça syrkawlary görmezden we olaryň keselini anyklamazdan dermannama hatyny ýazmak gadagandyr.

**Dermannama haty** – ol lukmanyň farmasewtiki işgäre ýazmaça ýüzlenmesidir. Munda düzümine girýän derman serişdeleri we olaryň bölekleriniň sany, derman görnüşi we derman serişdäniň ulanylyş usuly jikme-jik görkezilýär.

Dermannama haty wajyp lukmançylyk, hukuk we pul resminamasydyr. Dermannama hatynyň ýazylyş kadalary hem-de olar boýunça derman serişdeleriniň goýberiliş düzgüni Saglygy goraýyş

we derman senagat ministrligi tarapyndan tassyklanandyr. Dermannama hatlarda hiç hili düzedişleri girizmek gadagandyr, ýazylan derman serişdeleriniň mukdary san hem-de ýazgy bilen görkezilmelidir. Şeýle hem TSG we DSM tarapyndan neşeli derman serişdelerini ýazmaklyk üçin ýörite gülgüne reňkli dermannama hatynyň nusgasy tassyklanyldy.

Häzirki döwürde Ýurdumyzda Saglygy goraýyş ulgamynda hereket edýän degişli resminamalaryň esasynda ilata ministrligiň 90% ýeňillikli derman serişdeleri Ätiýaçlandyryş pasporty boýunça goýberilýär. Şol resminama bilen Türkmenistanyň SG we DS ministrliginiň dermannama hatynyň şu aşakdaky görnüşleri:

**1.** 107/U-95 görnüşli derman serişdelerini çagalara we ululara doly bahasyna ýazmaklyk üçin dermannama hatynyň nusgasy;
**2.** 148-1/U-95 görnüşli derman serişdelerini ýeňillikli şertlerde goýbermeklik üçin ýazylýan dermannama hatynyň nusgasy;
**3.** 149/U-95 görnüşli ätiýaçlyk pasporty boýunça derman serişdelerini ýazmak üçin dermannama hatynyň nusgasy (blankasy) ulanylýar.

Türkmenistanyň SG ýeňillikli goýberilýän derman serişdeleriň sanawy TSG we DS ministrligi tarapyndan üýtgedilip bilner.

Dermannama haty syýa galam bilen dürs we aýyl-saýyl edilip, onuň göz öňünde tutulan bölümleri doldurylyp ýazylmalydyr.

*Her bir dermannama hatynyň şu aşakdaky belgileri bolmalydyr:*

**1.** Lukmançylyk edarasynyň ady.
**2.** «Uly adam üçin», «Çaga üçin» diýlen ýazgy. Gerek däl ýazgynyň üsti çyzylýar.
**3.** Dermannama hatyň ýazylan senesi.
**4.** Näsagyň familiýasy, ady, atasynyň ady, ýaşy.
**5.** Lukmanyň familiýasy we ady, atasynyň ady.
**6.** Derman serişdeleriň düzümi.
**7.** Derman serişdeleriniň tölegi (%).
**8.** Derman serişdesiniň kabul ediliş usuly.
**9.** Lukmanyň goly we şahsy möhüri hem-de saglyk öýüniň möhüri.

**10.** Dermannama haty «10 gün, 2 aýyň dowamynda güýji bar» diýlen ýazgy.

**11.** Düzümine birnäçe derman girýän görnüşine dermannama haty ýazylanda olaryň biri-biri bilen sygyşmazlyk ýagdaýlary göz öňünde tutulmalydyr.

***Dermannama hatlaryny kabul etmek işini guramak.*** Bu iş dermanhananyň iň bir jogapkärli böleginiň biridir. Bu işi amala aşyrmak üçin dermannama hatlary kabul edilýän we derman serişdeleri goýberýän önümçilik otagy ýa-da ýörite otaglar, iş üçin iň amatly şertler döretmek, ony tiz we ýokary hilli ýerine ýetirmek, halka goýbermek üçin niýetlenen derman serişdelerini kada laýyk saklamak üçin gerek bolan enjamlar bilen üpjün edilýär. Uly dermanhanalarda derman hatlary kabul etmek we derman serişdelerini goýbermek üçin aýry-aýry iş ýerleri döredilýär. Kiçiräk dermanhanalarda bolsa bu işler iş ýerinde alnyp barylýar. Prowizor-tehnologyň derman hatlary kabul edýän iş ýerinde stol, derman serişdelerini taýýarlamak we taýýar derman serişdeleri üçin iki sany aýlanýan şkaf, A sanawyna girýän derman serişdelerini saklamak üçin şkaf, sowadyjylar we ş.m. bolmalydyr.

Dermannama hatlary kabul edilende prowizor-tehnologlar her hili serişdelerden peýdalanmalydyrlar.

***Iş ýerinde şu aşakdaky resminamalar:***

- Hereket edýän nyrhlara degişli resminama;
- Döwlet Farmakopeýasynyň soňky neşiri;
- Derman maddalaryň iň ýokary bir gezeklik we gije-gündizlik möçberleriniň barlanylyşynyň çyzgysy;
- Suwuk derman görnüşinde derman maddalaryň möçberleriniň barlanyşynyň çyzgysy;
- Dermanlaryň ereýjilik çyzgysy;
- Derman serişdeleriň fiziki-himiki häsiýetleri barada maglumat;
- Saglygy goraýyş ministrliginiň we Baş dermanhana birleşiginiň aýry-aýry buýruklary derman serişdeleriniň ulanylyşy hakyndaky edebiýatlar;
- Nädogry ýazylan derman hatlary aýratyn bellige almak üçin kitapça;

- Iň ýakyn dermanhanalar;
- Dermanhanada ýok derman serişdeleriň barlygy hakynda maglumat beriji lukmanlaryň sanawy, olaryň telefonlary hem-de kesel bejeriş we öňüni alyş edaralarynyň salgylary bolmalydyr.

Dermannama hatlary kabul edýän we derman serişdelerini goýberýän prowizor-tehnologyň esasy wezipesi:

– dermannama hatlaryny we talapnamalary kabul etmek, olaryň resmileşdirilişiniň dogrulygyny, düzüm sygyşmaklygyny, ýazylan möçberiniň näsagyň ýagdaýyna dogry gelýändigini barlamak, derman serişdeleriniň bahasyny dogry hasaplamak we gerek bolan resminamalary doldurmak;
– gelýän dermannama hatlaryny hasaba almak we şolar boýunça derman serişdelerini taýýarlamak üçin farmasewtlere bermek;
– lukmanlaryň ýazýan dermannama hatlarynyň dogrulygyna gözegçilik etmek we dermannama hatlarynyň düzgünini bozýan lukmanlar barada öz edarasyna habar bermek;
– ilata, kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryna ýoklugy üçin berilmedik hem-de dermanhanada ýok derman serişdelerini hasaba almak, bu barada her gün bölümiň we dermanhananyň ýolbaşçysyna habar bermek;
– dermanhanalarda taýýar derman serişdelerini goýberýän bölüm bolmadyk halatynda dermannama hatlary boýunça taýýar dermanlaryny goýbermek.

Aýrybaşga taýýarlanan derman serişdelerine dermannama haty kabul edende, güýçli täsir edýän derman serişdelerini bir gezeklik möçberinde goýbermelidir. Şunuň bilen birlikde neşeli maddalar ýazylan derman hatlary kabul edilende bolsa prowizor-tehnolog olaryň bir derman haty boýunça bir wagtlaýyn goýbermek üçin kadasyny hem barlaýar. Dermannama hatyny ýazmagyň düzgüni bozulan ýa-da fiziki-himiki häsiýetleri biri-birine gabat gelmeýän derman serişdeleri bolan we beýleki ýalňyşlyklar goýberilen derman hatlara «Dermannama hatynyň güýji ýok» diýlen möhür basylýar, olar ýörite kitapçada hasaba alynýar. Eger-de dermannama haty nädogry ýazylan bolsa, lukmanyň abraýyny gaçyrmazlyk üçin, muny näsaga bildirmeli däldir. Eger-de bu ýalňyşy düzedip bolýan bolsa, onda prowizor-tehnolog lukman bilen telefon arkaly dermanyň adyny, onuň möçberini,

farmakologik sygyşmaklygyny we ş. m. anyklamalydyr hem-de dermany goýbermelidir.

Eger-de telefon arkaly meseläni çözüp bolmasa, onda prowizor-tehnolog dermannama hatynyň nusgasyny özüniň teklipleri bilen bukja salyp, näsaga bermeli we lukmana ýene-de bir gezek ýüz tutmagyny haýyş etmelidir. Dermannama hatyna «Dermannama hatynyň güýji ýok» diýlen möhür basylýar we bu barada kesel bejeriş we öňüni alyş edarasynyň ýolbaşçysyna habar edilýär.

## 2.3. Dermanhanada derman görnüşlerini taýýarlamagyň guralyşy

Derman serişdelerini dermannama hatlary we talapnamalar boýunça taýýarlanylýan ýeri esasy önümçilik otagydyr. Bu otag ýörite enjamlar bilen abzallaşdyrylýar. Olara iş stollary, ýerde we stoluň üstünde goýulýan tekçeler, «A» sanawyna girýän derman maddalary, ysly we reňkli maddalar üçin şkafjyklar, kömekçi stollar, damdyrgyç desgasy we ş.m. degişlidir. Mundan başga-da, derman serişdelerini saklamak üçin gaplaryň ýörite toplumy hem bardyr.

Derman serişdelerini taýýarlamak işi bilen farmasewtler meşgullanýarlar, gaplaýjylar bolsa olaryň ýakyn kömekçileridirler. Bu işgärler öz işlerini ylmy taýdan guramalydyrlar. Işe başlamazdan öň farmasewtler we gaplaýjylar öz iş ýerlerini gerek bolan zatlaryň hemmesi bilen üpjün edýärler, çekýän we ölçeýän enjamlaryň kiçi enjam serişdeleriniň dogry işleýşini, ulanyljak gaplaryň arassalygyny barlaýarlar. Olar öz iş ýeriniň arassaçylygy, işiň maksada laýyk guralyşy we iş wagtynyň netijeli ulanylmagy üçin jogapkärdirler. Derman serişdeleri tilsimatlarynyň düzgünleri esasynda taýýarlanylýar. Şunda derman serişdeleriniň taýýarlanylmagy, böleklere bölünmegi barada gözükdirijileriň we düzgünleriň talaplaryndan ugur alynmalydyr.

Uly dermanhanalarda farmasewtleriň arasynda zähmet bölünişigi girizilýär. Birinji we ikinji toparly dermanhanalarda birnäçe iş ýerini guramak maksada laýykdyr:

– içmek üçin suwuk derman görnüşleri taýýarlanylýan iş ýeri;
– külkeler we plýulalar;

– çalgylary we bedeniň daşyndan çalynýan suwuk derman görnüşleri we şemler;
– antibiotikli derman görnüşleri, göz we sanjym üçin (aseptika otagy) derman görnüşlerini taýýarlamak üçin;
– dermanhanalaryň işleriniň göwrümine baglylykda, derman görnüşlerini taýýarlamak üçin iş ýerleri dürli-dürli bolup biler, ýöne olaryň sany ikiden az bolmaly däldir (eger-de dermanhana önümçilikli bolsa);

Taýýarlanylýan derman görnüşleriniň hiliniň ýokary derejede bolmagyny gazanmak üçin farmasewt şu aşakdakylary berjaý etmelidir:

– ýörite gaplary ýerde we stoluň üstünde goýulýan tekçelerde oýlanyşykly ýerleşdirmelidir. Tiz-tizden ulanylýan görnüşler farmasewtiň eliniň ýeter ýaly ýerinde ýerleşmelidir;
– ýörite gaplaryň daşky ýazgysynda: doldurylan senesi, dolduranyň goly, görnüşiň hilini barlanyň goly, «A» we «B» sanawa girýän dermanlary saklanylýan ýörite gaplarda bolsa, olaryň iň ýokary bir gezeklik we gije-gündizlik mukdarlary hem bolmalydyr.
– atlary biri-birine ýakyn bolan dermanlary bir ýerde goýmaly däldir;
– stoluň üstünde gerek bolan zatlaryň: sokularyň, guýguçlaryň, süzgüçleriň, terezileriň, onuň daşlarynyň, ölçeg gaplarynyň, dermanhana damdyrgyçlarynyň islenilýän sany bolmalydyr;
– kömekçi maddalaryň (dykylar, kagyz kapsulalary, pagta, hasa we ş.m) we dermanhana gaplarynyň (çüýşeler, bankalar, gutyjyklar) ätiýaçlygy oňaýly ýerleşdirilmelidir;
– işde býuretka desgasyny, bölejiklere bölýän çemçejikleri, ürgünleri dozalara bölýän enjamlary, suwuklyklary gaplaýan we beýleki kiçi enjam serişdelerini giňden ulanylmalydyr;
– derman serişdelerini taýýarlamak üçin ýarym fabrikatlary, konsentratlary we täze suwly çykyndylary (jöwherleri) ulanmalydyr;

– her gün işe başlamazdan öň çekýän, ölçeýän abzallaryň işini damdyrgyç ulgamynyň ýagdaýyny, derman serişdelerini we kömekçi serişdeleri öz ýerinde barlamalydyr;
– el terezileri ulanylmazdan öň we soň spirt ýa-da spirtiň efir bilen garyndysy öllenen hasa bilen süpürilmelidir;
– «A» sanawyna girýän zäherli we neşeli maddalar üçin aýratyn sokuda, el terezisinden, çekim daşlaryndan, guýguçlardan peýdalanmak maslahat berilýär.

Dermanlary taýýarlamazdan öň farmasewt dermannama hatyny üns bilen okamalydyr, onda ýazylan derman maddalaryň garyşmazlygyny we möçberleriniň dogrudygyny barlamalydyr. Şu meselede kynçylyk çeken ýa-da şübhelenen wagty farmasewt prowizor-tehnolog ýa-da prowizor-analitik bilen maslahatlaşylmalydyr.

Derman serişdelerini taýýarlap bolandan soň öz-özüni barlamak üçin farmasewt dermannama hatyny gaýtadan okaýar, düzümleriň dogry alynandygyny barlaýar, daşky ýazgysy we dermannama hatynyň sanyny dermana ýelmeýär, ýazmaça barlag pasportyny doldurýar, dermannama hatynda goluny çekýär we olaryň hemmesini prowizor-tehnologa berýär.

Zäherli we neşeli derman görnüşleri taýýarlanylanda örän ünsli bolmalydyr. Derman görnüşiniň düzümine girýän zäherli we neşeli derman serişdelerini farmasewte prowizor-tehnologyň özi çekip berýär. Dermannama hatynyň arka ýüzünde dermanyň adyny we mukdaryny görkezip, prowizor-tehnolog ony çekip berendigi, farmasewt bolsa alandygy barada gol çekýärler. Farmasewt alan zäherli ýa-da neşeli derman serişdelerini, dermany taýýarlamak üçin gysga wagtyň dowamynda ulanmalydyr. Taýýarlanan dermany bolsa, tizden prowizor-tehnologa ýa-da prowizor-analitige barlamak üçin berilmelidir. Soňra ol derman serişdesi goýberilýänçä gulplanylýan ýörite şkafda saklanylýar.

***Derman serişdeleriň aseptiki şertlerde taýýarlanylyşynyň aýratynlyklary.*** Sançmak üçin ulanylýan ähli erginler, göze damdyrylýan derman görnüşleri we täze bolan bäbekler üçin dermanlar aseptiki şertlerde taýýarlanylmalydyrlar.

Belli bolşy ýaly sanjym üçin derman görnüşleri arassa, apirogen, durnukly we zyýansyzlandyrylan bolmalydyr. Şu talaplary ödemek

üçin uly dermanhanalarda we 200-den köp ýatymlyk ýerli kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryň dermanhanalarynda we hassahana dermanhanalarynda ýörite aseptiki otag guralýar. Ol bolsa üç otagdan ybarat bolmaly: (aseptik otag, önümçilik otag we zyýansyzlandyrma edilýän otag). Bu otag degişli abzallar bilen enjamlaşdyrylýar. Howany zyýansyzlandyrmak üçin aseptiki otagda bakterisid çyralary ýakylýar. Olar iş başlamazdan 1-2 sagat öň işgärler ýok wagty işledilmelidir.

Aseptik otag iň azyndan her iş tapgyrynda bir gezek dermanly serişdeler ulanylyp arassalaşdyrylmalydyr. Hepdede bir gezek bolsa pollar, gapylar diwarlar, enjamlar oňat ýuwlup zyýansyzlaşdyrylmalydyr. Aseptiki otagda işleýän farmasewtler öz şahsy gigiýenasyny berjaý etmelidirler, bütinleý ýapylýan zyýansyzlandyrylan halatlarda, ýörite aýakgaplarda işlemelidirler, agzyny we burnuny zyýansyzlandyrylan hasa daňysy bilen baglamalydyrlar, işe başlamazdan öň elini ýyly suwa sabynlap ýuwup, zyýansyzlandyrylan el süpürijä süpürmelidirler.

Derman serişdeleriniň, kömekçi maddalaryň arassalanan we sanjym üçin alynýan suwuň, gaplaryn işlenişine we zyýansyzlaşdyrylyşyna aýratyn üns berilmelidir.

Farmasewt tarapyndan derman serişdelerini taýýarlamak üçin ulanylmaýan ýörite gaplary saklamak, taýýarlamak tilsimaty, zyýansyzlaşdyrmak we barlamak usullary barada maglumaty bolmasa, sanjym üçin erginleri taýýarlamak gadagandyr. Sanjym üçin derman serişdeleri taýýarlanylanda ýazmaça barlag pasporty doldurylmaýar, bu maglumatlar ýörite kitapça ýazylýar. Sanjym üçin erginleri täzeden zyýansyzlaşdyrmak gadagandyr.

## 2.4. Dermanhanalarda derman serişdeleriniň hiline gözegçiligiň guralyşy

Ilata edilýän derman kömeginiň hili köp derejede derman serişdeleriniň öndürlişiniň ähli basgançaklarynda we olaryň saklanylmagynda amala aşyrylýan barlaglara baglydyr. Dermanhana geleninden başlap, tä dermanhanadan goýberilýänçä derman serişdeleriniň hiline gözegçilik edilýär. Hili barlamak işini merkezi dermanhana barlaghanasy amala aşyrýar.

Dermanhanalarda geçirilýän barlag derman görnüşlerini taýýarlamak işiniň hemme basgançaklaryny öz içine alýar we özem iki ugurda alnyp barylýar:

– Derman görnüşlerini taýýarlamak işinde ulanylýan derman serişdeleriniň hiline gözegçilik etmek;
– Dermanlaryň saklanylyşynyň düzgünleri, gaplaryň we kömekçi maddalaryň dogry işläp arassalanan we sanjym üçin suwy almagyň we saklamagyň konsentratlary we ýarym fabrikatlary saklamagyň kadalaryny berjaý etmek;
– Taýýarlanylýan derman görnüşiniň hiline gözegçilik etmek, dermannama hatlarynyň kabul edilişiniň we derman serişdeleriniň taýýarlanylmagynyň tilsimat düzgünlerini berjaý etmek, dermanhananyň içki barlagynyň hemme görnüşlerini amala aşyrmak.

TGS we DSM-niň № 297-nji belgili buýrugyna laýyklykda dermanhanalarda taýýarlanylýan derman serişdeleriniň gözegçiligi şu aşakdaky barlag görnüşleri:

1. *Ýazmaça barlagy;*
2. *Organoleptik barlagy;*
3. *Sorag barlagy;*
4. *Fiziki barlagy;*
5. *Himiki barlagy;*
6. *Goýberilendäki barlag görnüşleri boýunça amala aşyrylýar.*

Bulardan başga-da derman serişdeleri dermanhana gelende olar üçin kabul ediş barlagy geçirilýär. Şunda olaryň daşky görnüşi: reňki, ysy, tagamy barlanylýar. Eger-de derman serişdeleriniň hili barada şübhe dörese, onda olar derman serişdeleriň hiline gözegçilik edýän bölüme derňewe iberilýär.

1. ***Ýazmaça barlagy.*** Derman görnüşini taýýarlandan soň farmasewt aýratyn kagyzda senäni, dermannama hatynyň (talapnamanyň) belgisini, latyn dilinde ýatdan dermannama hatyndan göçürmäni alan her bir düzüminiň adyny, mukdaryny we bölünen möçberleriň sanyny ýazýar. Ýazgyda derman görnüşini taýýarlanyň, gaplanyň we barlanyň goly goýulmalydyr. Dermanhanada taýýarlanylýan derman serişdeleriniň hemmesi hökmany suratda ýazmaça barlagyň kömegi bilen derňewe alynmalydyr.

Suwuk derman görnüşlerini taýýarlamak üçin alnan konsentratlaryň, ýarym fabrikatlaryň mukdary we konsentrasiyasy, külke, şemler, nogulçalar hem-de plýulalar üçin bolsa her bir düzümiň aýry-aýry möçberiniň agramy onuň sany görkezilmelidir. Ýazgyda göze damdyrylýan derman görnüşine goşulýan himiki we durnuklylaşdyryjy maddalaryň mukdary, demlemeler, gaýnatmalar taýýarlanylanda bolsa derman ösümlikleriniň suw siňdirijilik derejesi hem görkezilmelidir. Sanjym üçin erginler taýýarlanylandaky ýazgylar sanjym erginleriň aýry-aýry basgançaklary bellenilýän kitapçada hem alnyp barylýar.

Konsentratlar, ýarym fabrikatlar we dermanhananyň içerki önümleri taýýarlanylanda hem-de çekip-gaplama işleri geçirilende hemme ýazgylar amalyýet we çekip gaplama işleri hasaba alynýan kitaba ýazylýar (*NDH-11 görnüş*).

Taýýarlanylan derman görnüşleri, dermannama hatlary we doldurylan ýazgylary barlamak üçin prowizor-tehnologa ýa-da onuň wezipesini ýerine ýetirýäne berilýär. Haçanda derman görnüşi bir adam tarapyndan hem taýýarlanylýan hem-de barlanylýan bolsa, ýazgyny doldurmak şonda-da hökmanydyr. Ýazmaça barlagyň netijeleri dermanhanada bir aýyň dowamynda saklanýar.

2. ***Organoleptik barlagy.*** Bu barlag geçirilende derman serişdeleriniň daşky görnüşi, reňki, ysy, tagamy, bir meňzeşliligi, olarda goşundylaryň ýoklugy we ş.m. barlanylýar. Külke dermanynyň bölejikleriniň birmeňzeşligi olar böleklere bölünmänkä kadalaşdyryş düzgünnamasynyň talaplaryna laýyklykda barlanylmalydyr. Iş gününiň dowamynda her bir farmasewtiň taýýarlan derman görnüşi aýry-aýrylykda (emma günde onuň iň azyndan üç sanysy) derňew edilmelidir we netijesi ýörite kitapçada ýazylmalydyr.
3. ***Sorag barlagy.*** Bu barlagda prowizor-tehnolog derman serişdeleriniň düzümine girýän derman maddalarynyň birinjisiniň adyny aýdýar, çylşyrymly derman görnüşlerinde bolsa, onuň mukdaryny hem aýdýar, farmasewt bolsa özüniň galan derman serişdeleriň adyny we mukdaryny ýatdan sanap geçýär. Derman görnüşlerini taýýarlamak üçin konsentratlar we ýarym fabrikatlar ulanylan bolsa, onda farmasewt olaryň

düzümi we konsentrasiýasy barada hem aýdýar. Bu barlag saýlanyp we farmasewt bäşden köp bolmadyk derman görnüşini taýýarlandan soň geçirilýär.

4. ***Fiziki barlagy.*** Bu barlagyň kömegi bilen derman görnüşiniň umumy agramy ýa-da göwrümi hem-de dermanyň düzümine girýän aýry-aýry maddalaryň agramy barlanylýar. Çekip-gaplamanyň we dermanhananyň içerki önüminiň her bir tapgyry, taýýarlanylýan derman görnüşleri bölekleýin, ýöne olaryň üç göteriminden az bolmadyk mukdary, zyýansyzlandyrmaklygy talap edýän derman serişdeleri çekilip gaplanylandan soň, zyýansyzlandyrylmagynyň öň ýanynda barlanylmalydyr. Şonuň bilen birlikde zyýansyzlandyrylmaly çüýşeleriň dykylyşynyň hili hem barlanylýar. El bilen towlanyljak bolnanda dyky ýerinde gozganmaly däldir we barlagyň netijesi ýörite kitapçada bellenilýär.
5. ***Himiki barlagy.*** Bu barlagyň netijesinde derman görnüşiniň düzüminde derman maddalarynyň barlygy (hakykylygy) anyklanylýar we olaryň mukdary kesgitlenilýär.

*Hil barlagy şu aşakdaky derman görnüşleri üçin geçirilýär***:**

– arassalanan suwda hloridleriň, sulfatlaryň we kalsiý duzlarynyň, sanjym üçin niýetlenen suwda bolsa, bulardan başga, gaýtaryjy maddalaryň, ammiagyň we kömürturşy gazynyň ýoklugy (Her üç aýda doly himiki derňewi geçirmek üçin arassalanan suwuk derman serişdeleriniň hiline gözegçilik bölümine iberilmelidir);
– derman serişdeleriniň saklanylýan jaýlaryndan önümçilik otagyna getirilýän hemme derman serişdeleriniň, şol sanda konsentratlaryň we ýarym fabrikatlaryň, hili barada şübhe dörände bolsa, dermanhana ammaryndan gelen derman serişdelerini;
– işgär otagynda ýerleşen damdyrgyç desgasynyň konsentratlarynyň, ýarym fabrikatlarynyň we suwuk derman görnüşleriniň üsti doldurylanda;
– dermanhanada çekip-gaplanylan derman serişdeleriniň her bir tapgyry;

– her bir farmasewtiň aýrybaşga dermannama hatlar (talapnamalar) boýunça taýýarlaýan dermanlary iş gününiň dowamynda saýlanylyp 3-den az bolmadyk mukdarda;
– derman serişdeleri hemme görnüşler boýunça barlanylmalydyr. Çagalar (aýratynam ýaňy bolan çagalar) üçin niýetlenen, göz kesellerinde ulanylýan, düzümine neşeli we zäherli maddalar girýän, derman görnüşlerine aýratyn üns bermelidir. Hil barlagynyň netijesi ýörite kiitapçadan bellenilýär. Hil we mukdar (doly himiki) barlagy aşakdaky derman serişdeleri üçin geçirilýär:
– sanjym üçin niýetlenen ähli erginler, olary zyýansyzlandyrma edilmezinden öň;
– düzüminde zäherli we neşeli maddalary saklaýan göze damdyrylýan dermanlar we çalgylar. Olaryň düzümindäki himiki we durnuklylaşdyryjy maddalar zyýansyzlandyrma edilmezden öň kesgitlenilýär;
– ýaňy bolan çagalar üçin niýetlenen ähli derman görnüşleri;
– içmek üçin niýetlenen duz turşusynyň atropin sulfatynyň, simap dihloridiniň we kümüş nitratynyň erginleri;
– ähli konsentratlar we ýarym fabrikatlar (şol sanda zäherli derman serişdeleriniň gatnaşygy hem);
– dermanhanada taýýarlanylýan derman serişdeleriniň içerki önümleriniň ählisi (her bir tapgyry);
– sanjym üçin erginleri taýýarlamaklykda ulanylýan durnuklylaşdyryjylar we göze damdyrylýan dermanlary taýýarlamaklykda ulanylýan erginler;
– etil spirtiniň konsentrasiýasy, dykyzlygy, spirtomeriň kömegi bilen;
– dermanhanada dermannama haty boýunça taýýarlanylýan derman görnüşleri prowizor-analitik tarapyndan saýlanyp, derman görnüşleriniň ählisi barlanylmaly we olaryň netijesi bellige alynmalydyr;
– tiz zaýa bolýan we durnuksyz derman serişdeleri (NH4OH, H2O2, I2,CH2O) yzygiderli barlanyp durulýar, barlagyň sany üç aýda bir gezekden az bolmaly däldir. Eger-de dermanhananyň iş birliginde prowizor-analitik ýok bolsa,

onda bu derman serişdeleri her üç aýda barlag üçin derman serişdeleriniň hiline gözegçilik edilýän bölüme iberilmelidir.

Merkezi etrap dermanhanasynyň prowizor-analitigi şol dermanhana berkidilen we iş ornunda prowizor-analitigiň wezipesi göz öňünde tutulmadyk dermanhanalaryň derman serişdeleriniň hilini barlap durýar.

6. ***Goýberilendäki barlag.*** Bu barlag dermanhanada taýýarlanylan ähli derman görnüşleri goýberilen wagty we şu aşakdakylar barlanylýar:

– derman görnüşiniň gaplanylyşynyň, onuň düzümine girýän derman serişdeleriniň fiziki-himiki häsiýetlerine laýyk gelmegi;
– kadalaşdyryş düzgünnamalarynyň talaplaryna laýyklykda derman serişdeleriniň resmileşdirilişi;
– dermannama hatynda görkezilen «A» we «B» sanawdaky derman serişdeleriniň möçberiniň näsagyň ýaşyna deň gelmegi;
– dermannama hatynyň belgisiniň derman serişdesiniň daşky görnüşiniň belgisiniň, töleg baradaky güwänamasynyň we dermannama hatyndaky familiýalaryň biri-birine deň gelmegi;
– dermannama hatynyň birlikleri dermannama hatyndaky ýazgy bilen deň gelmegi;
– ähli derman serişdeleriniň hil barlagynyň netijesi degişli depderçede bellenilýär we dermanhanada bir ýylyň dowamynda saklanylýar. Dermanhanalarda taýýarlanylan derman görnüşleri şu aşakdaky möhletlerde saklanylýar:
– glýukozanyň we benzilpensiliniň suwly erginleri 1 gije-gündiz;
– göze damdyrylýan dermanlary we sanjym erginleri 2 gije-gündiz;
– demlemeler, gaýnatmalar 2 gije-gündiz;
– emulsiýalar we suspenziýalar 3 gije-gündiz;
– sanjym üçin suw 24 sagadyň dowamynda;
– arassalanan suw 3 gije-gündizden köp bolmadyk möhletde:
– galan derman görnüşleri 10 gije-gündiziň dowamynda.

Ýokarda görkezilen möhletler geçenden soň derman görnüşleri näsaglara berilmeýär we bellenilen tertipde ýok edilýär.

Dermanhanada taýýarlanylýan derman serişdeleriniň hiline iki baha berilýär: Döwlet farmakopeýasynyň ýa-da kadalaşdyryş düzgünnamalarynyň talaplaryny *kanagatlandyrýar ýa-da kanagatlandyrmaýar.* Kanagatlanarsyz taýýarlanylan derman görnüşlerini häsiýetlendirmek üçin şu aşakdaky düşünjeler ulanylýar:

a) *fiziki häsiýetleri boýunça kanagatlanarsyz:*

– derman serişdäniň düzümine girýän derman maddalaryň ýeterlik derejede owradylmanlygy;

– erginiň ýeterlik derejede arassa däldigi.

b) *derman serişdeleriniň düzümine girýän derman maddalarynyň hakykylygy boýunça kanagatlanarsyz:*

– bir derman serişdesiniň ýalňyşyp başga derman serişdesi bilen çalşylmagy;

– dermannama hatynda ýazylan derman serişdesiniň taýýarlanylýan dermanyň düzüminde ýoklugy;

– dermannama hatynda görkezilmedik derman serişdesiniň dermanyň düzüminde bolmagy;

– dermannama hatynda bellik etmezden birmeňzeş dermanyň ulanylmagy (meselem, kodeiniň deregine kodeiniň fosfaty).

ç) *derman görnüşiniň umumy agramy (göwrümi) we aýry-aýry möçberleriň agramy boýunça kanagatlanarsyz:*

–aýry-aýry derman serişdeleri agramy boýunça kanagatlanarsyz. Eger-de dermanhananyň iş birliginde prowizor-analitigiň wezipesi bar bolsa, onda bu dermanhanada barlag-analitik otagy, galan dermanhanalarda bolsa–assistent otagynda barlag-analitik stoly gurnalýar.

## 2.5. Taýýarlanylan derman serişdeleri resmileşdirmegiň we goýbermekligiň guralyşy

Dermanhanalarda taýýarlanylan derman görnüşleriniň hilini kadalaşdyryş düzgünnamalarynyň talaplaryna dogry gelýändigi kesgitlenenden soň, olar Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanylan Dermanhanalarda taýýarlanylan der-

man görnüşleriniň resmileşdirilişiniň ýeke-täk düzgünine laýyklykda resmileşdirilýär. Şu düzgüne laýyklykda dermanhanalarda taýýarlanylýan hemme aýrybaşga derman görnüşleri, dermanhananyň içerki önümleri, çekip-gaplamalary ulanylyş usullaryna baglylykda aşakdaky:

− içmek üçin niýetlenen derman görnüşleri – ýaşyl reňkli «Içmek üçin» diýen daşky ýazgy bilen;

− bedeniň daşynda ulanylýan derman görnüşleri – mämişi reňkli «Bedeniň daşyndan» diýen ýazgy bilen;

− sanjym üçin niýetlenen derman görnüşleri – gök reňkli «Sanjym üçin» daşky ýazgy bilen;

− göz derman görnüşleri –açyk gök reňkli «Göz melhemi», «Göz damjasy» diýen daşky ýazgylary bilen resmileşdirilýär.

Daşky ýazgynyň ululygy goýberilýän gabyň göwrümine we görnüşine baglydyr.

Aýrybaşga taýýarlanylan derman serişdeleri ulanylyşyna we derman görnüşine baglylykda «Mikstura», «Külkeler», «Göz damjalary», «Göz melhemi», «Melhem», «Bedeniň daşyndan», «Sanjym üçin», diýlen daşky ýazgy bilen resmileşdirilýär. Bu daşky ýazgylarda ýene-de şu aşakdaky ýazgylar hem bolmalydyr: lukmançylyk belgisi, baş dermanhana gullugynyň ady, dermanhananyň belgisi, dermannama hatynyň belgisi, näsagyň familiýasy, ady we derman serişdesiniň ulanylyş usuly, onuň bahasy, sanjymlaýyn we bedeniň daşyndan ulanylýan derman görnüşleriniň daşky ýazgysynda derman serişdeleriniň düzümi, usulyny, taýýarlanylan senesini we bahasyny ýazmak üçin ýer goýlandyr.

Derman görnüşiniň ulanyş usuly elde ýazylýar. Derman serişdesini resmileşdirmek üçin ulanylýan daşky ýazgysy her derman görnüşinde (suwuk derman görnüşi, gaty derman görnüşi, külkeler, melhemler we ş.m.) degişlilikde çaphanada neşir edilen:

– *Miksturalar üçin* «Ýagtylykdan goramaly we salkyn ýerde saklamaly», «Ulanmazdan öň çaýkamaly»;
– *Melhemler, göze damdyrylýan dermanlary we göz melhemleri* – ýagtylykdan goramaly we salkyn ýerde saklamaly;
– *Içmek üçin niýetlenen* – «Ýagtylykdan goralýan ýerde saklamaly» diýen duýduryjy ýazgylar bolmalydyr.

Bulardan başga-da ähli daşky ýazgylarda hökmany suratda «Çagalardan goramaly» diýlen duýduryjy ýazgy hem bolmalydyr.

Dermanhanalaryň içerki önümleri we çekip-gaplamalary ulanylyşyna laýyklykda «Bedeniň daşyndan», «Içmek üçin», Sanjym üçin», «Göz damjasy», «Melhem», «Burun üçin damja» ýaly daşky ýazgy bilen resmileşdirilýär. Bu derman görnüşlerinde hem edil aýrybaşga taýýarlanylan dermanlaryň daşky ýazgylary ýaly maglumatlar ýazylýar, olardan başga-da derman görnüşleriň düzümi we tapgyry görkezilýär.

## 2.6. Zäherli, neşeli we güýçli täsir edýän serişdeleri saklaýan derman görnüşleriniň resmileşdirilişine we saklanylyşyna bildirilýän talaplar

Düzümine zäherli, neşeli maddalar we etil spirti girýän ekstemporal taýýarlanylýan derman görnüşleri üçin ýokarsy sary zolakly hem-de gara harplar bilen «Bellik» diýip ýazylan resminama doldurylýar. Bellikde dermannama hatynyň hasaba alyş bölüminden başga-da derman görnüşleriniň düzümine girýän derman serişdeleriniň sanawy, olaryň möçberleri, lukmanyň familiýasy, ady we atasynyň ady, derman görnüşini taýýarlanyň, barlanyň we goýbereniň familiýasy, onuň taýýarlanan wagty we bahasy görkezilýär.

Simabyň dihloridiniň (sulemanyň), onuň sianidiniň we oksisianidiniň ergininiň goýberilýän gaby gara ýerlikde ak harplar bilen ýazylan zäherli serişdäniň ady «Seresaplylyk bilen ulanmaly», «Zäher» diýlen duýduryjy ýazgylar hem-de kelle süňküniň we iki sany çakyşdyrylyp goýlan süňküň şekili bolan daşky ýazgy bilen resmileşdirilýär. Daşky ýazgyda hökmany suratda ergininiň konsentrasiýasy görkezilýär. Ýokançsyzlandyrma niýetlenen simap dihloridiniň ergini fuksin bilen reňklenilýär. Onuň daşky ýazgysynda ýa-da belgisinde ergininiň näme bilen reňklenendigi görkezilmelidir. Düzüminde beýleki zäherli maddalary, arassa fenoly we onuň 5 göterimden ýokary konsentrasiýaly erginini, güýçli turşulary, pergidroly we şoňa meňzeş serişdeleri saklaýan dermanhanada taýýarlanylýan derman serişdesiniň gabyna «Seresaplyk bilen ulanmaly» diýlen daşky ýazgy ýelmenilýär.

8. Sargyt № 1856

Zäherli maddalary saklaýan derman görnüşleri agzy möhürlenen ýa-da pugta saralyp berkidilen gapda goýberilýär. Bu dermanlary näsaglara goýberilýänçä berk gulplanylýan şkaflarda saklanylýar, onuň açary prowizor-tehnologda bolýar.

Derman serişdeleriniň düzümine beýleki derman serişdeler bilen bilelikde zäherli, neşeli we güýçli täsir edýän maddalar hem girýän bolsa, onda olar beýleki derman serişdelerden aýratynlykda, arassa görnüşde goýbermek gadagandyr.

## 2.7. Dermanhanada taýýarlanan derman görnüşleriniň näsaga berliş düzgüni

Dermanhananyň iň jogapkär işiniň biri hem dermanhanada taýýarlanylan derman serişdelerini goýbermekdir.

Saglygy goraýyş baradaky kanunyň we beýleki hukuk düzgünnamalaryň talaplaryna laýyklykda, prowizoryň dermany goýbermekde goýberen ýalňyşlygy netijesinde adamyň saglygyna zyýan ýeten bolsa, onda ol diňe bir maddy jogapkärçiligine däl-de, eýsem hukuk jogapkärçiligine hem çekilýändir.

Derman görnüşini näsaga bermezden öň prowizor-tehnolog Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň № 297-nji buýrugynyň talaplaryna laýyklykda derman goýberilendäki barlagyň ähli görnüşlerini ýerine ýetirmelidir. Şu barlagda görkezilen talaplaryň ählisiniň dogrulygyna göz ýetirilenden soň prowizor-tehnologyň derman serişdesiniň ulanylyş usulyny we öý şertlerinde saklanylyşyny näsaga düşündirýär, oňa dermany berýär we ony berendigi barada dermannama hatynyň arka ýüzüne we barlag bölegine goluny çekýär. Dermanhanalara näsaglar tarapyndan alnan derman serişdelerini yzyna kabul edip almak gadagan edilýär.

*Dermanhanalarda we beýleki dermanhana edaralarynda aşakdakylary:*

1. Weterinar kesel bejeriş edaralarynyň dermannama hatlary boýunça düzümine zäherli, neşeli, uky getirýän, neýroleptikleri, depressiýa garşy dermanlary, steroid gormonlary, astmatini we astamatoly, trankwilizatorlary, 8-oksihinoliniň önümlerini sak-

laýan dermanlary hem-de düzüminde etil spirti bolan derman serişdelerini;
2. Etilmorfin gidrohloridiniň we kodeiniň beýleki derman serişdeleri bilen garyndysyndan özge neşeli serişdeleri başga şäherlerde ýazylan dermannama hatlary boýunça;
3. Beýhuş ediji efiri, fentanili we sombrewini;
4. Öz dermanhanasy bolmadyk kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryna we aýrybaşga dermannama hatlary boýunça näsaglara simabyň dihloridiniň gerdejigini hem-de külkesini bermek gadagandyr.

***Beýik Watançylyk urşunyň maýyplary üçin derman serişdeleriniň goýberilişi.*** Biziň döwletimiz Watançylyk we owgan urşunyň maýyplaryna lukmançylyk we derman kömeginiň berlişini gowulandyrmak barada hemişe alada edýär.

Häzirki wagtda Watançylyk, owgan urşunyň maýyplary näsaglaryň wagtynda derman serişdelerini dermanhanalardan lukmanlaryň ýörite resmileşdiren dermannama hatlary boýunça mugt alýarlar. Watançylyk urşunyň maýyplarynyň lukmançylyk kömegi we derman serişdeleri bilen üpjün edilişini gowulandyrmak üçin olar öz ýaşaýan ýerlerindäki Saglyk öýlerine we dermanhanalara hat üsti bilen berkidilýär.

Bu näsaglary derman serişdeleri bilen öz wagtynda we doly derejede üpjün etmek üçin dermanhanalarda derman serişdeleriniň ätiýaçlygy döredilýär. Dermanhana berkidilen maýyplaryň sanyna we olaryň kesellerine baglylykda ätiýaçlyk dermanlaryň sanawy we mukdary dermanhananyň müdiriniň buýrugy bilen kesgitlenilýär we ýokary edara tarapyndan tassyklanylýar.

## 2.8. Derman serişdeleriniň dermannamasyz goýberilmegi

Dermanhanalar ilaty, kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryny diňe bir lukmanlaryň dermannama hatlary boýunça derman serişdeleri bilen üpjün etmän, eýsem, olary dermannamasyz goýberilýän derman serişdeleri, derman ösümlikleri, sargy önümleri, näsaglara seretmek

üçin gerek bolan serişdeler, arassaçylyk serişdeleri we lukmançylykda ulanylýan beýleki enjamlar bilen hem üpjün edýärler.

Derman serişdeleriniň dermannamasyz goýberilýän sanawy bilen ilat tanyş bolar ýaly, dermanhana edaralary ony söwda zalynyň oňat görünýän ýerinde asmalydyr. Bu dermanlar dermanhananyň dermannamasyz goýberilýän bölüminde satylýar.

***Dermanhanalardan derman serişdeleriniň mugt, ýeňillikli goýberilişiniň esasy düzgünleri we olaryň hasabynyň ýöredilişi.*** Dermanhanalarda taýýarlanylan derman görnüşleri diňe töleg barada güwanama görkezilen ýagdaýynda berilýär. Eger-de töleg barada güwanama ýitirilen bolsa, onda prowizor-tehnolog dermany diňe näsagyň familiýasy, derman görnüşi haçan talap edilendigi, onuň bahasy we beýleki maglumatlar dogry aýdylanda goýberip biler.

Hojalyk hasaplaşykly dermanhanalar käbir näsaglara dermannama hatlary boýunça derman görnüşlerini mugt we ýeňillikli ýagdaýda goýberýärler.

Derman serişdeleri mugt goýberilende dermanhana gelen dermannama hatlary «Mugt goýberilýän derman serişdeleriniň hasabynyň ýöredilýän depder» hasaba alynýar.

Ýeňillikli şertlerde (derman serişdesiniň 50 göterim bahasyny tölemek bilen) goýberilen derman görnüşleri üçin dermannama hatlar «Ýeňillikli goýberilýän derman serişdeleriniň hasaby ýöredilýän depderde» bellenilýär. Her iş tapgyrynyň soňunda prowizor-tehnolog mugt, ýeňillikli şertlerde goýberilen derman görnüşleriniň dermannama hatlaryny jemleýär. Dermannama hatlary bukjalara ýygnalýar, soňra bukjadaky dermannama hatlara tertip boýunça belgi goýulýar.

Her aýyň soňunda dermanhana mugt we ýeňillikli goýberilen derman serişdeleriniň bahalaryny tölemek üçin saglygy goraýyş edaralaryna hasabat ýazylýar we onuň ýanyna mugt ýa-da ýeňillikli goýberilen dermanlaryň dermannama hatlarynyň bir görnüşi we bu dermannama hatlary barada sanawy ýazylan maglumat goşulýar.

Şäher ýerlerinde ýeňillikli goýberilen derman serişdeleriniň bahasyny tölemek üçin dermanhana berkidilen kesel bejeriş edaralaryna hasabat berilýär. Oba ýerindäki dermanhanalar iň azyndan aýda bir gezek merkezi etrap dermanhanasynyň üsti bilen merkezi etrap hassahanasyna puly tölemek üçin hasabat berýär.

***Dermanhanada galan hatlaryň saklanyş möhleti.***

Mugt we ýeňillikli şertlerde hem-de ätiýaçlandyrma pasporty boýunça 10% tölegli goýberilen derman görnüşleri üçin dermannama hatlary dermanhanada 3 ýylyň dowamynda saklanylýar. Derman serişdeleri zäherli, etil spirti we maddy mukdar hasabaty ýöredilýän dermanlar üçin dermannamalar 1 ýyl saklanylýar. Beýnini dumanladyjy dermanlar, neşeli dermanlar gülgüne reňkli blankada goýberilen dermanlaryň dermannama hatlary dermanhanada 5 ýyl saklanylýar. Dermannama hatlarynyň möhleti geçenden soň olar bellenilen düzgünde ýok edilýär.

## 2.9. Dermanhanalardaky sorag-jogap bölüminiň guralyşy

Sorag-jogap bölümi şäheriň uly dermanhanalarynda ilaty, kesel bejeriş we öňüni alyş edaralarda bar bolan ýa-da ýok bolan derman serişdeler barada maglumat bermek üçin açylýar. Sorag bölümi dermanhananyň ilata hyzmat edýän otagda ýörite bölüm görnüşinde açylýar we gerekli resminamalar bilen üpjün edilýär. Ol ýer telefon we dürli dermanhanalaryň, saglyk öýleriniň dermanhana ammarynyň salgylary we telefon belgileri bilen üpjün edilýär. Dermançylyk maglumatlary ilata täze çykan derman serişdeleri baradaky habarlary bermäge, şeýle-de dürli dermanhanalarda bar bolan, galan we gerek bolan dermanlar barasyndaky maglumatlary dermanhana ammaryna ýetirmäge kömek berýär. Şeýle bölüm iri şäher dermanhanalarynda açylýar.

Iri şäherlerde merkezi sorag bölümi hem açylýar, ol bölüm şeýle işleri ýerine ýetirýär:

– etrap dermanhanasynyň sorag-jogap bölüminiň üsti bilen bejeriş, öňüni alyş edaralaryna satyn alyjylar üçin iberilen dermanlar barada maglumat berýär. Eger-de köp wagtlap bir derman ýok bolsa, onda merkeze sorag bölümi bu barada dermanhanalara habar berýär. Dermanhana bolsa bu maglumaty lukmanlara ýetirýär we şol dermanyň ornuny tutýan dermanyň dermanhanalarda ýeterlik mukdarynyň bardygyny habar berýär.

– welaýat sorag-jogap bölümlerinden ýok dermanlar barada maglumat alýarlar. Şu maksat bilen etrap habar beriş bölümi günüň

başynda ýa-da ahyrynda merkezi maglumatlar bölümine ýok dermanlar barada, ýa-da öň ýok bolan dermanlaryň gelendigi barada hat üsti bilen, ýa-da telefonyň kömegi bilen habar berýär. Şu maglumatlaryň hasabyny elipbiý boýunça ýöretmek üçin merkezi sorag-jogap bölümi hasabat depderçesini ýöredýär. Ol depdere elipbiý boýunça ýok dermanlaryň atlaryny, olaryň garşysynda bolsa şol dermanlaryň bar bolan dermanhanalarynyň nomerini we şol habary alan wagtynyň senesini ýazýar.

– dermanhanalaryň arasynda maglumatlary çalyşmak üçin, merkezi sorag-jogap bölüminiň işgäri günüň başynda etrabyň sorag bölümleri bilen telefon arkaly olara dermanhana ammarynda ýok bolan dermanlaryň gelendigini habar berýär;

– lukmanlaryň we dermanhana işgärleriniň arasynda täze dermanlar barada we bir derman serişdäni beýleki derman serişde bilen çalyşmak barada maglumat berýär.

***Sorag-jogap bölüminiň işgärleriniň borçlary we hukuklary.***

Bu bölümde prowizor-tehnolog işleýär. Ol işgär dermanhana gelýän näsaglar barada şeýle hem beýleki dermanhanalara gelen dermanlar barada maglumat berýär.

Ilata hem-de bejeriş we öňüni alyş edaralaryna oňat hilli maglumat berer ýaly, şäheriň dermanhanalarynyň 20-ä golaýynda sorag-jogap bölüminde awtomatlaşdyrylan telefon baglanyşygy goýulýar. Bu bölümde goýulýan telefon belliginiň biri lukmanlar üçin bolup şonuň kömegi bilen olara maglumat berilýär. Iş gowy ýerine ýetiriler ýaly, ýörite çyzgylary çyzylyp, şonuň esasynda sorag-jogap bölümi dermanhanalar we farmasewtiki habar beriş otaglary bilen aragatnaşyk saklaýar. Şol çyzgy boýunça görkezilen wagtda telefon üsti bilen aýlap sorag-jogap bölümi bilen habarlaşýarlar. Galan boş wagty bolsa, sorag bölümi lukmançylyk, dermançylyk işgärlerine we halka hyzmat edýär. Ýagny olara dermanhanada bar bolan dermanlar, olaryň möhleti, öý şertlerinde saklanylyşy barada maglumatlar berýär. Sorag-jogap bölüminiň işiniň düzüw alnyp barylmagy üçin dermanhana ammaryna her günde hasabat iberilýär. Sorag-jogap bölüminiň işgäri telefon boýunça dermanhana ammaryna gelen dermanlar barada we olary şäheriň haýsy dermanhanalaryndan nädip alyp boljakdygy barada maglumat berýär.

Täze dermanlar üçin ýörite maglumatnama düzülýär we onda dermanyň ady, goýberiliş görnüşi, görkezmeler, bir gezeklik we bir gije-gündizlik mukdary hem-de ol dermanyň haýsy sanawa degişlidigi ýazylýar. Ondan başga-da, sorag-jogap bölüminde dermanlaryň ornuny tutýan beýleki derman serişdeleri we daşary ýurtlardan gelýän dermanlara aýratyn depderçe ýöredýärler.

**Soraglar-jogap bölüminiň maglumat ulgamy**




Sorag-jogap bölümi etrap sorag-jogap bölüminden ýok dermanlar barada habar alýar. Şu maksat üçin günüň başynda ýa-da ahyrynda hat üsti bilen, ýa-da telefon arkaly habarlaşýarlar.

## 2.10. Häzirki wagtda ilaty derman serişdeleri bilen üpjün etmegiň ugurlary

Dermançylyk gullugy tarapyndan ilata edilýän derman kömegini kämilleşdirmek üçin uly işler alnyp barylýar. Häzirki wagtda ilaty derman serişdeleri bilen üpjün etmegiň iki hili *ekstensiw we intensiw* ugry ýüze çykdy.

*Ekstensiw ugruň* mukdar häsiýeti bardyr we ol dermanhana edaralarynyň ulgamynyň giňelmegini, ownuk bölek-satuw ulgamynyň açylmagyny, dermançylyk işgärleriň köpelmegini we derman serişdeleriniň öndürilişiniň artmagyny talap edýär.

*Intensiw ugur* hil häsiýete eýe bolup, ol ilatyň derman serişdeleri bilen üpjün edilşiniň kämilleşdirilmegini we dermanhanalaryň işgärleriniň zähmet öndürijiliginiň ýokarlandyrylmagyny talap edýär.

Ilaty derman serişdeleri bilen üpjün etmegi gowulandyrmak üçin:

– dermançylyk gullugynyň edaralary tarapyndan her hili guramaçylyk işlerini geçirmek;

– ýerlerdäki dermanhana we kesel bejeriş, öňüni alyş edaralarynda işleriň hilini ýokarlandyrmak we derman serişdeleri bilen üpjün etmegiň häzirki zaman görnüşlerini we usullaryny durmuşa geçirmek zerurdyr.

Bu çäreleri amala aşyrmak üçin ilatyň derman serişdelerine bolan islegini kesgitlemek barada alnyp barylýan ylmy işleriň netijeleri dermanhanalaryň iş tejribesine ornaşdyrylýar. Derman serişdeleriniň sarp edilşine demografik, durmuş, tebigy faktorlaryň hem-de halkyň dürli ýaşly toparlarynyň kesellemegine edýän täsiri yzygiderli öwrenilmelidir.

Dermanlara bolan islegi has takyk kesgitlemekde olaryň hereketiniň hasabyny ýöretmegiň enjamlaşdyrylan usulyny iş ýüzünde ornaşdyrmak hem örän uly kömek edýär.

Derman serişdeleriniň amatly ulanylyşyny we paýlanylyşyny kämilleşdirmek üçin köp işler geçirilýär. Bu ugurda kompýuter we Internet ulgamyny ulanmak göwnejaýdyr.

Dermanhana ulgamyna çäklendirilen mukdarda gelýän derman serişdeleriniň lukmanlar tarapyndan näsaglara dogry bellenilmegine we ol dermanlaryň dogry goýberilmegine saglygy goraýyş we dermanhana gulluklary tarapyndan yzygiderli gözegçilik edilmegi bu derman serişdelerine bolan islegi doly kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Dermanhanalaryň we kesel bejeriş edaralarynyň işlerine gözegçilik etmek üçin her ýyl Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň, welaýat saglygy goraýyş bölümleriniň ýygnaklarynda ilaty derman serişdeleri bilen üpjün etmek barada maslahatlaşylýar.

Lukmanlar bilen geçirilýän maslahatlar barada maglumat işlerini gowulandyrmak hem uly ähmiýete eýedir. Bu maksat bilen iri kesel bejeriş we öňüni alyş edaralarynda dermançylyk, habar beriş otaglary açylýar.

Dermanhanany dolandyryş edaralary öz sebitinde ösýän ýabany derman ösümlikleriniň ätiýaçlygyny gözläp tapmak we olary amatly ulanmak baradaky çäreleri amala aşyrýar. Bu işe lukmançylyk institutynyň farmasewtika fakultetiniň işgärleri we talyplary hem çekilýär. Dermanhanalaryň we kesel bejeriş hem-de öňüni alyş edaralarynyň ýatyp bejergi alýan näsaglary derman serişdeleri bilen üpjün etmekde alyp barýan häzirki zaman işleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– ilata edilýän hyzmatyň kämilleşdirilen usullaryny iş ýüzüne ornaşdyrmak;

– Watançylyk urşunyň maýyplaryny, bir ýaşa ýetmedik çagalary we beýleki näsaglary derman serişdeleri bilen yzygiderli üpjün etmek;

– ilata gijelerine derman kömegini bermek;

– näsaglaryň aýry-aýry derejelerinde derman serişdelerini öýlerine eltip bermek;

– öňdebaryjy tejribäni ýaýratmak;

– ilata gös-göni senagat kärhanalarynda we oba hojalyk işleriniň geçirilýän ýerinde hyzmat etmek.

– wagtlaýyn ulanylmaga berýän dermanhana şahamçalary guramak.

***Öňdebaryjy tejribe mekdebi bolan dermanhanalar.*** Ilata hem-de kesel bejeriş we öňüni alyş edaralarda derman kömegini bermekde öňdebaryjy tejribeleri ýaýratmak üçin welaýatyň ýa-da şäheriň gowy dermanhanasy – öňdebaryjy tejribe mekdebi bolup hyzmat edýär. Bu dermanhanalarda zähmeti guramagyň iň kämil usullary ulanylmalydyr we olaryň ýokary önümçilik görkezijileri bolmalydyr. Şu maksat bilen bu dermanhanalarda işiň iň amatly şertleri döredilýär.

Şeýle-de, dermanhanalarda tassyklanylan gün tertibi boýunça dermanhanalaryň işgärleri bilen nazary we amaly okuwlar geçirilýär, öňdebaryjy tejribe ýaýradylýar.

***Derman serişdeleriniň maksadalaýyk paýlanylmagy we ulanylmagy.*** Saglygy goraýşyň häzirki zaman ösüşinde derman serişdeleriniň bar bolan gorlarynyň dürs paýlanylmagy we lukmanlaryň görkezmesi boýunça dogry ulanylmagy uly ähmiýete eýedir.

Iş toparyň talapnamalary boýunça doly kanagatlandyrylýan derman serişdeleri we lukmançylyk üçin niýetlenen önümler dermanhana ammarlaryna kesel bejeriş, öňüni alyş we dermanhana edaralaryna olaryň talapnamalary boýunça doly mukdarda goýberilýär. Ýurda ýa-da welaýata çäklendirilen mukdarda gelýän derman serişdeleri bolsa, paýlama görkezijisi boýunça bölünýär.

Görkezijiler, köplenç, halatlarda şu aşakdakylar bilen kesgitlenilýär:

1. Hassahanalaryň ýatymlaýyn orny boýunça;
2. Ilatyň sany boýunça;
3. Dermanhana torunyň haryt dolanyşygy boýunça;

Mundan başga-da, görkezijiler goşmaça maglumatlaryň esasynda:

a) hünärmenleriň (lukmanlaryň, barlaghana işgärleriniň) sany boýunça;

b) aýry-aýry enjamlaryň sany boýunça;

c) ilatyň lukmanlara ýüz tutmalarynyň sany boýunça;

d) ýörite derman serişdeleri üçin ýüz tutan näsaglaryň sany boýunça hem kesgitlenýär.

Derman serişdeleri üçin paýlama görkezijileri şäheriň, etrabyň, kesel bejeriş we keseliň öňüni alyş edaralarynyň görkezijilerini döwletiň, welaýatyň degişli görkezijilerine bölüp kesgitleýärler.

***Ilatyň ýokary hilli derman serişdeleri bilen üpjün edilişi.*** Dermanhana edaralaryň işiniň esasy maksady–dermanhana dermannama haty bilen ýüz tutan her bir näsagyň derman serişdeleri bilen gürrüňsiz üpjün edilmeginden ybaratdyr. Dermanhana ulgamynda bar bolan derman serişdeleriniň hemme sanawyny lukmanyň bilmegi we amatly ulanmagy bu usulyň esasyny düzýär. Bu usuly ornaşdyrmak üçin saglygy goraýyş edaralary we Baş dermanhana guramalary şu aşakdaky çäreleri durmuşa geçirmeli:

**1.** Derman serişdeleri bilen üpjün edilişiniň ýagdaýy we geljegi barada yzygiderli habar bermek üçin her bir dermanhanany saglyk öýi edaralaryna berkitmek;

**2.** Kesel bejeriş we öňüni alyş edaralarynda dermançylyk habaryň otaglaryny guramak;
**3.** Uly şäherlerde farmasewtik habar gullugynyň merkezini döretmek;
**4.** Şäherleriň dermanhanalarynda sorag-jogap gullugyny guramak;
**5.** Dermanhanalaryň içerki önümleriniň we çekip-gaplamalarynyň sanawyny giňeltmek;
**6.** Dermanhana edaralaryny gerek bolan derman serişdeler we lukmançylyk üçin niýetlenen önümler bilen bökdençsiz üpjün edip durmak;
**7.** Lukmanlaryň derman serişdeleriniň bar bolan görnüşlerini, ulanyşlaryny we dermanhana ulgamyna çäkli gelýän serişdeleriň goýberilişini her üç aýdan barlap durmak.

Çäklendirilen mukdarda gelýän serişdeler ilki bilen agyr keselleri bejerýän hassahanalara berilmelidir. Şonda ýaş çagalaryň, Watançylyk urşunyň maýyplarynyň we oňa gatnaşyjylaryň gaýragoýulmasyz ýagdaýlarda ilata kömek edýän edaralaryň (reanimasiýa, güýçlendirilen terapiýa bölümleriniň) birinji nobatda üpjün edilmelidigini göz öňünde tutulmalydyr.

Dermanlar we lukmançylyk üçin niýetlenen önümler paýlanylanda sowuklama garşy dermanlaryň we garyn-içege kesellerini bejermek üçin ulanylýan derman serişdeleriniň ätiýaçlyk mukdary döredilýär. Dermanhana ammaryna gelýän derman serişdeleriň 5 göterimi Watançylyk urşunyň maýyplaryny we gaýragoýulmasyz kömegi berýän edaralary üpjün etmek üçin alnyp galynýar. Ýörite täsirli käbir derman serişdeleri (çiş keseller, inçekesele garşy, ruhy keselleriniň dermanlary) aýry-aýry dermanhanalarda jemlenilýär. Käbir derman serişdeleri dermanhanalarda wagtlaýyn bolmadyk halatlarynda dermanhanada bar bolan we täsiri boýunça birmeňzeş derman serişdäni näsaga ýazyp biler.

# III BÖLÜM

## 3.1. Hassahanalardaky näsaglaryň derman bilen üpjün edilişi

Hassahanalarda ýatyp we gündiz bejergi alýan näsaglar derman serişdeleri bilen öňler mugt üpjün edilýärdi. Ýurt Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda hassahanalar tölegli edildi, bu ýagdaý bilen derman serişdeleri hem näsaglar üçin tölegli bolup galdy.

Uly bolmadyk, keseliň öňüni alyş we bejeriş edaralary, aýratyn hem, olaryň oba ýerlerinde ýerleşenleri derman serişdeleri we lukmançylyk üçin niýetlenen önümler bilen umumy görnüşli hojalyk hasaplaşykly dermanhanalar tarapyndan üpjün edilýär. Şäherlerde we etrap merkezlerinde ýerleşen iri kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryny (KBÖA) derman görnüşleri bilen üpjün etmek ýöriteleşdirilen dermanhanalaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Bu dermanhanalar hojalyk hasaplaşykly hassahana ýa-da Baş dermanhana birleşigiň hasabynda bolup biler.

Ýokarda agzalan dermanhanalar birmeňzeş işleri ýerine ýetirýärler, emma ykdysady ýagdaýy we tabynlygy boýunça biri-birinden tapawutlanýarlar. Hojalyk hasaplaşykly dermanhanalar Baş dermanhana gullugyna, döwlet hasabyndaky dermanhanalar bolsa kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryň Baş lukmanyna tabyndyrlar. Ýagny ýurdumyzyň hassahanalaryndaky dermanhanalaryň iki görnüşi bar. 1-nji topar hassahanada ýerleşip, ykdysady tarapdan Türkmenistanyň SG we DS ministrliginiň Baş dermanhana birleşigine degişli. 2-nji topar hemme taraplaýyn (hasabat, aýlyk) hassahana degişli. Iri KBÖA edaralaryň derman serişdeleri bilen hojalyk hasaplaşykly dermanhanalar tarapyndan üpjün edilmegi örän ýokary we ykdysady taýdan amatlydyr. Çünki hassahanalarda we hassahana dermanhanalarynda ýokary hilli dermanlary taýýarlamak we olar bilen ýatyp bejergini alýan näsaglar üçin hemme şertleri döretmek mümkindir. Bu dermanhanalarda taýýarlanan derman serişdeleriň ýazgysynyň 60 göterimden hem gowragyny suwuk derman görnüşleri, aýratynam sanjym üçin erginler tutýandyr. Şonuň üçin, hassahana edaralaryna hyzmat

edýän dermanhanalarda taýýarlanylýan dermanlaryň ýokary hilliligini üpjün etmek üçin gerek bolan şertler döredilmelidir.

## KESEL BEJERIŞ WE ÖŇÜNI ALYŞ EDARALARY TARAPYNDAN DERMAN SERIŞDELERI WE LUKMANÇYLYK ÖNÜMLERI ÜÇIN TALAPNAMALARYŇ ÝAZYLYŞ DÜZGÜNI

Hassahanalarda bejerilýän näsaglara hem-de saglyk öýleriniň otaglaryna gerek bolan derman serişdeleri üçin kesel bejeriş, öňüni alyş edaralary her bir bölüm we otag boýunça aýratynlykda talapnama ýazmalydyr. Bu talapnamalar NDN-16 görnüşinde 3 nusgalykda ýazylýar.

Zäherli, neşeli derman serişdeleri we etil spirti hem-de maddy-mukdar hasabyndaky dermanlar üçin talapnama 4 nusgalykda ýazylýar, çünki onuň bir nusgalygy maddy-jogapkär şahsda galdyrylýar. Öz tabynlygynda dermanhanasy bar bolan kesel bejeriş, öňüni alyş edaralaryň talapnamalaryny 2 nusgalykda ýazýarlar. Onuň bir nusgalygy döwlet hasabyndaky dermanhanasynda galýar, ikinjisi bolsa, derman serişdeleri goýberilende bölüme gaýtarylyp berilýär.

Talapnamalarda derman serişdeleriniň, sargy we beýleki lukmançylyk önümleriniň doly atlary, dermanyň görnüşi, ölçeg birlikleri, çekip-gaplanylyşy, möçberi, gaby we gerek bolan umumy sany görkezilmelidir. Çünki şu maglumatlar bolmasa, goýberilýän gymmatlyklaryň bölek-satuw bahasyny dogry kesgitläp bolmaýar.

Zäherli we neşeli derman serişdeleri hem-de etil spirti üçin talapnamalar bolsa, latyn dilinde ýazylyp, olar edaranyň möhri, ýolbaşçynyň ýa-da onuň orunbasarynyň goly bilen resmileşdirilmelidir.

Her bir KBÖA edarasynda derman we beýleki serişdeleri almak üçin ýörite pul goýberilýär. Şonuň üçin, talapnamalarda ýazylýan harytlar goýberilen pul serişdelerine laýyklykda: «A» sanawa girýän derman maddalary – 5 günlük, neşeli dermanlar – 3 günlük, galan derman serişdeler bolsa 10 günlük üçin gerek bolan mukdardan köp bolmaly däldir.

***Hojalyk hasaplaşykly hassahana dermanhanasy.*** Bir ýa-da birnäçe kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryny derman serişdeleri, lukmançylyk üçin niýetlenen önümler bilen üpjün edýän hojalyk hasaplaşykly dermanhanalara degişlilikde, hassahana ýa-da hassahana-ara dermanhanalary diýilýär.

Hassahana-ara dermanhanasynyň ýatylýan ýeriniň umumy sany 500-den az bolmadyk kesel bejeriş edaralaryny, şeýle hem KBÖA edaralarynyň hemmesindäki ýatylýan ýerleriň sany 100-den 500-e çenli bolan ilatly nokatlaryň hassahanadaky näsaglaryny derman serişdeleri bilen üpjün etmek üçin açylýar.

Derman serişdeleri bilen üpjün etmek üçin bu dermanhanalara hassahana görnüşli kesel bejeriş edaralaryndan başga-da, saglyk öýleriniň otaglary, okuw, durmuş üpjünçilik şypahanalary we beýleki edaralar berkidilip bilner.

Hojalyk hasaplaşykly hassahana-ara dermanhanasy ýatuw ýerleriniň sany 500 we ondan hem köp bolan kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryny hem-de ýatuw ýerleriniň sany 100-den az bolmadyk KBÖA edaralary bolan ilatly ýerlerini derman serişdeleri bilen üpjün etmek üçin açylýar.

Bu dermanhanalaryň esasy wezipeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

*1. Kesel bejeriş, öňüni alyş edaralaryny derman serişdeleri we lukmançylyk önümleri bilen üpjün etmek;*

*2. Kesel bejeriş, öňüni alyş edaralarynyň ugruna we iş aýratynlyklaryna laýyklykda, olaryň derman görnüşlerine we lukmançylyk üçin niýetlenen önümlere bolan islegini kesgitlemek;*

*3. Dermanhana berkidilen edaralaryň hekimlerini dermanlar, lukmançylyk önümleri barada yzygiderli habardar edip durmak;*

*4. Meýilnamanyň tabşyryklaryny ýerine ýetirmek we döwlet maliýe düzgünlerini pugta berjaý etmek.*

Hassahanalardaky hojalyk hasaplaşykly hassahana dermanhanalary ilata derman serişdelerini satmaýarlar. Olar önümçilik, habar beriş, üpjünçilik we maliýe-hojalyk işlerini ýerine ýetirýärler.

Bu dermanhanalar derman serişdeleri we beýleki serişdeler bilen dermanhana ammardan başga-da edaralardan üpjün edilýär. Derman serişdeleri we lukmançylyk üçin niýetlenen önümler hassahanalara hem-de hassahana dermanhanalaryndan KBÖA edaralaryň

ýolbaşçylarynyň goly we edaranyň möhüri bolan talapnamalar, ynanç haty boýunça goýberilýär. Bu serişdeleriň bahasy nagt, pulsuz döwlet bankynyň üsti bilen tölenilýär. Üpjün edilişi dogry ýola goýmak üçin dermanhana talapnamalaryň getirilmeginiň, talap edilen serişdeleriniň goýberilmeginiň we olaryň lukmançylyk edaralaryna eltilip berilmeginiň tertibi işläp düzülýär we ony dermanhana berkidilen hassahanalar bilen maslahatlaşyp tassyklanýar. Bu dermanhanalaryň işleriniň göwrümi diňe bir görkeziji – haryt dolanyşygy boýunça kesgitlenilýär we şu görkeziji boýunça olar hem beýleki dermanhanalar ýaly 5 topara bölünýärler.

Umumy hojalyk hasaplaşykly dermanhanalardan tapawutlylykda bu dermanhanalaryň bölümleriniň sany hyzmat edilýän ýatuw ýerleriniň sanyna laýyklykda bellenilýär. Meselem, eger-de dermanhana 1000-den köp ýatuw ýer berkidilen bolsa, onda 2 bölüm, önümçilik we ätiýaçlyk bölümleri, eger-de ýatuw ýerleriniň sany 1000-e çenli bolsa, onda diňe önümçilik bölümi guralýar. Bu dermanhana prowizor ýolbaşçylyk edýär. Ol bolsa dermanhana berkidilen KBÖA edaralarynyň derman serişdeleriniň, lukmançylyk önümleriniň hemme görnüşleri bilen öz wagtynda we ýokary hilli üpjün etmäge hem-de maksatnamanyň görkezijilerini doldurmaga, maliýe düzgünini berjaý etmäge borçludyr.

Hassahana-ara dermanhanalaryny guramak KBÖA edaralaryny derman serişdeleri bilen üpjün etmegiň iň bir öňdebaryjy görnüşidir. Çünki olaryň derman serişdeleriniň gerek bolan ätiýaçlygyny döretmäge we KBÖA edaralaryny öz wagtynda we bökdençsiz üpjün etmäge mümkinçiligi bardyr. Bu dermanhanalarda derman görnüşleriniň uly möçberini taýýarlamakda köp zähmeti talap edýän hadysalar enjamlaşdyrylýar, dermanlaryň hili ýokarlandyrylýar, dermanhananyň içerki önümleriniň sanawy we şonuň netijesinde satylýan derman serişdeleriniň arasynda olaryň taýýar görnüşiniň agdyklyk etmegine itergi berýär.

Derman serişdeleri bilen üpjünçiligi oňat ýola goýmak üçin hassahana-ara dermanhanalaryna berkidilen, 300 we ondan köp ýatuw ýerleri bolan, KBÖA edaralarynda prowizor-tehnologyň wezipesi girizilýär.

Ol şu aşakdaky işleri ýerine ýetirýär:

*1. Kesel bejeriş we öňüni alyş edaralarynyň bölümlerinden derman serişdeleri ýazylan talapnamalary kabul edip alýar, olaryň dogrulygyny, resmileşdirilişini we ş.m. barlaýar hem-de olary dermanhana berýär;*

*2. Taýýar edilen talapnamalary resminamalar boýunça kabul edip alýar we olary degişli bölümlere berýär;*

*3. Lukmanlar bilen hemişe aragatnaşyk saklap, olary dermanhanada bar bolan we wagtlaýyn ýok derman serişdeleri, täze dermanlar,olaryň ulanylyşy barada yzygiderli habardar edip durýar;*

*4. Kesel bejeriş, öňüni alyş edaralarynyň bölümlerinde, otaglarynda derman serişdeleriň saklanylyşyny barlaýar we degişli çäreleri görmek üçin bu barada edaranyň ýolbaşçysyna habar berýär.*

Mundan başga-da, prowizor-tehnolog KBÖA edaralarynyň derman serişdelerine we lukmançylyk üçin niýetlenen önümlere bolan islegini, hususy taýýarlanylýan dermannama hatlaryň düzümini öwrenýär we derman görnüşlerine bolan islegini doly kanagatlandyrmak we olaryň hilini ýokarlandyrmak üçin gerek bolan çäreleri amala aşyrýar.

## 3.2. Kesel bejeriş we öňüni alyş edaralarynyň dermanhanalary

Ýokarda bellenilişi ýaly, hassahanada ýatan näsaglar derman we beýleki serişdeler bilen hassahana-ara, hassahana dermanhanalaryndan üpjün edilýär. Bu dermanhanalar bilen bir hatarda KBÖA edaralaryna degişli döwlet hasabyndaky dermanhanalary hem bardyr. 100 we ondan hem köp ýatuw ýeri bolan hassahana KBÖA edaralary öz düzüminde dermanhanany saklap biler. Bu dermanhana döwlet hasabynda bolup, hassahananyň bir bölümi hökmünde işleýär. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň 5 belgili buýrugyna laýyklykda döwlet hasabyndaky dermanhanalary hyzmat edýän kesel bejeriş we öňüni alyş edaralarynyň (KBÖE) ýatuw ýerleriniň sanyna görä 5 topara: näsaglaryň kesellerini bejerýän we öňüni alýan edaralaryň dermanhanalarynyň toparlary ýolbaşçylarynyň zähmetine

hak tölemek boýunça topara, KBÖE meýilnama boýunça ýatar ýerleriň sany WUM hassahanalara, köpugurly hassahanalaryna, çaga dogrulýan öýlere, şypahanalara we hassahanalara bölünýärler.

Döwlet hasabyndaky dermanhanalaryň şu aşakdaky görnüşleri bolýar:

*1. Umumy ugurly hassahanalaryň dermanhanasy (garyşyk, köpugurly hassahanalar);*

*2. Ýöriteleşdirilen hassahanalaryň (inçekesel, ýokanç keseller, çaga dogrulýan we ş.m.) dermanhanasy;*

*3. Psihonewrologiýa hassahanalaryň dermanhanasy;*

*4. Hassahanalaryň dermanhanasy;*

*5. Ýöriteleşdirilen şypahanalaryň dermanhanasy.*

Bu dermanhanalaryň esasy wezipesi kesel bejeriş, öňüni alyş edarasynyň bölümlerini we otaglaryny derman, sargy serişdeleri, syrkawlara seretmek üçin gerek bolan esbaplar we beýleki lukmançylyk önümleri bilen üpjün etmekden ybaratdyr. Bu dermanhanalar hem ilata derman serişdelerini goýbermän, esasan, önümçilik hem üpjünçilik işlerini ýerine ýetirýärler. Döwlet hasabyndaky dermanhanalar derman serişdelerini we beýleki önümleri dermanhana ammaryndan bölek-satuw nyrhdan alýar we şol nyrh boýunça hem hassahananyň bölümlerine we otaglaryna goýberýär. Bu bolsa olaryň hassahana-ara, hassahana dermanhanalaryndan esasy tapawudydyr.

Hassahana dermanhanasyna prowizor müdirlik edýär. Ol maddy jogapkärçilikde bolup, bu wezipä Baş dermanhana gullugy bilen maslahatlaşylyp, kesel bejeriş edarasynyň Baş lukmany tarapyndan bellenilýär we işden boşadylýar. Dermanhananyň müdiri dermanhananyň işini guraýar we ol KBÖA edarasynyň bölümlerini, otaglaryny öz wagtynda we ýokary hilli derman serişdeleri bilen üpjün etmäge borçludyr. KBÖA edaralarynyň dermanhanalarynyň arasynda hassahanalaryň dermanhanalary aýratyn orna eýedirler. Hassahanalar lukmançylyk we ylmy-barlag okuw merkezi bolup, olarda näsaglary bejermek ylmy-barlag işleri bilen utgaşdyrylyp alnyp barylýar. Ýöriteleşdirilen barlaghanalary, ylmy-maslahat beriş bölümlerini, kafedralary we hassahananyň beýleki bölümlerini dermanlar we reaktiwler bilen üpjün etmek, bu edaralaryň dermanhanalarynyň goşmaça wezipesidir. Hassahana dermanhanalarynyň önümçi-

lik işleri köp zähmedi talap edýär, çünki olaryň hususy ýazgysy beýleki dermanhanalaryňka garanyňda has çylşyrymlydyr. Hassahanalar üçin dermanhanada taýýarlanylýan dermanlaryň daşky ýazgysy şu aşakdakylardan ybarat: Baş dermanhana gullugynyň ady, dermanhananyň belgisi, hassahananyň belgisi ýa-da ady, onuň bölümi, görnüşiň taýýarlanylan senesi, saklanma möhleti, taýýarlanyň, barlanyň, goýbereniň goly, derňewiň belgisi, ulanylyş usuly, derman görnüşi, derman serişdesiniň düzümi (latyn dilinde) we bahasy bolmalydyr.

KBÖA edaralarynyň talapnamalary dermanhanalarda barlanylýar, olardaky dermanlaryň bahasy we umumy jemi kesgitlenilýär. Derman görnüşleri goýberilende hassahana işgäri talapnamalaryň hemme nusgasynda harydy alandygy, dermanhananyň işgäri bolsa harydy goýberendigi barada goluny çekýär. Derman serişdeleri goýberilen talapnamalar dermanhanalarda şu möhletlerde, ýagny zäherli maddalar ýazylan talapnamada – 2 ýyl; neşeli maddalar ýazylan – 5 ýyl, galan dermanlara ýazylan talapnamalar bolsa – 1 ýyl saklanylýar.

## 3.3. Merkezi etrap dermanhanasynyň işiniň guralyşy

Ilatly ýerleri derman serişdeleri bilen üpjün etmegiň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen, oba we etrap merkezlerinde etrabyň iň gowy dermanhanasynda merkezi etrap dermanhanasy (birleşigi) döredilýär. Bu dermanhanalaryň esasy wezipesi – ilaty we KBÖA edaralaryny derman serişdeleri bilen üpjün etmek bilen bir hatarda, şu aşakdaky goşmaça wezipeleri hem ýerine ýetirmekden ybarat:

- halkyň we KBÖA edaralarynyň dermanlara bolan islegini has doly kanagatlandyrmak;
- etrabyň hemme dermanhana edaralaryna ýolbaşçylyk we guramaçylyk usuly taýdan iş alyp barmak;
- dermanhana toruny giňeltmäge we ilata derman kömegini bermäge degişli guramaçylyk işlerini geçirmek, senagat kärhanalarynyň we beýleki edaralaryň serişdelerini ulanyp, dermanhanalaryň maddy enjamlaşdyryş binýadyny pugtalandyrmak we olary gerek bolan enjamlar bilen üpjün etmek;

– ýokarky edaralary, ilaty we KBÖA edaralaryny derman serişdeleri bilen üpjün etmek, arassaçylyk we dermançylyk işi barada görkezmeleriň, buýruklaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek.

*Merkezi etrap dermanhanasy* – farmasewtik işgärleri saýlap, seçip, Türkmenistanyň melhemçilik işi barada kanunyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, olary ýerli-ýerinde goýmak, oýlanyşykly ulanmak we olaryň hünärlerini ýokarlandyrmak baradaky işleri hem alyp barýar. Saglygy goraýyş guramalary bilen bilelikde Merkezi etrap dermanhanasy ilaty we KBÖA edaralaryny derman serişdeleri bilen üpjün etmek barada guramaçylyk işleriniň umumy meýilnamasyny işläp düzýär. Meýilnamanyň başynda degişli ýylda etrabyň dermanhanalarynyň öňünde durýan esasy wezipeler bellenilip geçilýär. Soňra bolsa meýilnamanyň esasy bölümleri düzülýär.

*Olara şu aşakdakylar degişlidir:*

Etrabyň (şäheriň) dermanhana edaralarynyň maddy enjamlaşdyryş binýadyny ösdürmek we berkitmek; merkezi etrap (şäher) dermanhanasynyň garamagyndaky dermanhanalara ýolbaşçylyk etmek we olaryň işine gözegçilik etmek; ilaty we KBÖA edaralary derman serişdeleri bilen üpjün etmek; dermanhana edaralarynyň hojalyk-maliýe we hasaplama işleri; işgärler bilen alnyp barylmaly işler; arassaçylyk, wagyz işleri; işgärleriň durmuşy baradaky işler; ýerli häkimiýet we kärdeşler arkalaşygynyň guramalary bilen aragatnaşyk etmek. Bu meýilnamada maglumat işleriniň görnüşlerini we usullaryny kämilleşdirmek, derman serişdelerine bolan islegi kesgitlemek, olaryň bölünişini we ulanylyşyny gowulandyrmak meseleleri göz öňünde tutulýar. Etrapda bar bolan derman serişdeleriniň amatly ulanylşyna, lukmanlaryň we farmasewtleriň bilelikdäki maslahatlarynda hemişe gatnaşyp durulmagy baradaky meseleler hem şu meýilnama goşulýar. Düzülen meýilnama dermanhana gullugy tarapyndan tassyklanylýar.

Merkezi etrap dermanhanasy ýokary edaralar tarapyndan tassyklanylan meýilnamalaryň esasynda etrapda bar bolan derman ösümlikleriniň ätiýaçlyklaryndan ugur alyp, öz garamagyndaky dermanhanalar üçin derman ösümliklerini taýýarlamagyň meýilnamasyny işläp düzýär we onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär. Merkezi etrap dermanhanasy esasy ünsi etrabyň dermanhanalarynyň

derman serişdeleri bilen üpjün edilişine bermelidir. Merkezi etrap dermanhanasy öz garamagyndaky ýa-da bellibir görnüşleri (zäherli derman serişdeleri, etil spirti, gyt derman serişdeleri) bilen üpjün edip biler. Dermanhanalaryň derman serişdeleri bilen üpjün ediliş tertibine garamazdan etrabyň dermanhanalarynyň dermanlara bolan salgyt talapnamalary ilki bilen Merkezi etrap dermanhanasyna gelýär. Bu ýerde etrabyň dermanhanalaryna baglylykda talapnamalara düzedişler girizilýär we soňra ol dermanhana ammaryna ugradylýar. Merkezi etrap dermanhanasy hyzmat edilýän ilatyň keselçilik ýagdaýyny göz öňünde tutup hem-de etrabyň hünärmenleri bilen maslahatlaşyp, dermanhana ammaryndan gelýän ýörite we gyt derman serişdelerini KBÖA edaralarynyň we dermanhanalaryň arasynda paýlaýar. Merkezi etrap dermanhanasy öz garamagyndaky dermanhanalaryň haryt ätiýaçlyklaryna we derman serişdeleriniň ulanylyş möhletine gözegçilik edýär, gerek bolan halatlarynda olary bir dermanhanadan beýleki dermanhana geçirýär, derman serişdeleriniň kadadan artyk ätiýaçlyklary, olaryň azlyk edýänleri ýa-da ýetmezçiligi barada ýokarky edara maglumat berýär.

Merkezi etrap dermanhanasy zähmeti ylmy taýdan guramagy, derman serişdeleri bilen üpjün etmegiň kämil görnüşlerini we usullaryny dermanhanalaryň işine ornaşdyrýarlar. Merkezi etrap dermanhanasy tabynlygyndaky dermanhana edaralarynyň işini barlaýar, olardaky derman serişdeleriniň hiline gözegçilik edýär, dermanhana we KBÖA edaralarynyň ýolbaşçylary, dermançylyk we lukmançylyk işgärleri bilen ýygnaklary, haryt we maddy gymmatlyklaryň meýilnamaly we duýdansyz tükellemekligi geçirýär, maddy gymmatlyklaryň abatlygyny üpjün etmek üçin çäreleri işläp düzýär, hasap we hasabat işleriniň dogry guralmagyny gazanýar. Merkezi etrap dermanhanasynyň ýanynda hil baradaky geňeş döredilip, ol diňe bir dermançylyk düzgüniň ýerine ýetirilişini barlamak bilen çäklenmän, eýsem taýýarlanylýan önümleriň hilini we ilatyň derman serişdeleri bilen üpjün edilişini ýokarlandyrmak baradaky çäreleri hem durmuşa geçirýär. Ýokarda görkezilen goşmaça işleri amala aşyrmak üçin Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan merkezi etrap dermanhanalarynda uly prowizorlaryň wezipesi tassyklanylýar, olaryň sany merkezi etrap dermanhanasyna berkidilen dermanhanalaryň sanyna bagly bolýar.

Eger-de Merkezi etrap dermanhanasyna oba ýerlerinde:
- 2-den az bolmadyk dermanhana berkidilen bolsa, onda uly prowizoryň 1 wezipesi;
- 7-den az bolmadyk dermanhana berkidilse, 2 wezipesi;
- 14-den az bolmadyk dermanhana berkidilen bolsa – 3 wezipesi;
- 19-dan az bolmadyk dermanhana berkidilen bolsa, uly prowizoryň 4 sany wezipesi girizilýär.

Şäher ýerlerinde:
- berkidilen dermanhanalaryň sany üçden az bolmasa, uly prowizoryň 1 wezipesi;
- 11-den az bolmasa – 2 wezipesi;
- 17-den az bolmadyk bolsa – 3 wezipesi girizilýär.

Uly prowizor şu aşakdaky işleri ýerine ýetirýär:
- etrabyň dermanhanalarynyň, ownuk dermanhana şahamçalarynyň alyp barýan işlerini barlaýar;
- şu edaralara dermançylyk iş hakynda, derman serişdeleri bilen üpjün etmek, derman serişdelerini taýýarlamak we olaryň hiline baha bermek barada maslahat we usuly kömegi berýär;
- dermanhanalardaky derman görnüşleriniň dolulygyna derman ösümlikleriniň çig malyny taýýarlamak baradaky meýilnamanyň ýerine ýetirilişine, maddy gymmatlyklaryň abatlygynyň üpjün edilişine gözegçilik edýär;
- dermanhanalaryň meýilnamalaryny düzmäge, meýilnamaly we duýdansyz geçirilýän tükellemelere gatnaşýar;
- ilatyň derman serişdeleri bilen üpjün edilişi baradaky dermanhana we lukmançylyk işgärleriniň maslahatlaryny taýýarlamaklyga gatnaşýar;
- dermanhana torunyň işini kämilleşdirmek üçin ýerli saglygy goraýyş guramalary KBÖA edaralary bilen hemişelik aragatnaşyk saklaýar. Mundan başga-da etrabyň dermanhanalaryndaky derman serişdeleriniň hiline gözegçiligi amala aşyrmak üçin Merkezi etrap dermanhanasyna her bir 25 müň aýrybaşga dermannama hatynyň meýilnama boýunça mukdaryna prowizor-analitigiň bir wezipesi goşmaça girizilýär (prowizor-analitigiň wezipesi girizilmedik dermanhana-

lar üçin). Merkezi etrap dermanhanasyna müdir-prowizor ýolbaşçylyk edýär. Ol dermanhananyň hemme işine ilaty, KBÖA edaralaryny derman serişdeleri bilen üpjün edilişine we bütin etrabyň dermanhanalarynyň işleriniň alnyp barlyşyna jogapkärdir. Merkezi etrap dermanhanasynyň müdiri tassyklanylan kadalar esasynda dermanhana toruny giňeltmek, olaryň maddy enjamlaýyn binýadyny berkitmek, öz garamagyndaky dermanhanalary derman serişdeleri bilen üpjün etmek, farmasewtik işgärleriň hünärlerini ýokarlandyrmak, derman görnüşleri bilen üpjün etmegiň täze öňdebaryjy görnüşlerini we usullaryny iş tejribesine ornaşdyrmak işlerini yzygiderli alyp barmalydyr.

Merkezi etrap dermanhanasynyň (MED) müdiriniň garamagyndaky dermanhanalarynyň işine degişli meseleler barada buýruklary we görkezmeleri bermäge hukugy bardyr. MED-nyň esasy wezipesi ilatyň we KBÖA edaralarynyň derman serişdelerine we beýleki lukmançylyk serişdelerine bolan isleglerini doly kanagatlandyrmakdan ybaratdyr.

Bu wezipäni ýerine ýetirmek üçin Merkezi etrap dermanhanasy şu aşakdaky işleri amala aşyrýar:

– öz garamagyndaky dermanhana toruny derman serişdeleri we lukmançylyk üçin niýetlenen önümler bilen bökdençsiz üpjün edilişine gözegçilik edýär, maglumat işlerini geçirýär, derman ösümlikleri taýýarlamagy guraýar, halkyň arasynda arassaçylyk, wagyz etme, köpçülikleýin düşündiriş işlerini alyp barýar;
– bütin etrap boýunça dermanhanalaryň meýilnamalarynyň görkezijilerini işläp düzýär we olaryň ýerine ýetirilişine jogap berýär;
– dermanhana toruny tassyklanylan kadalar boýunça giňeltmek we olaryň maddy enjamlaýyn binýadyny berkitmek üçin zerur bolan çäreleri amala aşyrýar;
– derman serişdelerine we lukmançylyk üçin niýetlenen önümlere bolan islegleri kesgitleýär we sargytlary düzýär;
– KBÖA we beýleki edaralary derman serişdeleri we lukmançylyk üçin niýetlenen önümleri bilen şertnama esasynda üpjün edýär;

– öz ulagy bilen ýa-da şertnama esasynda dermanhana gullugynyň we beýleki edaralaryň ulagy bilen derman serişdelerini we lukmançylyk üçin niýetlenen önümleri öz garamagyndaky dermanhana edaralaryna eltip berýär;
– dermançylyk işleri baradaky gözükdirijileriň we kadalaryň Merkezi etrap dermanhanasynyň we etrabyň beýleki dermanhana edaralarynda ýerine ýetirilişine hem-de keseli bejeriş we öňüni alyş edaralarynda (KBÖA), hassahanalaryň, saglyk öýleriniň bölümlerinde derman serişdeleriniň saklanyş we goýberiliş düzgünleriniň berjaý edilşine gözegçilik edýär;
– bütin dermanhana ulgamy boýunça maddy gymmatlyklaryň abatlygyny üpjün etmek üçin şertleri döredýär;
– taýýarlanylýan derman serişdeleriniň hiline gözegçilik etmegi, olaryň goýberiliş düzgünleriniň berjaý edilmegini we iş amalyýýetine ylmyň gazananlarynyň ornaşdyrylmagyny guraýar;
– öz güýji ýa-da potratçy guramalaryň kömegi bilen gurluşyk we abatlamak işlerini geçirýär hem-de garamagyndaky dermanhana edaralaryny maddy enjamlaşdyryş taýdan üpjün edýär.

## 3.4. Dermanhana ammarynyň işiniň guralyşy

Dermanlary we kesel bejeriş, öňüni alyş edaralaryny derman serişdeleri hem lukmançylyk üçin niýetlenen önümler bilen esasy üpjün ediji edara – dermanhana ammarydyr. Dermanhana ammary hojalyk hasaplaşykly edara bolup, ol kesel bejeriş we öňüni alyş, saglygy goraýşyň beýleki edaralaryny hem-de baş dermanhana gullugynyň dermanhana edaralaryny derman serişdeleri, lukmançylyk üçin niýetlenen önümler bilen üpjün edýär.

Dermanhana ammary şu aşakdaky işleri ýerine ýetirýär:

– baglaşylan şertnamalar esasynda derman serişdelerini we lukmançylyk üçin niýetlenen önümleri mukdar, hil we nyrhlar boýunça kabul etmek;
– fiziki-himiki häsiýetlerine we döwlet farmakopeýasynyň talaplaryna laýyklykda derman serişdelerini we lukmançylyk üçin niýetlenen önümleri saklamak;

– kesel bejeriş we öňüni alyş, saglygy goraýşyň beýleki edaralaryndan, sargyt-talapnamalary kabul etmek, derman serişdelerini, lukmançylyk üçin niýetlenen önümleri çekip gaplamak, sargytlary ýygnaşdyrmak, olary goýbermek we dermanhana edaralaryna öz wagtynda eltip bermek;
– harytlar kabul edilende, saklanylanda we ýüklenip ugradylanda olaryň saklanma möhletine, hasap işinde hem-de üpjün edijiler we satyn alyjylar bilen hasaplaşyk geçirilende bahalar baradaky döwlet düzgüniniň berjaý edilişine gözegçilik etmek;
– üpjün edijileriň şertnama boýunça borçlaryny ýerine ýetirmedik wagtynda şikaýat, talap we arza işlerini alyp barmak we olara jerime salmak.

Dermanhana ammary ýokarky edaralaryň tabşyrygy boýunça derman serişdelerine we lukmançylykda ulanylýan önümlere bolan islegiň geljekki meýilnamasyny işläp düzmäge gatnaşýar. Dermanhana ammary Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginde ýa-da welaýat, şäher baş dermanhana gullugynyň gös-göni garamagynda bolup, öz önümçilik-hojalyk işlerini hojalyk hasaplaşygy esasynda alyp barýar.

Dermanhana ammarynyň işiniň esasy görkezijisi haryt dolanyşygy bolup, ol iki görnüşden ybaratdyr:

1. Daşky haryt dolanyşygy derman serişdelerini we lukmançylyk üçin niýetlenen önümleri saglygy goraýyş edaralaryna bölek nyrhda satmak;

| *Dermanhana ammarynyň derejesi:* | *Esasy meselesi:* |
| --- | --- |
| - döwlet derejesinde, | -kabul etmek, |
| - welaýat, | -saklamak, |
| - etrapara. | -üpjün etmek. |

*Harytlary goýbermek:*
Hil we mukdar,
Dermanhana harytlary
ýetirmeklik *talap boýunça*
Haryt gymmatlygyny
gorap saklamak
*şert döretmek.*

Esasy meselesine baglylykda dermanhana ammaryndan:

1. Haryt berijilerden lukmançylyk önümlerini hil-mukdar taýdan kabul ediş işlerini geçirmeklik.
2. Içerki haryt dolanyşygy – hojalyk hasaplaşykly dermanhana torunyň derman serişdelerini we lukmançlykda ulanylýan önümlerini lomaý söwda nyrhlar boýunça goýbermek talap edilýär. Dermanhana ammaryna gözegçiligi müdirlik edýär we onuň işine doly jogap berýär. Ol işgärleri işe almaga we boşatmaga hukuklydyr. Öz işinde dermanhana ammarynyň müdiri ammara degişli düzgünnamadan we hemme kadalaşdyryjy resminamadan ugur alýar. Derman serişdeleriniň her bir toparynyň saklanylyşyny aýdyň şertlendirmek üçin dermanhana ammarynda degişli bölümler guralýar. Ýerine ýetirilýän işleriň göwrümine laýyklykda köp sanly bölümler döredilip bilner. Bu bölümlerde çekip gaplanylýar, dermanhana, kesel bejeriş, öňüni alyş we beýleki edaralaryň sargytlary toplanylýar, saklanylýar we ammara goýberilýär. Dermanhana ammary birnäçe bölümlerden ybarat.

*Dermanhana ammarynyň bölümleri:*

– kabul ediş bölüminden;
– ätiýaçlyklandyryş pasporty boýunça goýberýän bölümden;
– doly bahasyna goýberýän bölümden;
– neşeli derman serişdeleri goýberýän bölümden;
– suwuk derman görnüşlerini goýberýän bölümden;
– awtomatlaşdyrylan dolandyryş bölüminden (ADU) ybaratdyr.

Haryt we maddy gymmatlyklary saklaýan bölümlerden başga-da ammarda kömekçi bölümler hem bolup biler. Olara mysal edip, derman serişdelerini çekýän we gaplaýan, gaplary ýuwujy we ş.m. bölümleri gurnalyp bilner. Bölümlerde prowizorlar we farmasewtler, çekip-gaplaýjylar, gap-gaç ýuwujylar, işçiler, ugradyjylar we beýlekiler işleýärler. Özüne ynanylan işleri ýerine ýetirmek üçin dermanhana ammary ýörite ulag, enjamlar we serişdeler bilen üpjün edilýär. Dermanhana ammarynyň esasy bölümi kabul ediji bölümdir. Bu ýerde üpjün ediji edaralardan gelýän derman serişdeleri we lukmançylyk üçin niýetlenen önümler kabul edilýär. Bu bölüm ýükleriň gelşine

gözegçilik edýär, öz wagtynda gelmedik ýükleri gözläp tapýar. Munuň üçin bölümde ýörite kitapça ýöredilip, onda ammara gelen ýükleriň hemmesi hasaba alynýar.

Gelýän önümleri kabul etmek we olary degişli bölümlere bermek üçin her bir dermanhana ammarynda üçden az bolmadyk adamdan ybarat kabul ediji iş topary döredilýär. Bu iş toparyna kabul ediji müdir, işçisi az bolan ammarlarda bolsa onuň müdiri ýolbaşçylyk edýär. Iş toparynyň düzümine bölümleriň müdirleri, hil boýunça synçy, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri we lukmançylyk önümlerini kabul etmäge degişli adamlar girýär. Käbir ýagdaýlarda iş toparynyň haryt seljeriş bölüminiň ýa-da araçy wekilleri goşulýar. Önüm kabul edýän adamlar onuň mukdar, hil we nyrh boýunça kabul ediş düzgünlerini, lukmançylyk önümleriniň getirilişiniň esasy we ýörite şertlerini, derman serişdeleriniň fiziki häsiýetlerini, olaryň senagatda öndürilýän görnüşlerini we beýleki meseleleri örän gowy bilmelidirler. Dermanhana ammaryna gelen zäherli we neşeli derman serişdelerini dessine zäherli dermanlaryň saklanylýan bölümine geçirilýär. Bu serişdeleriň mukdaryny we olaryň ýany bilen gelen resminamalary dermanhana ammarynyň müdiriniň hut özi barlaýar. Başga şäherlerden gelen önümler mukdar taýdan 20 günüň içinde, tiz zaýa bolýan önümler 24 sagadyň dowamynda, şol bir şäherden gelen önümler bolsa, önüme baglylykda 10 günüň ýa-da 24 sagadyň dowamynda kabul edilmelidir. Eger-de kabul edilme pursadynda haryt ýetmezçiligi ýüze çyksa, onda kabul etme bes edilýär we delilnama düzülýär, onda bolsa kabul ediliş toparynyň hemme agzalary gol çekýär. Şonuň bilen birlikde kabul ediji iş toparynyň başlygy kabul etmegi dowam etdirmek we iki taraplaýyn ykrarnama gol çekmek üçin önümi beren zawodyň wekilini çagyrmalydyr. Delilnama ýetmezçiligi ýüze çykan güni düzülmelidir we onda haryt ýetmezçiliginiň sebäbi, onuň ýüze çykan ýeri görkezilmelidir. Delilnamada iş toparynyň hemme agzalary gol çekenden soň, ol dermanhana müdiri tarapyndan tassyklanmalydyr.

Senagat kärhanalaryndan dermanhana ammaryna gelýän önümleriň ýany bilen olaryň hiline güwä geçýän analitik pasportlar gelýär. Muňa garamazdan köp derman serişdeleriniň hili derman-

hana ammaryna gelende hökmany suratda barlanylýar (sanjym üçin, neşeli, ingalýasion beýhuş etmek üçin ulanylýan derman serişdeleri, bariniň sulfaty we beýlekiler). Dermanhana ammaryna gelen derman serişdeleriniň hili degişli talaplaryna laýyk gelmeýän bolsa, onda dermanhana ammary üpjün edijä habarnama hatyny iberýär we bu barada Saglygy goraýyş we derman senagat ministrliginiň degişli edarasyny habardar edýär. Kabul edilen derman serişdeleri üçin kabul ediş delilnamasy degişli bölümlere geçirilýär we olar resmileşdirilýär.

***Lukmançylyk önümleriniň saklanylyşy.*** Ammaryň bölümlerinde harytlaryň fiziki-himiki häsiýetlerine laýyklykda saklamak üçin gerek bolan şertler döredilmelidir. Derman görnüşleriniň aýry-aýry toparlary üçin olaryň saklanylýan otaglarynda gerek bolan gyzgynlygy, çyglylygy, ýagtylygy berjaý etmek örän uly ähmiýete eýedir. Haryt ýörite gutularda, tekjelerde saklanylýar.

Zäherli we neşeli maddalaryň saklanylyşyna aýratyn üns bermelidir. Bu maddalaryň saklanylýan bölümi iň azyndan üç otagdan: saklanylýan, çekip-gaplanylýan we taýýarlanyp goýberilýän otaglardan ybarat bolmalydyr. Bu otaglar sesli we yşykly signallar bilen abzallaşdyrylýar. Zäherli derman serişdeleri derman görnüşine garamazdan seýflerde we metal şkaflarda gulpuň astynda saklanylmalydyr. Hemme zäherli we neşeli serişdeler diňe seýflerde saklanylýar, aýratyn zäherli maddalar bolsa (myşýakly angidrid, natriniň arsenatynyň kristallary, strihniniň nitraty, simabyň dihloridi, simabyň sionidi we oksisianidi) seýfiň ýörite içki bölüminde saklanýar. Zäherli we neşeli derman serişdeleri saklanylýan otaglary iş gutarandan soň gulplaýarlar we möhürleýärler. Açarlar, möhür zäherli we neşeli derman serişdeleriniň saklanylmagy üçin jogapkär adamda bolmalydyr. Şu bölümde neşeli maddalar üçin dermanhana hatlaryň resminamalary hem saklanylýar. Derman serişdeleriniň saklanma möhletine gözegçilik etmek üçin (şol möhlet çäkli bolsa) derman serişdeleriň bölüme gelen her bir tapgyryna degişli hat doldurylýar. Bu hatda derman serişdesiniň ady, ölçeg birligi, mukdary, bahasy, tapgyry, derňewiň belgisi we saklanma möhletiniň dolýan wagty görkezilýär.

***Lukmançylyk önümleriniň dermanhana ammaryndan goýberilişi.*** Dermanhanalary derman serişdeleri bilen üpjün etmek şu aşakdaky tapgyrlardan ybaratdyr: *sargyt-talapnamany doldurmak, ony dermanhana ammaryna bermek, talapnama düzedişler girizmek, talaby ýerine ýetirmek hem-de harytlary dermanhanalara ýa-da kesel bejeriş we öňüni alyş edaralara eltip bermek.*

Her bir dermanhana üçin talapnamalary bermegiň we ýerine ýetirilip eltip berilmeginiň rejesi bellenilýär. Talapnamalaryň çyzgysy her bir bölüm üçin çap edilýär. Olarda bölümde bar bolan derman serişdeleriniň ýa-da lukmançylyk üçin niýetlenen önümleriniň--şertleri, atlary, ölçeg birlikleri, bölek-satuw we lomaý söwda bahalary görkezilýär.

Dermanhananyň ýolbaşçysy «diňe sargyt edilen» diýen öýjügi doldurýar we talapnamanyň 2 nusgasyny ammara iberýär. Üpjün ediji bölümde ýa-da harytlaryň saklanylýan bölüminde bu talapnama düzedişler edilýär we «goýberilen» diýen bölümi doldurylýar. Soňra talapnama hasaplaýjy merkeze haryt-ulag resminama ýazmak üçin iberilýär. Derman serişdelerine bolan ýyllyk talapnamanyň kanagatlandyrylyşyna baglylykda derman serişdeleri üç topara bölünýär:

1. Doly kanagatlandyrylýan;
2. Doly kanagatlandyrylmaýan;
3. Täze dermanlar.

Doly mukdarda kanagatlandyrylýan dermanlar dermanhanalara--kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryna olaryň talapnamalarynda görkezilen mukdarda goýberilýär.

Doly mukdarda kanagatlandyrylmadyk dermanlar görkezijiler boýunça dermanhana-kesel bejeriş we öňüni alyş edaralarynyň ýanyndaky derman görnüşlerine bolan islegi kesgitleýän, olary amatly bolýan we ulanýan iş toparyň görkezmesi boýunça paýlanýar.

Her bir dermanhananyň ýa-da kesel bejeriş, öňüni alyş edarasynyň talapnamasy boýunça bölümlerde taýýarlanylýan derman serişdeleriniň hemmesi bir ýere ýygnanylyp, gaplamak üçin ugradyş bölümine berilýär, soňra bolsa dermanhana ammarynyň ulagy bilen

dermanhanalara we kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryna eltilip berilýär.

***Zäherli, neşeli dermanlaryň we etil spirtiniň goýberilişiniň aýratynlyklary.*** Zäherli we neşeli derman serişdelerine hem-de etil spirtine bolan sargyt-talapnamalar iki nusgalykda ýazylyp, oňa dermanhananyň müdiriniň goly we möhüri goýulýar, bu maddalaryň mukdary bolsa diňe san bilen däl-de, eýsem harp bilen hem görkezilýär.

Zäherli we neşeli derman serişdeleri ammardan diňe möhürlenen görnüşinde goýberilýär. Ýokarda görkezilen maddalara haryt-ulag talapnamalary beýleki derman serişdelerinden aýratyn ýazylmalydyr we olarda zäherli we neşeli serişdeleriň mukdary ýazmaça görkezilmelidir. Dermanhanalara, kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryna zäherli hem-de neşeli derman serişdeleri ugradyş bölümine barman, gös-göni zäherli maddalaryň durýan bölüminden dermanhananyň müdirine ýa-da farmasewtik bilimli ynanç haty bolan şahsa goýberilýär. Dermanhana ammaryndan çykarylýan harytlar we maddy gymmatlyklar ýörite goýberişler bilen resmileşdirilýär. Bu goýberişler ugradyş bölüminde ýazylýar. Haryt dermanhana ammaryndan çykarylanda goýberişler dermanhana ammarynyň gapysyny goraýan işgärlere berilýär, olar bolsa ony işiň ahyrynda hasabat bölümine tabşyrýarlar. Goýberişleriň sany boýunça berlen harytlar barlanylýar.

# IV BÖLÜM

## 4.1. Harytlaryň sarp edilişiniň hasaba alnyşy

Harytlary satmak bilen baglanyşykly bolmadyk sarp edilmegine şu aşakdakylar: ilkinji lukmançylyk kömegini bermek we hojalyk hajatlary üçin derman serişdeleriniň ulanylmagy, harytlaryň bir hasap toparyndan başga bir topara geçirilmegi, olaryň tebigy ýitgileriniň, döwülen, zaýalanan harytlaryň we ýitgileriň hasapdan çykarylmagy girýär.

Mugt ilkinji lukmançylyk kömegini bermek – dermanhanalaryň esasy wezipeleriniň biridir. Bu maksat üçin dermanhanada derman we başga serişdeleriň SG we DSM tarapyndan tassyklanan sanawy bolan ýörite sandyk bolmalydyr. Bu sanawa kordiamin, atropin sulfaty, etil spirti, walidol, nitrogliserin, karbolen, ýod, pagta, sargy, hasa, şprisler, gan duruzyjy serişdeler, döwülen, çat açan süňkleri gymyldamaz ýaly berkitmek üçin serişdeler we ş.m. girýär.

Ilkinji lukmançylyk kömegini bermekde ulanylýan derman serişdeleri dermanhananyň çykdajylaryna goşulýar. Şonuň üçin olar ilkinji lukmançylyk kömegi berlende sarp edilen harytlaryň hasaba alnýan kitapçasyna (N DH-14) ýazylýar. Bu kitapçanyň sahypalary goýlan we sapak bilen tikilen bolup, ol dermanhananyň möhüri we müdiriň (maddy jogapkär bolmadyk) ýa-da ýokarky edaranyň ýolbaşçysynyň goly bilen tassyklanylmalydyr. Ilkinji lukmançylyk kömegi berlende ulanylan derman we başga serişdeler baradaky maglumat şol kömek berlen badyna kitapça ýazylmalydyr. Onda kömek edilen sene, näsagyň familiýasy, onuň salgysy, edilen kömegiň görnüşi, sarp edilen harytlaryň ady, olaryň mukdary, lomaý we bölek-satuw bahalary hem-de kömek beren şahsyň familiýasy we goly bolmalydyr. Aýyň ahyrynda şu kitapçanyň maglumaty esasynda (*N DH-15 görnüş*) iki nusgalykda güwänama doldurylýar, onda sarp edilen derman serişdeleriniň we sargy önümleriniň bahalary lomaý we bölek-satuw nyrhlarda görkezilýär. Bu güwänama haryt hasabatyna goşulýar. Güwänamanyň belgisi we onuň senesi ilkinji lukmançylyk kömegi berlende sarp edilen harytlary hasaba alnýan kitapçanyň

10-njy öýjüginde bellenilýär. Derman serişdeleriniň gaýtadan barlag üçin we derman ösümlikleri hem-de dermanhanada taýýarlanan derman görnüşleriniň hiline gözegçilik bölümi tarapyndan derňew üçin alnanda iki nusgada delilnama düzülýär. Delilnamada dermannama hatynyň (talapnamanyň) belgisi, derman görnüşiniň düzümi, taýýarlanyň, çekip-gaplanyň, barlanyň familiýalary, dermanyň bahasy, derňew üçin alýanyň we dermanhananyň müdiriniň gollary bolmalydyr. Bu delilnamanyň bir nusgasy derman serişdeleriniň gaýtadan barlanýan bölümine berilýär, beýlekisi bolsa çykdajy resminama hökmünde dermanhananyň haryt hasabatyna goşulýar.

Dermanhanada zerur bolan arassaçylyk we dermançylyk düzgünini berjaý etmek üçin, ýagny sanitar eşikleriň ýuwulmagy, arassalanmagy, gap-gaçlaryň zyýansyzlandyrylmagy, penjireleriň, gapylaryň ýuwulmagy we ş.m, ýagny hojalyk hajatlary üçin ýuwujy serişdeler, hojalyk we hajathana sabyny, hloramin, hlorly hek, ammiagyň ergini, esgi we ş.m. harçlanylýar. Bu harytlar ätiýaçlyk bölüminiň maddy jogapkär şahsy tarapyndan gerek boldugyça kömekçi önümçilik işgärlerine berilýär we ol harytlar berlen badyna hojalyk hajatlary üçin sarp edilýän harytlaryň hasaba alynýan kitabynda (*N DH-13*) bellenilýär. Bu kitapçanyň hemme sahypalary goýlan we sapak bilen tikilen bolup, ol dermanhananyň möhüri we müdiriň (maddy jogapkär bolmadyk) ýa-da ýokarky edaranyň ýolbaşçysynyň goly bilen tassyklanylmalydyr. Aýyň ahyrynda kitabyň maglumatlary esasynda iki nusgalykda güwänama (*N DH-15*) düzülýär we onda dermanhananyň bölümleri boýunça hojalyk hajatlary üçin sarp edilen harytlaryň bahalary (lomaý we ownuk) görkezilýär. Güwänamanyň belgisini we senesini ýokarda görkezilen kitabyň 14-nji öýjüginde belleýärler. Dermanhanada sarp edilen ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdeleri hasapdan çykarmak üçin hojalyk hajatlarynda ulanylan serişdeleri hasapdan çykarmak hakda delilnama (*N DH-57*) iki nusgalykda düzülýär. Delilnamada bu serişdeleriň bellenilen kadalara laýyklykda haýsy maksatlar üçin (elleri, halatlary ýuwmak, jaýlary ýygnaşdyrmak, dermanhana gaplaryny, arassalanan suwy geçirýän turbalary we ş.m. ýuwmak üçin) ulanylandygy görkezilýär. Bu delilnamanyň bir nusgasy merkezleşdirilen hasaplaýyş bölüme berilýär, beýlekisi bolsa dermanhanada galdyrylýar.

*Harytlaryň bir hasap toparyndan başga bir hasap toparlaryna geçirilmegi.* Harytlaryň kömekçi madda hökmünde ulanylmagy (N M-13 görnüş) talapnama bilen resmileşdirilýär. Bu talapnamalar maddy jogapkär adamlar tarapyndan aýda bir gezek düzülýär we aýlyk hasabata goşulýar. Talapnamalarda başga hasap toparyna geçirilýän esbabyň ady, mukdary, bölek we lomaý satuw nyrhlary hem-de bu kömekçi serişdeleriň haryt hökmünde girdeji edilendäki resminamanyň belgisi we senesi görkezilýär. Harytlar saklanylanda, derman görnüşleri, dermanhananyň içerki önümleri taýýarlanylanda ýüze çykýan tebigy ýitgileriň hasapdan çykarylmagy tükellemäniň maglumatlary boýunça degişli kadalaşdyryş resminamalarda bellenilen ýazgylar esasynda amala aşyrylýar. TSG we DSM buýrugy bilen derman serişdeleri pagta, etil spirti we lukmançylyk sülükleri üçin tebigy ýitgileriň kadalary tassyklanylandyr. Şol kada laýyklykda lukmançylyk harytlary saklanylanda, derman görnüşleri, dermanhananyň içerki önümleri taýýarlanylanda we çekip-gaplanylanda bolup geçýän hem-de önüm gaplarynyň ýitgileriniň, lukmançylyk harytlarynyň (gliserin, lanolin, süýt gandy, etil spirti, talk we ş.m.) dermanlaryň taýynlanmagy üçin harçlanyň öwezini dolmak maksady bilen, özbaşdak ätiýaçlyk bölümi bolmadyk dermanhanalar üçin derman serişdeleriniň (zäherli, neşeli maddalardan we etil spirtinden başgasy üçin) tebigy ýitgisiniň şu aşakdaky kadalary bellenilendir:

– aýrybaşga ýazgynyň we dermanhana çekip-gaplamasynyň umumy jeminiň 2,15% möçberinde;
– goşmaça tilsimat işlerini ýerine ýetirmezden dermanhana gabyna çekilip we ölçelip (ýagny agramy angro boýunça ölçelen hem-de derman kärhananyň, ammaryň gabynda bolmadyk) KBÖA we beýleki edaralara, özge dermanhanalara, 1-nji derejeli dermanhana nokatlaryna goýberilen derman serişdeleriniň umumy bahasynyň 0,65% möçberinde.

Eger-de dermanhanada özbaşdak ätiýaçlyk bölümi bar bolsa, onda ýokarda görkezilen kadalar ýitgilere laýyklykda 1,7 we 0,65% möçberinde ulanylýar.

Tebigy ýitgiler iki tükellemäniň arasyndaky döwürde dermanhananyň her bir bölüminde ýokarda görkezilen kadalara bölek satuw nyrhda hasaplanyp çykarylýar we N DH-47 resminamada ýazylýar.

Hasaby düzen hasapçy gol çekýär, dermanhananyň müdiri (maddy jogapkär bolmadyk) ýa-da ýokarky edaranyň ýolbaşçysy bolsa hasaby tassyklaýar. Zäherli we neşeli derman maddalary üçin tebigy ýitgileriň kadasy ekstemporal derman görnüşlerini taýýarlamak üçin sarp edilen mukdarynyň 0,95%-ine we olaryň agramy (angro) boýunça dermanhanalara we 1-nji derejeli dermanhana nokatlaryna goýberilen möçberiniň 0,4% barabardyr. Etil spirti üçin tebigy ýitginiň kadasy ekstemporal derman görnüşlerini taýýarlamak üçin sarp edilen mukdarynyň 1,98%-ine we agramy boýunça KBÖA we beýleki edaralara goýberilen mukdarynyň 0,65%-ine deňdir. Etil spirti dermanhana ammarynda we beýleki saglygy goraýyş edaralarynda köp mukdarda (40 ýa-da 35 *kg* çenli) çekip-gaplanylanda tebigy ýitginiň mukdary azalýar we ol çekip gaplanylan spirtiň mukdarynyň 0,5%-ini tutýar. Çyg çekiji pagtanyň tebigy ýitgisiniň kadasy 100,0 çenli çekip, gaplanylanda onuň bahasynyň 0,85%-ine, 200,0 çenli – 0,45%-ine, 400,0 çenli bolsa 0,35%-ine barabardyr.

Ýokarda görkezilen kadalar aňry çäkdir we olar diňe haryt ýetmezligi ýüze çykanda hasaplanyp çykarylýar. Tebigy ýitgiler zerarly haryt ýetmezçiligi bolmasa we öňünden hasaplap çykdajy etmek gadagandyr. Ýörite gözükdirijiler tarapyndan dermanhanalaryň sanawyna girýän beýleki harytlar (sülükler, äýnekler, olaryň aýnasy, sabyn, gözellik serişdeleri, mineral suwlar, derman ösümlikleriniň çig maly, farfor-toýun we beýleki gaplar) üçin hem tebigy ýitgileriň kadalary bellenilendir. Harytlaryň dermanhanalarda saklanylmagy we satylmagy netijesinde ýüze çykýan ýitgiler ýüze çykdygyça degişli ykrar hatlar bilen resmileşdirilýär. Döwülen derman serişdeleri olaryň döwülendigi baradaky delilnamalar tassyklanylandan soň ýok edilýär. Bu delilnamalar hasaplaýyş bölümine berilýär we tükellemä çenli haryt hasabaty bilen bilelikde saklanylýar.

Harytlaryň nädogry saklanylmagy, ýaramaz gaplanylyp getirilmegi, olaryň saklanma möhletiniň geçmegi we tebigy hadysalar netijesinde emele gelen ýitgileri (döwülme, zaýa bolma) tebigy ýitgilerine goşmak gadagandyr. Şu hili ýitgiler ýüze çykanda ýörite iş topary tarapyndan N-20 görnüşde harytlaryň zaýalanandygy barada 3 nusgada delilnama düzülýär. Delilnamada harydyň nomenklatura belgisi, ady, ölçeg birligi, mukdary, bölek we lomaý satuw nyrhlary,

harydyň haçan we nireden gelendigi (hasabyň belgisi, senesi, ibereniň ady, dermanyň tapgyry, çykan wagty, saklanma möhleti), zaýalanmagyň sebäbi we görnüşi (döwülme, hiliniň zaýalanmagy we ş.m.), barlaghana barlagynyň netijesi we onuň belgisi görkezilýär. Bu harytlar diňe maddy jogapkär şahslaryň harytlaryň zaýalanmagynda günäleriniň ýokdugy subut edilende dermanhananyň hasabyna çykdajy edilip bilner. Ykrar hatyň ýanyna maddy jogapkär adamlaryň düşündiriş hatlary hem goşulmalydyr. Ykrar hatyň 2 nusgasy tassyklamak üçin ýokarky edara iberilýär. Ýokarky edaranyň razylygy alnandan soň zaýalanan harytlar iş toparynyň gatnaşmagynda ýok edilýär we bu barada ykrar haty düzülýär. Bulardan başga hemme halatlarda dermanhana işgäriniň ynanylan işe sowuk-sala garamagy netijesinde döwülen, zaýalanan harytlaryň bahasy kanunda bellenilen düzgüne laýyklykda günäli şahslardan alynýar. Saklanma möhletiniň geçmegi netijesinde derman zaýa bolup hasapdan çykarylanda, çykdajy edilmegi ýörite gözükdirijiniň talaplaryna laýyklykda geçirilmelidir. Dermanhana edaralaryndaky derman serişdeleriniň saklanma möhletiniň geçmegi netijesinde emele gelýän ýitgileri kesgitlemek üçin ýokarky edara ýörite iş toparyny düzýär. Iş toparynyň düzümine ýokarky edaranyň wekili, dermanhana edarasynyň ýolbaşçysy, hasap bölüminiň işgäri, jemgyýetçiligiň wekili we maddy jogapkär şahslar goşulýar. Derman serişdeleriniň saklanma möhletiniň geçmegi netijesinde emele gelen ýitgini haryt-maddy gymmatlyklary tükelleme geçirýän iş topary hem kesgitläp biler. Harytlaryň saklanma möhletiniň geçendigi baradaky ykrar haty 3 nusgada her bir bölüm üçin düzülýär we oňa iş toparyň hemme agzalary gol çekýär. Ykrar hatynyň 1-nji we 2-nji nusgalygy ýokarky edara ýollanylýar, 3-nji nusgalygy bolsa, maddy jogapkär şahsda galýar. Ýokarky edaranyň degişli bölümleri, merkezleşdirilen hasap merkeziniň işgärleri ykrar hatynda görkezilen harytlaryň bahalarynyň, olaryň jemleriniň we umumy bahasynyň dogrulygyny we hakykylygyny barlaýarlar we ony edaranyň ýolbaşçysyna tassyklamak üçin berýärler. Tassyklanylandan soň ykrar hatynyň 1-nji nusgasy çykdajy etmek üçin, rugsat bilen birlikde dermanhana gaýtarylyp berilýär. Saklanma möhleti geçen zäherli we neşeli derman serişdelerini hasapdan çykarmak we ýok etmek üçin dermanhanalar olary merkezleşdirilen tertipde der-

manhana ammaryna berýärler. Çykdajy etmek üçin rugsat berlen derman serişdelerini ýok etmek iş toparynyň agzalary bilen birlikde ýokarky edaranyň we hasap bölüminiň hasap-barlag toparynyň wekiliniň gatnaşmagynda amala aşyrylýar.

Dermanlaryň saklanma möhletiniň geçmegi netijesinde emele gelýän çykdajylaryň öwezini dolmak üçin dermanhana gullugyna umumy haryt dolanyşygynyň 0,1% mukdarynda toplum döredilýär. Harytlaryň satylmagy bilen bagly bolmadyk çykdajylara harytlaryň bahalarynyň peselmegi netijesinde emele gelýän çykdajyny hem goşmak bolar. Bahalaryň peselmegi hökümetiň ýa-da ýolbaşçy edaranyň karary esasynda geçirilýär. Eger-de harytlaryň üçden bir böleginden köpüsiniň bahalary üýtgeýän bolsa, onda hemme harytlar tükelleme edilýär. Harytlaryň üçden bir böleginden azynyň bahasy üýtgeýän bolsa, onda diňe bahasy üýtgeýän harytlara tükelleme geçirilýär. Tükelleme ykrar hatyna harytlaryň köne bahasy, täze bahasy, olaryň bahasy we olaryň arasyndaky tapawut bahasy ýazylýar. Soňra bolsa N-21 görnüşe ykrar haty düzülip, emele gelen çykdajy hasaplanylyp ýazylýar.

Dermanhananyň bir bölüminden başga bir bölümine harytlary goýbermek diňe müdiriň rugsady boýunça amala aşyrylýar. Munuň üçin N-16 talapnama resmileşdirilýär.

Ýokarda görkezilen çykdajylar haryt hasabatynyň (N-25) we dermanhananyň aýlyk hasabatynyň (N-72) çykdajy bölüminde hasaba alynýar. Hasabatyň çykdajy bölümine hemme ýazgylar ýazylandan soň harytlar, gaplar we beýleki haryt-maddy gymmatlyklar boýunça olaryň galyndysy hasaplanyp çykarylýar. Harytlaryň galyndysynyň bahasy harytlaryň şu üç aý üçin tassyklanylan kadasy bilen deňeşdirilýär.

Dermanhanalarda kadadan artyk saklamak olaryň ýitgileriniň ýüze çykmagyna, çykdajylaryň köpelmegine alyp barýar. Şonuň üçin dermanhana işgärleri kadalaşdyryşdan artyk harytlaryň toplanmagyna ýol bermeli däldirler.

## 4.2. Esasy we tiz hatardan çykýan serişdeleriň hasaby

Öňünde duran esasy wezipeleri ýerine ýetirmek, derman görnüşlerini taýýarlamak, olary ilata, KBÖA we beýleki edaralara ýe-

tirmek üçin dermanhananyň ýeterlik derejede maddy-tehniki binýady (jaýy, desgalary, enjamlary, önümçilik we hojalyk enjamlary, ulagy we ş.m.) bolmalydyr. Ýokarda agzalan gymmatlyklar esasy serişde hökmünde hasaba alynýarlar. Umuman alnanda esasy serişdelere bahasy tassyklanan we gulluk möhleti bir ýyldan köp bolan maddy gymmatlyklar degişlidir. Bahasyna garamazdan gulluk edýän möhleti bir ýyldan az bolan gymmatlyklar esasy serişdelere degişli däldir. Şonuň ýaly-da bahasyna we gulluk möhletine garamazdan telefon enjamlary esasy serişdelere degişli däldir.

Esasy serişdeler şu aşakdaky toparlara:

**1.** Dermanhana degişlidigine baglylykda – hususy (dermanhananyň balansynda duran) we karz ýa-da kärendä alnan esasy serişdelere;

**2.** Görnüşi boýunça – jaýlara we desgalara, maşynlara, enjamlara, önümçilik we hojalyk enjamlaryna, ulag we beýleki serişdelere;

**3.** Ulanylyşyna baglylykda – ulanylýan, ätiýaçlykdaky ulanylmaýan (artykmaçlyk edýän) we kärendä berlen esasy serişdelere;

**4.** Önümçilik işlerine gatnaşmagy boýunça – önümçilikdäki we önümçilikde däl esasy serişdelere bölünýärler.

Esasy serişdeleriň bahalary üç: ilki başdaky, dikeldiş we galan bahasy görnüşde bolýar.

*Ilki başdaky baha* esasy serişdäni satyn almak, ony getirmek we guramak üçin edilen çykdajylary öz içine alýar. Bu baha başgaça esasy serişdeleriň balans bahasy hem diýilýär. Ilki başdaky baha diňe iki ýagdaýda:

**1.** Hökümetiň ýa-da ýokarky edaranyň görkezmesi boýunça nyrhlar täzeden kesilende;

**2.** Düýpli abatlamak wagtynda nyrhlar täzeden dikeldilende üýtgäp biler.

Wagtyň geçmegi bilen esasy serişdeler könelýär we olaryň ilki başdaky bahalary azalýar. Bahalaryň bu azalmasyna esasy serişdeleriň könelmesi diýilýär we ol hasapda aýratyn görkezilýär.

*Dikeldiş baha* – häzirki zaman nyrhlarynda şol bir esasy serişdäni öndürmek üçin gerek bolan pula aýdylýar. Adatça, bu baha esasy

serişdelere gaýtadan nyrh kesilende kesgitlenilýär. Türkmenistanda soňky gezek esasy serişdelere gaýtadan nyrh 1996-njy ýylyň 2-nji üç aýlygynda kesildi. Şonuň üçin häzirki wagtda dermanhanalarda 1996-njy ýylyň 1-nji aprelinden öň alnan esasy serişdeleriň hasaby dikeldiş nyrhda, 1996-njy ýylyň 1-nji aprelinden alnanlarynyňky bolsa, ilkibaşdaky nyrhda ýöredilýär.

Galan baha esasy serişdäniň ilki başdaky ýa-da dikeldiş bahasy (bahasy gaýtadan bellenilende) bilen ulanylan könelme bahasynyň arasyndaky tapawuda deňdir. Galan baha hasapda görkezilmeýär, bu baha diňe esasy serişdesi ýok edilende, satylanda ýa-da öň ulanylan esasy serişdeler satyn alnanda kesgitlenilýär. Esasy serişdeleriň könelme bahasynyň onuň ilki başdaky bahasyna bolan gatnaşygyna esasy serişdäniň könelme derejesi diýilýär. Biziň ýurdumyzda esasy serişdeleri hasaba almak işleri Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministrligi tarapyndan (2000-nji ýylyň fewral aýynyň 21-i.) tassyklanylan esasy serişdeleriň hasap merkezi hasaby boýunça düzgünnama laýyklykda amala aşyrylýar. Esasy serişdeleriň hasap merkeziniň hasaby şu aşakdaky meseleleri çözmelidir:

– esasy serişdeleriň abatlygyna we hereketine gözegçilik etmek;
– hasap resminamalarynda esasy serişdeleriň könelme bahasyny we maýyşgaklyk toplumyny dürs kesgitlemek;
– esasy serişdeleriň netijeli ulanylmagyna yzygiderli gözegçilik etmek;
– maýyşgaklyk boýunça toplanan we esasy serişdeleri satmakdan giren pullaryň ulanylyşyna gözegçilik etmek.

Dermanhana gelen esasy serişdeler üçin OS-1 görnüşli ykrar haty resmileşdirilýär we ol hasaplaýyş merkezine berilýär. Hasap merkezi girdeji edilen jaýlar we desgalar üçin OS-6 görnüşde, enjamlar, maşynlar, önümçilik we hojalyk enjamlary üçin bolsa OS-7 görnüşde enjam resminamalary doldurylýar.

Esasy serişdeleriň ýerleşýän we ulanylýan ýerlerinde maddy jogapkär şahslar OS-13 resminamada olaryň enjam sanawyny düzýärler. Bu sanawdaky ýazgylar hasaplaýyş merkeziniň enjam resminamalaryndaky ýazgylara meňzeş bolmalydyr. Esasy serişdeleriň hatardan çykmagy ýa-da hasapdan çykarylmagy iki ýagdaýda:

1. Doly könelmegi sebäpli;
2. Ýokary edaralaryň görkezmesi boýunça olaryň bir edaradan başga bir edara berilmegi netijesinde bolup biler.

Esasy serişdeleri hasapdan çykarmak üçin dermanhanada ýörite iş topary döredilip, ol OS-4 görnüşde (awtoulag üçin OS-4-a görnüşde) ykrar haty düzýär. Esasy serişdäniň ilki başdaky (dikeldiş) bahasy balansyň 01 hasabynda, könelmesinıň bahasy bolsa 02 hasabyna geçirilýär.

Öň belleýşimiz ýaly, ulanylmagy we wagtyň geçmegi netijesinde esasy serişdeler könelýär. Bu könelme her aý maýyşgaklyk bölünip aýrylmalar görnüşinde dermanhananyň çykdajylaryna goşulýar. Şeýlelikde, maýyşgaklyk diýlip esasy serişdeleriň könelen böleginiň bahasynyň dermanhananyň çykdajysyna geçirilmegine aýdylýar. Esasy serişdeleriň bölünip aýrylmalaryny hasaplamaklyk Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi tarapyndan 15/502 sanly 2000-nji ýylyň 24-nji martynda tassyklanylan «Esasy serişdelere amortizasiýa bölünip aýrylmalary hasaplap çykarmaklygyň tertibi hakynda düzgünnama» laýyklykda amala aşyrylýar.

## 4.3. Arzan bahaly we tiz hatardan çykýan zatlar

Arzan bahaly we tiz hatardan çykýan zatlar dermanhana edaralarynyň dolanyşyk serişdelerine degişlidirler. Arzan bahaly we tiz hatardan çykýan zatlaryň hasaby, saklanylyşy, hasapdan çykarylyşy Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi tarapyndan 1994-nji ýylyň 8-nji iýulynda 101451 sanly belgi bilen tassyklanylan «Arzan we tiz hatardan çykýan zatlaryň hasaplaýjynyň hasaby boýunça gözükdiriji barada» gözükdirijä laýyklykda düzgünleşdirilýär. Bu serişdeler ulanylýan ýa-da saklanylýan ýerlerinde olaryň abatlygyna gözegçilik etmek; arzan bahaly we çalt hatardan çykýan zatlaryň hereketini dürs we öz wagtynda hasaba almak; bu zatlaryň mukdary barada takyk maglumatlary öz wagtynda almak; olaryň hakyky mukdarlarynyň bellenilen kadalaşdyryşlara laýyk gelýändigini barlap durmak; ulanylýan zatlaryň öwezini dolmak üçin bahalary dogry hasaplap, olary dermanhananyň çykdajylaryna goşmak ýaly wezipeleri ýerine ýetirmelidir. Arzan bahaly zatlara her biriniň bahasy – 2 minimal (az) aýlykdan (700 manat döwlet

kärhanalar) pes bolan zähmet serişdeleri we zatlary degişlidir. Tiz hatardan çykýan zatlar bolsa, bahasyna garamazdan ulanylyş möhleti bir ýyldan az bolan zatlar, şonuň ýaly-da bahasyna we ulanylyş möhletine garamazdan ştanglazlaryň sany, ýörite geýim we aýakgap, ýorgan-düşekler degişlidir. Arzan bahaly we tiz hatardan çykýan zatlar balansda ilkibaşdaky bahada görkezilýär, şu baha bolsa olaryň satyn alnan bahalary bilen birlikde olary taýýarlamak we getirmek üçin çykan çykdajylary hem öz içine alýar. Bu zatlaryň balans boýunça hasaby olaryň nireden alnandygyna garamazdan «Arzan bahaly we tiz hatardan çykýan zatlar» atly 12-nji hasapda alnyp barylýar. Ulanylmaga berlen badyna bu zatlar bahasynyň 50% çykdajy edilýär we bu jem «Arzan bahaly we tiz hatardan çykýan zatlaryň könelmesi» atly 13-nji balans hasapda görkezilýär. Bahasy 0 manada çenli bolan arzan bahaly we tiz hatardan çykýan zatlar ulanylmaga berlen badyna hasapdan çykarylyp, olaryň bahasy dermanhananyň çykdajylarynyň umumy bahasyna goşulýar.

Dermanhana edaralary arzan baha we tiz hatardan çykýan zatlary hasap-fakturalar boýunça alýarlar we ýörite ykrar haty düzüp, olary haryt toparlaryna geçilýärler. Olaryň hasaby MB-2 görnüşli enjam hasaby hatynda ýöredilýär. Dermanhanalaryň işgärlerine berilýän ýörite geýimleriň (halatlar, telpejikler we ş.m.) hasaby MB-7 görnüşli hasap depderçesinde ulanyp bolmajak ýörite geýimler we beýleki arzan bahaly zatlar MB-8 görnüşli ykrar haty boýunça hasapdan çykarylýar. Bu maksat bilen dermanhanada ýörite iş topary düzülýär.

Her aýyň (3 aýyň) soňunda dermanhanada zatlaryň adyny, enjam sanyny, girdeji we çykdajy edilen mukdarynyň bahasyny we bahasyny görkezmek bilen esasy serişdeleriň, arzan baha we tiz sarp bolýan zatlaryň hereketi barada 2 nusgalykda serişdeleriň her topary boýunça aýry-aýrylykda hasabat düzülýär. Munuň birinji nusgasy delillendiriji resminamalar bilen birlikde dermanhananyň aýlyk hasabatyna goşulýar we bellenilen möhletlerde dermanhana gullugynyň (merkezi etrap dermanhanasynyň) merkezleşdirilen hasap bölümine berilýär. Hasabatyň ilkinji nusgasy maddy jogapkär adamda galdyrylýar. Eger-de hasabat döwründe esasy serişdeleriň arzan baha we tiz hatardan çykýan zatlaryň hereketi bolmadyk bolsa, onda bu serişdeleriň we zatlaryň hasabaty düzülmeýär.

## 4.4. Zähmetiň we iş hakynyň hasaby

Zähmet hakyndaky kanunda iş hakyny tölemegiň şu aşakdaky görnüşleri göz öňünde tutulýar:

**1.** Wagt hasaby boýunça zähmete hak tölemek;

**2.** Zähmete potratlaýyn hak tölemek.

Wagt hasabynda zähmete hak tölemek aýlyk ýa-da günlük haky boýunça işgäriň hakyky sarp eden wagtyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Zähmete hak tölemegiň: ýönekeý we baýrakly töleg görnüşi bolýar.

Ýönekeý tölegde işgäriň zähmet haky onuň hakyky sarp eden iş wagtyna bagly bolýar. Bu töleg hassahana dermanhanalarynda ulanylýar. Baýrakly işgär meýilnama tabşyryklaryny doldursa we artygy bilen ýerine ýetirse, oňa esasy aýlygyndan daşary pul baýragy hem berilýär. Tölegiň bu görnüşi hojalyk hasaplaşykly dermanhanalarda giňden ulanylýar. Zähmete potratlaýyn hak işgäriň aýlygy onuň işlän wagtyna bagly bolman, eýsem onuň öndüren önüminiň mukdaryna (satan dermanlarynyň bahasyna) baglydyr. Zähmete potratlaýyn hak tölemek hem öz gezeginde göni potrada, ösüş potrada, baýrakly potrada we akkord ulgamyna bölünýär. Göni potratda öndürilen önümiň ölçeg birligini, satylan harydyň her bir 100 manadyny bellenilen durnukly nyrha köpeltmek bilen işgäriň zähmet haky kesgitlenilýär. Bu usul ikinji dermanhana nokadynyň işgärlerine hak tölenilende ulanylýar. Ösüş potraty ulanylanda işgäriň kada boýunça öndüren önümine durnukly nyrh boýunça, kadadan artyk öndüren önümine bolsa ýokarlandyrylan nyrh boýunça hak tölenilýär. Baýrakly potratda göni potrat boýunça hak tölemek bilen bir hatarda, işde ýokary hilli görkezijileri gazanandygy üçin işgäre baýrak hem berilýär. Akkord ulgamynda iş hakynyň işiň anyk göwrümi we onuň ýerine ýetirilmeli wagty bilen kesgitlenilýär. Zähmetiň we iş hakynyň hasaby aşakdakylardan ybarat:

– iş wagtynyň ulanylyşyna we iş kadasynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;
– işgärlere iş hakynyň we beýleki tölegleriň öz wagtynda we dogry hasaplanylmagyna gözegçilik etmek;
– zähmet haky toplumynyň ulanylyşyna gözegçilik etmek;
– iş hakyndan salgytlaryň dogry tutulmagyna gözegçilik etmek;

– salgytlar boýunça döwlet hasabaty bilen öz wagtynda hasaplaşyk geçirmek meselelerini çözmelidir.

Zähmet haky toplumyny dogry ulanmak üçin dermanhanalarda işgärleriň sanyny we olaryň işlän iş wagtyny dogry hasaba almagy ýola goýmak zerurdyr. Bu maksat bilen dermanhananyň müdiri ýa-da onuň tabşyrygy bilen başga bir işgär iş wagtyny hasaba alynýan resminama (NT-13 görnüşli) ýöredýär. Bu resminama işgärleriň familiýalary boýunça düzülen sanaw bolup, onda her günde her bir işgäriň hakyky işlän iş wagty görkezilýär. Iş wagtynyň hasabyny ýöredilýän depderçäni ýöretmek işgärleriň wagtly-wagtynda işe gelmegine, iş wagtynyň tygşytly peýdalanylmagyna gözegçilik etmäge we işe gelmeýänleri ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Işgärleriň iş hakyny düzüw hasaplap çykarmak üçin dermanhanalar, merkezleşdirilen hasap bölümi dürs doldurylan we resmileşdirilen depderçe bilen birlikde şu aşakdaky resminamalary hem bermelidirler:

– öz işinden daşarda bir edarada işleýän işgärleriň (utgaşdyryjylaryň) depderi (eger-de şeýle işgärler bar bolsa);
– işe kabul edilendigi barada buýruk (N-1 görnüşli) (eger-de şu aýda täze işe kabul edilen bolsa);
– bir işden başga bir işe geçirilendigi barada buýruk (N-5 görnüşli (eger-de şeýle ýagdaýy bolan bolsa);
– zähmet rugsady berlendigi barada buýruk (N-6 görnüşli) (eger-de şu aýda zähmet rugsadyna gidýän işgär bar bolsa);
– zähmet şertnamasynyň bes edilendigi barada buýruk (N-8 görnüşli) (eger-de haýsy hem bolsa bir işgär işden boşadylan bolsa).

Berlen resminamalaryň esasynda hasap merkezi işgärleriň zähmet hakyny hasaplap çykarýar we (N-49 görnüşde) ýörite görkezmesi düzülýär. Bu resminamada aýlykdan tutulan salgytlar we beýleki tutulan pullar görkezilip, işgäriň eline berilmeli puluň möçberi kesgitlenilýär. Dermanhanada işleýän pensionere hak tölemek üçin hem ýörite resminama resmileşdirilýär. Bu resminama kärdeşler arkalaşygynyň başlygy gol çekýär, çünki töleg serişdeleri döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň serişdesiniň hasabyna tölenilýär. Zähmet haky hakujy görnüşinde berlende ýörite görkezmesi (N-53 görnüşde) resmileşdirilýär. Her bir resminamanyň ahyrynda tölegleriň

umumy jemi çykarylýar we olara dermanhananyň müdiriniň we onuň baş hasapçysynyň gollary goýulýar. Bankdan alnan aýlyk 3 günüň dowamynda tölenilýär, soňra görkezme ýapylýar, tölenilmedik iş haky bolsa (saklanan) berilmedik diýip bellenilýär. Alynmadyk (deponirlenen) aýlyklar döwlet bankyna tabşyrylýar we ol pullary islendik wagt aýlygy üçin bankdan alyp bolýar. Töleg görkezmeleriň ýanyna çatylýan hemme resminamalar bilen birlikde dermanhananyň N-72 görnüşi aýlyk hasabatyna goşulýar.

Zähmet hakynyň toplumy iki bölekden:

– sanaw boýunça işgärleriniň we sanawda ýok işgärleriniň zähmet hakynyň toplumyndan durýar.

– sanaw boýunça işgärleriň zähmet hakynyň toplumy hem öz gezeginde iki bölege bölünýär: zähmet hakynyň esasy we goşmaça toplumyndan durýar.

Zähmet hakynyň esasy toplumyna şu aşakdaky jemler girýär:

– dermanhananyň işgärleriniň aýlyklar boýunça tassyklanylan zähmet hakynyň toplumy (zähmet hakyny artdyrmak üçin goşulýan pullar hem şu jeme girýär);
– baýrak bermegiň hereket edýän ulgamyna laýyklykda meýilnama tabşyryklaryny ýerine ýetirendigi we artygy bilen ýetirilendigi üçin berilýän baýraklar;
– baýramçylyk günleri işlenilendigi üçin berilýän goşmaça hak (käbir ýagdaýda iş wagtyndan daşary edilen iş üçin zähmet haky);
– talyplaryň önümçilik tejribesine ýolbaşçylyk edilendigi üçin töleg;
– dermanhananyň ýolbaşçysynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirýänligi üçin töleg (eger-de şeýle wezipe öz wagtynda degişli resminama bilen resmileşdirilen bolsa);
– ökdelik derejesi berlendigi ýa-da «Türkmenistanyň at gazanan prowizory» diýen hormatly at dakylandygy üçin iş hakynyň ýokarlandyrylmagy;
– ylymlaryň kandidaty ýa-da doktory diýen ylmy derejäniň barlygy üçin iş hakynyň ýokarlandyrylmagy;
– zähmet hakynyň kanunda göz öňünde tutulan beýleki artykmaçlygy.

Dermanhanalaryň zähmet hakynyň esasy toplumyna ýokarda agzalanlardan başga-da dermanhana berkidilen dermanhana nokatlarynyň (1 we 2 belgili) we şahamçalaryň (ulag şahamçalaryň) zähmet haky hem girýär.

Zähmet hakynyň goşmaça toplumyna bolsa şu aşakdakylar degişlidir:

– nobatdaky rugsadyň tölegi.

– ulanylmadyk rugsadyň öwez puly tölegi;

– döwlet we jemgyýetçilik wezipelerini ýerine ýetirmek üçin sarp edilen iş wagtynyň tölegi;

Şu aşakdaky zähmet hakynyň toplumyna goşulmaýarlar we olar aýratyn hasaba alynýarlar:

- bir gezeklik berilýän höweslendiriji baýraklar we bäsleşik üçin sylaglar;
- oýlap tapmalar we ähmiýetli teklipler üçin sylaglar;
- işgär täze bir ýere işe geçirilende (eger-de ol göçmek bilen bagly bolsa) berilýän gündelik harç we ýol harçlary;
- durmuş ätiýaçlygy boýunça tölenilýän kömekler we töleg serişdeleri (pensiýalar);
- ýaş uçurymlara okuwy gutarandygy üçin berilýän rugsadyň tölegi;
- çaga dogulandygy üçin we doly üpjün edilmedik maşgalalaryň çagalaryna berilýän kömek;
- iş sapary üçin edilýän tölegler.
- esasy iş ýerinden daşarda işleýän işgärleriň aýlyklary sanaw boýunça işgärleriň zähmet hakynyň toplumyna goşulýar.

Sanawda ýok işgärler üçin zähmet hakynyň toplumynyň hasabyna diňe sanawy boýunça işgärleriň zähmet toplumynda göz öňünde tutulmadyk işleri geçirmek bolar, ýöne bu işler dermanhana dahylsyz adamlar tarapyndan ýerine ýetirilmelidir. Bu toplumyň serişdeleriniň harçlanylyşy aýratyn hasaba alnyp, onda tölegleri delillendirýän resminamalar, ýagny zähmet ylalaşygy, buýruklar, tölemek üçin pul serişdeler görkezilýär.

***Wezipe boýunça iş hakynyň kesgitlenilişi.*** Dermançylyk işgärleriniň wezipe boýunça aýlyklarynyň möçberini, olary artdyrmalaryň

we goşmaça tölegleriň möçberini edaranyň ýolbaçylarynyň buýruklary bilen bellenilen iş toparlary kesgitleýär. Bu iş toparynyň düzümine edara ýolbaşçysynyň, kärdeşler arkalaşygynyň wekilleri, baş hasapçy, işgärler bölüminiň başlygy, ykdysadyýetçi girýär. Aýlyk haky kesgitlenilende bu iş topary dermançylyk işgäriniň eýeleýän wezipesini, bilimini (ýokary ýa-da orta), hünär derejesini, ylmy derejesini, hormatly adyny, dermanhananyň toparyny we resminamalar bilen tassyklanan beýleki maglumatlary göz öňünde tutýar. Merkezi edara dermanhananyň ýolbaşçylarynyň aýlyklary bu dermanhana berkidilen dermanhanalaryň sanyna we işleriň göwnejaý ýerine ýetirilişine baglylykda bellenilýär. Eger-de Merkezi edara dermanhana 5-den 15-e çenli dermanhana berkidilen bolsa, onda onuň topary bir dereje, eger-de berkidilen dermanhanalaryň sany 15-den köp bolsa, onda iki derejede artdyrylýar.

*Ökdelik derejesi berlendigi mynasybetli wezipe boýunça aýlygynyň köpeldilmegi.* Prowizor-tehnologlar, prowizor-analitikler we prowizor-guramaçylar üçin üç basgançak ökdelik derejesi: iň ýokary, birinji we ikinji ökdelik derejesi bellenilendir. Dermanhana işgärleriniň ökdelik derejesi bar bolsa, onuň wezipe boýunça iş hakynyň üstüne bellenilen göterim goşulýar. Orta bilimli farmasewtler üçin hem 3 basgançakly ökdelik derejesi bellenilýär. Dermançylyk işgärlere hünär synagynyň netijesinde bellenilýär. Ökdelik derejesiniň berlendigi barada buýruk çykandan soň, işgäriň wezipe boýunça aýlygy 5 ýyl möhleti bilen ýokarlandyrylýar.

Dermanhanalaryň ýolbaşçylarynyň wezipe aýlyklary haýsy kär boýunça ökdelik derejesi berlendigine garamazdan köpeldilýär. Dermançylyk ylymlaryň doktory ýa-da kandidaty diýlen ylmy derejesi bar bolan işgärleriň wezipe zähmet haklary hem bellibir möçberde köpeldilýär. «Türkmenistanyň at gazanan prowizory» diýlen hormatly ady bolan prowizorlaryň aýlyklarynyň üstüne hem kesgitlenen pul goşulýar.

***Baýramçylyk we hatyra günlerinde ýerine ýetirilýän işe hak tölemek.*** Baýramçylyk we hatyra gününde ýerine ýetirilýän işe iki esse möçberinde hak tölenilýär:

– potratçylara potratçylyk bahalarynyň iki essesi möçberinde;

– özleriniň zähmetine sagatlaýyn ýa-da gündelik iş birlikler boýunça hak tölenilýän işgärlere – sagatlaýyn ýa-da gündelik iş birlikler boýunça iki essesi möçberinde;
– aýlyk iş hakyny alýan işgärlere baýramçylyk we hatyra gününde edilen iş wagtynyň aýlyk kadalaryň çäklerinde ýerine ýetirilen bolsa aýlykdan daşary sagatlaýyn ýa-da gündelik iş birliginiň bir essesi möçberinde we edilen iş aýlyk kadadan daşary ýerine ýetirilen bolsa, onda zähmet hakyndan daşary sagatlaýyn ýa-da gündelik iş birliginiň iki esse möçberinde.
– baýramçylyk we hatyra gününde işgäriň islegine görä, oňa başga dynç alyş güni berlip bilinýär.

*Gijeki işe hak tölemek.* Sagat 22:00-dan 6:00-a çenli bolan wagt gije hasap edilýär. Gijelerine işlenen mahalynda bellenilen işiň dowamlylygy bir sagat gysgaldylýar. Gijeki işiň dowamlylygy önümçiligiň şertlerine görä zerur halatlarda, hususan-da üznüksiz önümçiliklerde, şonuň ýaly-da bir dynç alyş günli alty günlük iş hepdesi mahalyndaky çalşykly işlerde gündizki iş bilen deňleşdirilýär. Gijeki iş üçin kärhananyň köpçülikleýin şertnamasynda bellenilýän, artdyrylan möçberde hak tölenilýär, ýöne ol kanunlarda göz öňünde tutulanyndan az bolmaly däldir.

## 4.5. Zähmet rugsadynyň görnüşleri we olara hak tölenilişi

Her ýyl berilýän esasy rugsadyň dowamlylygy azyndan 30 senenama güni hasabynda bellenilýär. Mekdepleriň, ýetimler mekdepleriniň hemme görnüşleriniň, çaga öýleriniň we aýratyn kadaly mekdebe çenli edaralaryň, ýokary, orta ýörite, hünärmençilik we beýleki okuw mekdepleriniň mugallym işgärlerine we ýolbaşçylaryna hem-de maýyplara her ýyl berilýän esasy zähmet rugsadynyň dowamlylygy 35 senenama gün dowamynda bellenilýär. Her ýylky esasy rugsady her ýyl berilmelidir hem-de ony işgär şol rugsadyň berlen ýyly tamamlanýança ulanmalydyr. Ýolbaşçy rugsadyň haçan berilýändigi hakynda işgäre rugsada çykmagyna azyndan 15 gün galanda mälim etmelidir. Birinji iş ýyly üçin her ýylky esasy rugsady almak hukugy-

na kärhana edara we gurama bilen zähmet şertnamasynyň baglaşylan gününden beýläk 11 aý geçenden soň eýe bolunýar. Üznüksiz işiň 11 aýy geçmänkä raýatlaryň islegine görä rugsady aşakdakylara berilýär:

– aýallara göwreliligi we çaga dogranlygy üçin berilýän rugsadynyň ýanynda ýa-da onuň yzyndan;
– maýyplara;
– önümçiligi, zähmeti we dolandyryşy guramagy kämilleşdirmek boýunça çäreleri amala aşyrmaklyk; iş ýerleriniň kemelmegi, kärhananyň üýtgedilmegi we ýapylmagy sebäpli öňki iş ýerinden boşadylan işgäre;
– esasy işiniň daşyndan başga işde-de işleýänlere olaryň esasy işleýän ýerinde berilýän rugsat bilen bir wagtda berlip biler. Her ýyl berilýän zähmet rugsady ilkinji we indiki iş ýyllary kärhanada bellenilen zähmet rugsatlarynyň günlerine laýyklykda berilýär. Işgäriň islegine görä şu aşakdakylara rugsat tomus ýa-da onuň üçin amatly bolan başga wagtda berilýär.
– 14 ýaşa ýetmedik iki we ondan-da köp çagaly ýa-da 16 ýaşa ýetmedik maýyp çagaly aýallara;
– 14 ýaşa çenli bir ýa-da ondan köp çaga terbiýeläp ýetişdirýän ýalňyz ene-atalara ýa-da onuň ornuny tutýan adamlara;
– maýyplara;
– radiasiýa betbagtçylygy netijesinde şonuň ýaly ýa-da onuň yzlaryny ýok etmeklikde azar çeken şahslara.

Birinji we indiki iş ýyly zähmet şertnamasynyň baglaşylan gününden indiki ýylyň degişli gününe çenli hasaplanylýar. Esasy zähmet rugsady hasaplanylanda iş ýylyna girýän wagtlar:

– iş ýylynda hakyky zähmet çekilen döwür;
– işgär şu aşakdaky ýagdaýlarda esasy zähmet rugsadynyň başga wagta ýa-da uzaldylmagyna hukugy bardyr:
– wagtlaýyn işe ýarawsyzlykda;
– göwrelilik we çaga dogurmak boýunça zähmet rugsadynyň gelen wagty;
– her ýyl berilýän esasy zähmet rugsadynyň okuw rugsady bilen gabat gelende;
– döwlet borçlary ýerine ýetirilende her ýyl berilýän zähmet rugsadyny ulanýan döwründe wagtlaýyn ýarawsyzlykda bolan

halatynda onda zähmet rugsadyna wagtlaýyn ýarawsyzlygyň günlerine goşulyp artdyrylýar. Toý dabaralaryny geçirmek we merhumy jaýlamak (ýas) üçin goşmaça zähmet rugsady 10 gün orta aýlyk zähmet hakynyň tölenilmegi bilen berilýär: toýy gurnaýan maşgalanyň iki agzasyna (ogly öýermek-gyz çykarmak) 5 gün toýa çenli we 5 gün toýdan soň; merhumyň iki ýakyn garyndaşyna merhumy jaýlamak we ýatlama adatlaryny amala aşyrmak üçin berilýär.

***Durmuşy rugsatlar.*** Rugsatlar raýatlara enelik we çagalyk üçin amatly şertler döretmek, maşgala kömek bermek, ösüp gelýän ýaş nesle terbiýe hem bilim bermek, adamlaryň bilim derejesini artdyrmak hem-de olaryň döredijilik işlerini ýerine ýetirip bilmegi üçin berilýär. Işleýän aýallara göwrelilik döwründe we çagany dograndan soň 112 senenama güni dowamlylygynda haky doly tölenilýän rugsat berilýär. Işleýän aýala dogurmazyndan öň 32 hepdelik göwreliliginde 56 senenama güni dowamlylygynda berilýär. Dograndan soňky rugsady 56 senenama güni dowamlylygynda berilýär. Kynçylykly dogulyş bolanda rugsat 16 senenama gün, iki we ondan köp çaga doglanda 40 senenama güni artdyrylýar. Göwrelilik we dogurmaklyk boýunça rugsady işe ýarawsyzlyk haty esasynda resmileşdirilýär. Rugsat üçin berilmedik hak döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň serişdeleriniň hasabyna tölenilýär. Edaranyň ýolbaşçysy iş ýylynyň dowamynda işgärlere iş haky tölenilmeýän rugsady berip biler. Şeýle rugsat gaýragoýulmasyz durmuş meselelerini, saglygy goramak, bilim almak, dogan-garyndaşlyk parzyny berjaý etmek bilen baglanyşykly meseleleri çözmek üçin hem-de başga esasy sebäplere görä berilýär.

Işleýän aýal işlän wagtyna garamazdan çagany dogranyndan soňky rugsady geçeninden soň iş haky tölenilmeýän çaga seretmek üçin rugsady çagasy 3 ýaşyna ýetýänçä almaga hukugy bardyr. Çaga seretmek boýunça rugsat doly ýa-da kem-käsleýin alnyp bilner. Işgäriň öz islegi boýunça esasy sebäpler ýüze çykanda 7 senenama güni dowamlylykda iş haky tölenilmeýän zähmet rugsady berilýär. Haçanda işgäre rugsat 7 senenama gününden köp gerek bolanda, oňa esasy her ýylky zähmet rugsady ýa-da goşmaça günler berlip bilinýär. Iş haky tölenilmeýän rugsadynyň kesgitlenen dowamlylygyň üstesine işgäriň öz islegi boýunça şu aşakdaky ýagdaýlarda:

– ene-atasy ýok iki ýa-da şondan köp çagany 14 ýaşa çenli terbiýeleýän aýallar ýa-da ýalňyz ene-atalara, hossarlara we ornuny eýeleýän beýleki adamlara 14 senenama güni;
– maýyplara 30 senenama güni;
– ýokary we orta okuw mekdeplerine girmäge dalaş edýänlere synag tabşyrmaga goýberilen işgärlere degişlilikde 15 we 10 senenama güni; (okuw mekdebiniň ýerleşýän ýerine gidip gelmek üçin wagty hasaba alynmaýar).
– näsaglan maşgala agzasyna seretmek üçin onuň dogan garyndaşyna saglygy goraýyş edarasynyň gelen netijesine görä bellenilen möhlete barabar;
– ýaş boýunça pensiýa çykyp işleýänlere iki senenama aýyna çenli berilýär.

***Zähmet rugsady hakynyň hasaplanylyp çykarylyşy.*** Rugsatlara hak tölemek üçin çykarylan ortaça aýlyk gazanç şol rugsadyň haýsy iş ýyly üçin berilýändigine garamazdan, rugsada çykylýan aýdan hasaplanylýar.

Rugsada çykylýan wagtyna çenli edarada 12 senenama aýdan az işlän adamlar üçin gazanç hakyky işlenilen senenama aýlary boýunça hasaplanylýar. Işgäriň islegine görä, kanunlara laýyklykda kem-käs hak tölenilip, işden boşadylan aýlary hem-de işe wagtlaýyn ukypsyz bolan döwri hasapdan çykarylýar. 12 aýyň ortaça aýlyk gazanjy hasaplanylanda şol gazanjyň umumy jemi 12 aýa bölünip hasaplanylýar. 1 ýyldan az wagtyň içinde gazanylan gazanjy hasaplamak üçin hakyky işlenilen aýlarda gazanylan haky hasaplamak üçin hakyky işlenilen aýlarda gazanylan umumy gazanjy şol aýlaryň sanyna bölýärler. Orta hasap bilen bir günde gazanylan haky hasaplap çykarmak üçin ortaça aýlyk haky 29,7-ä bölünýär. Rugsat üçin tölenmeli hakyň möçberi ortaça günlük haky rugsat günleriniň sanyna köpeldilip kesgitlenilýär. Işgär işden boşadylanda onuň ähli peýdalanmadyk her ýyllyk esasy hem-de goşmaça rugsady üçin öwez puly tölenýär. Durmuşy rugsatlarynyň hemme görnüşi diňe niýetlenişi ýaly (hakyky görnüşinde) ulanylyp bilner hem-de olaryň öwez puly bilen çalşyrylmagyna ýol berilmeýär. Rugsatlar hakyndaky kanunlaryň berjaý edilişine umumy gözegçilik Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar. Zähmet rugsady bara-

daky kanunyň berjaý edilişine gözegçiligi ministrlikler we pudaklar, birleşikler, welaýat, etrap we şäher häkimlikleri (olara degişli edaralarynda) ýerine ýetirýärler.

***Iş sapary mahaly çykdajylaryň öwezini dolmagyň kadalary hakynda.*** Gulluk iş saparlary boýunça çykdajylaryň öwezini dolmagyň şu kadalary (iş sapar ýerine gitmekden we yzyna dolanmakdan başgasy) bellenilýär. Ýaşaýyş jaýy boýunça (gije-gündiz):

- Türkmenistanyň çäklerinde hakyky çykdajylary boýunça, ýöne iň az 1 aýlyk hakyň 20%-den köp bolmaly däl;
- GDA ýurtlaryna we beýleki gaýry Döwletlere hakyky çykdajylar boýunça ABŞ-nyň 100 dollaryndan köp bolmaly däl;
- ýaşaýyş jaýy (myhmanlara) boýunça çykdajylaryň öwezi kwitansiýasy (hasap) berilmegi boýunça tölenilip gaýtarylýar. Gije-gündizlik çykdajylary (iş saparynda bolunan her güni üçin):
- Türkmenistanyň çäklerinde iň az 1 aýlyk zähmet hakynyň 10% möçberinde;
- GDA Döwletlerinde ABŞ-nyň 10 dollary ýa-da barýan ýurdunda oňa deň bolan puly: Başga-da daşary döwletlerde ABŞ-nyň 25 dollary möçberinde tölenilýär.

## 4.6. Döwlet kömek pulunyň tölenişi

Türkmenistanyň Döwlet kömek puly hakyndaky (N296)-I kanunyna laýyklykda işgärlere we gullukçylara kömek puluny bermegiň şu aşakdaky: göwrelilik we çaga dogurmak boýunça; çaga seretmek boýunça, zähmet çekmek ukybynyň wagtlaýyn ýitirilmegi boýunça; maýyplyk boýunça (zähmet çekmek ukybynyň kem-käs ýa-da doly ýitirilmegi sebäpli); ekleýjisiz galandygy boýunça: durmuş kömek puly görnüşleri bellenilýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kömek pulunyň başga görnüşleri hem bellenilip bilner. Kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri şu aşakdakylardan:

- döwletiň durmuş taýdan ätiýaçlandyrmasynyň serişdelerinden kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň (kärhanalar) öz serişdelerinden;
- Türkmenistanyň Döwlet hasabynyň serişdelerinden ybaratdyr.

Kömek puluny tölemek üçin serişdeler ýöriteleşdirilen bellibir maksatly toplanmada merkezleşdirilip bilinýär. Kömek pulunyň iň az möçberi her senenama ýyl üçin bellenilýär we ol Türkmenistan boýunça ortaça aýlyk iş hakynyň 40 göterimine deňdir.

Türkmenistan boýunça ortaça aýlyk iş hakynyň görkezijisi her ýyl Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan bellenilýär. Göwrelilik we çaga dogurmak boýunça kömek puly «Rugsatlar hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 15-nji maddasyna laýyklykda bellenilýär. Bellenilýän kömek pulunyň möçberini kesgitlemek üçin şol aýalyň iş (gulluk) ýeri boýunça aýlyk we ortaça günlük iş hak anyklanylýar. Ortaça iş haky göwrelilik we çaga dogurmak boýunça rugsada çykylandan öňki 12 senenama aý üçin anyklanylýar we gazanjyň şol döwürdäki umumy möçberini 12-ä bölmek arkaly kesgitlenilýär. Ortaça günlük gazanç ortaça aýlyk gazanjy 29,7 bölmek arkaly kesgitlenilýär. Bellenilýän hemaýat pulunyň möçberi ortaça günlük gazanjy göwrelilik çaga dogurmak boýunça rugsadyň sanyna köpeltmek arkaly kesgitlenilýär. Göwrelilik we çaga dogurmak boýunça rugsada çykan mahalyna çenli iş (gulluk) ýyly 12 aýdan az bolanda ortaça aýlyk gazanjy hakykatda işlenilen senenama aýlary üçin hasaplanylýar.

Göwrelilik we çaga dogurmak boýunça hemaýat puly ony almaga hukugy bolan adamyň esasy iş (gulluk) ýerinde tölenilýär. Saglyk öýleri tarapyndan bellenilen tertipde berilýän zähmet çekmäge wagtlaýyn ukypsyzlygy hakyndaky hat göwrelilik we çaga dogurmak boýunça hemaýat puluny tölemek üçin esas bolup durýar.

***«Döwletiň kömek puly hakynda» Türkmenistanyň kanunyna goşmaçalar girizmek hakynda***

Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen «Döwletiň kömek puly hakynda» Türkmenistanyň kanunynda «Göwrelilik we çaga dogurmak boýunça döwlet kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri» atly maddasy esasynda maliýeleşdirilýär. Hojalyk hasaplaşygyndaky iş berijiler göwrelilik we çaga dogurmak boýunça kömek puluny öz ygtyýarynda galýan peýdanyň hasabyna, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna saklanylýan guramalar we edaralar bolsa umumy zähmet haky gorunyň tygşytlanan serişdeleriniň we Türkmenistanyň kanunçylygynda

gadagan edilmedik beýleki çeşmeleriň hasabyna maliýeleşdirmegi amala aşyrýarlar. Çaga seretmek boýunça hemaýat puly çagany üç ýaşy dolýança ekläp-saklamak üçin maşgala başyna jemi girdeji iş hakynyň bellenilen iň az möçberinden az bolan mahaly bellenilýär. Çaga seretmeklik boýunça hemaýat puly çaga doglanyndan soňky döwür tamamlanan günden soňky aýyň 1-nji gününden bellenilýär we üç ýaşy dolmadyk çagalaryň sanyna garamazdan her aýda hemaýat pulunyň iň az möçberinde tölenilýär. Enesi ölen, çagadan ýüz dönderen, enelik hukuklaryndan mahrum edilen halatlarda hemaýat puly çaganyň atasyna ýa-da çagany ogullyk (gyzlyk) alan başga bir adama tölenilýär. Zähmet çekmek ukybynyň wagtlaýyn ýitirilmegi işlenilýän döwürde umumy keselçilik, zähmet şikesi, hünär keseli sebäpli ýüze çykýar we şu halatlarda ykrar edilýär:

- adam saglygyny güninleýin ýa-da ýatymlaýyn, şol sanda maýyplar bölüminde bejerdende;
- agyr kesellerden soň saglygyny bejertmeli, içekeselliler üçin ýa-da başga bir şypahanada dowam edilende. Şeýle kesellerin sanawyny Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi kesgitleýär;
- adam önümçilik bilen baglanyşykly keseller ýa-da içekesele uçramagy, ýa-da bolmasa göwresinde ýokanç ýa-da çiş keselleri öjükdirijileriň bolmagy sebäpli başga işe geçirilende;
- lukmançylyk taýdan gelnen netijä görä, maşgalanyň seredilmäge mätäç näsag agzasyna sereden mahaly;
- wagtlaýyn gabaw düzgüni döwründe. Eger zähmet çekmäge ukypsyzlyk: kärhananyň çäginde ýa-da başga bir ýerde iş wagtynda işlän mahaly, şol sanda bellenilen arakesmeler wagtynda hem-de işe başlanmazdan öň we iş tamamlanandan soň iş ornuňy tertibe salmak üçin zerur bolan wagtyň dowamynda;
- işe barýarka ýa-da işden gelýärkä ýolda;
- iş sapary döwründe;

– kärhananyň bähbitlerini goramak boýunça hereketleri eden mahaly;

– raýatlyk borjuny ýerine ýetiren mahaly ýüze çyksa, zähmet çekmek ukyby zähmet şikesi sebäpli, wagtlaýyn ýitirilen diýlip ykrar edilýär. Zähmet çekmäge wagtlaýyn ukypsyzlygyň dowamlylygy:

**1.** Kesel ýa-da zähmet şikesi sebäpli, lukmançylyk gözegçiligine we bejergisine mätäç bolan adamlar üçin – zähmet çekmek ukyby ýitirilen ilkinji günden başlap, ol dikeldilýänçä ýa-da maýyplyk bellenilýänçä;

**2.** maşgalanyň näsag agzasyna seretmek üçin – 7 senenama gününden köp bolmadyk;

**3.** 14 ýaşy dolmadyk näsag çaga seretmek üçin – 14 senenama gününden köp bolmadyk;

**4.** 7 ýaşy dolmadyk, saglygyny ýatymlaýyn bejerdýän näsag çaga seretmek üçin, şeýle hem 14 ýaşy dolmadyk, agyr keselden ejir çekýän çaga çylşyrymly operasiýadan, şikesden ýa-da ýanmakdan soňky döwürde seretmek üçin – 122 senenama gününden köp bolmadyk;

**5.** Önümçilik bilen baglanyşykly keseller ýa-da inçekesel sebäpli, ýa bolmasa göwresinde ýokanç ýa-da çiş keselleriň öjükdirijileriniň bardygy sebäpli, başga işe geçirilen mahaly – iki aýdan köp bolmadyk;

**6.** Aýratyn howply ýokanç keselleriň merkezinde işden çetleşdirilenler üçin – wagtlaýyn gabaw düzgüniniň döwri gelýänçä;

**7.** Mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynda wagtlaýyn girizilen çaga seretmek üçin – 14 senenama gününden köp bolmadyk döwür üçin bellenilýär. Zähmet çekmäge wagtlaýyn ukypsyzlygyň hakyky dowamlylygy bejeriji lukman tarapyndan kesgitlenilýär we zähmet çekmäge ukypsyzlyk haty arkaly resmileşdirilýär.

Eger zähmet çekmäge wagtlaýyn ukypsyzlyk:

– adamyň hukuk düzgünine ters gelýän hereketleri eden mahaly;

– öz saglygyna ýa-da eklenmeginde bolan adamyň saglygyna bilkastlaýyn zyýan ýetiren mahaly;

– içgili, neşe ýa-da güýçli täsir edýän serhoşlyk ýagdaýynda ýüze çykan mahaly zähmet çekmäge wagtlaýyn ukypsyzlyk boýunça hat resmileşdirilmeýär.
– hemaýat pulunyň möçberini kesgitlemek üçin zähmet çekmäge wagtlaýyn ukypsyzlyk ýüze çykan aýyndan öň işlenilen iki senenama aýy üçin ortaça aýlyk we ortaça günlük anyklanylýar. Ortaça aýlyk gazanjyň möçberi zähmet çekmäge wagtlaýyn ukypsyzlyk başlanan aýyň öň ýanyndaky soňky iki senenama aýlaryndaky gazanjyň umumy möçberini 2-ä bölmek arkaly kesgitlenilýär. Ortaça günlük gazanjyň möçberi ortaça aýlyk gazanjyň möçberini 29,7-ä bölmek arkaly kesgitlenilýär. Bellenilýän hemaýat pulunyň möçberi ortaça günlük gazanjy zähmet çekmäge wagtlaýyn ukypsyzlygyň günleriniň sanyna köpeltmek netijesinde alnan möçberiň göterimine barabar bellenilýär we:

1) iş ýylyň dowamlylygy 5 ýyla çenli bolanda şol möçberiň 60 göterimine;

2) iş ýylyň dowamlylygy 5 ýyldan 8 ýyla çenli bolanda şol möçberiň 80 göterimine;

3) iş ýylyň dowamlylygy 8 ýyl we şondan köp bolanda şol möçberiň 100 göterimine barabar bolýar. Iş ýylyň dowamlylygyna garamazdan, zähmet çekmäge wagtlaýyn ukypsyzlyk boýunça hemaýat pulunyň möçberi:

1) zähmet çekmäge wagtlaýyn ukypsyzlyk zähmet şikesi ýa-da önümçilik bilen baglanyşykly keseller sebäpli ýüze çykan adama;

2) 18 ýaşy dolmadyk adama;

3) 21 ýaşy dolmadyk ýetim adama;

4) maýyp diýlip bellenilen tertipde ykrar edilen adama;

5) 16 ýaşy dolmadyk maýyp çagany terbiýeleýän ýa-da 16 ýaşy dolmadyk üç ýa-da köp çaga eklenjinde bolan enä;

6) zähmet çekmäge wagtlaýyn ukypsyzlygyny donorlyk wezipelerini ýerine ýetiren mahaly ýüze çykan adama;

7) beýleki döwletlerde bolan söweş hereketlerine gatnaşan adama;

8) keseline şöhleli täsiriň zyýanly netijeleri sebäp bolan adama, şu maddanyň 2-nji böleginde görkezilen möçberiň 100 göterimine barabardyr.

Zähmet çekmäge wagtlaýyn ukypsyzlyk boýunça hemaýat puly adamyň esasy iş ýerinde saglygy goraýyş edarasy tarapyndan zähmet çekmäge ukypsyzlyk boýunça hat esasynda tölenilýär. Eger näsag lukman tarapyndan bellenilen bejeriş düzgünini ýa-da lukmanyň geçirmeginiň bellenilen möhletini bozsa we zähmet çekmäge ukypsyzlyk boýunça hatda bu barada degişli bellik bolsa, zähmet çekmäge wagtlaýyn ukypsyzlyk boýunça hemaýat puly şol döwür üçin tölenilmeýär. Durmuş kömek (hemaýat) puly «Napagada töleg hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda napagada bellenmäge we döwlete dahylsyz napagada guramalaryndan (toplumyndan) napagada töleglerini almaga hukugy bolmadyk raýata:

– erkek adamlara – 67 ýaşy dolanda;

– aýallara – 62 ýaşy dolanda tölenilýär.

Durmuşy kömek (hemaýat) puly hemaýat pulunyň iň az möçberinde tölenilýär.

Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň serişdelerini eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň peýdalanyşyna we sarp edişine Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministrligi, Türkmenistanyň durmuş üpjünçilik ministrligi, Türkmanistanyň baş döwlet salgyt gullugy we olaryň ýerlerdäki edaralary gözegçilik edýärler.

# V BÖLÜM

## 5.1. Hasaplaşyk işleriniň geçirilişi

Söwda we hojalyk işleri alyp barylanda dermanhanalar dürli edaralar we kärhanalar bilen ykdysady aragatnaşyga girýärler. Bu aragatnaşyklar pul hasaplaşygy arkaly döwlet bankynyň üstünden nagt pulsuz amala aşyrylýar. Diňe az möçberdäki tölegleri edaralara we kärhanalara nagt pula hasaplaşmaga rugsat berilýär. Hasaplaşyk işlerini geçirmek hökümet edaralarynyň tassyklan gözükdirijileri boýunça geçiriliýär. Nagt pulsuz hasaplaşygy giňden ýaýrandygy edaralaryň we kärhanalaryň özleriniň erkin pul serişdelerini bank edaralarynda açylan hasaplaşyk ýa-da gündelik hasaplarda saklanýandyklary bilen düşündirilýär. Hasaplaşyk hasabynda bölümiň ýa-da kömekçi hasaplar, esasan, doly däl hojalyk hasaplaşygynda bolan dermanhanalaryň satuwdan düşen pullaryny ýygnamak üçin şol dermanhanalaryň ýerleşen ýerlerinde açylýar.

Gündelik hasabyň adatça döwlet hasabynda duran edaralar üçin açylýar. Hasaby açmak üçin döwlet bankynyň edarasyna şu aşakdaky resminamalar berilýär:

- Hasaby açmak üçin bellenen nusgadaky arza;
- Dermanhana edarasyny döretmek baradaky karar;
- Dermanhana edarasy hakyndaky kanunyň degişli edara tarapyndan tassyklanylan nusgasy;
- Dermanhananyň ýolbaşçysynyň we baş hasapçynyň gollarynyň nusgasy goýlan resminamasy;
- Dermanhana edarasynyň möhrüniň şekili.

Doly hojalyk hasaplaşygyndaky we bankdan karz almaga hukugy bolan dermanhanalar üçin ýörite karz hasaby açylýar. Bu hasaplaryň kömegi bilen karzlary bermek, olaryň ulanylyşlaryna gözegçilik etmek, karzlary gaýtaryp bermek ýaly işleri amala aşyrylýar.

Eger dermanhananyň ýörite karz hasaby bar bolsa, onda satuwdan giren pul her gün şu hasaba gelýär. Soňra bu puluň satylan harytlaryň söwda goýumlary möçberindäki bir bölegi dermanhananyň hasaplaşyk hasabyna geçirilýär, ikinji bölegi bolsa bankdan alnan karzyny üzmäge gönükdirilýär.

Eger-de dermanhana doly hojalyk hasaplaşygynda işleýän bolsa, onuň döwlet bankynda hasaplaşyk hasaby bar bolsa, onda döwlet bankynyň üstünden nagt pulsyz hasaplaşygy dermanhananyň özi alyp barýar, beýleki halatlarda bu hasaplaşygy ýokarky edaralar amala aşyrýarlar. Derman serişdeleri, özge lukmançylyk harytlary kesel bejeriş hem-de öňüni alyş we beýleki edaralara ownuk-lomaý goýberilmegi bölek, satuw nyrh boýunça alnyp barylýar. Kesel bejeriş we öňüni alyş edarasynyň baş lukmanynyň, baş hasapçynyň goly we edaranyň möhri bilen resmileşdirilen (DH-16) talapnama dermanhana berilýär. Bu talapnamalara dermanhana müdiri ýa-da onuň orunbasary tarapyndan başyndan başlap tertip sany goýulýar. Soňra talapnamalarda goýberiljek harytlaryň mukdary, bahalary goýulýar we doly bahasy hasaplanylyp çykarylýar. Bahasy hasaplanylan we resmileşdirilen talapnama harydy goýberen maddy jogapkär şahs (DH-22) «satyn alyjylara harytlary lomaý goýbermek we olar bilen hasaplaşyk» depderine ýazýar. Bu depderde her bir satyn alyjy üçin aýratyn şahsy hasap açylýar. Bir gezeklik satyn alyjylar üçin bir umumy hasap açylýar.

Harytlary dermanhanalardan almak üçin kesel bejeriş we öňüni alyş edaranyň işgäri M-2 görnüşli ýazylan ynanç hatyny getirýär. Hemişelik ynanç haty bellibir, ýöne 3 aýdan uzak bolmadyk, möhlet üçin berilýär. Düzüminde neşeli we zäherli maddalary bolan derman serişdelerini almak üçin ynanç haty bir aý möhleti bilen ýazylýar. Dermanhanadan derman serişdeleri alandygyny kesel bejeriş we öňüni alyş edaranyň wekili talapnamalaryň hemme nusgalygynda gol çekmek bilen tassyklaýar, dermanhananyň işgäri bolsa, harydy goýberendigi we olaryň bahalarynyň dogrudygy barada oňa gol goýýar. Bellibir möhlet dowamynda (hepde 10 gün we ş.m.) ýazylan we haryt goýberilen talapnamalar boýunça dermanhana hasap resmileşdirýär we ony hemme talapnamalar bilen bilelikde kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryna berýär. Hasap 4 nusgalykda ýazylýar onuň birinji we dördünji nusgalygy kesel bejeriş we öňüni alyş edara, ikinjisi aýlyk hasabata goşulýar, üçünjisi boýunça bolsa haryt bilen goýberilýär.

Ýazylan hasaplar DH-18 görnüşdäki resminamalarda bellige alynýar. Bu sanawda lomaý haryt dolanyşygynyň bütin aý boýunça umumy bahasy we onuň aýry-aýry görnüşleri: dermanhanada taýýar-

lanylýan derman serişdeleriniň, taýýar, agramy çekilip goýberilýän derman serişdeleriniň we beýleki harytlaryň bahalary boýunça görkezilýär. Şol bir wagtyň özünde bu ýazgylaryň DH-23 görnüşli dolanyşyk resminamasyna her bir satyn alyjynyň şahsy hasaby boýunça geçirilýär. Dermanhana we kesel bejeriş şeýle hem öňüni alyş edaralarynyň arasyndaky hasaplaşygyň yzygiderli alnyp barylýandygy üçin alynýan derman serişdeleriniň bahasy birýyllyk şertnama baglaşmak bilen meýilnama boýunça amala aşyrylmalydyr. Bu maksat bilen kesel bejeriş we öňüni alyş edara dermanhananyň hasaplaşyk (ýa-da ýokarky edaranyň) hasabatyna ýakyn 10 gün ýa-da 2 hepde üçin gerek bolan derman serişdeleriniň bahasyny geçirýär. Her aý dolanyşyk resminamasynda özara edilen hasaplaşyk takyklanýar. 3 aýda bir gezek hemme şahsy hasaplar doly barlanylyp, hemme satyn alyjylar bilen özara hasaplaşyk geçirilýär, ýagny debitor, kreditor bergililik bilen deňeşdirilýär.

Debitor bergililik (latynça *debitor – bergidar* diýmekdir) bergidardan alynmaly berginiň bahasydyr.

Kreditor – bergililik (latynça *kredit karz* diýmekdir) karz alnan serişdelere kesel bejeriş we öňüni alyş edarasy bolsa dermanhana döwlet bankynyň üsti bilen 6000000 manat geçiripdir. Diýmek, dermanhana kesel bejeriş we öňüni alyş edara 100000 manat bergili. Ýagny dermanhana üçin bu kredit bergililik, kesel bejeriş edarasy üçin bu debitor bergililik, sebäbi ol karz beren puluny öz wagtynda yzyna almandyr.

Şeýlelik bilen, dermanhananyň bermeli bergisi dermanhana üçin kreditor bergililik, kesel bejeriş we öňüni alyş edara üçin bolsa debitor bergililik bolup durýar. Dermanhanalar hem beýleki edaralar üçin bolşy ýaly, debitor, kreditor bergililigiň ýüze çykmagyna ýol bermeli däldirler. Ýöne bu bergililigi doly ýok etmek başartmaýar. Çünki hasaplaşyk geçirilende birnäçe halatlarda tölegler gijikdirilýär. Käbir halatlarda bolsa hasaplaşygy resmileşdirmek amatly bolar ýaly, geçirilýän pullar tegeleklenýär ýa-da dürli ýagdaýlar ýüze çykanda harytlary karzyna goýbermeli bolýar. Umuman aýdylanda, indiki debitor we kreditor bergililigiň aýyň başyndaky bahasy dermanhana boýunça bir günde satylýan harydyň jeminden köp bolmaly däldir. Emele gelen debitor bergililigi deňeşdirmek üçin edaralar we guramalar 3 aý hasabatdan soňky aýyň 5-den gijä galman hemme bergidar-

lara töleg bildiriş işlerini iberýärler. Bergidar kreditora hat üsti bilen bergisiniň bardygyny ony bellibir wagta çenli talap etmelidir. Eger-de bergidar bergisiniň bardygyny boýun almasa, onda kreditoryň iki taraplaýyn hasabat barlagynyň geçirilmegini talap etmäge hukugy bardyr.

## 5.2. Döwlet bankynyň üstünden geçirilýän hasaplaşyklaryň esasy görnüşleri

Döwlet bankynyň üstünden geçirilýän hasaplaşyk işlerine: akseptor, töleg talapnamasy, töleg tabşyrygy, akkreditiw, aragatnaşyk kärhanalarynyň üsti bilen geçirilýän (poçtanyň, telegrafyň üsti bilen), çek, ýük dolanyşygynyň ýörite sçýotlary boýunça, meýilnamaly tölegler we ş.m.degişlidir.

Hasaplaşygyň haýsy görnüşi amatly we çalt ulanylýan bolsa, iberijiler bilen satyn alyjylaryň arasynda hem şol görnüş ulanylýar. Hasaplaşygy bir şäherde hem-de aýry-aýry şäherlerde ýerleşýän edaralar alyp barýarlar. Eger-de edaralar bir şäherde ýerleşýän bolsa, onda olaryň arasyndaky bolup geçýän hasaplaşyga bir şäherdäki ýa-da şäher içindäki hasaplaşyk diýilýär. Eger-de edaralar we olara hyzmat edýän 192 bank aýry-aýry şäherlerde ýerleşýän bolsa, onda olaryň arasynda emele gelýän hasaplaşyga şäherara hasaplaşygy diýilýär. Iberilýän haryt maddy gymmatlyklar, edilen hyzmatlar üçin hasaplaşygy amala aşyrmak üçin *akseptor* görnüşi giňden ulanylýar. Ol şäherdäki hem-de şäher arasyndaky hasaplaşyk üçin ulanylýar. Hasaplaşygyň bu görnüşinde haryt iberiji satyn alyja haryt iberenden soň töleg talapnamasyny düzýär we ony iberilen harytlaryň hasap-fakturasy we haryt ulag talapnamalar bilen bilelikde özüniň hasaplaşyk hasaby ýerleşen banka berýär. Şeýlelik bilen, haryt iberiji banka hasaplaşyk geçirmegi, ýagny satyn alyjynyň hasabyndan iberilen harydyň bahasyny alyp, haryt iberijiniň hasabyna geçirmegi tabşyrýar. Bank sözlüginde resminamalary şular ýaly edip banka bermäge «Inkassa goýmak» diýilýär. «Töleg talapnamalaryň aksepti» diýmek, satyn alyjynyň şol talapnamany iberijiniň hasabyny tölemäge razylygyny aňladýar. (*aksept* – razylyk). Banklar şäher içindäki we şäherara akseptornyň möhletlerini belleýärler. Şäher içindäki

akseptoryň möhleti 2 gün, şäher arasyndaky akseptoryň möhleti bolsa 3 güne deňdir. Şol möhletleriň içinde satyn alyjy (tölegçi) akseptordan doly ýa-da kem-käs boýun gaçyryp bilýär. Şu aşakdaky halatlarda:

– haryt iberiji öň bahasy tölenen harytlar üçin töleg talapnamasyny berende;
– satyn alyjynyň isleg bildirmedik harytlary üçin töleg talapnamasy berlende;
– satyn alyjynyň razylygy bolmazdan harytlar bellenilen möhletden ir iberilende;
– harydyň hili ýaramaz bolanda satyn alyjy akseptordan (tölemäge razy bolmazlyk) doly boýun gaçyrmaga hukuklydyr.

Käbir halatlarda haryt iberilende goýberilen ýalňyşlyklar üçin akseptordan kem-käs boýun gaçyrmak hem bolýar. Muňa mysal edip haryt iberijiniň harytlaryň bahasyny nädogry görkezmegini, talap edilen harytlar bilen birlikde talap edilmedik harytlaryň hem iberilmegini we ş.m. görkezmek bolar. Bellibir hojalyk işleri üçin: gaz, suw, elektrik togy, hapalary çykaryjy, telefondan peýdalanmak, poçta telegraf hyzmatlary we başgalar üçin töleg talapnamalary gazna goýulmaýar we bank tarapyndan akseptor tölenilýär. Akseptor kanagatlanarly we kanagatlanarsyz bolup bilýär. Kanagatlanarly akseptor bank töleg talapnamasyny diňe satyn alyjynyň hat üsti bilen beren razylygy bolanda töleýär. Kanagatlanarsyz akseptorda bolsa satyn alyjy diňe boýun gaçyrýan bolsa banka hat iberýär. Resminamalaryň aýlanyşygyny çaltlaşdyrýanlygy üçin kanagatlanarsyz akseptor giňden ulanylýar. Hasaplaşygyň akkreditiw görnüşi diňe şäherara hasaplaşygynda bir gezeklik töleg üçin ulanylýar. Bu hasaplaşygy ulanmak üçin tölegi oňa hyzmat edýän banka haryt iberijä hyzmat edýän bankda akkreditiw açmagyny haýyş edip arza bilen ýüz tutýar.

*Akkreditiw* – bu satyn alyjynyň bankynyň (birinjiniň haýyşy boýunça) haryt iberijiniň bankyna iberilen harytlara ýa-da edilen hyzmatlara pul tölegi üçin buýrukdyr. Akkreditiw açmak üçin ýazylan arzada haryt iberijiniň, harydyň ýa-da hyzmatyň ady akkreditiwiň jemini görkezýär. Akkreditiw 25 gün möhlet bilen açylýar, kähalatlarda onuň möhleti 45 güne çenli uzaldylyp bilinýär. Akkreditiw serişdeler dolulygyna we bölekleýin tölenýär. Akkreditiwiň möhleti gutarandan

soň ol ýapylýar, onda ulanylman galan serişdeler tölegçiniň hasabyna gaýtarylyp berilýär. Töleg tabşyryklary boýunça edilýän hasaplaşyklar akseptor görnüşinden tapawutlylykda haryt iberiji tarapyndan däl-de tölegçi tarapyndan amala aşyrylýar. Bu maksat bilen tölegçi özüniň hasaplaşyk hasabyny ýerleşen banka töleg tabşyrygyny berýär we öz hasabyndan tabşyrykda görkezmegi ýa-da hyzmat edijiniň hasabyna geçirmegi tabşyrýar. Hasaplaşygyň şu görnüşi boýunça döwlet hasabynda iş hakyny tölemek üçin we başga tölegler amala aşyrylýar. Aragatnaşyk ministrliginiň edaralarynyň üsti bilen pullar işçiniň haýyşy boýunça amala aşyrylýar. Bank poçtanyň ýa-da telegrafyň üsti bilen başga edaranyň hasaplaşyk ýa-da goýumçy hasabynyň ol ýa-da başga bir wezipeli şahsy aýlyk hakyny ýa-da iş sapary üçin we başga zerurlyklar üçin pul serişdelerini geçirýär. Töleg kagyzy boýunça hasaplaşyk tölegleri çaltlandyrýan iň bir amatly hasaplaşykdyr. Hasaplaşyk töleg kagyzy bu pul resminamasy bolup onda töleg kagyzy ýazan edara (töleg kagyzy beriji) hyzmat edýän banka töleg kagyzyndaky jemini töleg kagyzy görkezýän edara (töleg kagyzy saklaýjy) geçirmegini haýyş edýär. Töleg kagyzynyň kömegi bilen harytlaryň dürli ulag edaralaryň hyzmatlarynyň bahalary tölenýär. Hasaplaşyk töleg kagyzlary birnäçe görnüşde bolýarlar: bank tarapyndan tölemäge güwä geçilen we bank tarapyndan güwä geçilmedik, töleg kagyzly bolan we töleg kagyzsyz töleg kitapçalary bolýar.

Hasaplaşyk töleg kagyzynyň hemme görnüşleri bank tarapyndan taýýarlanylýar we olar kitapça görnüşinde çap edilip birnäçe töleg kagyzlaryndan ybarat bolýar. Tölemek üçin banklar 10 günüň dowamynda kabul edýärler. Çägi bolan töleg kitapçalary bellibir jemi üçin berilýär we bu jemi onuň içki tarapynda görkezilýär. Her bir töleg kagyzy ýazylandan soň, onuň kitapçada galýan bölejiginde galyndysy görkezilýär. Gereginden artyk ýazylan töleg kagyzlary bank tarapyndan güýçsüz diýlip tölenmeýär. Edara limitli töleg kitapçalary berlenden soň onuň hasaplaşyk hasabyndan degişli jemi aýrylýar we bu jemi ýörite hasapda saklanylýar. Töleg kagyzlary görkezilende onuň umumy jemi bu hasapdan aýrylyp, töleg kagyzynda görkezýän edaranyň hasabyna geçirilýär. Kadadan artyk galan serişdeler kitapçanyň eýesiniň hasabyna geçirilýär.Töleg kitapçalary esasan, hasaba alynmadyk hasaplaşyk resminamalary üçin karz alýan

we ýörite karz hasaby bolan edaralar üçin berilýär. Bu kitapçalar birýyllyk möhleti bilen berilýär we olar boýunça islendik ýerde tölenilip bilner. Pul dolanyşygy boýunça aýratyn hasaplaryň üsti bilen geçirilýän hasaplaşyk akkreditiw görnüşe meňzeşdir we ol şäherara hasaplaşygynda ulanylýar. Satyn alyjy öz bankyna bir ýa-da birnäçe haryt iberijiniň ýerleşen ýerindäki bankdan aýratyn hasaby açmagyny sorap arza ýazýar we bu hasaba öz pul serişdeleriniň bir bölegini geçirýär. Arzada hasabyň açyljak bankynyň ady, şol hasaby dolandyrjak şahsyň ady we familiýasy, hasabyň pul serişdeleriniň jemi, şol hasabatdan töleniljek harydyň ýa-da ediljek hyzmatyň atlary görkezilýär. Hasaplaşyklar iberijiniň ýerleşen ýerinde geçirilýär we ol satyn alyjy haryt iberijiler bilen durnukly hasaplaşyk geçirende ulanylýar.

Akkreditiw tapawutlylykda aýratyn hasabyň möhleti çäklendirilmeýär. Bu hasapdan birnäçe iberijiniň harytlary üçin pul tölemek bolýar. Bu hasapdan peýdalanmak üçin hökmany suratda bu ýerde satyn alyjynyň wekili bolmalydyr. Bu hasabyň serişdeleriniň üstüni hem öz serişdeleriniň hasabyna hem-de bank karzlarynyň hasabyna dolmak bolýar. Eger-de bir aýyň dowamynda hiç hili hasaplaşyk geçirilmese, bu hasap ýapylýar we ulanylman galan serişdeler satyn alyjynyň hasabyna geçirilýär. Meýilnamaly tölegler boýunça hasaplaşyk edaralaryň arasynda haryt ibermek we hyzmat etmek boýunça durnukly aragatnaşyk bolsa ulanylýar. Bu hasaplaşykda ýola goýlan satyn alyjy her gün ýa-da her 3-15 günden haryt ýa-da hyzmat üçin pul töleýär. Hasaplaşygyň bu görnüşi dermanhanalaryň we kesel bejeriş we öňüni alyş edaralarynyň arasynda giňden ulanylýar. Edaralar aýda bir gezekden az bolmadyk möhletde özara hasaplaşygy barlap anyklamalydyrlar. Özara talaplary hasaba almak bilen geçirilýän hasaplaşygy ýönekeýleşdirmek we edaralaryň öz aralarynda biri-birine talaplary bolanda serişdeleriň dolanyşygyny çaltlaşdyrmak üçin ulanylýar. Bu hasaplaşykda şol bir edara bir wagtyň özünde, satyn alyjy hem-de haryt iberiji bolup biler. Meselem, dermanhana kesel bejeriş we öňüni alyş edara 1000000 manatlyk derman goýberipdir, kesel bejeriş we öňüni alyş edara bolsa öz gezeginde dermanhana 100000 manatlyk gap gaýtaryp beripdir. Netijede, kesel bejeriş we öňüni alyş edara dermanhana 900000 manat pul geçirmeli. Şeýle 100000 manatlyk haryt özara talap boýunça hasaba alynýar. Şular ýaly özara

hasaplaşyk işlerini azaltmaga we netijede hojalyk hasaplaşygyny berkitmäge we serişdeleri tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

## 5.3. Ykdysady derňew

– *Ykdysady derňew* – dermanhanada önümçilik meýilnamalaryň ýerine ýetirilişiniň ykdysady ugurlaryny barlamagyň usullarynyň esasy görnüşidir. Ykdysady derňew wagtynda maddy serişdeleriň, pul we zähmet ätiýaçlyklaryny ulanmaklykda ykdysadyýeti bähbitli ýokary götermegiň görünmeýän ýollaryny açýar, derman üpjünçiliginde derman serişdelerini almakda ilatyň çykdajylaryny azaldýar. Ykdysady derňewiň esasy maksady – hasabat döwründe önümçiligiň gidişini öwrenmek we ondan netije çykaryp, geljege bähbitli ösüş ýoluny aýdyňlaşdyrmakdan ybarat.

*Ykdysady derňewiň çözmeli meseleleri:*

– haryt aýlanşygy boýunça kabul edilýän meýilnamanyň ýerine ýetirilmeginiň hakyky mümkinçiligini anyklamak;
– kabul edilýän meýilnamanyň önümçilik boýunça goýberilýän önümiň göwrümini, mukdaryny, gurluşyny, hilini hemme taraplaýyn derňemek;
– maddy, zähmet we pul ätiýaçlyklarynyň dogry we bähbitli (girdeji berýän hökmünde) ulanylyşyna baha bermek;
– rejeli ulanmaklygy derňemek;
– hojalyk hasaplaşygynyň esasy talaby bolan her bir zada tygşytlylyk tarapdan çemeleşmek;
– derman önümçiliginde tygşytlylygy, ýagny girdejiligi ýene ýokary götermek üçin ätiýaçlyklary açmak, umumy hojalyk-ykdysady işleri gidejilige tarap ýaýbaňlandyrmak.

Ykdysady derňewiň iň jogapkärli tarapy – önümçiligi, söwdany, pul serişdelerini, çig maly taýýarlamak işlerini doly anyklamakdyr. Geçirilýän ykdysady derňewiň öňünde goýlan meseleler anyk, belli bir zada gönükdirilen, ykjam, täsirli, dogry bolmaly. Maksadyna, çözmeli meselesine, wagtyna baglylykda derňew öňüsyra, hakyky derňew bölümleýin derňewe bölünýär. Ykdysady derňew bölümleýin geçirilýär. Birinji bölümde dermanhana kärhanasynyň haryt aýlanyşy, reseptura dermannama we beýleki ugurlar boýunça meýilnamanyň

ýerine ýetirilşine seredilýär. Ikinji bölümden bellibir bölüm böleklere bölünip öwrenilýär. Meselem, haryt aýlanyşygy satuw, lomaý we beýleki elementler boýunça derňelýär; meýilnamany ýerine ýetirmek boýunça täsir ediji faktorlaryň derejesi, häsiýeti öwrenilýär. Derňewiň soňunda ähli alnan maglumatlardan netije çykarylýar we olar dermanhananyň işiniň gowulanmagyna gönükdirilýär. Ykdysady derňew öwrenilýän mesele boýunça ähli maglumatlar ulanylyp geçirilmelidir.

## 5.4. Haryt-maddy gymmatlyklaryň, pul serişdeleriniň we nagt pulsuz amala aşyrylýan hasaplaşyklaryň tükellenmegi

*Tükellemeklik* – bu gymmatlyklaryň hem-de pul serişdeleriniň we nagt pulsuz amala aşyrylýan hasaplaşyklaryň hakykatdan-da barlygyny we olaryň hakyky ýagdaýyny wagtal-wagtal barlamakdyr. Tükellemekligiň netijelerini hasabyň we hasabatyň maglumatlary bilen deňeşdirip, gymmatlyklaryň ulanylyşynyň we saklanyşynyň dogrulygy kesgitlenilýär. Tükellemekligiň geçirilmegi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanylan ýörite gözükdirijiniň talaplaryna laýyklykda alnyp barylýar. Dermanhana edarlarynda harytlar, gaplar, kömekçi serişdeler, ýarym fabrikat, ýangyç, ösümlik çig maly, gurluşyk harytlary, esasy serişdeler, arzan bahaly, tiz hatardan çykýan enjam, özge maddy gymmatlyklar, pulhanadaky we ýoldaky pul serişdeleri, gymmatly kagyzlar, berk hasabatly blankalar, dürli guramalar, Döwlet banky, işçiler we gullukçylar bilen bolup geçýän özara hasaplaşyk we beýleki hojalyk işlerini tükelleýärler. Keseki edaralara degişli, ýöne dermanhanada saklanylýan ýa-da wagtlaýyn ulanylýan gymmatlyklar hem dermanhananyň öz emlägi bilen birlikde tükellenmäge degişlidir.

Tükellemekligiň esasy wezipeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Esasy serişdeleriň, haryt-maddy gymmatlyklaryň we pul serişdeleriniň hem-de doly gutarmadyk önümçiligiň göwrüminiň hakykatdan-da barlygyny ýüze çykarmak;
- Gymmatlyklaryň we pul serişdeleriniň hakyky ýagdaýyny hasapçy bölümiň hasabynyň maglumatlary bilen deňeşdirip, olaryň tükelligine gözegçilik etmek;

- Saklanma möhleti geçen, az ulanylýan, hili ýaramazlaşan, geçmeýän harytlary we dermanhanada ulanylmaýan gymmatlyklary ýüze çykarmak;
- Maddy gymmatlyklaryň we pul serişdeleriniň saklanylyş düzgüniniň we şertleriniň hem-de abzallaryň ulanylyş düzgünleriniň ýerine ýetirilişini barlamak;
- Balansda hasaba alnan emläkleriň, haryt-maddy gymmatlyklaryň we pul serişdeleriniň, çykdajylaryň, harytlaryň galyndylaryndaky söwda goýulmasynyň, debitor we kreditor bergililigiň we balansyň beýleki görnüşleriniň jemleriniň hakykylygyny barlamak;
- Kadadan artyk we ulanylmaýan maddy gymmatlyklary satmak niýeti bilen ýüze çykarmak. Şu aşakdaky ýagdaýlarda:
- Hasabat bölüminiň hasabatlary we balanslary baradaky düzgünnamada bellenilen möhletlerde;
- Maddy jogapkär şahslar çalşanda işi kabul etme-tabşyrma güni;
- Ogurlyk ýa-da öz wezipesinden hyýanatçylykly peýdalanmak we gymmatlyklary zaýalamak ýagdaýy ýüze çykan badyna;
- Ýangyn ýa-da tebigy betbagtçylyklar bolanda – şol bada;
- Haryt-maddy gymmatlyklaryň we esasy serişdeleriň bahalary üýtgände tükelleme hökmany suratda geçirilýär.

Eger-de haryt maddy gymmatlyklaryň 1/3 az böleginiň (pul hasabynda) bahasy üýtgän bolsa, onda diňe şol gymmatlyklar tükellenilýär. Eger-de olaryň 1/3-den köp böleginiň bahasy üýtgeýän bolsa, onda gymmatlyklaryň hemmesi tükellenilmäge degişlidir. Köpçülikleýin (brigada) maddy jogapkärçilikde tükellenmäniň geçirilmegi şu aşaky ýagdaýlarda:

– köpçüligiň ýolbaşçysy çalşanda;
– köpçülikden onuň 50%-den köp agzalary gidende;
– köpçüligiň bir ýa-da birnäçe agzasynyň talaby boýunça;
– köpçüligiň ýolbaşçysy uzak wagtlap (nobatdaky zähmet rugsadyna, bilim derejesini ýokarlandyrmaga we ş.m.) gidende we ondan gaýdyp gelende hökmandyr.

Dermanhana edaralarynda tükelleme şu aşaky möhletlerde geçirilýär:

1. Ownuk bölek-satuw dermanhana torunda, dermanhanalarda harytlaryň, gaplaryň, kömekçi maddalaryň we beýleki gymmatlyklaryň tükellenmesi ýylda iň azyndan 2 gezek–bir gezek meýilnama boýunça, bir gezegem duýdansyz;
2. Madda mukdar hasapda duran (zäherli, neşeli maddalar, spirt we ş.m.) – her aýda we indiki aýyň başynda;
3. Ýoldaky harytlar we önümçilik gymmatlyklary, ýüklenilip iberilen harytlar, ýoldaky pullaryň jemleri – her aýda;
4. Harytlaryň galyndysyndaky çykdajylar – her 3 aýda, 3 aýlyk hasapda yzyndaky aýyň başynda;
5. Pulhanadaky saklanylýan pul serişdeleri, gymmatly kagyzlar, berk hasada duran resminamalar – haryt maddy gymmatlyklar tükelleme ýazgy edilende;
6. Esasy serişdeler, arzan bahaly, tiz hatardan çykýan enjamlar – ýylda iň azyndan bir gezek (ýöne 1-nji noýabrdan öň bolmazlyk şerti bilen);
7. Maddy zyýanyň öwezini dolmak baradaky hasaplaşyk – ýylda iň azyndan 2 gezek–1-nji ýanwardan 1-nji iýuna çenli;
8. Gymmatlyklaryň zaýalanmagy netijesinde emele gelen ýitgiler we ýetmezçilikler – ýyllyk hasabatyň we hasabyň düzülmeginiň öň ýanynda, dekabr aýynyň başynda;
9. Banklar bilen hasaplaşyk – bankdan göçürip almalar alyndygyça, ýöne iň azy aýda bir gezek, aýyň başynda;
10. Maliýe guramalaryna geçirilýän salgytlaryň, girdejilerden edilýän hasaplaşyk – iň azyndan 3 aýda 1 gezek;
11. Ýokarky edaralaryň bölek-satuw tory, dermanhanalar, dermanhana nokatlary we ş.m. bilen hasaplaşygy – her aýyň birine;
12. Algydar we bergidarlar bilen hasaplaşyk – iň azyndan ýylda 2 gezek;
13. Harytlaryň galyndysyndaky söwda goýulmalary – harytlar tükellenende.

***Tükellemegi geçirmegiň umumy düzgünleri.*** Tükellemegiň geçirilmegini guramagy we oňa gözegçilik etmegi dermanhana gullugynda döredilýän hemişe hereket edýän tükelleýji düzüm amala aşyrýar. Gymmatlyklaryň tükellemesini geçirmek üçin işçi agzalar

şu aşakdaky düzümde döredilýär: düzümiň başlygy – tükellemäni belleýän ýokarky edaranyň wekili, düzümiň agzalary – hasap işgärleri, maddy jogapkär şahslar we beýleki hünärmenler. Iş toparynyň düzümi ýörite buýruk bilen tassyklanýar. Gerek bolan mahalynda iş toparynyň düzümine prowizor-analitik, prowizor-tehnologlar goşulýarlar. Iş toparynyň düzüminde tükelleme edilýän gymmatlyklary,olaryň bahalaryny, hasap-hesip işlerini oňat bilýän tejribeli hünärmenler girizilmelidir.

Ilaty we kesel bejeriş, öňüni alyş edaralaryny derman serişdeleri bilen üpjün edilişini peseltmezlik üçin tükelleme gysga möhletde geçirilmelidir. Eger-de tükelleme maddy jopgapkär adamyň ýok wagty, tebigy betbagtçylykdan, ýangyndan, ogurlykdan soň geçirilýän bolsa, onda tükelleme geçirýän iş toparynyň düzümine ýokarky guramanyň ýa-da keseki edaranyň wekili goşulmalydyr. Tükelleme ogurlykdan we talaňçylykdan soň geçirilýän bolsa polisiýa habar edilmelidir. Tükelleme başlamazdan öň maddy jogapkär şahslar iş toparynyň başlygyna, hasap bölüminiň gymmatlyklarynyň we pul serişdeleriniň galyndylary çykarylan haryt we pulhana hasabatlaryny ýa-da girdeji we çykdajy edilen harytlaryň we önümleriň resminamalarynyň sanawy berilmelidir. Şonuň bilen birlikde maddy jogapkär adamlar tükelleme başlanmanka girdeji we çykdajy edilen resminamalaryň ählisiniň hasabata ýa-da sanawa we olaryň hasabat bölümine ýa-da tükelleme geçirýän iş toparyna berlendigi barada dil hat ýazýarlar. Pulhana işgärinden pulhana hasabaty alynýar. Pulhanadaky pul serişdeleri sanalyp barlanylýar we pulhana guraly boýunça günde satuwdan giren puluň jemi kesgitlenilýär. Tükelleme geçirilýän wagty hemme söwda we maliýe işleri bes edilýär we keseki adamlar tükelleme edilýän otaglara goýberilmeýär. Nahar iýilmäge gidilende we günüň ahyrynda tükelleme geçirýän adamlaryň barysy jaýdan çykýarlar we otaglary gulplaýarlar hem möhürleýärler. Möhür we berkidiji serişde iş toparynyň başlygynda, açarlar bolsa maddy jogapkär şahslarda saklanylýar. Maddy jogapkär şahslar iş toparynyň beýleki agzalarynyň ýanynda hemme harytlary çekýärler, ölçeýärler we sanaýarlar. Açylmadyk harytlar (gaplar, uly gutular, çelekler we ş.m.) açylmalydyr we olaryň hili hem mukdary barlanylmalydyr. Diňe açylanda hili ýaramazlaşjak harytlary ýa-da harydyň kärhanadan ibe-

rilen gabynda saklanylýandygyna iş toparynyň gözi ýetende olaryň gabyny açmazlyga rugsat berilýär. Her bir barlanýan harydyň ady, tükelleme ýazgysynda aýry-aýrylykda, olara mahsus bolan alamatlary görkezmek bilen bellenilýär. Madda-mukdar hasabynda durýan derman serişdeleri deňeşdirme resminamasyna ýazylýar we onda bu derman serişdeleriň hakyky mukdaryndan başga-da olaryň hasap boýunça mukdarlary, iki tükellemäniň aralygynda harçlanan mukdarlary we tebigy ýitgileriň kadasy görkezilýär. Ýazgylar üç ýa-da dört görnüşde diňe syýa ýa-da ruçkalar bilen ýazylýar. Bu ýazgylaryň her sahypasy doldurylandan soňra iş topary ondaky ýazgylaryň hemme nusgalygynda dogrulygyny barlaýar we şu aşakdakylary oňa ýazýar:

1. Şu sahypada bar bolan haryt-maddy gymmatlyklaryň tertip sany;
2. Gymmatlyklaryň tebigy görkezijilerde aňladylan mukdarynyň umumy jemi (san we söz bilen).

Ýazgynyň iň soňky sahypasynda umumy jeminden başga-da bütin ýazgy boýunça gymmatlyklaryň umumy jemi görkezilmelidir. Müşderilere satylan we bahasy tölenen ýöne tükelleme başlanýança dermanhanadan alnyp gidilmedik, beýleki maddy gymmatlyklar hem tükelleme edilmelidir we aýratyn hasabatda ýazylmalydyr. Bejeriş ýa-da özge edaralar üçin taýýarlanylýan, ýöne bahasy tölenilmedik harytlar umumy ýazga dermanhananyň harydy hökmünde goşulýar. Keseki edaralaryň haryt-maddy gymmatlyklary hem dermanhananyň öz harytlary bilen bilelikde tükelleme edilýär we olar üçin aýratyn ýazgy düzülýär. Tükelleme mahalynda dermanhana gelen haryt-maddy gymmatlyklar iş toparynyň gatnaşmagynda maddy jogapkär adamlar tarapyndan kabul edilmelidir we «Tükelleme mahalynda gelen harytlar» diýlen ýazgyda görkezilip, tükellemeden soňra girdeji edilmelidir. Zaýalanan harytlar (saklanma möhleti geçen, zaýalanan we ş.m.) aýratyn resminama goşulýar. Şu harytlar üçin iş topary ýörite ykrarnama düzýär we onda harydyň zaýalanmagynyň sebäplerini we günäkärleri görkezýär. Saklanma möhleti geçen harytlar üçin ykrarnamalar ýokarky edaralaryň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanandan soň olar çykdajy edilýär (eger-de maddy jogapkär adamlaryň harydyň zaýalanmagynda günäsi bolmasa) we iş toparynyň gatnaşmagynda bu harytlar ýok edilýär. Saklanma möhleti geçen neşeli derman

serişdeleri dermanhana ammara gaýtarylyp berilýär, bu ýerde olar çykdajy edilýär we ýok edilýär.

*Gaplaryň tükellenilişi.* Ilki bilen gaplar görnüşleri boýunça seljerilýär we olaryň mukdary hasaba alyş kitaplaryň maglumaty bilen deňeşdirilýär. Şunda boş we harytly gaplar üçin aýry-aýry resminamalar düzülýär, olarda gaplaryň ady, mukdary we bahasy görkezilýär.

*Özge gymmatlyklaryň tükellenilişi.* (Kömekçi önümler, ösümlik çig maly, ýangyç, gurluşyk materiallary we ş.m.) hem edil harytlaryň tükellenmesi ýaly geçirilýär, ýöne olar baradaky maglumat aýratyn ýazgyda gökezilýär.

*Pul serişdeleriniň tükellenilişi.* Pulhanadaky pullaryň jemi, pullaryň we gymmatly kagyzlaryň (utuşly sowalnamalar, markalar we ş.m.) sanlaryny hasaplamak bilen kesgitlenilýär.

Pullaryň hakyky jemi pulhana gökezijileri bilen we dermanhananyň bölümlerindäki çekleriň jemi bilen deňeşdirilýär.

*Berk hasabatly resminamalaryň tükellenmesi.* Munda olaryň hakyky mukdary barlanylýar we zähmet depderçeleri, resminamalar, ynanç hatlary we beýleki berk hasabatly resminamalar ýörite depderçede görkezilýär.

*Esasy serişdeleriň, arzan bahaly we tiz hatardan çykýan enjamlaryň tükellenilişi.* Iş topary her bir gurluş toplumynyň gurallarynyň barlygyna göz ýetirýär we ýörite ýazgylara olaryň adyny, tükelleme ýazgy nomeri we gerek bolan tehniki maglumaty ýazýar. Arzan bahaly we tiz hatardan çykýan enjamlar aýratyn depdere ýazylýar.

*Nagt, pulsuz amala aşyrylýan hasaplaşyklaryň tükellenilişi.* Munda dermanhananyň müşderiler, hasaplaşykly şahslar, işçiler we gullukçylar bilen hasaplaşygy, debitor we kreditor bergileri barlanylýar.

Tükellemegiň netijesi ýörite ykrarnamada görkezilýär. Bu ykrarnamada hasaplaşygyň görnüşi, ylalaşylmadyk kreditor we debitor bergileriň jemi, jedelli we dawasyz bergiler we hasaplaşykda goýberilen beýleki kemçilikler görkezilýär.

*Käbir derman serişdeleriniň we beýleki harytlaryň tükellenme mahaly barlanylyşy.* Şeýle barlaglar ilki bilen bejeriş öňüni alyş edaralary üpjün edýän dermanhanalarda amala aşyrylmalydyr. Bu ýerde tükellemäniň maglumatlaryndan, fakturalaryndan we beýleki gir-

deji, çykdajy resminamalardan peýdalanmalydyr, barlanylmaly lukman ýokarky edara tarapyndan kesgitlenilýär. Bu barlag her bir haryt üçin görnüşi, gaplanylyşy, möçberi, bölek-satuw bahasy, tükelleme gününiň başyndaky we ahyryndaky galyndysy, girdeji we çykdajy edilen mukdary görkezilýär.

*Tükellemäniň netijesiniň çykarylyşy.* Ähli tükelleme ýazgylarynyň we ykrarnamalarynyň jemi jemlenilip, nomerleri goýulýar we olara iş toparynyň agzalary gol çekýärler. Resminamanyň ahyrynda maddy jogapkär adamlar harytlaryň hakyky mukdarynyň ýazgylarda dogry ýazylandygyny we hemme haryt maddy gymmatlyklary özüniň jogapkärçiliginde alyp galýandygy barada dil haty berýärler. Ýazgylarda harytlaryň lomaý-satuw we bölek-satuw nyrhlary görkezilýär. Tükellemäniň ilkinji netijesi tükelleýji iş topary tarapyndan çykarylmalydyr. Ahyrky netijesi bolsa dermanhana gullugynyň hasap topary tarapyndan çykarylýar. Tükelleme netijesinde harytlardan ýüze çykarylan artykmaçlygy girdeji edilýär, ýetmezçilik bolsa maddy jogapkär adamlar tarapyndan tölenilýär.

*Tebigy ýitgileriň hasaplanylşy.* Dermanlaryň, pagtanyň lukmançylyk sülükleriniň we dermanhana gaplarynyň tebigy ýitgileriniň bellenilen kadasy diňe tükelleme netijesinde haryt ýetmezçiligi ýüze çykanda Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň buýrugy bilen saklanylýar. Tebigy ýitgiler görnüşi Dh47 resminamada hasaplanylýar we her bir maddy jogapkär adam üçin aýratyn doldurylýar.Tebigy ýitgileriň kadasyny taýýar derman serişdeler üçin ulanmak gadagandyr. Saklama möhleti geçen derman serişdeleriniň bahasyny tebigy ýitgileriň kadasyna goşmak bolmaýar, olar özbaşdak ykrarnamalar boýunça çykdajy edilmelidir.

# VI BÖLÜM

## 6.1. Hojalyk hasaplaşykly dermanhana edaralarynyň hasabaty

Hasabat dermanhana edaralarynyň we bütin dermanhana torunyň bellibir wagt arasyndaky meýilnama tabşyryklaryň ýerine ýetirilişini we hojalyk guramalarynyň işleriniň netijesini öz içine alýan umumylaşdyrylan görkezijileriniň ulgamydyr.

Hasaplaşyk şu talaplary kanagatlandyrmalydyr: ol takyk, anyk we hakyky bolmalydyr. Dermanhana edaralarynyň we guramalarynyň hasabatynyň maglumatlary hakyky, pugta, ykjam barlanan we ilkinji hasabyň kömegi bilen tassyklanylan bolmalydyr. Görkezijileri tükellemegiň netijesinde tassyklanylan hasabat hakyky hasap edilýär.

Diňe takyk we anyk hasabatyň esasynda dogry netije çykarmak we dermanhana edaralarynyň hojalyk işlerindäki kemçilikleri ýok etmek, olaryň öňüni almak bolýar. Hasap açyk, ýönekeý we zähmetkeşleriň giň köpçüligine düşnükli bolmalydyr. Ol öz wagtynda, ýagny bellenilen möhletinde düzülmelidir. Hasabat bellenilen bir görnüşde we usul boýunça düzülmelidir. Hasabyň we hasabatyň görkezijileri meýilnamanyň görkezijileri bilen deňeşdirip boljak ýagdaýda bolmalydyr. Hasap we hasabat arzan bolmalydyr, ýagny hasaby alyp barmak we hasabaty düzmek üçin çykýan çykdajylar ujypsyz bolmalydyr. Dermanhana edaralarynyň we guramalarynyň hasabaty köp alamatlary boýunça synplara bölünýär. Hasabatyň maglumatlarynyň çeşmesi boýunça ol hasabat bölümine we maglumat hasabatyna bölünýär. Hasabat hasabyň hemme görnüşleriniň maglumatlary ýerine ýetirişlerine, ylaýta-da olaryň maliýe ýagdaýyna barlag etmekde hasabat bölüminiň hasabaty möhümdir. Düzülen möhletleri boýunça hasabat ýyllyk, on günlük, 3 aýlyk, ýarym ýyllyk bolýar. Dermanhana edaralary aýlyk, 3 aýlyk, ýyllyk hasabat bölüminiň hasabatyny şu aşakdaky edaralara berýärler:

- Dermanhananyň bölümleri, ownuk bölek şahamçalary – dermanhananyň müdirine;
- Oba dermanhanalary, dermanhana dükanlary – merkezi etrap dermanhanalaryň hasabat bölümlerine;

- Merkezi etrap dermanhanalary, şäher dermanhanalary, dermanhana ammarlary «Welaýat dermanhana müdirligi» dermanhana birleşiginiň hasabat bölümlerine;
- «Welaýat dermanhana müdirligi» birleşigi, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi «Baş dermanhana» birleşigine, ýerli maliýe bölümlerine, döwlet edaralaryna.
- Maglumat bölümlerine we ýörite hasabat açylan ýerleri bolan Döwlet bankynyň edaralaryna.

Dermanhanalar we dermanhana dükanlary üçin aýlyk we 3 aýlyk hasabatlaryň we balanslaryň berilmeli möhletleri ýokarky edaralar tarapyndan bellenilip bilner.

Hasabatyň berilmeli möhletiniň bozulandygy üçin dermanhana edarasynyň ýolbaşçysy we baş hasapçy bellenilen tertipde jogapkärçilik çekýärler. Berlen hasabatlar we resminamalar barlanylýar, ara alnyp maslahatlaşylýar we tassyklanylýar, gerek bolanda olara degişli düzedişler girizilýär. Ýokarky edaralar alnan hasabatlary 15 günüň dowamynda tassyklamalydyr.

***Merkezleşdirilen hasaby alyp barýan dermanhanalaryň aýlyk hasabaty.*** Merkezleşdirilen hasaby ýöredýän dermanhanada aýda bir gezekden az möhletlerde AP-72 görnüşindäki hasaby ýokarky edara bermäge borçludyr. Bu hasabat DH 70 görnüşinde düzülen pul serişdeleriniň we satuwdan giren puluň hereketiniň sanawy bilen açylýar. Bu resminamanyň ýüz tarapynda dermanhananyň pulhanadaky nagt pul serişdeleriniň hereketi olaryň girdejisi we çykdajysy boýunça görkezilýär. Pulhanadaky puluň aýyň başyndaky galyndysyny, ondaky puluň geçen aýyň ahyryndaky galyndysyna deň edip alýarlar. Satuwdan giren pula dermannamalar (dermanhanada taýýarlanýan derman serişdeleri we taýýar derman serişdeleri) boýunça goýberilen derman serişdeleriniň dermannamasyz goýberilen derman serişdeleriniň bahalary girýär. Bütin aý boýunça satuwdan giren puluň jemi pulhananyň her günde düzýän hasabaty esasynda kesgitlenilýär. Bu resminamada dermanhana nokatlarynyň, şahamçalaryň bir aýdaky girdejileri hem görkezilýär. Döwlet bankyndan, merkezi etrap dermanhanasyndan gelen arenda üçin giren we yzyna gaýtarylýan hasabatly berlen pullar hem pulhananyň hasabaty boýunça jemlenen görnüşde şu resminamanyň girdeji bölüminde görkezilýär.

DH-70 görnüşli çykdajy bölüminde Döwlet bankyna tabşyrylan puluň jemleri görkezilýär. Şu ýerde işgärlere tölenilýän iş hakynyň, ilatdan satyn alnan derman ösümlikleriň, dermanhana gaplarynyň bahalarynyň, ýangyç we başga zatlar üçin tölenen pullaryň hasabaty berlen pullaryň jemi hem görkezilýär. Iň soňunda bolsa girdeji we çykdajy boýunça umumy jemi we aýyň ahyrynda pulhanada galan puluň galyndysy hasaplanyp çykarylýar. Ol bolsa pulhana işgäriň aýyň soňky gününde düzen hasabatyndaky (DH-32) galynda deň gelmelidir. Döwlet bankynda subhasap ýa-da goýumça hasaby bolan dermanhanalar «Subhasap» hasaby diýen resminamany doldurýarlar.

Dermanhananyň hasabatynyň esasy bölümi haryt hasabatydyr (DH-25). Bu hasabatyň ýüz tarapynda harydyň, kömekçi maddalaryň, gaplaryň, ýangyjyň, ösümlik çig malynyň we beýleki maddy gymmatlyklaryň hereketiniň pul görnüşindäki jemi we bütin aý boýunça umumy girdejileriň jemi görkezilýär. Haryt hasabatynyň girdeji bölüminde ýazgylar gymmatlyklarynyň ilkinji resminamalaryň esasynda her bir resminama boýunça aýratynlykda iki bahada alyp barýarlar. Haryt hasabatynyň çykdajy bölüminde satylan harydyň jemi pulhana çekleriniň hasaby esasynda doldurýarlar. Çykdajynyň başga görnüşleri (harydy goýbermekligi, harydyň bahasynyň peselmegi, zaýa bolan harytlary ykrarnama boýunça hasapdan çykarmak) degişli resminamanyň esasynda her bir görnüşi boýunça aýratyn görkezilýär. Edilen ýazgylar esasynda girdeji we çykdajy bölümler boýunça aýry-aýrylykda jemi jemlenýär we gymmatlyklaryň her bir görnüşi boýunça galyndysy hasaplanyp çykarylýar.

Haryt hasabatynyň ahyrynda gaplaryň her bir görnüşi, bahasy, mukdary we jemi bahasy boýunça hereketi görkezilýär. Dermanhananyň hasabatyna satyn alyjylaryň, beýleki guramalaryň we şahslaryň dolanyşyk resminamasy (Dh-23) hem goşulýar. Bu resminamanyň birinji bölüminde dermanhananyň hemme satyn alyjylarynyň sanawy dermanhananyň nagt pulsuz özara hasaplaşygy, aýyň başyndaky galyndylary (dermanhananyň peýdasyna ýa-da zyýanyna) girdejiler we çykdajylar boýunça olaryň dolanyşygy görkezilýär, olaryň aýyň ahyryndaky galyndylary (dermanhananyň peýdasyna ýa-da zyýanyna) hasaplap çykarylýar. Dolanyşyk resminamasynyň bu bölümi lomaý goýbermek we satyn alyjylar bilen hasaplaşyk kitapçasy ýazgylar

esasynda görkezilýär. Dermanhananyň hasabatynyň ýanyna satyn alyjylara haryt saýlamak üçin ýazylan hasap-talapnamalaryň sanawy (DH-18) hem goşulýar. Sanawyň ýanyna hemme hasap talapnamalar goşulýar we merkezleşdirilen hasabat bölümine berilýär.

Dermanhananyň aýlyk hasabatynda ýörite çyzgyda ownuk bölek-satuw torunda harytlaryň we puluň hereketi görkezilýär. Bu bölümde ownuk bölek–satuw torunyň ady (ýa-da müdiriniň familiýasy) olaryň salgysy, harydyň aýyň başyndaky galyndysy, girdejiniň we çykdajynyň umumy bahasy girýär we aýyň ahyrynda olaryň galyndysy çykarylýar. Aýlyk hasabatynyň bu bölümi ownuk bölek-satuw torundan alnan, barlanan we tassyklanan haryt hasabatlarynyň esasynda doldurylýar. Bölek-satuw dolanyşygyny aýlyk hasabatynda görkezmek üçin bütin aýyň dowamynda bu dolanyşyk bellige alynýar, (goýberilen derman serişdeleri we ownuk bölek-satuw torunyň girdejisi aýratyn görkezilýär). Dermannamalaryň sany we bahasy baradaky maglumat dermannamalary hasaba alynýan depderden, dermannamasyz goýberilýän derman serişdeleriniň mukdary we bahasy bolsa pulhana işgäriniň hasabatyndan alynýar. Dermanhananyň aýlyk hasabatynyň indiki bölümi esasy serişdeleriň arzan bahaly we tiz hatardan çykýan enjamlaryň hereketi baradaky hasabat bolup durýar. Bu hasabaty maddy jogapkär şahslar esasy serişdeler boýunça aýratyn az bahaly we tiz könelýän enjamlar boýunça hem aýratyn düzýärler we olaryň hereketini görkezýärler. Girdeji we çykdajy boýunça aýyň ahyryndaky umumy galyndyny hasaplap çykarýarlar.

Ösümlik çig malynyň, kömekçi we gurluşyk harytlarynyň ýangyjyň, beýleki maddy gymmatlyklaryň hereketi aýlyk hasabatyna goýulýan dolanyşyk resminamasynda görkezilýär. Bu serişdeleriň umumy bahalarynyň jemi galyndysy, girdejisi we çykdajysy (DH 25 görnüşli) haryt hasabatynyň ýüz tarapyndaky maglumatlara deň gelmelidir. Aýlyk hasabaty zähmet haky baradaky güwänama bilen tamamlanmalydyr. Bu güwänamada aýyň başyna tölenmän galan iş hakynyň umumy bahasy aý boýunça hasaplanyp, ýazylan iş hakynyň umumy bahasy, aýyň ahyrynda tölenmän galan iş hakynyň umumy bahasy girýär. Iki nusgada düzülen hasabat hemme resminamalar bilen dermanhana müdiri we baş hasabat bölüminiň goly bilen ýokarky edaranyň merkezleşdirilen hasabat bölümine iberilýär. Barlanylandan we ýokarky edaranyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklany-

landan soňra hasabatyň bir nusgasy dermanhana gaýtarylyp berilýär. Merkezleşdirilen hasapda duran dermanhanalar 3 aýlyk we ýyllyk hasabat düzmeýärler. Bu dermanhanalaryň aýlyk hasabatlarynyň maglumatlary ýokarky edaralarda umumylaşdyrýarlar we olaryň gutarnykly netijesi 3 aýlyk we ýyllyk hasabatlara derňew edilenden soňra dermanhanalara ýetirýärler.

Hasabat bölüminiň hasabynyň gutarnykly ulgamyny alyp barýan dermanhanalarda aýlyk we ýyllyk hasabatlary hem düzülýär. 3 aýlyk hasabat öz içine alýan maglumatynyň giňligi bilen aýlyk hasabatlaryndan tapawutlanýar. Bu hasabatlara hasapdan başga-da maglumat hasabatyň maglumatlary (harytlaryň satylmagy we goýberilmegi, çykdajylary we girdejileri, ýitgiler, haryt maddy gymmatlyklaryň kemçilikleri hem girýär. 3 aýlyk we ýyllyk hasabatlarynyň ýanyna düşündiriş hatlary hem goşulýar. Olarda dermanhana edarasynyň hojalyk we maliýe netijesine täsir eden esasy hadysalara düşündiriş berilýär, meýilnamanyň dolmadygynyň sebäpleri we bu kemçilikleri aradan aýyrmak üçin edilýän çäreler barada aýdylyp geçilýär.

***Hassahana dermanhanasynyň işiniň hasabaty.*** Ýurdumyzyň dermanhanalary hem her aýyň 25-inden indiki aýyň 25-ine çenli aralykda bir aýyň dowamyndaky edilen işler boýunça hasabat berýärler. Bu dermanhanalarda aýlyk hasabaty, esasan, mukdar sanda berilýär.

| N | Dermanlaryň ady | Ölçeg birligi | Aýyň 25-ine sany | Bahasy | Jemi puly | Gelen sany | Bahasy | Jemi puly | Çykdajy sany | Bahasy | Jemi puly | Indiki aýa galyndy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | |

____________________________

Dermanhana müdiriniň goly

Hassahana dermanhanalary derman serişdelerini derman ammaryndan hasap resminamasy boýunça alýar. Bu resminamada dermanlaryň ady, ölçeg birligi, sany, bahasy, lomaý bahasy, satuw bahasy görkezilýär.

## 6.2. Haryt maddy gymmatlyklarynyň hasaba alnyşy

Halk hojalygynyň aýry-aýry pudaklaryny dolandyrmagy kämilleşdirmek häzirki zaman ykdysady meseleleriniň iň esaslarynyň biri bolup durýar. Bu meseläni çözmek üçin hojalyk hasaplaşykly edaralary we kärhanalary ykdysady taýdan ösdürmek, eýeçiligiň her bir görnüşlerini girizmek we bazar ykdysadyýetine geçmek zerurdyr.

Dermanhana gullugy ilata we kesel bejeriş we öňüni alyş edaralaryna lukmançylyk harytlaryny satmak netijesinde girdejini alýar. Olar derman serişdelerini lomaý-satuw nyrhlardan satyn alyp, bölek-satuw bahadan hem satýarlar, olaryň nyrhlarynyň arasyndaky tapawut girdeji diýlip hasaba alynýar. Hasaplaşyk hasabyndan dermanhana esasan haryt däl işleri: ulag, telegraf-telefon, okuw esbaplary hyzmatlary üçin harçlary, kärende üçin we döwlet hasabynda edilýän we ş.m. çykdajylary tölenýär. Nagt pulsuz hasaplaşygy amala aşyrmagyň döwlet tarapyndan bellenilen şertleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– hasaplaşyk hökmany suratda banklaryň üstünden amala aşyrylmalydyr;
– tölegler haryt-maddy gymmatlyklary alyjylara ýüklenende, işler ýerine ýetirilenden we hyzmatlar edilenden soň amala aşyrylýar;
– töleýjiniň razylygy bilen ýa-da onuň tabşyrygy bilen geçirilýär;
– tölegler töleýjiniň hasabynda onuň hususy serişdeleri bar bolanda ýa-da bellenen tertipde Döwlet bankynyň karzynyň hasabyna amala aşyrylýar;
– alyjynyň hasabyna pul serişdeleri diňe bu serişdeler töleýjiniň hasabyndan alnandan soň geçirilýär.

Hasaplaşyk we gündelik hasaplaryndan tölegler şu aşakdaky yzygiderlikde toparlaýyn alnyp barylýar:

1-*nji topar* – iş haky ýa-da döwlet we durmuş ätiýaçlandyrmasy we durmuş üpjünçiligi üçin tölegler, döwlet hasabynda edilýän tölegler.

2-*nji topar* – haryt-maddy gymmatlyklar, ýerine ýetirilen işler, edilen hyzmatlar üçin tölegler.

3-*nji topar* – girdejiden edilen tölegler, maýyşgaklyk bölüp aýyrmalary düýpli gurluşygy we düýpli abatlamagy maliýeleşdirmek

üçin niýetlenen tölegleri, şertnama we beýleki borçlary ýerine ýetirilmedigi üçin tölenýän pullar.

4-*nji topar* – bankyň beren karzyny üzmek üçin tölegler.

5-*nji topar* – galan hemme tölegler.

Dermanhana edralarynda alnyp barylýan bank işleri şu aşakdaky hasaplaşyklary öz içine alýar:

1. Kesel bejeriş we öňüni alyş şeýle hem beýleki edaralar bilen olara goýberilýän lukmançylyk harytlary üçin.
2. Iberijiler bilen (dermanhana ammary, söwda tory, ýangyç we başga zatlar bilen üpjün edýän edaralar we ş.m.) dermanhana gelen haryt-maddy gymmatlyklar üçin;
3. Dürli guramalar we edaralar bilen olaryň dermanhana üçin eden hyzmatlary (elektrik togy, suw bilen üpjün etmek, abatlamak işlerini alyp barmak, ulag hyzmatyny etmek);
4. Döwlet hasaby bilen işgärleri aýlyklaryndan tutulyp alnan salgyt we durmuş ätiýaçlandyrmanyň toplumyna edilýän tölegler üçin geçirilýän (poçtanyň, telegrafyň üsti bilen) töleg kagyzy, ýük dolanyşygynyň ýörite hasaby boýunça, meýilnamaly tölegler we ş.m.
5. Dermanhanada taýýarlanylan, ýöne näsaglar tarapyndan wagtynda alynmadyk pes hilli derman serişdeleriniň galany (NDH-3).
6. Derman serişdeleri aýrybaşga dermanhana boýunça taýýarlanylanda alynýan tarifler netijesinde emele gelýän pul möçberi (DH-59 ýa-da DH-65).
7. Göz äýnekleri bejerilende we taýýarlanylanda emele gelýän goşmaça baha (hasabat düzülýär).
8. Başga dermanhanalardan alnan derman serişdeleriniň bahasy (DH-16).

Bu işler geçirilende dermanhanalarda degişli dermannamalar doldurylýar.

*Hojalyk hasaplaşygy* – bu hojalygy meýilnama boýunça alyp barmagyň usuly bolup, ol her bir edaradan we kärhanalardan edilen çykdajylary we işiň netijesini pul hasabynda deňeşdirmegi, önümçilikde edilen çykdajylarynyň öwezini alnan girdejileriň hasabyna dolmagy, düşewündiň netijesini ýokarlandyrmak

üçin maddy taýdan höweslendirmegi we jogapkärçiligi talap edýär. Hojalyk hasaplaşygyny berkitmegiň, esasy we dolanyşyk ýygyndylarynyň amatly ulanylmagynyň, edaranyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmagyň wajyp serişdesidir. Önümçilik, paýlamak, alyş-çalyş etmek we maddy gymmatlyklary sarp etmek işini hasaba almak, bulara hemişe gözegçilik etmek, olaryň mukdaryny ölçemek we hasaba almak ýoly bilen amala aşyrylýar.

*Hojalyk hasaby* – bu hojalyk işlerini mukdar we hil görkezijileriniň kömegi bilen ylma esaslanyp, alnyp barylýan ulgamdyr. Bu bolsa meýilnama boýunça ýolbaşçylyk etmek we eýeçiligi abat saklamak we ony ulanmak üçin gerekdir.

Biziň ýurdumyzda hasaba almak we hasabat işleri barada maglumat bermek «Türkmenmillihasabat» instituty tarapyndan alnyp barylýar. Ministrligiň we pudaklaryň hasabat bölüminiň hasabyna we hasabatyna usuly taýdan ýolbaşçylygy Ykdysadyýet we maliýe ministrligi alyp barýar. Hojalyk hasabynyň öňünde durýan meseleler we oňa bolan talaplar halk hojalygynda, onuň aýry-aýry pudaklarynda, bellibir edarada we kärhanada alnyp barylýar.

Dermanhana edaralaryň hasabaty şu aşakdakylardan durýar:

1. Meýilnama görkezijileriniň haryt dolanyşygynyň dermannama sanyna, tutuş girdejileriň, çykdajylaryň we ş.m. ýerine ýetirilişine gözegçilik etmekden;
2. Edaralarda we kärhanalarda hojalyk hasaplaşygyny girizmäge we ony berkitmäge ýardam bermekden;
3. Tygşytlylygy amala aşyrmaga, dermançylyk işgärleriniň amatly ulanylmagyna, olaryň iş wagtynyň tygşytlanylyşyna, harytlaryň ýitgileriniň azaldylmagyna we ş.m. gözegçilik etmekden;
4. Eýeçiligiň abatlygynyň üpjün edilişine gözegçilik etmekden;
5. Zähmete we sarp edilmäniň çägine gözegçilik etmekden. Hasap maglumatlarynyň kömegi bilen zähmet haky toplumynyň dogry ulanylyşyny, dermanhananyň işgärleriniň meýilnamany ýerine ýetirmekleri üçin maddy taýdan höweslendirilendigini barlamaklykdan;
6. Ilatyň derman serişdelerine we lukmançylyga niýetlenen önümlere bolan isleglerini kesgitlemekden ybaratdyr.

Bu meseleleri ýerine ýetirmek üçin hasap şu talaplary kanagatlandyrmalydyr:

1. *Öz wagtyndalyk we täsirlilik*. Hemme hojalyk işleri bolup geçen pursadynda hasaba alynmalydyr. Olaryň mazmuny wagtynda ara alnyp maslahatlaşylmalydyr.
2. *Hasabyň maglumatlarynyň takyklygy we ýerlikliligi.* Maglumatlary tassyklaýan ýörite resminamalar bolmalydyr. Hasap ýönekeý we düşnükli bolmalydyr.
3. *Arzanlyk we tygşytlylyk.* Hasaby amala aşyrmak üçin köp serişde sarp edilmeli däldir. Onuň üçin hasaplaşyk enjamy ulanylmalydyr. Hasabyň usullary we görnüşleri kämil bolmalydyr, hasaplaýjy işgärleriň hünäri hemişe ýokarlandyrylyp durmalydyr.

## 6.3. Hasabyň ölçeg birlikleri we hojalyk hasabynyň görnüşleri

Hasabyň üç hili tebigy, pul we zähmet ölçeg birligi bardyr.

*Tebigy ölçeýjiler* – hasaba alynýan maddalary agram, göwrüm, uzynlyk we mukdar birliklerinde ölçemäge mümkinçilik berýär. Tebigy ölçeýjileri ulanyp meýilnamanyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek bolýar.

*Pul ölçeýjisi* – hasap bölüminiň hasabynda hemme taraplaýyn ölçeýjidir. Onuň kömegi bilen dürli hojalyk işlerini her hili gymmatlyklaryň dolanyşygyny, zähmediň sarp edilişini ölçemek bolýar. Dermanhanalarda harytlaryň hasaby pul birliginde amala aşyrylýar.

*Zähmet ölçeýjisi* – iş wagtyny (gün, tapgyr, sagat, minut hasabynda) ölçemek üçin ulanylýar.

Edaralar we kärhanalar hojalyk işlerinde hasabyň 3 görnüşini operatiw-enjamlar, maglumat we hasap bölüminiň hasabyny alyp barýarlar.

*Operatiw-enjamly hasap* aýry-aýry işleriň, hadysalaryň, bolup geçen pursadynda bellik etmek üçin ulanylýar. Bu hasabyň kömegi bilen meýilnamanyň ýerine ýetirilişi barada yzygiderli maglumat almak bolýar we dermanhanalaryň işine operatiw

ýolbaşçylyk etmäge mümkinçilik berýär. Bu hasaba mysal edip gelen harytlaryň hasaba alynýan her günki satuwdan giren puluň bellenilýän kitapçasyny görkezmek bolar. Operatiw tehniki hasabyň maglumatlary hasabat bölüminde we maglumat hasabaty düzmekde ulanylýar.

*Maglumat hasabaty* – köpçülikleýin bolup geçýän hojalyk işlerini, hadysalary we wakalary, olaryň bolup geçmeginiň ösmeginiň arasyndaky baglanyşygyň kanunalaýyklygyny öwrenmek üçin ulanylýar. Dermanhana ulgamyna maglumat hasaby dermanhana gullugynyň maddy-tehniki binýady dermanhana işgärleriniň sany we olaryň düzümi, haryt dolanyşygynyň dermannamalaryň, ykdysady görkezijileriň (girdejileriň, çykdajylaryň san girdejileriň, zähmet hakynyň) ösüşi barada maglumatlary almaga mümkinçilik berýär.

Hasabat bölümiň hasaby kärhanalaryň, edaralaryň hojalyk serişdeleriniň düzümi ýerleşişi boýunça emele geliş çeşmesi we maksadalaýyk ulanylyşy boýunça hasap işini pul birliginde işleýärler. Hasap bölüminiň hasabynda hojalyk işlerini resminamalar bilen resmileşdirmekde diňe özüne mahsus bolan usullary ulanylýar.

Dermanhana edaralarynda ulanylýan resminamalar hojalyk hasabytynyň öz talaplaryna laýyk resmileşdirilen resminamalardyr. Dermanhanalarda hasaby guramak üçin deslapky maglumatlary saklaýan ilkinji resminamalardan peýdalanýar. Delillendiriji hasap resminamalary diýlip her bir hojalyk işiniň hat üsti bilen tassyklanmagyna aýdylýar. Meselem, harydyň gelmegi, aýlyk hakynyň berilmegi, zaýalanan harydyň hasapdan çykarylmagy we ş.m. Resminamalaryň wajyp hukuk ähmiýeti bardyr. Edaralaryň, kärhanalaryň aýry-aýry şahslaryň arasynda jedeller ýüze çykanda resminamalar maddy delil hökmünde hyzmat edýär. Şonuň üçin hemme resminamalar öz wagtynda we doly göwrümde resmileşdirilmelidir. Olarda gerek bolan sanaw ýazgysynyň hemmesi: doldurylan senesi, hojalyk işleriniň mazmuny, onuň esaslandyrylmasy, ölçeg birligi, mukdary we bahasy, jogapkär adamlaryň gollary we möhri bolmalydyr. Görkezilýän işiň häsiýeti boýunça resminamalar pulhana (pulhana, puluň dolanyşygyny), haryt (haryt maddy gymmatlyklaryň dolanyşygyny),

bank (bankdaky hasaplaşyk we gündelik hasaplaryň dolanyşygyny we ş.m.) resminamalaryna bölünýär.

Edilýän hyzmata görä resminamalar buýruk beriji (tükelleme etmek, işgäri iş saparyna ibermek, harytlaryň bahasyny üýtgetmek üçin buýruk) we delillendiriji resminamalara bölünýär. Düzüminiň göwrümi boýunça resminamalar ilkinji we jemleýji resminamalara bölünýär. Ilkinji resminamalara hojalyk işleriniň biri (töleg tabşyryklary, töleg talapnamalary, kabul ediş ykrarnamasy) hasaba alynýar. Jemleýji resminamalara ozal doldurylan ilkinji resminamalaryň birnäçesi ýygnalýar we hasaba alynýar (pulhana işgäriniň hasabaty, dermanhananyň bölümleri boýunça haryt hasabaty we ş.m.). Ulanylyşy boýunça resminamalar bir gezeklik töleg kagyzlaryny, pulhana orderlerini we toplaýjy, ýagny birmeňzeş tiz gaýtalanýan işlerini hasaba alýan dermannama depderi ýaly resminamalaryna bölünýär. Düzülen ýeri boýunça dermanhanada bolup geçýän işleri görkezýän içerki aragatnaşygyny hasaba alýan, daşky (töleg tabşyryklary ýokarky edaralaryň buýrugy) resminamalar görnüşinde bolýar.

***Dermanhanada ulanylýan hasabynyň görnüşleri.*** Hojalyk hasaplaşykly dermanhanalarda merkezleşdirilen, merkezleşdirilmedik we garyşyk hasapçy hasaby ulanylýar. Merkezleşdirilen hasapda dermanhana edaralary başlangyç hasaby alyp barýar, ýagny bu sanda maglumatlar ilkinji resminamalary resmileşdirýärler. Olaryň maglumatlary bolsa toplaýjy hasap belliklerine bir aýyň dowamynda geçirilýär. Işiň jemi aýlyk hasabatda görkezilýär. Ol hasabat ýokarky edaranyň hasabat bölüminde berilýär. Baş dermanhana gullugynda jemleýji hasabat resminama görnüşinde düzülýär. Başlangyç hasaby alyp barýan dermanhanalar ýokarky edaralaryň hasabynda bolýarlar. Merkezleşdirilmedik hasap iri dermanhanalarda alnyp barylýar. Bu dermanhanalar özbaşyna hasabat düzýärler we döwlet bankynda olaryň hasaplaşyk resminamasy bardyr. Bu dermanhanalar dermanhana gullugyna gutarnykly hasabat toplumyny berýärler.

Eger-de dermanhananyň özi meselem, merkezi etrap dermanhana merkezleşdirilmedik hasaby alyp barýan bolsa, oňa tabyn

bolan dermanhanalar bolsa merkezi etrap dermanhananyň hasabat bölümine başlangyç hasabaty berýän bolsa, onda garyşyk hasabaty emele getirýär.

***Dermanhana gelýän harytlaryň hasaba alnyşy.*** Dermanhana edaralarynda hasaby guramagyň wajyp meseleleriniň biri haryt-maddy gymmatlyklar üçin maddy jogapkärçilikli adamlary saýlap alyp bellemekdir. Her bir maddy jogapkär adam üçin onuň jogapkärçilik çekýän gymmatlyklarynyň sanawy bellenilýär we onuň hasaby alnyp barylýar. Dermanhana edaralarynda pul serişdeleri, harytlar, gaplar, esasy serişdeler, arzan bahaly we tiz hatardan çykýan enjamlar, gurluşyk harytlary, zähmetiň sarp edilişi, zähmet hakynyň hasaplanylyşy, zähmet kitapçalary özara hasaplaşyklar we beýlekiler hasaba alynýar. Dermanhanalara haryt-maddy gymmatlyk, esasan, dermanhana ammaryndan bellenilen güni boýunça aýda bir-iki gezek gelýär. Dermanhana ammaryndan harytlar dermanhanalaryň sargytlarynyň ýerine ýetirilmeginde 7-10 gün öň berlen talapnamalar boýunça goýberilýär. Wagty we maddy serişdeleri tygşytlamak üçin dermanhana ammarlarynda uzak wagt üçin niýetlenen (3 aý, ýarym ýyl, bir ýyl) çaphana usuly bilen neşir edilen arza-sargytlar (talapnamalar) ulanylýar. Ammaryň bölümlerinde harytlar ýygnalandan soň talapnamalary ýazmak üçin awtomatlaşdyrylan dolandyryş bölüme berilýär. Dermanhana ammaryndan we beýleki üpjün edijilerden harytlaryň kabul edilmeginiň şu aşakdaky görnüşleri bolup biler:

1. Dermanhananyň wekili tarapyndan bir gezeklik ýa-da hemişelik ynanç haty boýunça harytlaryň gös-göni dermanhana ammarynda kabul edilmegi.

2. Dermanhana ammarynyň ulagy bilen getirilen harydy dermanhanada kabul etmek.

Dermanhana getiriliş usulyna garamazdan harytlaryň we olaryň gabynyň kabul edilişi, önümçilik we tehnika üçin niýetlenen önümleriň we halkyň sarp edýän harytlarynyň hil we mukdar taýdan kabul edilişi baradaky gözükdirijileriň talaplaryna laýyklykda ama-

la aşyrylmalydyr. Dermanhana gelýän harytlar hil we mukdar taýdan barlanylmalydyr we girdeji edilip gelinýän harytlaryň toparlar boýunça hasaba alynýan depderçesine (N DH-10) bellenilýär. Aýyň ahyrynda lomaý we bölek-satuw bahalar boýunça depderçesiniň jemi jemlenýär.

Gelen harytlaryň kemçiligi, artyklygy, döwükligi ýa-da zaýalygy ýüze çykanda dermanhanada kabul ediş iş topary bu ýüki getireniň we dermanhananyň ýa-da jemgyýetçilik edaralarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda (DH-2) ykrarnama resmileşdirilýär. Ykrarnamada harydyň kabul edilip başlanan we gutarylan wagty görkezilýär. Kabul edilişe jemgyýetçilik wekili hökmünde gatnaşýan adamyň ýörite şahadatnamasy bolmalydyr. Bu delilnama 3 nusgalykda ýazylyp, onuň birinji nusgasy ýokarky edara, ikinji nusgasy girdeji resminamalaryň sanawy bilen dermanhananyň hasabat bölüminde, üçünji nusgasy bolsa dermanhana ammarynyň wekiline (eger ol kabul edilişe gatnaşan bolsa) ýa-da dermanhana ammarynyň poçtasy bilen iberilýär. Dermanhana ammaryna ykrarnamanyň ýany bilen şikaýat haty we jemgyýetçiligiň wekiliniň şahadatnamasy hem iberilýär. Käbir halatlarda haryt üpjün edijileriň iberilýän harytlary resminamalardan öň gelýär. Şeýle ýagdaýda dermanhanada bähbit gözlenmeýän tarapynyň wekiliniň gatnaşmagynda iş topary düzülip, ol gelen harydyň kabul edilmegi barada (DH-3 görnüşinde) ykrarnama düzülýär. Onuň birinji nusgasy maddy jogapkär adamynyň hasabyna goşulýar, ikinji nusgasy bolsa dermanhanada galýar. Resminamalar gelýänçä bu harytlary satmak bolmaýar. Harytlaryň dolanyşygy dermanhanada diňe pul hasabynda amala aşyrylýar.

Zäherli, neşeli, gyt derman serişdeleri we etil spirti pul hasabyndan başga-da mukdary boýunça-da hasaba alynýar we DH-10 görnüşde kitapça bellenilýär. Girdeji edilen haryt hasabatynyň resminamalary harp-tertip düzgüninde haryt hasabatynyň (DH-25 görnüşinde) girdeji bölümine hem ýazylýar. Mundan başga-da haryt hasabatynyň girdeji bölümine dermanhanada bolup geçýän dürli hereketleriň netijesinde harytlaryň ätiýaçlygynyň bahasyny köpeldýän jemler jemlenip ýazylmalydyr. Olara şu aşakdakylar girýärler:

1. Ilatdan satyn alnan derman ösümliklerinden haryda geçirilmegi netijesinde emele gelen puluň jemi.
2. Ilatdan (DH-8), KB we OAE-den (N M-15) dermanhana gap-gaçlaryny satyn almak (DH-19).
3. Gaplaryň kömekçi serişdeleriň we beýleki maddalaryň haryda geçirilmegi (ykrarnama düzülýär).
4. Barlag we çekip-gaplamak işlerinde bahalary tegelekleme netijesinde harytlaryň bahasynyň köpelmegi (DH-11 we AP-12).
5. Ambulator dermannama boýunça spirtiň arassa görnüşinde goýberilmegi (DH-11 we DH-12).
6. Tükelleme netijesinde ýüze çykan artykmaç harytlaryň girdeji edilmegi (DH-48).
7. Bölek-satuw harytlaryň gymmatlamagy netijesinde emele gelen artykmaç puluň jemi (DH-21).

## 6.4. Dermançylykda banklaryň üstünden geçirilýän kredit we maliýe hereketleri

Adatça maliýe diýlip, pul serişdelerine düşünilýär. Emma pul öz-özünden maliýe bolup bilmeýär. Maliýe obýektiw ykdysady toparlaryň, önümçilik gatnaşyklarynyň düzüm bölegidir. Pul serişdeleriniň goruny döretmek, paýlamak we peýdalanmak boýunça emele gelýän ykdysady gatnaşyklaryň jemine *maliýe* diýilýär. Diýmek, hemme pul gatnaşyklary maliýe gatnaşyklary däldir. Pul gatnaşyklary puluň öz wezipelerini ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly ykdysady gatnaşyklaryň hemmesini öz içine alýar. Maliýe gatnaşyklary bolsa pul gatnaşyklarynyň bir bölegidir. Olar pul fonduny döretmek, paýlamak we peýdalanmak bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, şahsy sarp etmäge we alyş-çalşa hyzmat edýän pul serişdeleri, ýagny bölek-satuw söwdasynda, ulag, durmuş, kommunal we beýleki hyzmatlar üçin tölemekde peýdalanylýan pul serişdeleri maliýe gatnaşyklaryna girmeýär. Şeýle hem bu gatnaşyklara aýry-

aýry adamlaryň arasynda satmak we satyn almak boýunça peýdalanylýan, peşgeş berlen we miras galan pul serişdeleri hem girmeýär.

Maliýe gatnaşyklaryna şu aşakdakylar girýär:

1. Döwlet bilen kärhanalaryň arasyndaky maliýe gatnaşyklary. Bu gatnaşyklar kärhanalaryň döwlet hasabyndaky tölegleri öz içine alýar. Kärhanalar hem öz gezeginde bellibir şertlerde ykdysady görnüşde döwletiň maliýe goldawyny alyp bilerler;
2. Satmak we satyn almak boýunça kärhanalaryň arasynda döreýän maliýe gatnaşyklary;
3. Karz pul goruny peýdalanmak boýunça kärhanalaryň we banklaryň arasyndaky maliýe gatnaşyklary. Bu goruň düzümine kärhanalaryň wagtlaýyn boş pul serişdeleri hem girýär;
4. Zähmete görä hak tölemek boýunça kärhanalaryň we olaryň işgärleriniň arasyndaky maliýe gatnaşyklary;
5. Pensiýalary, kömek pullaryny bermek, salgytlary, ýaşaýyş jaý üçin, ätiýaçlyk töleglerini tölemek we başgalar boýunça döwletiň we ilatyň arasyndaky maliýe gatnaşyklary.

Maliýe aşakdaky özara baglanyşykly 4 wezipäni ýerine ýetirýär:

1. *Üznüksiz önümçiligi pul serişdeleri bilen üpjün etmek*. Bu maliýäniň esasy wezipesidir;
2. *Paýlamak*. Döwletiň, kärhanalaryň we ilatyň pul serişdeleriniň goruny we girdejilerini emele getirmegiň we peýdalanmagyň üsti bilen jemi önümi we milli girdejini paýlamak we gaýtadan paýlamak maliýäniň paýlamak wezipesine girýär.
3. *Höweslendirmek*. Maliýe önümçiligi ösdürmegi onuň netijelerini ýokarlandyrmagy ylmyň enjamlaýyn ösüşini çaltlandyrmagy, işçi güýjüni we önümçilik serişdelerini gowy peýdalanmagy höweslendirýär;
4. *Gözegçilik etmek*. Maliýäniň kömegi bilen ähli kärhanalaryň işine barlag edilýär. Bu barlag kärhanalaryň maliýe düzümini berjaý etmekde maddy jogapkärçiliginiň üsti bilen manat barlagy görnüşinde amala aşyrýar.

***Maliýe gatnaşyklarynyň ulgamy***

1. Döwlet bilen kärhanalaryň arasyndaky döredilen maliýe gatnaşyklary

2. Aýry-aýry kärhanalaryň arasyndaky döredilen maliýe gatnaşyklary

3. Söwda fonduny peýdalanmak boýunça kärhanalaryň we banklaryň arasyndaky maliýe gatnaşyklary

4. Kärhanalaryň we olaryň işleriniň arasyndaky maliýe gatnaşyklary

5. Döwletiň we ilatyň arasyndaky maliýe gatnaşyklary

***Maliýäniň wezipeleri***

1. Üznüksiz önümçiligi pul serişdeleri bilen üpjün etmek

2. Paýlamak

3. Höweslendirmek

4. Gözegçilik etmek

## 6.5. Maliýe ulgamy. Döwlet býujeti we onuň milli girdejini paýlamakdaky orny

Jemgyýetde pul serişdeleriniň hereketi olaryň bellibir görnüşiniň emele gelmegini, ýagny jemgyýetiň maliýe ulgamyny göz öňüne tutýar. Jemgyýetiň maliýe ulgamy özara baglanyşykly 3 sany bölekden durýar:

1. Döwletiň maliýesi;
2. Kärhanalaryň maliýesi;
3. Ilatyň maliýesi.

Bulardan başga-da, maliýe ulgamyna dürli görnüşdäki hojalyk ulgamlaryň, ýagny birleşmeleriň, trestleriň, assosiasiýalaryň, konsernleriň we ş. m. maliýesi, pudaklaryň-senagatyň, gurluşygyň, söwdanyň, önümçilik däl pudagyň we ş.m. maliýesi hem girýär. Jemgyýetçilik guramalarynyň maliýesi hem jemgyýetiň maliýe ulgamynyň düzümine girýär. Döwletiň maliýesi munuň özi döwletiň wezipelerini (halk hojalygyny dolandyrmak, goranyş, kanunçylygy we hukuk düzgünlerini berjaý etmek, durmuş we ş.m.) maliýe bilen üpjün etmäge niýetlenen onuň ygtyýaryndaky pul fondlarynyň ulgamydyr. Pul serişdelerini döwletiň elinde jemlemegiň usullaryny hem döwletiň maliýesi öz içine alýar. *Kärhanalaryň maliýesi* diýip ykdysadyýetiň ilkinji şahalarynyň çäginde önümçiligiň üznüksizligini üpjün edýän pul gorlarynyň ulgamyna aýdylýar.

Ol gorlary döretmegiň we peýdalanmagyň görnüşleri we usullary kärhananyň maliýesine girýär. Ýurdumyzyň ýaşaýjylarynyň zähmet, hojalyk we beýleki işleri netijesinde alýan girdejileriniň hasabyna emele gelýän pul gorlaryna *ilatyň maliýesi* diýilýär. Bu pul gorlaryny ilat öz eýeçiligini artdyrmaga, hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga peýdalanýar. Kärhanalaryň we ilatyň maliýesi döwletiň maliýesi bilen özara baglanyşyklydyr. Döwletiň maliýesinde jemlenýän pul serişdeleri kärhanalaryň we ilatyň maliýesinden alynýar. Döwletiň maliýesinde pul serişdelerini jemlemegiň usuly bolup, salgyt ulgamy, ätiýaçlyk we pensiýa tutumlaryň, gümrük we beýleki tölegler çykyş edýär. Döwlet maliýesinde jemlenen pul serişdeleri halk hojalygyna maýa goýumlaryny amala aşyrmaga, kärhanalara pul kömeklerini bermäge, şeýle hem ilat üçin dürli durmuş çärelerini geçirmäge peýdalanylýar. Başgaça aýdylanda, döwlet maliýesiniň pul serişdeleri halk hojalygyna, kärhanalara we ilata gaýtarylyp berilýär.

Kärhanalaryň we ilatyň maliýesi diňe bir döwletiň maliýesi bilen baglanyşykda bolman, eýsem olar öz aralarynda hem baglanyşyklydyr. Ol baglanyşygyň mysaly hökmünde ilatyň öz maliýe resurslarynyň esasy bölegini kärhanalarda işläp alýandygyny bellemek bolar. Jemgyýetiň maliýe ulgamynda döwletiň maliýesine aýratyn orun degişlidir. Ykdysadyýetiň umumy ýagdaýy gös-göni döwletiň maliýesine baglydyr. Döwletiň maliýesi ykdysadyýeti ösdürmegiň kuwwatly güýjüdir.

Döwletiň maliýesi döwlet býujetini, döwlet durmuş, emläk we şahsy ätiýaçlandyrmalaryny öz içine alýar. Jemgyýetiň maliýe

ulgamynyň esasy şahasy bolup döwlet býujeti çykyş edýär. Döwletiň öz wezipelerini ýerine ýetirmegi üçin onuň ýeterlik pul serişdeleri bolmalydyr. Şol pul serişdelerini döretmek, paýlamak we peýdalanmak döwlet býujetiniň kömegi bilen amala aşyrylýar. Döwlet býujeti merkezleşdirilen umumy döwlet pul serişdeleriniň gaznasydyr. Döwlet býujeti ykdysady kategoriýadyr. Ol pul serişdeleriniň merkezleşdirilen fonduny döretmek we peýdalanmak boýunça döwletiň, kärhanalaryň we ilatyň arasynda ýüze çykýan ykdysady gatnaşyklary aňladýar.

Döwlet býujeti döwletiň girdeji we çykdajy balansydyr. Býujetiň ýetmezçiliginiň öweziniň çeşmesi bolup Türkmenistanyň Merkezi bankynyň göterimsiz karzlary çykyş edýär.

Býujetiň girdejileri iki bölekden *birinjiden*, salgytlardan we beýleki býujet töleglerinden (býujetiň girdejileriniň bäşden bir bölegi), *ikinjiden*, döwlet gaznalarynyň we toplumlarynyň serişdelerinden (býujetiň girdejileriniň bäşden dört bölegi) emele gelýär.

Döwletimiziň merkezleşdirilen býujetiniň serişdeleri halk hojalygynyň pudaklarynyň işlemegini we ösdürilmegini üpjün etmäge, iri ylmy-enjam işläp taýýarlamalary maliýeleşdirmäge, durmuş meselelerini çözmäge, zerur maliýe gorlaryny döretmäge we beýleki çykdajylara gönükdirilýär. Býujetiň 60%-den köprägi ilatyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak üçin peýdalanylýar. Zähmet haky, pensiýalar, hemaýat pullary we talyp haklary Türkmenistanyň Döwlet serişdeleriň çykdajylarynyň goralan maddalarydyr. Döwlet býujetiniň çykdajylary onuň girdejilerinden köp bolmaly däldir. Eger-de şu talap ýerine ýetirilmese, onda döwlet býujetiniň balanslylygynyň esasy şerti – serişdelerine görä ýaşamak zerurlygy bozulýar. Býujetiň ýetmezçiligi karz almagyň hasabyna (Merkezi bankyň kredit serişdeleriniň bir bölegi) ýa-da haryt bilen üpjün edilmedik pul serişdeleriniň goşmaça goýberilmeginiň hasabyna wagtlaýyn ýapylyp bilner. Emma meseläniň şeýle çözülmegi býujetiň ýetmezçiligini ýapmak üçin hakyky çeşmeleriniň ýoklugyna görä, ýagdaýy diňe çylşyrymlaşdyryp biler. Döwlet öz býujetiniň balanslylygyny üpjün etmek üçin, bir tarapdan, girdejilerini köpeltmegiň ýollaryny tapmaly, beýleki tarapdan bolsa, onuň çykdajylaryny azaltmaly.

# VII BÖLÜM

## 7.1. Derman üpjünçiligini maliýeleşdirmegiň ugurlary

Derman serişdeleri adamlaryň saglygyny gowulandyrýar, kesellerden saplandyrýar. Derman serişdesine halkyň islegi bilen ol islegiň bahasynyň arasyndaky deňagramlylyk derman serişdeleriniň üpjünçiliginde maliýe durnuklylygy emele getirýär. Bu deňagramlylyk bozulsa, derman serişdesine maliýe ýetmezçiligi döredýär, bu bolsa kesel bejermek, keseliň öňüni alma çäreleriň pese gaçmagyna getirýär. Dermançylygy maliýeleşdirmekde bar bolan maliýe çeşmeleri dogry ulanmakdan başlanylmalydyr. Eger-de derman saýlamak, satyn almak,ýaýratmak gerekli deňagramlylygy üpjün etmese, onda maliýeleşdirmegi ýokarlandyrmaly. Bu maksat üçin, hökümetiň öňünde maliýeleşdirmegi ýokarlandyrmak barada mesele goýulýar (bu işde ähli deliller görkezilmeli) ýa-da lukmançylyk ätiýaçlandyrmasynyň maliýe serişdeleri ulanylýar.

Bütin dünýä boýunça saglygy goraýşyň 60% çykdajylary döwlet, jemgyýetçilik serişdeleri bilen ýapylýar. Milli girdejiler ösen ýurtlarda görkezilen 60% göterimden hem ýokarydyr. Emma pes milli girdejili we saglygy goraýşa az pul goýberilýän ýurtda hususyýetçileriň çykdajylary bilen ýapylýar. Umuman, saglygy goraýyş ulgamynda hususy gulluklaryň we döwlete degişli däl saglygy goraýyş guramalaryň köpelmegi döwlet jemgiýetçilik ulgamyny derman üpjünçiligi meselelerinden boşadýar. Ýöne hususy we döwlete degişli däl guramalarda ýokary hillilik hem-de adalatlylyk düzgünleri talaba laýyk berjaý edilmelidir.

Maliýe çeşmeleri:

- hökümetiň maliýesi;
- näsaglaryň tölegleri;
- lukmançylyk ätiýaçlygy;
- ýerli maliýeleşdiriş;
- donor maliýeleşdirilişi.

*Hökümetiň maliýe çeşmesi* – milli we ýerli döwlet serişdeleridir. Bu häzirki wagtda köp döwletlerde esasy maliýeleşdiriş çeşmesidir. Hökümet maliýeleşdirilişiniň netijeliligi şu aşakdakylar bilen has-da ýokarlandyrylyp bilner.

- dermana bolan islegiň dogry kesgitlenen mahaly;
- dermanyň saglyga täsirliligi has-da çuň öwrenilip, lukmanlara maglumat berlen wagty;
- derman üpjünçiligini, guramaçylygy has-da kämilleşdirilen mahalyndaky maliýe serişdesidir.

Näsaglardan ýygnalmagy hem maliýeleşdirmegiň bir görnüşidir. Ýöne bu maliýeleşdiriş kän kynçylyklaryň döremegine getirip bilýändigini köp ýurtlardaky tejribe görkezýär. Bu ýygnanmada dermanhanadan alynýan dermana goşmaça töleg edilýär. Lukmançylyk ätiýaçlygy köp ýurtlarda ýaýrap, ilatyň köp bölegi oňa gatnaşýar. Bu maliýe çeşmesi bolup ilatyň öz saglygy üçin tölegi hyzmat edýär. Umuman, maliýeleşdirişiň bu görnüşi derman serişdäniň elýeterliligini gowulandyrýar.

Ýerli maliýeleşdiriş çeşmesi döwlete degişli bolmadyk guramalaryň, hususy adamlaryň, firmalaryň, ýerli guramalaryň lukmançylyk, arassaçylyk, derman üpjünçilik işine meýletin goýberilýän pullaryň esasynda döreýär.

*Donor maliýeleşdirilişi* – bu daşary ýurt döwletleriniň ýa-da ýurtdaky daşary döwlet banklarynyň kömek üçin berýän pullarynyň esasynda alnyp barylýar. Ol kredit görnüşde hem bolup biler. Derman serişdeleri almaklygyň bu maliýeleşdirilişi, esasan, ösüşi ykdysady taýdan bolan tebigy betbagtçylyga sezewar bolan ýurtlar üçin ulanylýar. Derman serişdesini maliýeleşdirmegiň meselesini çözmek wajypdyr. *Birinjiden*, derman adam ýaşaýşyny kesel howpundan dyndarmaga goltgy berýär, saglygy dikeldýär. Derman serişdesi maliýeleşdirilende ol halkyň ähli gatlaklaryny gerekli derman serişdeleri bilen üpjün etmelidir, *ikinjiden*, derman serişdeleri baha tarapdan gymmat durýar. Şonuň üçin derman serişdesini halkyň satyn almaklygyny üpjün etmek, maliýeleşdirmede çözmesi kyn meseleleriň biridir. Meselem, onko-keselleri üçin derman serişdeleri köp ýurtlarda ýetmezçilik edýär. Köp ýurtlaryň saglygy goraýyş ministrlikleri üçin derman satyn almak, işgärlere aýlyk paýlamak üçin edilýän harytdan soň ikinji ýerde durýar. Käbir ýurtlarda maşgalanyň 80% çykdajysy saglygy goramak üçin çykarylýar (derman satyn almak, kesel bejertmek we ş. m.). Ösen ýurtlarda bu görkeziji 25-50% aralykdadyr. *Üçünjiden,* eger-de derman üpjünçiliginiň

maliýeleşdirilişinde nädogry düzgün alnyp barylsa, onda saglygy goramaga goýberilýän pullaryň esassyz harç edilendigini görkezýär.

***Derman serişdeleriniň üpjünçiligini maliýeleşdirmekde maliýe durnuklylygyny deňagramlylykda saklamak.*** *Maliýe durnuklylygy* – bu derman serişdeleriniň ätiýaçlyklary we oňa goýberilýän maliýe serişdesiniň halkyň harçlaýan derman serişdesi bilen gabat gelendäki deňagramly durnuklylygydyr. Eger-de dermanyň harçlanylyşy ätiýaçlykdan köp bolsa, onda saglygy goraýyş ulgamynyň bu ýagdaýdan çykmagynyň 4 ýoly bar.

1. Netijeliligini ýokarlandyrmak;
2. Maliýe ätiýaçlyklary köpeltmek;
3. Harçlanylyşy azaltmak;
4. Lukmançylyk kömeginiň pese gaçmagy bilen ylalaşmak.

**Türkmenistanda saglygy goraýyş ulgamynyň maliýeleşdirilişi.** ***Türkmenistanyň hökümeti Garaşsyzlyk ýyllary içinde kliring*** hasaby boýunça pul kömegini aldy. Bu pullar, esasan, derman serişdeleri, lukmançylyk enjamlary satyn almaklyga gönükdirildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli kararlar boýunça halkyň saglygyny goramaklygy mundan beýläk hem gowulandyrmak üçin meýletin lukmançylyk ätiýaçlandyrmasy girizildi. Bu maksat üçin meýletin goşulýan türkmen raýatlarynyň aýlyk haklarynyň 2%-ni lukmançylyk ätiýaçlyga gönükdirildi. Bu töleg saglyk ulgamy üçin goşmaça maliýe çeşmesi bolup hyzmat edýär.

***Türkmenistanyň derman önümçilik kärhanalarynda gazanylýan girdejiniň bölünişi. Derman serişdelerine goýberilýän bahalar.*** Derman önümçilik kärhanalary «Saglyk» maksatnamany amala aşyrmakda meýilnama boýunça her ýylda önümçiligi 10% ýokarlandyrmany borç edindiler. Ol kärhanalar Garaşsyzlyk ýyllary içinde öz meýilleşdiren işlerini üstünlikli amala aşyryp, girdeji alýarlar. Alynýan girdeji şu aşakdakylara bölünýär:

1. Alynýan girdejiniň 1%-i döwlet tarapyndan kärhananyň emläklerine goýulýan salgytlara tölenilýär.
2. Girdejiniň 20%-i döwletiň girdejä goýýan salgydyna berilýär. Onuň hasaby emläge goýulýan salgyt umumy girdejiden aýrylandan soňky san görkezijiden 20% tutulýar.

Onda umumy girdeji (100%) 1%-emläge salgyt = 99%-den 20% salgyt.

3. Umumy 100% girdejiniň 3%-i Türkmenistanyň oba hojalygyny ösdürmek üçin ulanylýan gazna tölenilýär.
4. Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen 8-nji martda Halkara zenanlar gününe baýrak hökmünde umumy kärhanasynyň girdejesinden şol kärhanada işleýän her aýalgyza 40 manat pul baýrak berilýär.
5. Ýokary tutulmalardan soň girdejiniň 30%-ini saglygy goraýşy ösdürmek üçin döwlet fonduna tölenilýär.
6. Galan girdeji kärhananyň öz garamagyna berilýär. Kärhana onuň 60% -ini özüniň toplaýyş fondunda 40%-ini sarp ediş fondunda saklaýar.

Türkmenistanyň dermançylyk kärhanalary, adatça, öz öndürýän önümleriniň üstüne 30% baha goýýar. Zawodlardan Baş dermanhana birleşiginiň ammaryna düşýän derman serişdelerine 10% baha we ammardan dermanhana düşýän derman serişdelere 15% baha goýulýar. Umuman, Türkmenistanyň derman kärhanalarynda bir derman serişdesini öndürmek üçin özüne düşýän gymmatynyň üstüne şol derman ilata ýetýänçä 55% baha goýulýar. Goýulýan bahalar derman ulgamynyň kärhanalarynyň girdejiligini üpjün edýär.

## 7.2. Döwlet salgyt ulgamy. Salgytlaryň görnüşleri

Türkmenistanyň bazar ykdasadyýeti ösüş ýoluny saýlap almagy her pudakda işlejek hünärmeniň durmuşyň, işiň ähli görnüşlerinden baş çykarmaklygyny talap edýär. Dermançylyk pudagynda hususyýetçiligiň, hojalyk hasaplaşygynyň ösmegi salgyt düşünjelerinden baş çykarmaklyga gönükdirýär. Salgytlar – munuň özi döwlet tarapyndan kärhanalardan, dermançylyk edaralaryndan we ilatdan ýygnalýan hökmany töleglerdir. Salgytlar maliýe gatnaşyklarynyň bir görnüşidir. Olar milli girdejiniň bir bölegini döwlet býujetine geçirmek barada döreýän gatnaşyklary aňladýar. Her bir döwletde öz salgyt ulgamy hereket edýär. *Salgyt ulgamy* – bu kanun çykaryjy gurama tarapyndan bellenilip we ýerine ýetiriji guramalar tarapyndan ýygnalýan salgytlaryň jemidir. Bu ulgama salgytlary guramagyň usullary we ýörelgeleri hem girýär.

Salgytlar ulgamy salgytlaryň dürli görnüşlerini öz içine alýar. Olaryň görnüşlerini dürli alamatlar esasynda kesgitlemek mümkin. Salgyt salmaklygyň ýörelgeleri boýunça salgytlar göni we gytaklaýyn görnüşlere bölünýär. Göni salgytlar girdejilere we emläge salynýar. Şunda döwlet bilen salgyt töleýjiniň arasynda göni gatnaşyk ýüze çykýar. Göni salgytlar bolup girdeji (iş haky, peýda we başgalar) ýa-da salgyt töleýäniň emläginiň gymmaty çykyş edýär. Girdeji salgydynyň möçberi girdejiden alynýan göterim bilen kesgitlenýär. Gytaklaýyn salgytlar harytlara we hyzmatlara salynýar we olaryň bahalaryna ýa-da tariflerine girýär. Gytaklaýyn salgytlaryň töleýjileri bolup alyjylar, sarp edijiler çykyş edýär. Şonda döwlet bilen salgyt töleýjiniň arasyndaky gatnaşyk gytaklaýyn, ýagny salgydyň obýektiniň üsti bilen ýüze çykýar. Şonuň üçin bu salgyda gytaklaýyn salgyt diýilýär. Gytaklaýyn salgytlar:

1. Aksizler;
2. Artdyrylan gymmata salynýan salgyt;
3. Gümrük tölegleri görnüşde çykyş edýär.

*Aksiz* – munuň özi köp isleg bildirilýän harytlara salynýan salgytdyr. Aksizler ýygnalýan harytlaryň sanawy we aksizleriň möçberi Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan bellenýär. Aksizleriň möçberi harytlaryň lomaý-goýberiş bahalaryndan göterim bilen kesgitlenýär. Umuman, her döwlet öz çäginde öndürilýän harydyny, derman serişdesiniň girdeji getirmegini isleýär. Şonuň üçin ony daşary ýurtdan getirmekligi çäklendirmek üçin aksiz salgydyny şol harytlara goýýar. Mysal üçin «Türkmenderman senagat» birleşiginiň, «Ajanta – Farma» kärhanasynyň öndürýän ampisillin derman serişdesiniň girdejili bolmagy üçin, daşary ýurtdan getirilýän görnüşine aksiz goýmak zerurdyr.

*Artdyrylan gymmata salynýan salgyt* – artdyrylan gymmatyň bir bölegini býujete almagyň görnüşi bolup durýar. Şeýle gymmat bolsa harytlary öndürmegiň işleri, hyzmatlary ýerine ýetirmegiň bütin gidişinde döredilýär. Artdyrylan gymmata salynýan salgydyň obýektleri bolup, Türkmenistanyň çäginde harytlary ýerlemekde, şol sanda eksport-import işlerini geçirmekde amala aşyrylýan dolanyşyklar çykyş edýär. Artdyrylan gymmata salynýan salgydyň derejesi 20 göterim möçberinde bellenilýär. Harytlar (işler, hyzmatlar) artdyrylan gymmata bellenen goýum boýunça salnan salgydy hem öz içine alýan

bahalar (tarifler) bilen satylýar. Artdyrylan gymmata salynýan salgyt barada has ýönekeý mysal getireliň.

Daýhan birleşigi lukmançylyk pamygy taýýarlaýan pagta kärhana 500 müň manada 1 tonna pagtany satypdyr diýeliň. Ýöne bu kärhana daýhan birleşigine 1 tonna pagta üçin artdyrylan gymmaty hem hasap edip töleýär. 500 müň manadyň 20 göterimi 100 müň manat bolar, diýmek, ol 600 müň manat töleýär. Kärhana öz gezeginde pagtany gaýtadan işläp süýüm alýar. Aýdaly, onuň alan süýüminiň gymmaty 1 million manat bolsun. Ol alan süýümini artdyrylan gymmata salynýan salgydy hem goşup, 1million 200 müň manada satýar. Daýhan birleşigi satan 1 tonna pagtasy üçin artdyrylýan gymmata salynýan salgyt görnüşinde býujete 100 müň manat geçirýär. Kärhana bolsa býujete şeýle salgyt görnüşinde 200 müň dälde, 100 müň manat geçirýär. Indi 1 tonna pagtany gaýtadan işlemek üçin çykan çykdajylary hasaplalyň. Alynýan pagta süýüminiň satylýan bahasy 1 million 200 müň manat, ondan daýhan birleşiginden satyn alan çig malynyň bahasyny – 600 müň manady, şeýle hem kärhana tölän artdyrylan gymmata salynýan salgydyny – 100 müň manadyny aýyrýarys, galýar 500 mün manat. Şu 500 müň manat zawodyň enjamlarynyň amortizasiýasyny, iş hakyny, peýdasyny öz içine alýar.

*Gümrük tölegleri* – bu ýurdumyza getirilýän ondan äkidilýän, şeýle hem onuň üstünden geçirilýän derman serişdelerine, harytlara we başga zatlara salynýan gytaklaýyn salgytlardyr. Bu tölegler döwletiň býujetiniň girdejileriniň bir bölegidir. Gümrük tölegleri gümrük tarifinde görkezilen sanlar boýunça ýygnalýar. Şol tarifde ýurdumyzda daşary ýurtlardan getirip bolýan, ondan daşary ýurtlara çykaryp bolýan milli harytlaryň sanawy hem görkezilýär.

Peýdalanylýan ugurlary boýunça umumy we ýörite maksatly salgytlary tapawutlandyrmak gerek. Umumy salgytlar döwletiň ýeke-täk pulhana barýan we umumy döwlet çärelerini geçirmek üçin peýdalanylýar. Ýörite ýygnalýan salgytlar bolsa bellibir maksat üçin peýdalanylýar. Muňa mysal edip, döwlet durmuş ätiýaçlandyryşy (Türkmenistanyň pensiýa gory we Türkmenistanyň durmuş ätiýaçlyk gory) alynýan tölegleri görkezmek bolar.

Salgytlary ýygnaýan we olara ýolbaşçylyk edýän guramalara baglylykda salgytlaryň döwlet we ýerli görnüşlerini tapawutlandyryp

bolar. Döwlet salgytlary hereket edýän kanunlar esasynda merkezi hökümet guramalary tarapyndan ýygnalýar we döwlet býujetine geçirilýär. Bu salgytlara girdeji salgytlary, peýdadan alynýan salgyt, gümrük tölegleri we başgalar girýär. Ýerli salgytlar ýerli dolandyryş guramalary tarapyndan ýygnalýar we ol bolsa ýerli döwlet hasabyna barýar. Ýerli salgytlara emläk salgytlary, özbaşdak aksizler we ş. m. girýär. Döwletiň salgyt syýasatynyň ähmiýeti örän uludyr. Salgytlaryň üsti bilen döwlet önümçiligi ösdürmegi höweslendirýär, aýry-aýry hojalyklaryň girdejilerini sazlaşdyrýar. Biziň döwletimiziň býujet girdejileriniň emele gelmeginde salgytlaryň ähmiýeti uludyr.

***Salgyt syýasaty.*** Salgyt syýasaty – bu döwlet tarapyndan salgytlar hakynda geçirilýän çäreleriniň ulgamydyr. Salgyt syýasaty döwletiň maliýe syýasatynyň düzüm bölegidir. Ösen ýurtlaryň salgyt syýasaty önümçilik hadysasynyň üznüksiz bolmaklygyna, artyk monopoliýalarynyň emele gelmegini döwlet bilen monopoliýanyň birleşmegine, maddy balansyň döredilmegine, ykdysady ösüşine işjeň täsir etmegine, hojalyklary degerli derejede üpjün etmekligine we dünýä bazarynda milli bäsleşikde bäsdeş bolmaklygyna gönükdirilýär. Bu maksat bilen salgyt salnanda monopolistik kapitala köp sanly salgyt eglişikleri edilýär, ýeňillikler berilýär. Senagat tarapyndan ösen ýurtlaryň salgyt syýasaty çaltlandyrylan amortizasiýany üpjün etmek üçin gönükdirilýär. Monopoliýalar bu şerte laýyklykda amortizasiýa goýumyna diňe bir esasy kapitalyň bir böleginiň geçirilmegini üpjün etmän (her ýyl amortizasiýa esasy kapitalyň 20-30%-i ýitýär), eýsem peýdanyň uly bölegini hem geçirýärler. Bu olara artykmaç hukuk berýär. Sebäbi amortizasiýa goýumyna geçirilýän pul serişdeleri salgytlardan boşadylýar. Salgyt çäreleri maýa goýumy sazlaşdyrmakda (inwestisiýa geçirilýän peýdanyň bölegine salgyt salynmaýar), salgyt syýasatyny durmuşa geçirmekde giňden ulanylýar.

Kärhanalar birleşiginde, döwlet peýda salynýan salgydyň möçberini azaldyp, korporasiýalaryň bähbidi üçin önümçiligiň we kapitalyň öwrülmegine ýardam berýär. Ylmy-barlag işlerine gönükdirilen peýda salgyt salmakdan boşadylýar. Ondan başga-da, salgyt ýeňillikleri salgyt salynmaýan haýyr-sahabat goýumlaryny ýa-da kärhanalaryň ýörite gönükdirýän serişdeleriniň hasabyna hususy ylmy-barlag edaralaryny döretmegi höweslendirýär. Salgyt syýa-

saty kapitalyň eksportynyň ösüşine ýardam bolýar. Göni inwestisiýa görnüşinde kapitaly eksport edýän monopoliýalar korporasiýanyň peýdasyna salynýan salgyt azaldylyp, iş birligi boýunça töleýärler. Monopoliýalaryň bähbitleri üçin döwlet gümrük salgytlarynyň möçberlerini sazlaşdyrýar.

1924-nji ýylda döredilen Sowet Türkmenistanyň salgyt syýasaty ýaş respublikany maliýe çeşmeleri bilen üpjün edilmegine gönükdirilipdi. Salgytlaryň esasy agramly bölegi gurply synplaryň üstüne atylypdy. Oba hojalyk önümleriniň öndürilişini ýokarlandyrmakda, şäher ilatyny azyk harytlary bilen üpjün etmekde oba ýerinde geçirilen salgyt syýsatynyň uly ähmiýeti boldy. Oba hojalyk önümleriniň ösmegi, daýhan hojalyklarynyň harytlarynyň möçberiniň köpelmegi bilen tebigy salgytlar pul salgytlaryna çalşyryldy. Daýhanlardan oba hojalyk salgydy alnanda hojalyklaryň girdejililigi göz öňünde tutulýar. Olaryň uly bölegi salgytdan boşadyldy.

Salgyt syýasatynyň üsti bilen döwlet daýhanlaryň kooperasiýasyny, Daýhan birleşikleriň gurluşyny we ösüşini höweslendirýärdi. Kooperatiwlere giren daýhan hojalyklaryna uly ýeňillikler berilýärdi. Gurply hojalyklar üçin salgytlar ýörite ýokary ösüş görkezijisi boýunça hasaplanýardy. Ykdysadyýetiň köp görnüşi, döwlet, kooperatiw we hususy kärhanalardan alynýan salgytlaryň köp sanlylygyny şertlendirýärdi. Hususy sektoryň girdejilerine salgyt salnanda differensirlenen ýokary ösüş iş birlikleri kesgitlenilýärdi. Döwlet kooperatiw we ilatyň girdejilerine salgyt salnanda goýumlar we ýeňillikler ulanylypdy. 1930–1932-nji ýyllarda geçirilen salgyt üýtgemäniň netijesinde Türkmenistandaky kärhanalaryň býujete töleýän tölegleri iki esasda tölegler nusgasyna–dolanyşyga salynýan salgyda we peýdadan alnan töleglere getirildi. Ilatdan ýygnalýan salgytlaryň käbirleri birleşdirildi, köpüsi bolsa ýatyryldy. Kooperatiw we jemgyýetçilik guramalarynyň töleýän salgytlary umumy döwlet çykdajylaryny ýapmaga gatnaşýarlar hem-de döwlet tarapyndan olaryň maliýe hojalyk işlerine barlag geçirmek üçin ulanylýardy.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda kärhanalardan ýygnalýan salgytlaryň möçberiniň azalmagy sebäpli, goranyşa edilýän döwlet çykdajylaryny maliýeleşdirmek üçin ilata salynýan salgydyň ulgamy üýtgedildi. Şol ýyllardan başlap raýatlaryň girdejilerine salynýan salgytlaryň we oba hojalyk salgydynyň üstüne 100% salgyt goşuldy.

Soňra üstüne goşulýan salgyt ýörite harby salgydy bilen çalşyrylýar. Öz düýp mazmuny boýunça bu salgyt maksatly salgytdy. Ondan dünýäň serişdeleri – ene-atasyny ýitiren çagalary, şeýle-de köp çagaly we ýalňyz eneleri saklamak üçin harçlanýardy. Uruş ýyllarynda oba hojalyk salgydynyň goýumlary we girdejilik görnüşi ýokarlandyryldy we salgyt ulgamynyň kämilleşdirilmegi dowam edildi. Girdejä salynýan salgyt bilen medeni nygmatlar birleşdirildi, ýerli salgydyň ulgamy üýtgedildi. Uruş gutarandan soň ykdysadyýeti dikeltmek maksady bilen, käbir salgytlar ýatyryldy, käbir salgytlaryň bolsa möçberi azaldyldy. Töleýjilerin köp sanly maşgala gurmadyk, ýeke-täk we az maşgalaly adamlara salynýan salgydy tölemekden boşadyldy. Oba hojalyk salgydynyň görnüşleri ep-esli peseldildi we olaryň ýygnalmasy aňsatlaşdyryldy.

Salynýan salgydyň möçberiniň kem-kemden ýokarlanmagy bilen Türkmenistanda soň-soňlar ilata salynýan salgydyň möçberi azaldylyp başlandy. Işçileriň we gullukçylaryň iş hakyna salgyt salynmak birnäçe esse ýokarlandyryldy, adamlaryň girdejilerine salynýan salgydyň möçberi azaldyldy (hünärmençilik käri bilen meşgullanýan adamlar üçin). Adamlara başga toparlardaky salgytlar boýunça ýeňillikler berildi. 80-nji ýyllaryň ahyrlarynda aýda 80 manada çenli bolan iş hakyna salynýan salgyt ýatyryldy, aýda 80 manatdan 100 manada çenli bolan iş hakyna salynýan salgydyň möçberi azaldyldy.

Türkmenistanyň häzirki zaman salgyt syýasaty önümçiligiň we telekeçiligiň ösmegine kärhanalaryň, hususy kärhanalaryň we korporasiýalaryň daşarky bazara çykmagyna, dünýä bazarynda olaryň bäsleşikde bolmagynyň üpjün edilmesine, şeýle-de ilatyň durmuş taýdan giňden goralmagyna gönükdirilendir. Ilatyň ulanýan harytlaryny köpeltmek maksady bilen, kärhanalaryň önümçiligini enjamlaşdyrmak, täzeden gurnaşdyrmak we giňeltmek üçin gönükdirilýän peýdasynyň bir bölegi salgyt salynmakdan boşadylýar. Şeýle-de, kärhanalaryň arassaçylyk, sagaldyş we haýyr-sahabat maksatlary üçin getirýän peýdasynyň bir bölegi salgytlardan boşadylýar.

Türkmenistanyň salgyt syýasaty oba hojalyk önümlerini artdyrmaga gönükdirlendir. Oba hojalyk ulgamynda ahli kärhanalary peýda salynýan salgytdan we gymmadyň üstüne goşulýan bölegine salynýan salgytdan, raýatlaryň girdejilerine salynýan salgytdan töleýjileriň köpüsi boşadyldy. Bulara çagalykdan maýyp bolanlar we gözüniň

görüş boýunça 1 we 2 toparlara degişli maýyplar; gahryman eneler; goşun serkerdeleri, möhletinden artyk gulluk eden harby gullukçylar we başgalar degişlidir. Girdejä salynýan salgyt boýunça ýene-de birnäçe ýeňillikler berilýär we eglişikler edilýär.

***Salgyt hukugy.*** Salgyt hukugy – bu salgytlaryň görnüşlerini, olary ýygnamagyň tertip-düzgünini kesgitleýän hem-de salgytlar boýunça borçnamalaryň emele gelmegi, üýtgemegi we bes edilmegi bilen bagly bolan gatnaşyklary sazlaşdyrýan hukuk kadalaryň jemidir. Salgyt hukugy maliýe hukugynyň instituty bolup gulluk edýär. Salgyt hukugynyň mazmuny döwlet, jemgyýet-ykdysady gurluşy, onuň meseleleri we wezipeleri bilen takykdyr. Salgyt gatnaşyklary degerli kanunlar ýa-da başga kadalaşdyryş delilnama bolanda hukuk gatnaşyklary görnüşinde hereket edip bilýär. Salgytlaryň hukugy tarapyndan esaslandyrylan gatnaşyklaryň düýp mazmuny – bu töleýjiler döwletiň hasabyna birtaraplaýyn takyk pul jemini tölemek borçnamalarydyr. Salgyt gatnaşyklarynyň hukuk gatnaşyklary görnüşinde hereket etmegi bu gatnaşyklaryň obýekti bolup duran pul gatnaşyklaryna töleg häsiýetiniň berilmegidir, ýöne bu gatnaşyklar gös-göni haryt dolanyşygy tarapyndan döredilmeýär. Şonuň üçin hem, gatnaşyklary, umuman, maliýe gatnaşyklaryň bolşy ýaly, pul gatnaşyklarynyň jeminde saýlanýar.

Salgyt hukugy öz içine ýörite kadalary (salgytlar hakynda kanunlaryň elementlerini ýa-da salgyt modelini) alýar. Bu kadalar her bir salgyt boýunça salgytlaryň obýektlerini (salgyt töleýjilerini), salgyt salynmak obýektlerini (ýa-da salgyt ýygnalyşynyň esaslaryny), salgytlarynyň kadalaryny, salgytlaryň hasaplanylyşynyň we ýygnalynyşynyň tertip-düzgünini, salgytlaryň tölenişiniň möhletlerini, salgyt boýunça berilýän ýeňillikleri, töleýjileriniň jogapkärçiligini, salgyt edaralarynyň hereketlerine şikaýat edilişiniň tertip-düzgünini kesgitleýär.

Salgyt hukugy döwletiň öz üstüne alan wezipesini ýerine ýetirmek maksatlaryna gulluk edýär. Salgyt hukugynyň çeşmesi bolup salgyt kanunlary, şeýle-de kanunalaýyk delilnamalaryň görnüşleriniň jemi, salgyt edaralarynyň düzgünleri we kararlary gulluk edýär. Häzirki zaman şertlerinde salgyt syýasatynda ýerine ýetiriji häkimiýetiň täsir ediji roly güýçlenýär. Salgyt hukugy aýry-aýry salgyt töleýjilere

we onuň hakyky salgyt tölemek ukyby nazarlanmagynyň hasabyna şahsy häsiýete eýe bolýar. Salgydy tölemeklik ukyby takyklamak meselesi salgyt tejribesinde uly ähmiýeti bar, ony senagat tarapyndan ösen döwletleriň salgyt ulgamynda girdejä salynýan salgytlaryň agdyklyk edýänligini tassyklaýar.

«Salgyt hukugynyň salgytlary» çeşmesinden ýygnalyşynyň ösmegi sebäpli, salgyt saklaýan agenti düşünjäniň möhüm ähmiýeti bar. Bu agentler bolup işçileriň iş hakyndan salgyt saklanýan kärhanalar, töleýän salgytlaryndan salgyt saklaýan daşary ýurt kärhanalary we döwlet kärhanalary çykyş edýärler. Hususy we döwlet banklary salgyt salýan edaralara salgyt töleýjileriň hasabyndan göçürmeleri düzüp, olaryň gatnaşmagynda dellalçylyk işlerinden alýan göterimlerinden we renga töleglerinden, şeýle-de, daşary ýurtlara geçirýän pullaryndan salgytlary saklap, olary döwlet üçin hakykatdan hem salgyt ýygnaýjy we salgytlaryň hasaplanylyşyna hem-de tölenilişine barlag geçirmek wezipeleri ýerine ýetiriji agza hökmünde hyzmat edýärler. Salgyt töleýjileriň borçnamalarynyň takyklygyny eýelemek we arassa girdeji edähedine esaslanýar. Eýelemek hukugynyň düýp mazmuny salgyt töleýjiniň girdejini takyk hukuk esasynda eýelände salgyt salmaga çekilmegi bilen takyklanýar (eger onuň bankdaky hasabyna düşen pullar nagt görnüşinde alnan bolsa). Onuň netijesinde kärhananyň eýesi kärhanany satýança bu ösüş boýunça salgyt tölemäge çekilmeýär. Aksioner kärhanasy we trest görnüşindäki kärhanalar üçin bu ýeňillik peýdany toplamaga mümkinçilik berýär (salgyt salynýan ätiýaç goýumlary, aksiýalary ikä bölmeklik, başga kärhanalar bilen birikmek görnüşinde). Eger-de kärhananyň esasy bu serişdeleri ulansa ýa-da öz peýdasyna harçlasa, onda ol salgyt tölemäge mejbur bolýar. Göterim goýumlarynyň häzirki zaman derejesinde tölenýän tölegleriň möhletiniň yza süýşürilmeginiň örän möhüm ähmiýeti bar.

Arassa girdeji ýörelgesi salgyt töleýjileriň girdejileriniň hakyky möçberini fiksal tarapdan tutmakdan gelip çykýar. Karz gatnaşyklarynyň häzirki ösen döwründe girdejileri pul dolanyşygynda ýa-da ýerine ýetirilen işlerden alnan pul girdejisinde şöhlelendirip bolmaýar. Şonuň üçin hem, salgyt hukugy salgyt töleýjini karzlar boýunça borçnamalarynyň we salgyt salynýan girdejilerini almak üçin edýän çykdajylaryny hasaba almak mümkinçili-

gini göz öňünde tutýar. Hasaplaşyk ulgamy köp sanly azaltmalaryň, aýyrmalaryň, ýeňillikleriniň ulanylmagyna esaslanýar.

Salgyt hukugynyň ösüşiniň birinji etabynda onuň hereket ediş pudagy ylalaşykly emlägi gurşap alýar. Bu zatlaryň bellibir ýurda territorial ýörelgesi esasynda berkidilmegi bilen köp halatda döwletleriň salgyt kanunlarynyň bozulmalarynyň öňüni alýardy.

Halkara ylalaşyklar bilen kesgitlenilýän milli kadalaryň we düzgünnamalaryň jemi halkara salgyt hukugynyň esasy çeşmelerini düzýär. Halkara salgyt hukugynyň möhüm çeşmesi bolup, halkara guramalaryň kararlary hem gulluk edip bilýär. Türkmenistanda salgyt hukugy jemgyýetçilik isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen, milli girdejiniň bir böleginiň ýygnalmagyny üpjün edýän görnüş bolup hereket edýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasy salgyt hukugynyň wajyp çeşmesidir.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy Türkmenistanyň döwlet hasabyna ýygnalýan salgytlary we girdejileri hökümet we dolandyryşyň ýokary edaralary tarapyndan alyp barylmagyny belleýär. Türkmenistanda salgytlaryň girizilmegi, olar boýunça ýeňillikleriň berilmegi, olaryň üýtgedilmegi Prezidentiň permanlary esasynda amala aşyrylýar. Salgyt kanunlaryny düzgünleşdirmek üçin düzgünnamalary çykarmak hukugy Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugyna degişlidir. «Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy hakyndaky» Düzgünnama laýyklykda, ol hereket edýän kanunlaryň esasynda salgytlaryň hasaplaşygynyň az tölenilişiniň tertip-düzgünlerini, şeýle-de töleýjiler tarapyndan öz wagtynda tölenmedik tölegleriň ýygnalyşyny takyklaýar.

Türkmenistanyň salgyt hukuk ulgamy kärhanalardan ýygnalýan salgytlary (peýda salynýan salgydy, gymmatyň üstüne goşulan bölegine salynýan salgydy, banklaryň girdejilerine salynýan salgydy, ätiýaçlyga salnan, girdejilere salynýan salgydy, ýerasty baýlyklaryndan peýdalanylmagy üçin salynýan salgydy, harytlyk eksportyň salynýan salgydy, emläge salynýan salgydy, oba hojalygyna degisli bolmadyk kärhanalaryň ýer üçin töleýän tölegleri) hem-de ilatdan toplanýan salgytlary (Türkmenistanyň raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň girdejilerine salynýan salgydy, awtoulag serişdeleriniň eýelerine salynýan salgydy, ýer salgydy) öz içine alýar.

Kärhanalar we guramalar salgyt tölemäge, köplenç, olaryň ýuridik hukugy, özbaşdak balansy we kredit guramasynyň hasaby bolanda çekilýär. Aýry taraplar (käbir salgytlar boýunça olaryň hojalyklary) özleriniň girdejileriniň özbaşdak çeşmesi hem-de emlägi bolanda salgyt tölemäge çekilýär. Dürli salgytlar boýunça salgyt salynmagyň obýektleri bolup girdeji, peýda, emläk, ýer meýdany gulluk edýär. Salgyt hukugy salgydyň çeşmesini ölçemek üçin gulluk edýär hem-de onuň hasaplanylyşynyň esaslaryna goýlan salgyt salynmagynyň birlik möçberini hem takyklaýar (girdejiniň 1 manady, ýer meýdanynyň 1 manady, ýer meýdanynyň 1 kw. m. we ş. m.).

Salgytlaryň iş birligi salgyt hukugy tarapyndan salgyt salynýan çeşmä takyk gatnaşyklar görnüşinde kesgitlenilýär. Olar elýeterli we ösüş görnüşlerine bölünýärler. Salgytlar hakyndaky her bir kanunda möhüm ykdysady we durmuş ähmiýeti bar bolan birnäçe ýeňillikler kesgitlenilýär.Ýeňillikleri bermekligiň dürli-dürli esaslary bar: aýry-aýry pudaklaryň ýa-da işleriň aýry-aýry görnüşleriniň ösüşini höweslendirmek, töleýjiniň maddy ýagdaýyny göz öňünde tutmak, aýry-aýry raýatlaryň döwletiň öňüňdäki eden hyzmatlaryny göz öňüne tutmak we ş. m. Türkmenistandaky töleýjileriň köpüsi meýletin we öz wagtynda döwletiň öňünde salgyt, borçlaryny ýerine ýetirýärler. Ýöne salgyt kanunçylygy öz wagtynda tölenmedik salgytlaryň tölenmeli möhleti boýunça her bir geçen gününe jerimäniň salynmagynam göz öňünde tutýar. Salgyt hukugy töleýjileriň salgyt töleglerini bellenilen möhletlerde tölemek borçlaryndan başga, olaryň üstüne goşmaça borçlar: salgyt, harby salgyt hasaplamalarynyň berilmegine; salgytlaryň tölenmeli möhletleriniň yza çekilmegini, artyk tölenen salgytlary gaýtaryp berilmegini ýükleýär. Töleýjileriň salgyt wekilleriniň nädogry hereketlerine şikaýat etmekliginiň möhüm ähmiýeti bar. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgytlar ýygnalanda, ýeňillikler berlende, salgyt wekilleri tarapyndan salgyt kanunçylygy bozulanda olaryň jogapkärçilige çekilmegini göz öňünde tutýar.

***Halkara salgyt gatnaşyklary. Halkara salgyt ylalaşyklary.*** Halkara salgyt gatnaşyklary bu salgyt tabynlygynyň çaklerini özara sazlaşdyrmak boýunça döwletleriň arasynda gurnalýan gatnaşyklardyr. Bu sazlaşdyrmak köplenç, salgyt töleýjileriniň daşary ýurtdan gelýän girdejileriniň umumy jeminiň esasynda hasaplanýan girdejä

salynýan salgytlary tölenende ulanylýar. Bu bolsa başga döwletiň salgyt talabyna gutulgysyz girmegine getirýär. Häzirki zaman şertlerinde halkara salgyt gatnaşyklarynyň möhüm ähmiýeti bar. Daşary ýurtalara harytlary çykarmak bilen bilelikde baýlygyň çykarylmagynyň we hyzmat etmekliginiň orny has takyk giňeldi.

Birmeňzeş sazlaşdyrylyş islegleri bilen şertlendirilen salgyt ýüküniň ösmegi, halkara ykdysady gatnaşyklarynyň ösüşine möhüm täsir edip başlady. Ösen ýurtlaryň öz salgyt talabynyň daşary ýurtda işleýän öz raýatlaryna we kärhanalaryna ýaýratmagy (prezidentlik ýörelgeler esasynda) toplamalaryň wajyp çeşmesi hökmünde olaryň meýdanda hereket edýän daşary ýurt kärhanalaryna salgyt salmak mümkinçiligini göz astyna alýan, ösüp barýan ýurtlar bilen güýçli gapma-garşylyga duçar boldy. Senagat tarapdan ösen döwletler özleri üçin peýdaly salgyt ylalaşyklaryny gazanmak maksady bilen, birtaraplaýyn çäreleri kabul edýärler (daşary ýurtlarda tölenen salgytlaryň jemine her dürli salgyt azaltmalaryny ulanmak görnüşinde). Halkara salgyt ylalaşyklary dürli ýurtlaryň arasyndaky salgyt meselelerini sazlaşdyrmak üçin gerek bolýar. Halkara salgyt ylalaşyklarynyň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşleri bar.

Köptaraplaýyn ylalaşyklaryna söwda we tarifler hakyndaky Baş ylalaşygy (STBY). «Benilýuks ýurtlaryň ylalaşygy», «And paktina» girýän döwletleriň salgyt konwensiýasy, Ýewropa ykdysady bileleşik Sowetiniň salgyt soraglary boýunça kararlary degişlidir. Halkara salgyt ylalaşyklarynyň öz mazmuny boýunça şu aşakdakylara-ikitaraplaýyn özara salgyt ýeňillikleri bermek ylalaşyklaryna (gümrük konwensiýalary, STBY, Lomeç konwensiýalarynyň salgyt maddalary we başgalar), halkara ikitaraplaýyn salgyt salynmaklygyny aýyrmak ylalaşyklaryna, salgyt meselelerinde guramaçylykly we hukuk kömeklerini bermek hakyndaky ylalaşyklaryna (1972 ý. Nordli konwensiýasy, ABŞ-nyň, Kanada, Angliýa we Germaniýa bilen ylalaşyklary) bölünýärler. Häzirki zamanda hereket edýän halkara salgyt gatnaşyklarynyň umumy sany müňden hem geçýär. Birinji jahan urşundan soň (1914–1918 ý.ý.) halkara salgyt gatnaşyklarynyň talabalaýyk we kadalaşdyryş meseleleri halkara maslahatlaşmalaryň merkezi boldy.

Birinji gezek bu meseleler 1920-nji ýylda Brýusselde geçen maliýe amaly maslahat ara alnyp maslahatlaşyldy, soňra bolsa Mil-

letler Ligasynyň maliýe komitetinde seredildi. 1945-nji ýyla çenli komitetiň işiniň netijesinde guramaçylykly we hukuk kömegini, girdejilere we baýlyga ikitaraplaýyn salgyt salynmagyndan aýyrmak hakyndaky birnäçe konwensiýalar taýýarlanyldy. 1954-nji ýyldan bäri salgyt meseleleri boýunça halkara salgyt gatnaşyklarynyň merkezi bolup Ýewropanyň ykdysady gatnaşyklar guramasy (1961-nji ýylyň sentýabr aýyndan ykdysady gatnaşyklar we ösüş guramasy) gulluk edýär. YGÖG-niň salgyt iş topary tarapyndan 1963-nji we 1977-nji ýyllarda girdejilerden we baýlykdan ikitaraplaýyn salgyt salmagy aýyrmak hakyndaky konwensiýalar taýýarlanyldy.

Häzirki zaman şertlerinde bu konwensiýalaryň kararlaryna salgyt gurşawynda hereket edýän halkara salgyt ylalaşyklary esaslanýar. Halkara salgyt ylalaşyklary, köplenç baýlyk we girdejilere salynýan ähli görnüşlerini öz içine alýar we ylalaşyklaryň iki maksady bar– ikitaraplaýyn salgyt salynmagyň we salgyt tölemekden boýun gaçyrylmagynyň öňüni almakdyr.

Halkara salgyt ylalaşyklary, köplenç, dört bölekden ybaratdyr.

*Birinji bölekde* salgytlaryň ähli görnüşleri we ylalaşyk bilen gurşalyp alynýan taraplar görkezilýär.

*Ikinji bölekde* girdejileriň aýry-aýry görnüşlerine salgyt salynmagynyň ylalaşykda kesgitlenen anyk tertibiniň teswirlemesinden (telekeçilikden alynýan peýda, girdeji, göterimler, iş haky we ş.m.) ybarat.

*Üçünji bölekde* ylalaşyga gatnaşyjylaryň ikisinde-de salgyt salmaklygy saklaýan hukugyň aýry-aýry girdeyjilere we baýlyga iki taraplaýyn salynýan salgytlary aýyrmak tertip-düzgünini göz öňünde tutýan maddalar görkezilýär.

*Dördünji bölege* ylalaşygy ýerine ýetirmekligiň anyk düzgünlerini takyklaýan maddalar girýär. Ylalaşykda onuň hereket edýän möhletlerini we bes edilmegini kesgitleýän maddalar bar. YGÖG-iň konwensiýalary aýry ýurtlaryň toparlarynyň içindäki gatnaşyklara laýyklykda işlenip düzülýär. Bu konwensiýalara girdejileriň çeşmesiniň dörän ýerleri tutulman, girdeji alyjylaryň rezidentlik ýeri boýunça salgyt salmakda esassyz tapawutlanýar. Bu bolsa diňe baýlygy eksport edýän ýurtlary ýeňillikler bilen üpjün edýär. Ösüp barýan ýurtlaryň sanynyň köpelmegi bilen kapitaly import edýän

ýurtlaryň bähbitlerini göz öňüne tutýan konwensiýany işläp düzmek meseleleri ýuze çykýar. 1968-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasy (BMG) ösüp barýan ýurtlaryň bähbitlerini göz öňünde tutýan konwensiýany taýýar etmek hakynda karar kabul etdi. 1980-nji ýylda BMG senagat tarapyndan ösen we ösüp barýan ýurtlaryň arasyndaky salgyt gatnaşyklarynyň konwensiýalarynyň taslamasyna BMG-niň teklip resminamasy hökmünde tassyklandy.

***Salgyt şertnama. Salgyt şerti.*** Salgyt şertnama – bu salgyt töleýjiniň geçen döwründe (çärýek, ýarym ýylda, dokuz aýda, bir ýylda) alan girdejileri we olara degişli ýeňillikler hakyndaky resmi arzasydyr. Salgyt wekilleri salgyt deklarasiýasynyň we salgytlara hereket edýän goýumlaryň esasynda tölenmeli salgytlaryň möçberine gözegçiligi amala aşyrýarlar. Salgyt deklarasiýasynyň esasynda telekeçileriň we erkin hünärli taraplaryň söwda-önümçilik işlerinden alýan girdejilerine salgyt salynmagy ýatyr. Salgyt salynmagyň deklarasiýa usuly şahsy salgytlaryň ösmegi bilen ýüze çykdy we häzirki zaman şertlerinde giňden ýaýrady. Haýsy bolsa-da bir ýurduň çäginde söwda aragatnaşygynda, hyzmat etmek şertlerinde, kredit ylalaşygynda bellenilen şertleriň ýerine ýetirilmegi bilen bagly bolup, kesgitlenen tölegleri tölemäge boýun bolunmaklygyna salgyt şerti diýilýär. Salgyt şerti köplenç gümrük salgytlary, aksizleri, toplamalary, ylalaşyga salgytlary gurşap alýar, ýöne taraplaryň ylalaşygyna baglylykda saglyk şerti girdejä salynýan salgytlara-da ýaýrap bilýär.

Salgyt şerti diňe eksportrçylaryň bähbitlerine gulluk edýär we salgyt kanunlarynyň hem-de salgytlaryň goýumlarynyň üýtgemek howpuny importýorçylaryň üstüne ýükleýär. Häzirki zaman şertlerinde transmilli kärhanalar we banklar salgyt şertini ösüp barýan ýurtlarda geçirýän işlerinden alynýan peýdalaryna salgyt salynmagyndan boýun gaçyrmak üçin giňden ulanýarlar.

***Salgydyň bellige alnyşy. Salgyt sanawy.*** Döwlet hasabyna ýygnalýan salgytlara geçirilýän barlaglaryň görnüşleriniň birine salgyt bellige alnyşy diýilýär. Salgyt bellige alnyşy ozalky Soýuzyň çäginde 1932–1954-nji ýyllarda hereket etdi. Döwlet hasabyna tölenýän salgydy, peýdadan alynýan tutumlar we başga tölegleri tölemäge borç-

ly hojalyk guramalary bellige almaga degişlidi. Salgyt bellige alnyşy kärhanalaryň we guramalaryň ýerleşýän ýeri boýunça etrap we şäher maliýe bölümleri tarapyndan iki ýylda bir gezek geçirilýärdi. Häzirki zamanda döwlet hasabyna, salgytlary töleýän kärhanalaryň hasabyna, olaryň borçnamalarynyň döreýän ýeri boýunça salgyt wekilleri amala aşyrýarlar.

Salgyt sanawynda salgyt salynmaga degişli hünärmentçilikden, hususy we telekeçilik islerinde girdeji alýan taraplar hakynda maglumatlar görkezilýär. Salgyt sanawy töleýjileri hasaba almak, salgytlar hakynda hasabat düzmek hem-de hünärmentçilik we girdejileriň başga çeşmelerine öz wagtynda barlag geçirmek üçin alnyp barylýar. Salgyt sanawynda töleýjileriň familýasy, ady, atasynyň ady, tarap hasabynyň belgisi, girdeji çeşmesiniň dorän wagty (bes edilen wagty), salgyt salynmagynyň wagty, tölemäge bellenilen salgydyň jemi, häzirki ýylda girdejiniň çeşmelerine geçirilen barlagyň wagty görkezilýär.

***Salgyt töleýjiler. Salgyt ýygnayjylar. Salgyt agentleri.*** Kanuna laýyklykda salgyt tölemek borjy üstüne ýüklenen ýuridiki we fiziki taraplara salgyt töleýjiler diýilýär. Salgyt töleýjiler bolup işçiler we gullukçylar, daýhanlar, kärendeçiler, baýlygyň eýeleri, aksioner jemgyýetler, kärhanalar we başgalar çykyş edýärler. Salgyt töleýjileri salgytlaryň her biri görnüşi boýunça degerli ýeňilliklerden peýdalanyp bilýärler.

*Salgyt ýygnaýjylar* – bu döwlet tarapyndan salgytlary ýygnamak borjy ýüklenen ýuridiki we fiziki taraplardyr. Ösen ýurtlarda salgyt ýygnaýjylaryň işini salgyt guramalary, banklar, döwlet we hususy kärhanalar, şeýle-de fiziki taraplar ýerine ýetirýärler. Iş hakyndan, awtor hukuklary we ygtyýarnamalar üçin tölenýän töleglerden, diwidentlerden, göterimlerden salgyt saklananda ýygnaýjylar hökmünde kärhanalar, edaralar we banklar çykyş edýärler. Olar salgyt jemleriniň dolulygyna, wagtynda saklanylmagynyň we merkezi ýa-da ýerli döwlet hasabyna geçirilmegine doly jogapkärçilik çekýärler. Bu tertip-düzgün salgyt wekilleri tarapyndan salgytlaryň tölenilişine geçirilýän barlag işlerini aňsatlaşdyrýar hem-de gazna girmeli serişdeleriň ýygnalyşyny tizleşdirýär. Gytaklaýyn salgytlary, emläge salynýan salgytlary, kreýine tutulmadyk işlerden alnan girdejä salynýan salgytlary ýygnamakda gaznaçylar we banklar ýygnaýjy hökmünde çykyş edýärler. Käbir ýurtlarda Baş salgyt ýygnaýjysy diýen

wezipe bar. Mysal üçin, ABŞ-da içerki girdejiler gullugynyň komissary gös-göni maliýe ministrine tabyn bolup durýar.

## 7.3. Salgyt gaçalgalary

Salgyt gacalgalary diýlip köplenç, kiçiräk, adalarda ýa-da kenar boýunda ýerleşýän döwletlere we etraplara aýdylýar. Olaryň salgyt gaçalgalary diýlip atlandyrylmagy daşary ýurt kapitalyna giň salgyt ýeňillikleri bermek ýollary bilen özlerine şol kapitallary çekmek syýasatyna geçirýändikleri üçindir. Bu maksat bilen olar daşary ýurtlaryň raýatlary, kompaniýalary, resminamalary üçin salgytlardan doly boşatmak rejesini döredýärler ýa-da olaryň girdeýjileri boýunça has uly ýeňillikler kesgitlenilýär (senagat tarapyndan ösen ýurtlar bilen deňeşdirilende). Bu ýurtlaryň meýdanynyň birinji toparyna Bogam we Bermut adalary, Naury, ikinji toparyna Niderland, Antil we Kaýman adalary degişlidir. Bu ýurtlaryň başga ýurtlar bilen salgyt ylalaşyklarynyň ýoklugy olaryň artykmaçlygy bolup hyzmat edýär. Bu bolsa daşary ýurtly maýa goýumçylaryň öz kapitallary we girdejileri boýunça olaryň rezidentçilik edýän ýurtlaryndaky salgyt edaralaryna maglumat bermekden boşadýar we öz ýurtlarynda salgyt tölemekden boýun gaçyrmaga mümkinçilik berýär. Salgyt gaçalgalary diýen düşünje köp halatda girdejilere salynýan salgytlaryň pes derejede emele gelmegi bilen bagly bolan ýurtlarda-da ulanylýar (içerki kanunçylygyň aýratynlyklaryna ýa-da başga ýurtlar bilen salgyt ylalaşyklarynyň şertlerini baglaşmakda). Bu ýurtlara holding kärhanalaryň alýan girdejileri boýunça Niderlandiýa, söwda we dellalçylyk kompaniýalary boýunça Şweýsarýa we Lihteusteýi, banklar boýunça Lýuksemburg degişlidir. Senagat tarapyndan ösen ýurtlarda salgyt salynmagynyň derejesiniň ýokarlanmagy we biznesiň transmilli görnüşleriniň, esasanam banklaryň ösmegi, salgyt gaçalgalarynyň emele gelmegine esasy sebäp boldy. Bu bolsa komparasiýalary öz girdejilerini we kapitallaryny salgyt salýan edaralaryndan gizlinlikde daşary ýurtlara geçirmäge mejbur edýär. Senagat tarapdan ösen ýurtlar salgyt edaralarynyň üsti bilen bu ýüze çykan ýagdaýlar bilen göreşjek bolýarlar. Ýöne bu tagallalar göze görnüp duran netijeleri berenok we berip hem bilmez.

Sebäbi olaryň syýasatynyň maksatlarynyň biri daşary ýurtlaryň kapitaly eksport edilmegine amatly şertler döretmekdir.

Salgyt gaçalgalarynyň berýän salgyt ýeňilliklerini gowşatmak maksady bilen, senagat tarapyndan ösen ýurtlar birnäçe çäreleri amala aşyrýarlar. Olaryň arasynda milli salgyt tabynlygyny döwletiň çäginiň daşyna ýaýradylmagyny, daşary ýurt kapitalyna giň hukuklarynyň berilmegini, şeýle-de salgyt däl häsiýetli çäreleriň birnäçesiniň kesgitlenilmegini bellemek zerurdyr. Mysal üçin, ABŞ-da bu maksatlary amala aşyrmak üçin goýumlaryň ýokary göterimini saklamak syýasaty ulanylýar. Bu bolsa daşary ýurtlardan, şol sanda salgyt gaçalgalary diýlip atlandyrylan döwletlerden gelýän kapitallaryň çeşmelerini güýçlendirýär.

***Salgyt ýeňillikleri, salgyt immuniteti. Ilkinji salgyt eglişigi.*** Salgyt salnanda berilýän salgyt ýeňillikler ulgamy salgyt gatnaşyklaryny guramaklygyň wajyp meseleleriniň biri bolup durýar. Salgyt ýeňillikleri – bu hereket edýän kanunlara laýyklykda ýuridiki we fiziki taraplaryň salgyt salynmakdan doly ýa-da kem-käsleýin boşadylmagydyr. Salgyt ýeňillikleri salgytlaryň durmuş-ykdysady mazmuny, döwlet salgyt syýasatynyň synpy gönükdirilişini aňladýar. Türkmenistanda berilýän salgyt ýeňillikler ulgamy önümçiligi ösdürmäge we ilaty durmuş taýdan goramaga gönükdirilýär. Türkmenistanyň salgytlar hakyndaky kanunçylygynda salgyt salynmaýan salgyt, hasaplanan salgytlaryň jeminden bellibir göterim eglişiklik etmek, käbir girdejileri salgyt salynýan dolanyşyga goşmazlyk görnüşlerindäki ýeňillikler göz öňünde tutulýar. Ýeňillikleriň berilmeginiň dürli-dürli esaslary–töleýjiniň maddy-emläk ýagdaýy, raýatlaryň dowlet öňündäki aýry-aýry hyzmatlary, aýry önümçilikleri ösdürmegiň hökmanlygy, şeýle-de ylmy-enjam ösüşi höweslendirmegiň zerurlygy bolup bilýär. Ýeňillikler takyklanylyp girdejileriň möçberleri we çeşmeleri, eýeçiligiň görnüşleri, töleýjileriň toparlary hasaba alynýar. Türkmenistanda ilata salynýan salgytlar boýunça ýeňillikli salgydyň görnüşine baglylykda toleýjileriň aýry-aýry toparlary boýunça berilýär. Salgyt ýeňillikleriniň esasy maksady – ilaty durmuş taýdan goramakdyr. Ýeňillikleriň iň giň ulgamy raýatlaryň girdejilerine salynýan salgytda hereket edýär.

## 7.4. Karz, onuň mazmuny we guramagyň ýörelgeleri

Dermançylyk ulgamynda daşary ýurtlardan derman serişdelerini satyn almakda bu iş bilen meşgullanýan prowizorlar, hasapçylar häli-şindi kredit meselesi bilen işlemeli bolýarlar. Pul serişdeleriniň hereketiniň dowamynda maliýe bilen bir hatarda kredit gatnaşyklary hem döreýär. Kredit ykdysady topar bolup wagtlaýyn boş pul serişdelerini jemlemek we peýdalanmak boýunça emele gelýän gatnaşyklary aňladýar. Ol gatnaşyklaryň esasy bolup döwlet, kärhanalar we raýatlar çykyş edýärler.

Wagtlaýyn harajatlaryň çeşmesi hökmünde kredit üçin hojalyk dolanyşygyndan pul serişdeleriniň boşamagy zerurdyr. Emma boş pullary jemlemezden, kreditiň hereket etmegi mümkin däldir. Kärhanalarda wagtlaýyn boş pul serişdeleri öňi bilen olaryň esasy önümçilik goýumlarynyň gymmatynyň hereketinde emele gelýär. Bize belli bolşy ýaly, bu goýumlar öz gymmatyny täze onüme bölekleýin geçirýär. Olaryň gymmatynyň önüme geçirilen bölegi bolsa, amortizasiýa toplumynda jemlenýär. Ine, şu toplumyň jemlenen pul serişdeleri esasy toplum doly täzelenýänçä kreditiň çeşmesi bolup çykyş edýär. Kärhanalaryň dolanyşyk serişdeleriniň hereketinde hem wagtlaýyn boş pul serişdeleri emele gelýär.

Harytlary saklamakdan we hyzmatlary etmekden gazanan puluny karhana dessine zähmet serişdelerini satyn almaga we iş hakyny tölemäge harçlamaýar. Şonuň üçin hem dolanyşyk serişdeleriniň bir bölegi wagtlaýyn boş pul serişdesi görnüşinde onuň hasaplaşyk hasabynda saklanýar. Kärhanalaryň peýdasyna olaryň ygtyýarynda galýan bölegi hem kredit serişdeleriniň çeşmesidir. Peýdanyň bu bölegini kärhana öz wagtynda peýdalanmaýar.

Kreditiň çeşmesi bolup diňe kärhanalaryň wagtlaýyn boş pul serişdeleri çykyş etmeýär. Onuň çeşmesi hökmünde döwlet býujetiniň hem uly ähmiýeti bardyr. Býujetiň serişdeleriniň oňa gelýän we harçlanýan wagtlary biri-birine gabat gelmeýär. Şonuň üçin döwlet býujetiniň serişdeleriniň bir bölegi hemişe wagtlaýyn boşdur we kreditiň çeşmesidir. Kreditiň çeşmesi bolup durmuş ätiýaçlyk toplumynyň pul serişdeleri, jemgiýetçilik guramalarynyň puly, ilatyň banklardaky goýumlary we başgalar çykyş edýär.Halk hojalygynda dörän wagtlaýyn boş pul serişdeleriniň umumy jemi goýumy emele getirýär. Şu toplumyň hereketiniň görnüşi bolup

kredit çykyş edýär we ol gatnaşyklaryň birinji wezipesidir. Kreditiň ikinji wezipesi bolsa jemlenen pul serişdelerini kredite isleg bildiren kärhanalara tölegli, yzyna gaýtarmak şerti bilen bermekdir. Kredite bellibir derejede hemme kärhanalar isleg bildirýärler. Sebäbi olaryň harajatlara bolan islegleri öz serişdeleriniň hasabyna hemişe ýapylmaýar. Şonuň üçin kärhanalaryň goşmaça pul serişdelerine bolan islegleri kreditiň hasabyna kanagatlandyrylýar. Kredit möhletine we näme maksada niýetlenýändigine baglylykda gysga, orta we uzak möhletleýin bolup biler. Gysga möhletleýin kredit bir ýyla çenli wagt bilen berilýän we kärhanalaryň dolanyşyk serişdeleriniň hereketi bilen baglanyşyklydyr. Her bir kärhananyň bellibir möçberde öz dolanyşyk serişdeleri bolýar. Olara bolan goşmaça islegleri bolsa gysga möhletleýin kreditiň hasabyna dolanyşyk serişdeleriniň üstüniň ýetirilmegi önümçiligiň üznüksizligini üpjün edýär. Orta möhletli kreditler bäş ýyla çenli berilýär we esasy goýumlaryň hereketi bilen baglanyşykly bolýar. Olar bar bolan hojalyk obýektleriniň uzak möhletleýin kreditleri täze gurluşyga maýa goýumlaryny goýmagyň, kärhanalary abadanlaşdyrmagyň we enjam taýdan kämilleşdirmegiň çeşmeleriniň biridir. Kredit şu aşakdaky ýörelgelerde ulanylýar:

1. *Bellibir maksatlylygy.* Kredit bellibir maksat üçin berilýär. Kredit haýsy maksatlar üçin berlen bolsa, kärhana ony diňe şol maksatlar üçin hem peýdalanmalydyr;
2. *Möhletliligi we yzyna-da gaýtarylyp berilmegi.* Kredit berk bellibir möhlete berilýär. Şol möhlet geçen soň, ol gaýtarylyp berilmelidir;

3. *Kreditiň üpjünçiligi.* Karz almak üçin kärhananyň maddy gymmatlyklarynyň bolmagy we öz serişdeleri bilen ýapyp bolmaýan önümçilik harajatlarynyň bolmagy zerurdyr;

4. *Töleglilik.* Kredit tölegli berilýär. Kreditden peýdalanandyklary üçin kärhanalar bellibir göterim töleýärler. Göterim almagy kärhanalary öz serişdelerini gowy peýdalanmaga we artykmaç puly karz almazlyga mejbur edýär. Çünki göterim kärhananyň peýdasynyň hasabyna tölenýär. Jemgyýetçilik önümçiliginde kreditiň orny uludyr. *Birinjiden*, kredit üznüksiz önümçiligiň yzygiderliligini üpjün edýär we onuň ösüşini çaltlandyrmaga hyzmat edýär. *Ikinjiden*, jemgyýetçilik önümçiliginiň netijesini ýokarlandyrmaga ýardam edýär. Sebäbi ol önümçiligiň we dolanyşygyň wagtyny

azaltmaga, pul serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik döredýär. Kreditiň möhletliligi, yzyna gaýtaryp berilmeliligi we tölegliligi bolsa kärhanany karz alan pul serişdelerini netijeli peýdalanmaga höweslendirýär. *Üçünjiden*, kredit kärhanalaryň işine, olaryň özleriniň we karz alan serişdeleriniň peýdalanyşyna bank tarapyndan barlag etmegiň ygtybarly serişdesidir.

***Kreditiň çeşmeleri***

1. Kärhanalaryň dolanyşykda emele gelen wagtlaýyn boş pul serişdeleri;
2. Döwletiň hasabyndaky pul serişdeleri;
3. Durmuş ätiýaçlyk toplumynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň pul serişdeleri;
4. Ilatyň banklardaky goýumlary;
5. Banklaryň pul serişdeleri we ş. m.






## 7.5. Banklar, olaryň ähmiýeti, görnüşleri we wezipeleri

Türkmenistanyň SG we DS ministrliginiň «Baş dermanhana birleşigi», «Türkmenderman senagat» birleşigi we hususy dermanhanalary öz işini elmydama banklar bilen arabaglanyşykly alyp barýarlar. Halk hojalygynda kredit gatnaşyklary banklar tarapyndan amala aşyrylýar. Banklar wagtlaýyn boş pul serişdelerini jemleýärler we kredit berýärler. Döwlet hasabynda gurluşygy maliýeleşdirmek, kärhanalaryň arasynda hasaplaşyk geçirmek, kassa hereketlerini amala aşyrmak bilen geçirilýär. Kredit, hasaplaşyk hyzmatlaryny etmek bilen banklar jemgyýetçilik önümiň öndürilişiniň, paýlanyşynyň we peýdalanyşynyň üstünden barlag edýär.

Banklar üç sany wezipäni ýerine ýetirýär:

1. Hasaplaşyk;
2. Kredit;
3. Inwestision hasaplaşyk wezipesinde banklar hojalyk taraplarynyň arasynda dürli hasaplaşyklary amala aşyrýar. Kredit wezipesi banklaryň kredit bermek ukybyndan gelip çykýar. Dürli ylalyşyklara girip banklar maýa goýumlary goýmak bilen inwestision wezipäni hem ýerine ýetirýär. Banklar, umuman iki görnüşe–döwlet banklaryna we paýdarlar-täjirçilik banklaryna bölünýärler.Türkmenistanyň bank ulgamyna şu aşakdaky banklar girýär:

I. *Döwlet banklary:*

1. Türkmenistanyň Merkezi banky;
2. Türkmenistanyň döwlet daşary-ykdysady işler banky;
3. Türkmenistanyň «Halkbanky»;
4. «Türkmenbaşy» döwlet-täjirçilik banky;
5. «Daýhanbank» döwlet-täjirçilik banky;
6. «Tükmenistan» döwlet-täjirçilik banky;
7. «Prezident» banky;

II. *Paýdarlar-täjirçilik banklary:*

1. «Senagat» paýdarlar-täjirçilik banky;
2. «Garaşsyzlyk» paýdarlar-täjirçilik banky;
3. «Garagum» halkara paýdarlar banky.

Ýurdumyzyň baş banky bolup Türkmenistanyň Merkezi banky çykyş edýär. Ol Türkmenistan döwletiniň adyndan hem-de onuň tabşyrygy boýunça halkara derejesinde hereket edýär, ýurduň içinde kredit-pul gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar. Onuň pul belliklerini goýbermäge we şolary dolanyşykdan aýyrmaga ýeke-täk hukugy bardyr. Merkezi bank döwlet hasabyndaky kassasynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär, ýurdumyzyň beýleki banklarynyň işini kadalaşdyrýar, olaryň arasynda hasaplaşyk geçirýär. Türkmenistanyň Merkezi banky beýleki banklara ygtyýarnama (lisenziýa, ýagny olaryň öz işini amala aşyrmaga hukuk) berýär, olaryň işiniň üstünden barlag edýär.

Paýdarlar-täjirçilik banklary eýeçiligiň dürli görnüşine esaslanýar. Olar şu aşakdaky bank işlerini:

– müşderileriň hasabyny açmagy we olary alyp barmagy;
– müşderileriň tabşyrygy boýunça hasaplaşygy we olaryň kassa hyzmatyny almagy;
– goýumlary çekmegi we karz alyjy bilen ylalaşmagy kassa hyzmatyny amala aşyrmagy;
– inwestirlenýän serişdeleriň eýeleriniň tabşyrygy boýunça, şeýle hem bankyň öz serişdeleriniň hasabyna maýa goýumlary maliýeleşdirmegi;
– paýnamalaryň we beýleki gymmatly kagyzlary goýbermegi, töleg resminamalaryny we gymmatly kagyzlary satyn almagy, satmagy we saklamagy;
– daşary ýurt walýutasyny satyn almagy we satmagy;
– enjamlary, ulag serişdelerini we gaýry emlägi kärende şertlerinde bermek üçin olary bankyň öz serişdeleriniň hasabyna satyn almagy (lizing işlerini amala aşyrmagy):
– degişli ygtyýarnama bar bolan halatynda beýleki işleri geçirmegi amala aşyrýarlar.

Maddy önümçiligiň we maddy gymmatlyklaryň söwdasynda banklaryň işi gadagan edilýär.

Eger-de Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamasy bolsa, daşary ýurt banklarynyň we olaryň bölümleriniň işine hem Türkmenistanda rugsat berilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda açylan ilkinji bank bilelikdäki türkmen-türk banky.

Ol Türkmenistanyň kärhanalary bilen hyzmatdaşlyk edýändir Türkiýäniň kärhanalaryna hyzmat edýär. Biziň ýurdumyzda türkmen-türk we Pakistanyň Milli bankynyň Saderat Eýran bankynyň Aşgabat şäherindäki bölümleri hem işleýär. Banklar öz işini hojalyk hasaplaşygy esasynda alyp barýar. Olar öz işiniň netijesinde peýda alýar. Bankyň peýdasy onuň alýan göterimi bilen harajatlarynyň aratapawudyna deňdir. Bankyň harajatlaryna goýumlar boýunça tölenen göterimi we bankyň özüni saklamak üçin edilen çykdajylar girýär. Bankyň peýdasynyň çeşmesi bolup önümçilikde döredilen goşmaça gymmat çykyş edýär. Bankyň peýdasynyň onuň öz kapitalyna göterim hasabyndaky gatnaşygy bankyň peýdasynyň kadasyny emele getirýär. Bu kada aşakdaky görnüşde kesgitlenýär:

Bankyň peýdasynyň kadasy = Bankyň peýdasy x 100% / Bankyň öz kapitaly.

***Türkmenistanda hereket edýän banklar.***

1. Türkmenistanyň Merkezi banky.
2. Türkmenistanyň döwlet daşary-ykdysady işler banky.
3. Türkmenistanyň süýşürintgiler banky.
4. «Türkmenbaşy» döwlet-täjirçilik banky.
5. «Daýhanbank» döwlet-täjirçilik banky.
6. «Türkmenistan» döwlet-täjirçilik banky.
7. «Prezident» banky.
8. «Senagat» paýdarlar-täjirçilik banky.
9. «Garaşsyzlyk» paýdarlar-täjirçilik banky.
10. «Garagum» halkara paýdarlar banky.
11. Türkmen-türk kommersiýa banky.
12. Türkmen-russiýa karz banky.
13. Pakistanyň Milli bankynyň Aşgabat şäherindäki bölümi.
14. «Saderat Eýran» bankynyň Aşgabat bölümi .

# VIII BÖLÜM

## 8.1. Bazar ykdysadyýet ulgamynda menejment

***Menejment düşünjesi we onuň zerurlygy.*** Dermançylyk ulgamda menejment düşünjesi giňden ulanylýar. Dürli ýagdaýlarda, ýagny maliýe serişdeleriniň ýetmezçilik ýagdaýynda ýa-da çig mallaryň az halatynda we beýleki kynçylykly ýagdaýlarda derman serişdelerini öndürmekde işi dogry guramak gerek bolýar. Şu ýagdaýlardan baş alyp çykmada menejmentiň kanunalaýyklary ulanylýar. Iňlis dilinden terjime edilende menejment sözi dolandyrmagy aňladýar. Ýöne menejment diýen düşünje ykdysady nazarynda we amalynda köplenç terjime edilmän ulanylýar. Şol sebäpli hem azyndan dört sany nukdaýnazar dowam edýär.

1. Menejment düşünjesiniň girizilmegi – täzelige sarpa goýmak, günbataryň ykdysady nazarlary bilen gyzyklanmak diýlip hasap edilýär. Şoňa görä-de, menejment diýen daşary ýurt sözüni *işe zyýan ýetirmezden dolandyrmak* diýen türkmen sözi bilen çalşyrmak bolar.
2. Menejmente ykdysadyýeti kapitallaşdyrmagyň serişdesi hökmünde, ýagny hususy eýeçiligiň şertlerinde ykdysadyýeti dolandyrmak hökmünde seredilýär.
3. Menejment – munuň özi bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde dolandyrmagyň ulgamydyr.
4. Menejment – munuň özi enjamlary dolandyrmakdan tapawutlylykda, adamlary dolandyrmakdyr.

Mysal getirilen nukdaýnazarlaryň her biriniň bellibir derejede adalatlylygy düşnüklidir. Şol sebäpli hem menejmente bazar gatnaşyklarynyň şertlerinde telekeçilik kärhanasyny dolandyrmagyň aýratyn görnüşi hökmünde seretmek bolar. Ykdysady edebiýatda menejmentiň birnäçe kesgitlemeleri bar. Olaryň her biri onuň aýry-aýry alamatlaryna ünsi çekýär. Mysal üçin, menejment dolandyryş ýörelgeleriniň, usullarynyň, serişdeleriniň hem-de görnüşleriniň jemi hökmünde, işiň aýratyn görnüşi hökmünde, kada hökmünde, maksatly täsir etmek hökmünde, höweslendiriji şertleri döretmek we beýle-

15. Sargyt № 1856

kiler hökmünde kesgitlenilýär. Menejmenti iş ýüzünde öwrenmegiň we ulanmagyň zerurlygy bazar ykdysadyýetine geçilmegi bilen baglanyşyklydyr.

***Bazar gatnaşyklarynyň ulgamynda dolandyryş.*** Bazar ykdysady kanunlarynyň (gymmatyň, islegiň we teklibiň, bäsleşigiň) täsiri bilen şertlendirilen hojalyk aragatnaşyklarynyň özboluşly bir görnüşi bolup durýar. Olary durmuşa geçirmegiň barşynda ykdysady işiň dürli görnüşi bilen özara we öz-özünden düzgünleşmeginiň esasynda olaryň bähbitleri ylalaşdyrylýar we islegleri kanagatlandyrylýar. Bazar gatnaşyklary umumy adamzat gymmatlygy bolmak bilen, dürli jemgyýetçilik ulgamynda ulanylýar. Bazar gatnaşyklary öndürilen önümiň jemgyýetçilik tarapyndan ykrar edilendigini (ýa-da ykrar edilmändigini), harytlara islegiň we olaryň teklip edilişiniň, hyzmatlaryň, pul maýalarynyň, deňagramly nyrhlaryň emele getirilmegini, önümçilik harajatlarynyň azaldylmagyny, tehniki enjam kadasynyň, zähmet öndürijiliginiň we zähmetiň netijiligini ýokarlandyrylmagyny, höweslendirilmegini üpjün edýär. Dünýä amalynda bazar ykdysadyýetine ýygy-ýygydan özboluşly birleşik emele geliş hökmünde hem seredilýär. Onda eýeçiligiň, hojalygy ýöretmegiň we dolandyryşyň dürli görnüşleri dowam edýär. Bazar ykdysadyýetiniň häzirki zaman ösüşi birnäçe alamatlar:

– iri, orta we kiçi kärhanalaryň utgaşmagy bilen;
– döwletiň ösen durmuş wezipeleri bilen zähmetkeşleri durmuş taýdan goramagyň ulgamy bilen; alyjynyň bazarynyň öndürjiliginiň bazaryndan agdyklyk edýänligi bilen;
– bazaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýändigi bilen häsiýetlendirilýär.

Bazar ykdysadyýetiniň ýokary netijeliligi hakynda dünýä hojalyk amaly şaýatlyk edýär.

Bazar institutlarynyň ulgamy dört sany:

1. Bazaryň şertleri;
2. Bazaryň görnüşleri;
3. Bazaryň gurluşy;
4. Bazar şertlerinde dolandyryş bölegi öz içine alýar. Ol bazaryň öz-özüni dolandyryşyna we döwlet tarapyndan düzgünleşdirişe bölünýär.

Bazar şertlerinde dolandyryş
Bazaryň öz-özüni dolandyryşy
Döwlet tarapyndan düzgünleşdiriş

Bazar
Bazaryň görnüşleri
Bazaryň şertleri
Bazar gurluşy

Bazaryň esaslanýan binýadyny emele getirýän bazar şertleri şu aşakdakylary:

– eýeçiligiň döwlet ýa-da haýsydyr bir beýleki görnüşiniň monopoliýalaşdyrylmagynyň aýrylmagyny;
– döwlet eýeçiliginiň monopoliýasy şertlerinde eýeçiliginiň döwletden aýrylmagyny, hususylaşdyrylmagyny;
– döwlet we hojalyk ýolbaşçylygynyň aýyl-saýyl edilmegini, bäsleşik (konkurensiýa) ulgamynyň döredilmegini, şol sanda monopolistleriň kärhanalaryny ownuk kärhanalaryň hasabyna döredilmegini, kiçi hususyýetçiligiň ösdürilmegini;
– önümçiligiň ähli güýçleriniň erkin herekete getirilmegini;
– erkin nyrhy emele getirmegi;
– bazaryň hemmeler üçin açyk hem-de elýeterli bolmagyny.

Iň soňky şert şol bir wagtyň ozünde bazar gatnaşyklarynyň ösmeginiň netijesi bolup durýar. Şertleriň barlygyna garap, bazara geçmegiň hakykylygyna we derejesine baha bermek bolar. Bazar gatnaşyklarynyň ulgamynda bazaryň görnüşlerini – harytlaryň we çig malyň hem-de hyzmatlaryň bazaryny, gymmat bahaly karzlaryň we inwestisiýalaryň maliýe bazarlaryny, işçi güýjüniň bazaryny tapawutlandyrýarlar. Bazarlaryň her biri içerki hem-de daşarky bazarlara, haryt-çig mal bazary bolsa – lomaý we bölek – satuw bazarlaryna bölünýär. Olar aýry-aýry hyzmatlaryň ýöriteleşdirilen bazarlaryny öz içine alýarlar. Içerki bazar umumy milli we ýörite bazarlary öz içine alýar. Häzirki wagtda Türkmenistanda haryt-çig mal bazary (şeýle hem dermanlyk çig mallar-ösümlik, mineral) has ösendir. Bazaryň guramasy – munuň özi bazara hyzmat edýän guramalaryň hem-de kärhanalaryň jemidir.

*Dellalçylyk guramalary:*

- Dermanhanalar,
- Söwda kärhanalary,
- Biržalar,
- Söwda öýleri,
- Ýarmarkalar,
- Auksionlar.

*Bazar guramasynyň düzümi:*

- Ulgam – Marketing,
- Habar,
- Mahabat,
- Aragatnaşyk.

Gurama boýunça bazar gatnaşyklarynyň ösüş derejesine baha berýärler.Tutuşlygyna alanyňda, Türkmenistanda bazar guramasy ösendir. Marketing, habarlar, kredit, şeýle hem ulag we aragatnaşyk guramalary oba ýerlerinde hem ösdürmek zerurdyr. Bazar şertlerinde dolandyryş dürli görnüşlerde amala aşyrylýar.

***Bazar ykdysadyýetini dolandyrmagyň ulgamy.*** Bazary dolandyrmagyň ulgamy bazaryň öz-özüni dolandyryşyny we bazar ykdysadyýetiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilişini öz içine alýar. Olaryň gatnaşygy ol ýa-da beýleki ýurduň ösüş şertlerine we onuň halkynyň däp-dessurlaryna, endiklerine, urup-adatlaryna hem-de hereketlerine baglylykda dürli-dürli bolup biler. Menejeriň tejribeli dolandyryşy we zähmetkeşler köpçüliginiň öz-özüni dolandyryşyny göz öňüne tutýar. Özüniň emlägine eýelik etmek, ony dolandyrmak we peýdalanmak hukugyny durmuşa geçirýän hususyýetçiniň öz-özüni dolandyryşy başlangyç dolandyryş gatnaşygy bolup durýar. Başgaça aýdylanda, bazar öz-özüni dolandyryş – munuň özi hususyýetçiniň işidir. Ol bu işi doly möçberde ýa-da bölekleýin amala aşyryp biler. Hususyýetçi tarapyndan bazar öz-özüni dolandyryşynyň doly möçberde amala aşyrylmagy onuň telekeçiniň, menejeriň we zähmetkeş agzalarynyň dolandyryş wezipelerini öz üstüne alýandygyny aňladýar. Bazar öz-özüni dolandyryşyň şeýle görnüşi kiçiräk hususy kärhanalar üçin häsiýetlidir. Başga görnüşler hem mümkindir. Hususyýetçi tarapyndan dolandyryş wezipelerini amala aşyrmagyň sekiz görnüşi görkezilendir. Şol dolandyryş wezipelerini hususyýetçi tarapyndan olaryň dürli-dürli utgaşdyrylmalary bilen häsiýetlendirilýän wezipeleriniň hemmesini özünde jemleýär. Sekizinji görnüşinde

hususyýetçi eýeçilik etmegiň we dolandyrmagyň diňe özüne has mahsus bolan işlerini ýerine ýetirýär. Emlägi öndürijilikli peýdalanmak wezipeleri bolsa telekeçiniň, menejeriniň we zähmetkeşler toparlarynyň agzalarynyň ygtyýarylygyna berilýär. Eýeçilik etmek we dolandyrmak wezipelerini emlägi ulanmaga bermegi, ony kärendesine bermegi, girdejileri peýdalanmaga gatnaşmagy öz içine alyp biler. Emlägi öndürijilikli ulanmak telekeçi, menejer, zähmetkeşler topary tarapyndan amala aşyrylýar. Çünki, munuň özi başarjaňlygy, tutanýerliligi, töwekgelçilige taýýar bolmagy, pikirleri, ýörite bilimleri we endikleri talap edýär.

Bazar öz-özüňi dolandyryş ykdysady işiň özara baglaşan bähbitlerini üpjün edýär. Ol jemgyýetçilik we hojalyk ulgamy hökmünde ykdysadyýeti ösdürmegiň wezipelerini jemgyýetçilik tertibini saklamagy, döwleti we adamlary goramagy, jemgyýetçilik, toparlaýyn hem-de hususy bähbitleri sazlamagy, ykdysadyýeti ösdürmegiň ugurlaryny saýlap almagy, düýpli ylmy-barlaglary geçirmegi, pul ulgamyny, önümçilik we durmuş guramasynyň (ulag toplumynyň we aragatnaşyk ulgamynyň, saglygy saklaýyş, medeniýet, bilim edaralarynyň) emele gelmegini hem-de işlemegini, töwerekdäki gurşawy goramagy çözmeýär. Bazar gatnaşyklary ilatyň işe ukyply däl we durmuş taýdan gowşak gatnaşyklarynyň (maýyplar, işsizleriň, çagalaryň, okuwçylaryň) durmuş taýdan goraglylygynyň kepillerini öz-özünden üpjün etmeýär. Aýratyn-da nyrhlaryň ýokarlanan, işe ýerleşmek, kadrlary taýýarlamak we gaýtadan taýýarlatmak zerur bolan halatlarynda üpjün etmeýär. Dolandyryşyň bu wezipeleri merkezde hem-de ýerlerde döwlet we onuň guramalary tarapyndan amala aşyrylýar. Düzgünleşdirmekde tutuş jemgyýetiň we döwletiň bähbitleri beýan edilýär. Göni we gytaklaýyn düzgünleşdiriş tapawutlandyrylýar. Göni düzgünleşdirişe döwlet tarapyndan bazar gatnaşyklarynyň taraplarynyň işine gönüden-göni täsir edýän kada aktlarynyň, düzgünnamalaryň, çäreleriň işlenip düzülmegi degişlidir. Ol antimonopoliýa kanunlaryny, nyrhlara döwlet gözegçiligini, önümiň sertifikasiýasyny, işleriň tarifikasiýasyny, döwlet kiçi ähmiýetli pudaklara pul kömegini bermegi (subsidirlemegi), durmuş meseleleriň çözgütleri-

ni, ylmy-barlag we tejribe işini maliýeleşdirmegi, millileşdirmegi we millileşdirmekden aýyrmagy (hususylaşdyrmagy) öz içine alýar. Dermançylyk ulgamynda ýurda getirilýän derman serişdeleriniň bahalarynyň ýokary bolmazlygyna gözegçilik edilýär. Sebäbi hususy dermanhanalar dilleşip olaryň bahasyny ýokarlandyryp biler. Şonuň üçin bu ýerde döwlet gözegçiligi zerurdyr. Gytaklaýyn düzgünleşdirişde bazar gatnaşyklarynyň işi üçin höweslendiriji şertler döredilýär we salgyt ulgamyny, nyrh maliýe-kredit syýasatyny öz içine alýar.

## 8.2. Hususyýetçi tarapyndan bazar, öz-özüňi dolandyryş wezipelerini amala aşyrmagyň görnüşleri

Düzgünleşdirmek hukuk, ykdysady we durmuş çäreleriniň kömegi bilen amala aşyrylýar. Hukuk taýdan düzgünleşdirmek bazar, hojalyk hem-de zähmet kanunlaryny (kadaly aktlary, usuly görkezmeleri), şeýle hem ekologiýa baradaky talapnamalaryň we gadagan etmelileriň ulgamyny işläp düzmek ýoly bilen durmuşa geçirilýär.Ykdysady taýdan düzgünleşdirmek ösüşiň ykdysady syýasatyny, esasy ugurlaryny, maksatly hemme taraplaýyn meýilnamalaryny işläp düzmek, pul ulgamyny durnuklylaşdyrmak, salgyt ulgamyny kämilleşdirmek, nyrhlara gözegçilik etmek, kredit üçin göterimli hasaplamak, nyrhlary meýilnamalaşdyrmak, halk hojalygynyň ähmiýetli pudaklaryny, döwlet borçnamalaryny maliýeleşdirmek görnüşinde bolup geçýär.

Durmuş taýdan düzgünleşdirmek şu aşakdakylary:

1. Zähmet gatnaşyklaryny (baş tarif ylalaşyklaryny baglaşmagy, tarif birlikleri, zähmet haky tölegiň minimal möçberlerini, zähmeti goramagyň kadalaşdyrylyşyny işläp düzmegi, iş hakynyň etaplaýyn düzgünleşdirilmegini).
2. Işliligiň durmuş taýdan kepillendirmelerini (gaýtadan taýýarlamagy we işe ýerleşdirmegi guramagy), ilatyň durmuş taýdan gowşak gatlaklaryny hem-de işe ukypsyz bölegini goramagy (pensiýalary, şol sanda işsizlik boýunça hem kömek pullary bellemegi).

3. Örän möhüm eşretleriň we hyzmatlaryň peýdalanyş derejesiniň iň pes hem-de tygşytly möçberlerini, pul girdejilerini we ilatyň durmuşdaky toparlary boýunça adamyň ýaşaýşa ukyplylygynyň beýleki şertlerini görkezýän durmuş kadalaşdyryjy resminamalary işläp düzmegi.
4. Ilatyň satyn alyjylyk ukybyny goramagy.
5. Iş hakynyň, pensiýalaryň, talyp haklarynyň, pul kömegi we ilatyň süýşürintgiler bankyndaky goýumlarynyň belgisini öz içine alýar.

***Bazar dolandyryşynyň guramaçylyk-buýruk bermek dolandyryşyndan aýratynlyklary.*** Jemgyýetçilik ösüşiniň dünýä tejribesi dolandyryşyň hiç bolmanda esasy üç görnüşini: däp bolan, guramaçylyk-buýruk bermek we bazar görnüşlerini ýüze çykardy.

Däp bolan dolandyryş jemgyýetde emele gelen adatlara we däp-dessurlara, häkimiýetiň miras almagyna, jynsyna we ýaşaýşyna laýyklykda zähmetiň bölünmegine esaslanandyr. Ol adamzat taryhynyň dürli tapgyrlarynda dürli häsiýetli bolupdyr. Guramaçylyk-buýruk bermek dolandyryşy oýlanyşykly guramaklyga esaslandyrylandyr. Oýlanyşykly guramak zähmet bölünişini, ýalňyz ýolbaşçylygy, tabynlyk gatnaşyklarynyň infra-gurluşyny, işini ýerine ýetirmegiň ýollaryny we höweslendirmegiň ulgamyny öz içine alýar. Dolandyryşyň bu ulgamy dürli jemgyýetçilik bölümlerinde ol ýa-da beýleki derejesinde ulanylýar. Ol ozalky SSSR-de merkezden dolandyrylan ykdysadyýeti döretmegiň başynda has doly ösüşe eýe boldy. Dolandyryşyň häzirki zaman bazar ulgamy hojaýynlyk edýän taraplaryň öz-özüňi dolandyryşynyň ykdysadyýetiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi bilen utgaşdyrylmagyndan ybaratdyr. Ol gatnaşyk ykdysadyýetli ýurtlarda, ýagny ony döwlet guramalary, köpçülikleýin we hususy guramalara goşulýan ýurtlarda hereket edýär. Bazar dolandyryşynyň guramaçylyk-buýruk bermek dolandyryşyndan aýratynlygy bellibir özbaşdak hadysa bar bolan esasy düzümli dolandyryşyň eýeçiliginiň, önüminiň, maksadynyň, guralyşynyň usullarynyň we tilsimatynyň gatnaşyklaryndan ybarat bolmagydyr.

***Eýeçiligiň ykdysady mazmuny.*** Eýeçilik hukuk manyda emläk gatnaşyklaryny aňladýar. Has takygy, hukuk kadalarynda dürli taraplaryň maddy baýlygy nähili eýelenýändigi we olaryň arasynda nähili paýlanýandygy kesgitlenilýär. Hukuk kanunlary emlägiň eýesine degişlidigini şertlendirýär. Bu kada boýunça zadyň eýesi özüne degişli emläge öz isleýşine görä eýelik etmäge, ondan peýdalanmaga we oňa erk etmäge hukugy bardyr. Şeýdip döwlet hukuk kanunlaryň üsti bilen durmuşda bar bolan eýeçilik gatnaşyklaryny berkidýär we goraýar.

Eýeçilik ykdysady manyda önümçilik serişdelerine we önümçiligiň netijesine eýelik etmek boýunça adamlaryň arasynda döreýän çylşyrymly önümçilik gatnaşyklaryny aňladýar. Maddy nygmatlary öndürmek munuň özi adamlaryň, tebigatyň zatlaryna eýelik etmegidir. Emma tebigatyň we adamlaryň döreden baýlygynyň kime degişliligini kesgitleýän gatnaşyklardan daşary hiç zada eýelik edip bolmaýar.

Eýeçilik gatnaşyklaryna şu aşakdakylar:

1. Eýelik etmek;
2. Eýeçilikdäki zatlary peýdalanmak;
3. Eýeçiligi ykdysady taýdan durmuşa geçirmek girýär.

Bularyň hemmesi önümçilikde adamlaryň arasynda döreýän ykdysady gatnaşyklaryň düýp mazmunyny düzýär.

***Eýelik etmek*** diýip, adamlaryň zatlara özüniňki hökmünde garamak gatnaşygyny emele getirýän ykdysady gatnaşyklaryna aýdylýar. Emläk eýesiniň emlägini öz isleýşine görä peýdalanmaga hukugy bardyr. Ol öz zadyny özi peýdalanman, bellibir şertlerde ondan peýdalanmak mümkinçiligini başga birine bermegi hem mümkin.

Eýeçilik öz eýesine girdeji, peýda getirende ykdysady taýdan durmuşa geçýär. Önümçilik serişdeleriniň peýdalanylmagy netijesinde öndürilen önümiň hemmesi ýa-da bir bölegi girdeji, peýda hökmünde çykyş edýär. Şeýlelikde, eýeçilik gatnaşyklary hemme hojalyk gatnaşyklaryny öz içine almak bilen önümçilikde, paýlamakda, alyş-çalyş we sarp etmekde döreýän ykdysady gatnaşyklaryň üsti bilen ýüze çykýar.

Eýeçilik ykdysady düzümi boýunça dürli emläklerden durýar. Ol şol emläklere eýelik etmek, olary peýdalanmak boýunça emele

gelýän ykdysady gatnaşyklary aňladýar. Onuň zatlary hökmünde ýer, ýerasty baýlyklar, suw resurslary, tokaý zolagy, ösümlik hem haýwanat dünýäsi, dag-magdanly ýerler, emläk birleşmeleri, jaýlar, desgalar, ýaşaýyş jaý-kommunal obýektleri, enjamlar, pul serişdeleri, gymmat bahaly kagyzlar hem-de önümçilik, sarp ediş, durmuş, medeni we beýleki hajatlar üçin niýetlenen gaýry eýeçilik obýektleri, medeniýet senetleri, açyşlar, oýlap tapyşlar, senagat nusgalary, haryt nyşanlary hem-de hyzmat ediş nyşanlary, akyl zähmetiniň döreden beýleki zatlary çykyş edýärler. Bulardan adam zähmetiniň netijesinde döredilen önümçilik serişdeleri, ýagny maşynlar, enjamlar, ölçeýji gurallar iň esasylary bolup durýarlar.

## 8.3. Menejmentiň ýörelgeleri

Menejmentiň funksiýalary ýerine ýetirilýän işleriň görnüşlerini aňladýar. Funksiýalar dolandyryş obýektine maksatlaýyn täsir edilýän çäreleriň we görkezmeleriň toplumydyr. Bu toplum *esasy* (umumy) we *anyk* (*ýörite*) funksiýalara bölünýär. Ähli kärhanalarda, birleşiklerde we edaralarda dolandyryş ulgamynyň üstünlikli işlemegini üpjün edýän funksiýalara *esasy funksiýalar* diýilýär. Olara şu aşakdakylar:

1. Meýilnama düzmek;
2. Guramaçylyk;
3. Zähmete höwesi döretmek;
4. Gözegçilik degişlidir.

Bu funksiýalaryň yzygiderli ýerine ýetirilmegi obýektiň kadaly dolandyrylmagyny üpjün edýär.

Esasy funksiýalardan işiň netijesi boýunça bölünip, emele gelýän funksiýalara ***anyk funksiýalar*** diýilýär. *Anyk funksiýalar* dolandyrylýan ulgamyň özbaşdaklygyny we aýratynlygyny häsiýetlendirýärler.

***Meýilnama düzmek*** – menejmentde esasy funksiýalaryň biri hökmünde garalýar. Meýilleşdirmek aýgytlaýjy we ileri tutulýan funksiýadyr, ony önümçilige ornaşdyrmak üçin beýleki funksiýalaryň doly derejede ýerine ýetirilmegi zerurdyr.

***Guramaçylyk funksiýasy*** – dolandyryşyň netijeli düzüm gurluşyny saýlap almagy we ony degişli ygtyýarlylyklar bilen üpjün etmegi göz öňünde tutýar. Ygtyýarlylyk kärhananyň serişdelerini

ulanmak we zerur meseleleri çözmek üçin çäkli hukuklary berýär. Ygtyýarlylyk işgärler däl-de, eýsem olaryň eýeleýän wezipelerine paýlanyp berilýär.

***Zähmete höwes döretmek funksiýasy*** – bu öňde goýlan maksada ýetmek üçin özüňde we başgalarda bar bolan işi ýerine ýetirmäge gyzyklanma döredýän we işgärlere kabul edilen görkezmeleri iş ýüzünde oňat hilli geçirmäge kömek edýän toplum çärelerdir.

Alymlaryň aýtmagyna görä, adamda zähmete höwes onuň bildirýän islegine baglylykda döreýär. ***Islegler*** – bu adamynyň haýsydyr bir zadyň ýoklugyna düşünip, bu ýetmezçilige höwes döredýän çäreler arkaly zähmet çekip düzetmäge çalyşýan hereketine aýdylýar. Islegleri sylaglar arkaly hem kanagatlandyrmak mümkindir. *Sylag* bolsa, bu adamynyň özi üçin gymmat diýip hasaplaýan zadyny aňladýar. Mysal üçin, dolandyryjylar öz işlerinde daşky (pul tölegleri, gulluk wezipesi boýunça ýokary süýşmek) we içki (maksada ýetilende üstünligi duýmak) sylaglary ulanýarlar.

***Gözegçilik funksiýasy*** – öňde goýlan maksada okgunly hereket etmegi üpjün edýän funksiýadyr, gözegçiliksiz tertipsizlik ýüze çykýar, ýerine ýetirilen işleriň netijesini doly derejede jemlemäge mümkinçilik bolmaýar. Şeýle hem, täze ornaşdyrylan düzgünnamalara, görkezmelere, goşmaça hukuklara we borçlara degişlilikde işgärleriň garaýyşlaryny çaklamaga zerurlyk döreýär.

Kärhanada gözegçilik üç görnüşde ulanylýar, olaryň görnüşleri aýry-aýry bolsa hem maksatlary umumydyr, ýagny alynýan netijeleriň göz öňünde tutulýan talaplara laýyk gelmegine ýardam berýärler. Gözegçiligiň görnüşleri diňe ýerine ýetirilýän wagty boýunça tapawutlanýar.

1. *Deslapky gözegçilik* – kesgitlenen syýasat, kararlar we tertip-düzgünler görnüşde amala aşyrylýar. Şeýle hem, zähmet serişdeleriniň işewürlik, hünärlilik derejelerini hem-de endiklerini giňişleýin seljermegi talap edýär. Bu talaplar wezipe borçlaryny doly derejede ýerine ýetirmek we taýýarlykly, hünärli işgärleri saýlap almagy nazarda tutýar.
2. *Gündelik gözegçilik* – iş wagty geçirilýär, ol ýolbaşçynyň gönümel öz tabynlygyndaky işgärine edýän gözegçiligini aňladýar. Tabynlykdaky işgäriň işini birsyhly barlamak

hem-de onuň netijesinde ýüze çykarylan meseleleri, teklipleri ara alyp maslahatlaşmak, öňde duran wezipeleriň gyşarnyksyz berjaý edilmegini üpjün edýär.

**3.** *Jemleýji gözegçilik* – ýerine ýetirilýän iş ýa-da oňa berlen möhlet tamamlanandan soň amala aşyrylýar. Gözegçiligi alyp barmak üç dürli tapgyrlary–standartlary işläp taýýarlamak, olary hakyky alnan netijeler bilen deňeşdirmek hem-de degişli zerur düzediş çäreleri kabul etmekligi öz içine alýar.

Umuman aýdylanda, menejmentde (dolandyryşda) gözegçiligiň bolmagy, işi anyk netijelere gönükdirmäge we gözegçiligiň öz wagtynda geçirilmegi bolsa netijeliligi ýokarlandyrmaga ýardam berýär.

***Menejmentiň umumy düzgünleri.*** *Netijelilik düzgüni.* Bu düzgüni firmanyň maksatlaryna ýetişiniň derejesini we onuň peýdaly netijesiniň hem-de harajatlarynyň arasyndaky gatnaşygyny häsiýetlendirýär. Islendik firmanyň esasy maksady girdeji almakdan ybaratdyr. Ol firmanyň pul maýasy we dolanyşygy bilen ölçelýär. Zähmet öndürijiliginiň dolanyşygyň iş sagatlarynyň sanyna ýa-da işgärleriniň sanyna gatnaşygy bilen ölçemek kabul edilendir.

**Durmuş jogapkärçilik ýörelgesi.** Bu edähet ykdysady netijelilik edähedini dolandyrýar we onuň bilen bilelikde hereket edýär. Durmuş jogapkärçiligi girdeji almagyň – munuň özüniň firmanyň içki işidigine şaýatlyk edýär. Has belent hilli maksat munuň özi firmanyň geljekde uzak wagtlap ýaşamagyndan ybaratdyr. Hususy dermanhananyň ýa-da firmanyň uzak wagtlap ýaşamagy diňe bir onuň girdejililigine bagly bolman, eýsem ol işgärlere adalatly garamagy, zähmetiň howpsuzlygyny, önümiň we hyzmatlaryň hilini, ekologik talaplaryň ýerine ýetirilmegini hem öz içine alýar.

Firmanyň ykdysady netijeliligini we durmuş jogapkärçiliginiň utgaşmagy dürli görnüşli gapma-garşy maksatlaryň görnüşinde bolup geçýär. Menejmentiň durky çäklendirmelerden, azat ykdysady ösüşi gorap saklamakdan ybaratdyr. Bu durkuň düýp manysy: «biznesiň işi-täjirçiligiň işi» diýen sözlerde jemlenendir. Şol bir wagtyň özünde jemgyýet döwletiň hem-de dürli jemgyýetçilik guramalarynyň üsti bilen menejmente zähmetiň howpsuzlygyny we zähmeti goramagy, önümiň hilini, töwerekdäki gurşawy hapalamagyň we galmagalyň

derejesiniň ölçeglerini, iş hakynyň iň az möçberini, salgytlary tölemegi we ş.m. berjaý etmek baradaky talaplary bildirilýär. Netijede, häzirki zaman firmasy durmuş-ykdysady gurama öwrülýär.

Syýasy, döwlet we hojalyk dolandyryşynyň wezipelerini aýyl-saýyl etmek ýörelgesi bazar gatnaşyklarynyň şertlerinde ykdysadyýetiň syýasy we döwlet häkimýetine gatnaşygy barasynda özbaşdakdygyny aňladýar. Syýasatyň we ykdysadyýetiň baglanyşygy – munuň özi jemgiýetçilik ösüşiniň ählumumy iňňän möhüm kanunalaýyklygydyr. Ykdysadyýet – ykdysadyýetiň merkezleşdirilen aňlatmasy bolup durýan syýasaty kesgitleýär. Öz gezeginde syýasat bolsa ykdysadyýete işjeň täsir edýär, ýöne bu täsiri bazar ykdysadyýetiniň göni däl-de, eýsem gytaklaýyn täsiri bolup durýar. Hususan-da, firmalar ol ýa-da beýleki syýasy wakalaryň täsiri astynda ykdysady çözgütleri özbaşdak kabul edýärler. Alyjy (marketinigi) göz öňünde tutýan, satyp bolýan zady öndürmegiň gerekdigini aňladýar. Marketing sarp edişi we islegi öwrenmegi, bazary we satyn alyş häsiýetini seljermegi, nyrhlary bellemegi, harydyň öndürijiden sarp edijä çenli hereketini, mahabaty, ýerleşdirmegi (satmagy) we ony höweslendirmegi öz içine alýar. Menejmentiň alyjyny göz öňünde tutmagy önümiň hiliniň gowulygy bilen, satuwdan soň alyja hyzmat etmegi guramak bilen, eger haryt ony kanagatlandyrmasa, onda oňa puluny gaýtaryp bermek bilen, söwda işgärleriniň ýokary derejesi bilen, alyjy hökmünde garaýyş bilen üpjün edilýär.

Menejmente ulgamlylyk ýörelge dolandyryşyň gurluşlaryny onuň düzüm bölekleriniň özara gatnaşyklaryny we özara hereketlerini, dolandyryş hadysasynda olaryň her biriniň ornuny ýüze çykarmagy nazarda tutmak arkaly bir bitewi zat hökmünde dolandyryş hakyndaky düzgünleriň jemini öz içine alýar. Ulgam – çemeleşmek ulgamy, ulgamyň düzümi, ulgamyň içki we daşky gurşawy, ulgamyň içindäki aragatnaşyklar ýaly düşünjeleri ulanýar. Bazar ykdysadyýetine we menejment olaryň bütewüligi hem-de özara baglanyşyklylygy nukdaýnazardan garamak ulgama çemeleşmekde esasy zat bolup durýar. Menejmente ulgamly çemeleşmek meseleleri ýüze çykarmak we takyk rejelemek, maksatlaryň tabynlygyny kesgitlemek, düýp işiň esasyny, guramaçylyk gurluşyny işläp düzmek, içki we daşky görnüşleri, firmanyň güýçli we gowşak taraplaryny barlag etmek, dolandyryş kadalaryny kabul etmek üçin ulanylýar.

***Menejmentiň wezipelerini durmuşa geçirmegiň ýörelgeleri.***

Menejmentiň umumy ýörelgeleri bilen bir hatarda onuň ýörite ýörelgeleri bar. Ýörite ýörelgeleri menejmentiň wezipelerini durmuşa geçirmegiň we dolandyryş işlerini ýerine ýetirmegi-meýilnamalaşdyrmak, delillendirmek, aragatnaşyk, kararlary kabul etmek, gözegçilik etmek işlerini ýerine ýetirmegiň esas goýujy düzgünlerini açyp görkezýär. Firmanyň işiniň meýilnamaly ýörelgesi bazar gatnaşyklarynyň şertlerinde administratiw-buýruk bermek şertlerindäki ýörelgeden düýpgöter tapawutlanýar. Bazar ykdysadyýetinde meýilnamany çaklamak, göz öňünde tutmak häsiýeti bar, ol bolsa ýerine ýetirýän tarapyndan düzülýär hem-de bazar tarapyndan barlanylýar. Administratiw-buýruk bermek dolandyryş mahalynda meýilnamalaşdyryş häsiýete eýe bolýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde firmanyň içinde meýilleşdiriş döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek, ykdysadyýeti ösdürmegiň maslahatlar häsiýeti, kemçiliklerini we artykmaçlyklaryny belleýär. Firmanyň şol maslahatlara eýermegi üçin degişli höweslendiriji şertler işlenip düzülýär. Içki firma meýilleşdiriş uzak möhletleýin strategik (5-10 ýyl üçin), gysga möhletleýin operatiw (bir ýyla çenli) meýilnamalar görnüşinde hem-de garaşylmadyk ýagdaýlaryň bolaýan halaty görnüşinde amala aşyrylýar. Döwlet maksatnamalarynyň we býujetiniň serişdeleri, aksiýalaryň işjeňliginiň belgileri we aksiýalaryň hümmeti, göterimleriň goýluşy, satuw möçberleriniň çaklamalary, girdejiler, maýa goýumlary, iş bilen üpjünçilik – bular ýaly içki firma meýilnamalaşdyrylyşynyň başlangyç maglumatlary bolup durýar. Meýilnamalaşdyrmak firmanyň islendik wagtda tölege ukyplylygyny üpjün etmelidir. Şeýle gurnalan dermanhanalaryň işi gowşamaýar. Meýilnamalar işlenip düzülende we durmuşa geçirilende maksat edinmeklikleri, artykmaçlyklary, ýörelgeleri peýdalanylýar. Maksat edinmek, ýagny maksady emele getirmek meýilnamalaşdyryşyň başlangyç bölümi bolup durýar. Mysal üçin, nirä gitmelidigini bilmeýän adam başga ýere düşüp, örän geň galar. Maksatlar hem edil şonuň ýaly firmanyň isleýän ýagdaýyny beýan edýärler we maksatly görkezijiler görnüşinde aňladylýarlar. Maksatlar kesgitlenilen mahalynda esasy talaplar olaryň anyklygyndan we ölçelip bölünýändiginden, wagtynyň kesgitliliginden, gapma-garşylykly däldiginden ybaratdyr. Firmanyň

işiniň köp görnüşliligi diwersifikasiýa, bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmaklaryny üpjün edýän bazar ýörelgesi işlenip düzülen mahalynda giňden ulanylýar. Diwersifikasiýanyň manysy işiň dürli sferalaryna serişdeler goýmakdan ybaratdyr. Munuň özi firmanyň has durnukly maliýe ýagdaýyny üpjün edýär. Sebäbi, işiň bellibir göwrümlerinde mümkin bolan zyýan çekmeleriň öwezi beýleki sferalarda girdejileriň alynmagy bilen doldurylyp bilner. Diwersifikasiýa işiň biri-biri bilen baglanyşykly we baglanyşykly däl görnüşlerini gurşap alyp biler. Işiň biri-biri bilen baglanyşykly görnüşleriniň diwersifikasiýasy *sinergetik*, baglanyşykly däl görnüşleri bolsa *konglomerat* diýen at aldy. Amalyň görkezişi ýaly, sinergetik we konglomerat firmalaryň netijelilik görkezijileri takmynan birmeňzeşdir. Emma ykdysady pese gaçyş şertlerinde sinergetik firmalar has durnukly bolup çykýarlar we konglomerat firmalara garanyňda işiň oňat netijelerini görkezýärler.

Menejmentiň artykmaçlyklary – maksatlary we wezipeleri olaryň möhümligine garap tertipleşdirmegi aňladýar. Menejmentiň azyndan bäş artykmaçlyklary bolmalydyr diýip hasap edýärler. Ol artykmaçlyklar dürli firmalarda dürli-dürli bolup biler. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde: adam – pul, maýalary – tilsimat has umumy artykmaçlyklary bolup durýarlar. Adam täsiriniň beýlekilerden ileri tutulmagy onuň önümçiligiň netijelerine kesgitli täsir edýänligi, seýle hem işçi güýjüniň bahasynyň ýokarylygy bilen şertlendirilendir.

Meýilnamalaşdyryşyň dürlüligi – munuň özi gapma-garşylykly çözgütleri işläp düzmekdir, olaryň deňeşdirmesidir, iň oňat warianta baha bermekdir we ony saýlap almakdyr. Dürlülik düzgüni: çözgüdiň diňe bir görnüşi belli bolan ýagdaýda ol çözgüdi kabul hem, inkär hem etmän, ýöne başga çözgüdi tapmalydygyny görkezýär. Onuň çözgüdi diňe onuň dogrudygyna doly ynam edilen ýagdaýynda kabul edilýär. Şertnamalaryň ýerine ýetirilmegi meýilnamalaryň durmuşa geçirilmegini, önümçilik, meýilnama we zähmet düzgün-nyzamynyň berjaý edilmegini, bazar ykdysadyýetiniň ösüşiniň goldanylmagyny, islegiň we teklibiň deňagramly düzgünleşdirilmegini üpjün edýär. Çünki şertnama göz öňünde tutulmadyk we isleg bilen üpjün edilmedik meýilnamadan başga önümiň öndürilmegini ortadan aýyrýar. Bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde kontrakt – munuň özi şertnamadyr, ýagny iki ýa-da ondan-da köp adamlaryň satyn almak-satmak, karz-

lar, işe hakyna tutmak we beýleki hukuklar hem-de borçlar baradaky ylalaşygydyr. Şertnama ýazmaça görnüşinde hem, dilden aýtmak görnüşinde hem baglaşylyp bilner. Kada bolşy ýaly, ol onuň ýerine ýetirilmändigi üçin çekilen zyýanyň ýa-da giderilen peýdanyň doly öwezi möçberinde çäre görmegi göz öňünde tutýar.

Dolandyryşy guramak ýörelgeleri zähmet bölünişiginiň we merkezleşdirmezligiň, keseleýin we dikleýin aragatnaşyklaryň utgaşdyrylmagyny, wekilleriň delegirlenilmegini, ygtyýarlylygyň we jogapkärçiligiň laýyk gelmegini, dolandyryş gurluşlarynyň ýönekeýligini hem-de çeýeligini we ş.m. öz içine alýar. Menejment zähmet bölünişigini, ýörelgäni dolandyryş wezipeleriniň we işleriniň görnüşleriniň ýöriteleşdirilmegini, olaryň aýry-aýry gurluşy bölümlerine we ýerine ýetirijilere berkidilmegini, şeýle hem olaryň işiniň özara baglanyşyklaryny we sazlaşygyny häsiýetlendirýär. Bu ýörelgäni ulanmagyň zerurlygy dolandyryş işleriniň çylşyrymlylygy we möçberiniň ululygy bilen şertlendirilendir. Merkezleşdirmegiň we merkezleşdirmezligiň utgaşdyrylmagy edaranyň guramaçylyk gurluşyny we onuň menejmentini kesgitleýär. Şu maksat bilen firmanyň özenini we onuň merkezinden uzakdaky bölegini tapawutlandyrýarlar. Baş kärhana we onuň dolandyryş bölümi özen hökmünde çykyş edýärler. Merkezden uzakdaky görnüşlere bölünip aýrylan kärhanalar, bölümler, edaranyň şahamçalary we olaryň dolandyryş ulgamlary degişlidir. Edaranyň merkezden uzakdaky görnüşlere degişli gurluş bölümleri önüminiň ýa-da wezipesiniň görnüşiniň alamatlary boýunça tapawutlanýarlar. Merkez we merkezden uzakdaky görnüş öz ygtyýarlyklaryny we jogapkärçiligini öz aralarynda deň derejede paýlaşýarlar. Merkez nyrh emele getirmek syýasatyny işläp düzmegi we oňa gözegçilik etmegi, düýpli maýa goýumlaryny, ylmy-barlaglary, kadrlary taýýarlamagy we gaýtadan taýýarlamagy, ýokary ýolbaşçy kadrlary bellemegi özünde galdyrýar. Firmanyň merkezden uzakdaky bölümleri öz-özüni maliýeleşdirmek esasynda hereket edýärler. Merkezleşdirmegiň we merkezleşdirilmezligiň gatnaşygy üýtgäp biler.

Ykdysady pese gaçyş, çökgünlik döwürlerinde dolandyryşy merkezleşdirmek güýçlenýär. Tersine, ýokary göteriliş döwürlerinde merkezden uzakdaky bölümleriň ygtyýarlyklary giňelýär. Keseleýin aragatnaşyklar esasy böküşli hereket mahalynda (partnýorçy-

lyk) we dikleýin aragatnaşyklara tabyn bolmaklyk aragatnaşyklaryň utgaşdyrylmagydyr. Bu ýörelge edaranyň arasyndaky we edaranyň içindäki gatnaşyklarynyň häsiýetini kesgitleýär, hereketleriň erkinligini we şol bir wagtyň özünde dolandyryşyň tabynlygyny aňladýar. Keseleýin aragatnaşyklar gatnaşyklaryň deň hukuklylygyny aňladýar, dikleýin aragatnaşyklar – munuň özi tabyn bolmak gatnaşyklarydyr. Keseleýin aragatnaşyklaryň artykmaçlygy dolandyryşyň başga gurluşlarynyň döredilmegine getirýär. Keseleýin aragatnaşyklar mahalynda gurluş bölümleri we aýry-aýry ýerine ýetirijiler özgelere garanyňda awtonom (özbaşdak) bolýarlar, ýagny kararlary kabul etmekde hukuklary we jogapkärçiligi alýarlar. Baş kärhananyň we bölünip aýrylan kärhanalaryň, baş firmanyň we onuň şahamçalarynyň hem-de bölümleriniň gatnaşyklary keseleýin we dikleýin aragatnaşyklaryň utgaşdyrylmagynda gurulýar. Bölünip aýrylan kärhanalaryň, filiallary we bölümleri özleriniň işiniň netijeleri üçin doly jogap berýärler, girdejileriniň hasabyna maliýeleşdirilýär, şol bir wagtyň özünde baş kärhana tarapyndan gözegçilik edilýär. Girdeji merkezleri, özbaşdak toparlar hil gözegçilik toparlary keseleýin aragatnaşyklaryň ulanylyş görnüşleridir. Amerikan firmalarynda dürli bölümleriniň arasynda keseleýin (formal däl) aragatnaşyklary ýola goýan işgärleri bar, bölümleriň serhetleriniň üsti bilen aragatnaşyklar her hili edip höweslendirilýär. Ýaponiýada önümiň hiline gözegçilik etmekde işçilere uly hukuklar berilýär, hususan-da olar önümçilik hereketi saklap bilýärler.

IBM bileleşeginde keseleýin aragatnaşyklary ösdürmek üçin işgärleriň hemmesine Ýer togalagynyň islendik nokadynda, islendik işgäriň ýanyna barmaga hukuk berilýär. Iş ýüzünde IBM-iň ähli işgärleriniň bellikdäki, habar beriş toruny peýdalanmaga hukugy bardyr. Şeýle hem, öz gös-göni başlygyň «üstaşyry» gürrüň etmek ulgamy bar. Bu keseleýin aragatnaşygyna laýyklykda her bir işgär ýylda iň bolmanda bir gezek ýolbaşçysy bilen hökman gürrüňdeş bolmalydyr. Oňyn netije şuňa meňzeş duşuşyklar baradaky tabynlykdaky işgäriň özi tarapyndan däl-de, eýsem, ýokarky ýolbaşçydan başlanýandygynyň hasabyna gazanylýar. Munuň özi gös-göni ýolbaşçyny öz tabynlygyndaky işgärleriň pikirini has ünsli diňlemäge mejbur edýär. Wekilleri delegirlemek ýörelgesi dolandyryşyň bir tarapyndan öz wezipeleriniň

we hukuklarynyň bir böleginiň başga bir tarapa berilmegini aňladýar. Delegirlemegi ulanmagyň netijesinde dolandyryş käwagt öz işiniň beýlekiler tarapyndan ýerine ýetirilmegini gazanmagy başarmak hökmünde kesgitlenilýär. «Delegirlemäge dogry düşünilmegi – näme üçin we nähili amala aşyrylýar?» diýen sowallara jogaplary öz içine alýar. Delegirlemek menejmentiň mümkinçiliklerini giňeldýär, onuň netijeliligini ýokarlandyrýar. Ol iki hili görnüşde – keseleýin we dikleýin görnüşde amala aşyrylýar. Keseleýin delegirlemek özbaşdak hojaýynçylyk edýän toparlar ýa-da işgärler öz birleşiklerini we olary dolandyryş synaglaryny meýletin döreden mahalynda ulanylýar. Şeýle halatda hojaýynlyk edýän tarap ýa-da işgär bolup girýän olaryň her biriniň ýerine ýetirip bilmejek wezipelerini amala aşyrmak üçin birleşiklere wekiller delegirlenilýär. Wekilleri keseligine delegirlemek edähedi alyjylar jemgyýetleri özleriniň etrap, welaýat we Türkmenistan alyjylar jemgyýetini döreden mahalynda giňden ulanylýar.

Dikligine delegirlemek menejmentiň özüniň, kada bolşy ýaly, dolandyryşyň hususy, ýörite meselelerine degişli wezipeleriniň we hukuklarynyň bir bölegini tabynlygyndakylara bermegini aňladýar. Munuň özi ýolbaşça iňňän möhüm, ilkinji nobatda, esasy meselelere ünsüni jemlemäge mümkinçilik berýär. Wekilleri delegirlemek tabynlykdaky işgärler üçin olaryň ukyplaryny ösdürmäge, professional ösüşine we gulluk boýunça ýokary galmagyna ýardam edýär. Delegirlemek maksady düşündirmek, zerur ätiýaçlyklary we habarlary bermek we soňra ygtyýarlyklaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek arkaly öňünden geçirilýär.

Wekilleri delegirleme ýörelgesi bilen dolandyryşy guramagyň beýleki iki ýörelge ygtyýarlygynyň we jogapkärçiligiň, şeýle hem ýolbaşçynyň hökmany jogapkärçiliginiň laýyk gelmegi ysnyşykly baglanyşyklydyr. Birinji ýörelge jogapkärçilikden gelip çykýan borçlaryň berlen ygtyýarlyklardan gelip çykan hukuklardan köp ýa-da az bolup biljekdigini aňladýar. Ikinji ýörelge ygtyýarlyklaryň delegirlenmeginiň olary delegirleýäni jogapkärçilikden boşatmaýandygyny görkezýär. Ýalňyz ýolbaşçylyk ýörelgesi buýrugyň ýalňyzlygyny we jogapkärçiligi göz öňünde tutýar. Buýrugyň ýalňyzlygy her bir işgäriň diňe ýekeje gös-göni başlygyň bolmalydygyny aňladýar. Tersine bolan halatynda, ýagny tabynlykdaky işgär

bir wagtyň özünde ýolbaşçylaryň ikisinden ýa-da ondan-da köpüsinden buýruklar alan mahalynda, ol buýruklaryň haýsyny ýerine ýetirmelidigini saýlap almaly bolýar. Netijede, häkimligiň abraýy gaçýar, düzgün-nyzam we tertip bozulýar. Buýrugyň ýalňyzlygy işgäriň özüne tabşyrylan iş üçin jogapkärçiligini üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Kararlary özünde ýekelikde ýa-da zähmetkeş işgärleriň gatnaşmagynda kabul edenligine garamazdan, menejment hem özüniň kabul eden kararlary üçin gönüden-göni jogapkarçilik çekýär.

Menejmente delilli ýörelgeler edaranyň we onuň işgärleriniň maksatlaryna ýetmäge tarap alnyp barylýar, işjeň hereketlendiriji güýçleriň (ykdysady, psihologik we beýleki güýçleriň) ulanylmagyny aňladýar. Işgärleriň işiniň esasy hereketlendiriji güýçlerine islegler, sylaglamagyň adalatlylygy we zähmet, onuň netijesi hem-de sylag bilen kanagatlanmak degişlidir. *Islegler* – munuň özi adamyň ýagdaýy bolup, şonda ol özüniň ýaşamagy we ösmegi üçin zerur bolan nämedir bir zada mätäçligi başdan geçirýär. Islegler biologik, durmuş-ykdysady, psihologik we beýleki islegler bolup biler. Islegleriň deliller hökmünde ulanylmagy olaryň köp görnüşliliginiň, üýtgeýjiliginiň we olaryň täsirleriniň hasaba alynmagyny göz öňünde tutýar. Ol täsirlere durmuş-ykdysady, geografik we klimatik şertler, taryhy emele gelen däp-dessurlar, endikler, ýaşaýyş, zähmet we durmuş şertleri degişlidir.

*Adalatlylyk* – munuň özi firmada işgäriň amaly keşbi bilen durmuş-ykdysady derejesiniň arasyndaky laýyklykdyr. Ol onuň wezipe ýagdaýyny we sylagyny öz içine alýar. Adalatlylyga dürli işgärleriň wezipe ýagdaýyna we sylagyna olaryň şahsy we işjeňlik sypatlary, zähmetiniň möçberi we çylşyrymlylygy bilen deňeşdirmekde akyl ýetirýärler. Adalatlylyk işgärleriň wezipe ýagdaýynyň olaryň şahsy we işjeňlik sypatlaryna laýyk gelmegini, sylaglardaky tapawudyň bolsa, zähmetiň möçberi we hili bilen baglanyşykly bolmagyny talap edýär. Zähmet, onuň netijeleri we sylag bilen kanagatlanmak olaryň arasynda durnukly baglanyşygyň saklanmagyny göz öňünde tutýar. Hususan-da, işgäriň tagallalarynyň artmagy netijeleriň ýokarlanmagyna, netijeleriň ýokarlanmagy bolsa onuň sylaglarynyň köpelmegine getirýän bolsa, onda delillik gowşaýar. Şeýle hem, tölegiň wagty boýunça zähmetiň özünden üzňeleşmegi zerur, tersine bolýan ýagdaýynda

ol höweslendiriji manysyny ýitirýär. Başgaça aýdanyňda, zähmetiň özüniň, onuň netijesiniň yzýany bilen tölenýän töleg (haýal etmän sylaglamak ýörelgesi) iň ýokary höweslendiriji häsiýete eýe bolýar.

Menejmentde dolandyryş ýörelgesi onuň ähli elementleriniň baglanyşyklygynyň saklanylmagyndan ybaratdyr. Şeýle baglanyşyklylyk olaryň arasynda habarlaryň alşylmagy bilen üpjün edilýär. Dolandyryş ýörelgeleri edaranyň töwerekdäki gurşaw bilen habar-aragatnaşyklaryny we hyzmatdaşlygyň firmanyň içindäki keseleýin aragatnaşyklaryny, şahsyýetara, toparara we içki topar, formal we formal däl, göni we ters aragatnaşyklary öz içine alýar. Dolandyryş ýorelgesi habar bildirilýän talaplarda (ygtybarlylyk, dolulyk, peýdalylyk, öz wagtyndalyk, tygşytlylyk we beýlekiler), şeýle hem dolandyryşy amala aşyrmagyň habarlary iberijini, onuň pikirini, ony kodirlemegi (bermegiň görnüşini saýlap almagy), aragatnaşyk kanaly boýunça habar bermegi, maglumat alyjyny, ony dekodirlemegi (şifri açmagy we manysyny aýdyňlaşdyrmagy) we alyjynyň habar düşünjesini öz içine alýan işlerinde hem-de düzgünlerinde anyklaşdyrylýar. Dolandyryş ýörelgeleri dürli görnüşlerde: gepleşikler, nutuklar, habarlar, hasabatlar, maslahatlar, gürrüňler, buýruklar, kararlar, görkezmeler, yşaratlar, hereketler görnüşinde bolup onuň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Kararlary kabul etmek ýörelgesi – munuň özi olary işläp düzmek we saýlap almak hadysasynyň talaplaryny düzgünleşdirmekden we ýerine ýetirmekden ybaratdyr. Olara şular degişlidir:

*Kararlaryň esaslandyrylanlygy* – munuň özi ylmy usul, olary işläp düzmegi we saýlap almagy (duýgurlyk, logika, oýlanyşykly-tejribeli çemeleşmek, göz öňüne tutmak we beýlekiler) ulanmak arkaly üpjün edilýär.

*Kararlaryň netijeliligi we ýerlikliligi* – netijeleriň dürlüligini olary işläp düzmek we iň oňat dürlüligi saýlap almak üçin çykdajylaryň görnüşleri bilen deňeşdirilmegini göz öňünde tutýar.

*Kararlaryň öz dürlüligi* – munuň özi kabul edilýän kararyň şol wagt emele gelen ýagdaýa laýyk gelýändigini aňladýar. Karar wagtyndan öň ýa-da gijikdirilip kabul edilmeli däldir. Haçan-da, ýerlikli çözgütleriň gözlenip tapylmagy, ep-esli wagt sarp edilmegi we öz wagtyndalygyň ýitirilmegi bilen baglanyşykly bolan halatlarynda oňat kararlar bilen çäklenmek maksada laýyk bolar.

Kararlaryň hemme taraplaýyn oýlanyp görülenligi kabul edilýän kararlaryň güýçli hem-de gowşak taraplarynyň, şeýle hem olaryň ýakyn geljekki we uzak möhletleýin netijelerini hasaba almagy göz öňüne tutýar. Köpçülikleýin we özbaşdak kararlaryň sazlaşygy olaryň ähmiýetini utgaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Köpçülikleýin kararlar meseläniň dürli taraplaryny gurşap almaga, ony çözmäge işgärleriň köp sanlysyny çekmäge, pikirleriň dürli-dürlüligini nazarda tutmaga mümkinçilik berýär. Köpçülikleýin kararlaryň kemçiligi olaryň köp wagt sarp edilmegini talap edýänligidir. Köpçülikleýin kararlar özbaşdak kararlara garanyňda has uzak möhletleýin netijelerini hasaba almaga mümkinçilik berýär. Şonuň bilen baglanyşyklykda köpçülikleýin kararlar usulyny möhüm hem-de çylşyrymly, kada bolşy ýaly, geljegi bar bolan meseleler çözülende ulanmak maksada laýyk bolar. Gündelik, gyssagly meseleler özbaşdak çözülmelidir.

*Gözegçilik ýörelgeleri* – munuň özi onuň netijeli amala aşyrylmagynyň düzgünidir, ol amaly maslahatlar häsiýetine eýedir. Gözegçilik dolandyryş aýlawynda firmanyň öz maksatlaryna ýetmegini üpjün edýän jemleýji wezipäni düzýär. Gözegçiligiň barşynda firmanyň işindäki meseleler, onuň hakyky netijeleriniň meýilnamalara, kabul edilen kararlara, emele gelen ýagdaýa laýyk gelýänligi ýüze çykarylýar. Gözegçilik firmanyň işine düzedişler girizmäge mümkinçilik berýär. Gözegçilik ýörelgeleri gözegçiligiň esasy gönükdirilenligini, ýagny gözegçiligiň firmanyň işiniň ähmiýetli ugurlaryny üpjün etmäge, onuň esasy wezipesini ýerine ýetirmäge, has uly çykdajylary aradan aýyrmak ýa-da azaltmak boýunça amala aşyrylýan işleri öz içine alýar. Gözegçiligiň gönükdirilenligi onuň firmanyň we işgärleriniň işiniň uçdantutma ähli taraplaryny, olaryň möhümligine garamazdan, öz içine alýan ählumumy bolmaly däldigini, firmanyň işini we häsiýetini göz öňünde tutmagyny däl-de, eýsem, onuň netijelerini göz öňünde tutmagyny aňladýar. Gözegçilik oňat netijeleri hem, ýaramaz netijeleri hem ýüze çykarmalydyr we olar işgärlere mälim bolmalydyr.

*Gözegçiligiň wagtyndalygy* – munuň özi firmanyň işinde düýpli kemçilikleriň we ýalňyşlyklaryň ýüze çykmagynyň öňüni almaga mümkinçilik berýär. Şunuň bilen baglanyşyklylykda gözegçiligi amala aşyrmagyň wagt aralygyny dogry saýlap almak möhümdir. Gözegçiligiň çeýeligi, onuň firmanyň içinde we onuň daşky gurşa-

wynda bolup geçýän özgerişlikleri duýmak ukyby gözegçilik hereketlerinde ters aragatnaşyklary ulanmak ýoly bilen üpjün edilýär. Gözegçiligiň ýönekeýligi we aýanlygy, ýagny gözegçiligiň firmanyň işgärlerine düşnükli hem-de mälim bolmagy, gözegçiligiň çylşyrymlylygy bitertiplige alyp barýar, onuň ýaşyrynlygy bolsa köpçülikde moral-psihologik ýagdaýyň ýaramazlaşmagyna alyp barýar. Menejmentiň ýörelgeleriniň ýokarda seredilen toparlara bölünişiniň esasyny onuň wezipeleri düzýär. Ýörelgeleri menejmentiň işiniň pudaklary boýunça hem toparlara bölmek bolar. Mysal üçin, işgärleri ylmy-tehniki, daşary ykdysady işi we beýlekileri dolandyrmagyň aýratyn ýörelgeleri bar. Bu toparlara bölünişiň hemmesi menejmentiň düzgünleriniň ulgamyny hemmetaraplaýyn açyp görkezmek bilen, biri-birinden üzňe bolman, eýsem üstüni doldurýarlar.

## 8.4. Menejmentiň döreýşi

Menejment işi özbaşdak gurama hökmünde XIX asyryň ikinji ýarymynda döräp başlady. Menejment tutuşlygyna däl-de, eýsem, gös-göni täjirçiligi, telekeçi firmany dolandyrmaga degişlidir. Ýöne, menejment döwlet guramalary üçin hem zerur diýen pikir bar. Menejmentiň döremeginiň esasynda hususy gozganylmaýan serişdäniň (kapitalyň) wezipe kapitaldan bölünip aýrylmagy ýatýar. Özbaşdak menejmentiň peýda bolmagy şu aşakdakylar:

- kapitalyň organiki gurluşynyň çylşyrymlaşmagy, maşyn önümçiliginiň ösmegi, dolandyryşa bildirilýän talaplaryň ýokarlanmagy, dolandyryşyň barha artýan kynçylyklaryna hötde gelmäge hususyýetçiniň we telekeçiniň ukyply dälligi bilen;
- bazar ykdysadyýetiniň bölümleriniň köpüsiniň döremegi, bazar aragatnaşyklarynyň möçberiniň artmagy we çylşyrymlaşmagy bilen;
- bäsdeşligiň ösmegi we bazar ykdysadyýetiniň durnuksyzlygy bilen (bular dolandyryşa tejribeli çemeleşmegiň zerurlygyny şertlendirýärler);
- işgärleriň diňe ýörite toplumy tarapyndan ýerine ýetirip bolýan dolandyryş işleriniň möçberiniň artmagyna we çylşyrymlaşmagyna alyp barýan iri kärhanalaryň peýda bol-

magy bilen baglanyşyklydyr. Hut kärhanada menejment hususyýetçiniň we telekeçiniň öz-özüni dolandyrmagyndan gutarnykly bölünip aýrylýar.

– eýeçiligiň aksionerleriň arasynda bölünip ýerleşdirilmegi bilen, şonuň netijesinde aksioneriň kapitalyny dolandyrmagyň, girdejiniň aksionerleriň arasynda peýdalanmagyň täze wezipeleri we beýlekiler peýda boldy. Özüniň döremeginiň we ösüşiniň barşynda menejment kesgitli ýörelgeleri işläp düzdi. Olara şu asakdakylar degişlidir:
– pragmatizm, ýagny netijeliligi we peýdalylygy göz öňünde tutmak.
– indiwidualizm, onuň bazar ykdysadyýetinde firmanyň işi barasynda ulanarlykly, ýagny A. Smit şeýle diýýär: «Maňa gerek zady berseň, sen özüňe zerur zady alarsyň».
– erkin bazary, mejbur etmekden azat zähmeti, monetar ulgamy, amatly tilsimaty we dolandyryşy, adam faktlaryny nazarda tutmagy öz içine alýan oýlanyşyklylyk.
– dogruçyllyk we wadada wepalylyk bolmasa, erkin bazar şertlerinde iş alyp baryp bolmaz.

Häzirki zaman menejmentine şol bir wagtyň özünde dolandyryş ylmy hem-de dolandyryş sungaty hökmünde seredilýär.

***Menejmentiň ösüşi.*** Menejmenti ösdürmegiň tapgyrlarynyň we ugurlarynyň dürli toparlara bölünişi bar. Mysal üçin, menejmentiň gurluşlary nukdaýnazardan, iň azyndan, üç tapgyry:

1. Korporasiýalaryň emele gelmegi bilen baglanyşykly menejmentiň döremegine (1885–1925 ý.).

2. Menejmentiň dikleýin gurluşlarynyň emele gelmegini we ulanylmagyny (1925–1950 ý.).

3.Köplenç keseleýin ýolbaşçylyk aragatnaşyklarynyň esasynda dolandyryşy belleýärler. Menejmentiň usulyýeti nukdaýnazardan menejmentiň nazarynyň we amalynyň ösüşinde esasy çeşmeleriň dördüsini:

– dürli görnüşli ylmy mekdepleri bellemegi;
– tejribeli çemeleşmegi;
– ulgamly çemeleşmegi;
– ýagdaýly çemeleşmegi tapawutlandyrýarlar.

*Ylmy mekdep* – munuň özi garaýyşlaryň dolandyryşyň esasy we usulyýetini öz içine alýan ulgamdyr. Ylmy dolandyryş mekdebi (1885–1920 ý.) ilkinji mekdepleriň biri boldy. U. Teýlor onuň esasyny goýujy hasaplanýar. Bu mekdep üçin şu aşakdaky wezipeler:

– hojalyk wezipelerini çözmegiň iň oňat usulyny anyklamak üçin ylmy barlagyň ulanylmagy;

– wezipeleri ýerine ýetirmek üçin ýokary tejribeli işgärleri maksatly saýlap almak, olary okatmak;

– işgärleriň ätiýaçlyklary bilen üpjün etmek;

– maddy taýdan höweslendirmegi ulanmak;

– meýilnamalaşdyryş işiniň özünden bölüp aýyrmak bilen häsiýetlidir.

Taryha ser salanymyzda GDA-da ylmy-dolandyryş mekdebi XX asyrda emele gelip başlady. Ony işläp düzüjileriň biri O. A. Ýermabskiý, şol bir wagtyň özünde hem U. Teýloryň tarapdary, hem-de ony tankytlaýjy boldy. O. A.Ýermabskiý zähmeti we dolandyryşy oýlanyşykly guramagyň nazaryýetini işläp düzdi. Onuň esasyny psihologik optimizim, ýagny sarp edilen güýç birligi üçin peýdaly işiň maksimumy düşünjesi düzülýär. Klassiki mekdebiň esasyny goýujy (1920–1950 ý.), A. Faýol boldy. Bu mekdep dolandyryş mekdebinden tapawutlylykda aýratyn bir işgär bilen meşgullanman, eýsem, tutuş gurama bilen meşgullandy. Menejmentiň ilkinji ýörelgeleri, onuň wezipeleriniň toparlarda bölünişi, dolandyryşa ulgamlaşdyrylan ýagdaýda çemeleşmek hakyndaky meseläni goýmak bu mekdebiň ylma goşan goşandydyr. Öňki Soýuzyň meşgur mekdebiň ýörelgeleri 20–30-njy ýyllarda has işjeň ösdürildi. Alymlar birnäçe ugurlar boýunça özleriniň günbatarly kärdeşlerinden artykmaçlyga eýe boldular. Mysal üçin, A. K. Gastew tarapyndan dolandyryş hadysalarynyň nazaryýeti işlenilip düzüldi. Bu nazaryýet guramaçylyk, ykdysady we durmuş-psihologik usullary öz içine alýar. A.M. Ginzburg merkezleşdirilen meýilnamalaşdyrylyşyň haryt-pul gatnaşyklarynyň utgaşdyrylmagynyň zerurlygyny esaslandyrdy. 20-nji ýyllarda öňki Soýuzyň ýolbaşçylyk etmek wezipeleriniň (N. A. Witke, I. M.Burdýaskiý) millileşdirmegiň (P. L. Leder,) hakyky işleri amala aşyryldy. Dolandyryşyň çyzgysyna we işjeň gurluşyna (I. N. Butakow, E. K. Derzen, W. W. Dobriniň) uly üns berildi.

Adam gatnaşyklarynyň we özüniň alyp baryş ylymlarynyň mekdebi (1930-njy ýyldan häzirki wagta çenli) menejmentiň ylmy we meşhur mekdepleriniň isläp düzmekleriniň üstüni ymykly doldurdy. Follet, Moýo, Maslou Günbatarda adam gatnaşyklarynyň mekdebini ösdürmekde iň tanymal adamlar hasaplanýarlar. Şahsyýet aragatnaşyklaryny dolandyrmak we psihologiýany hem-de durmuşy ýagdaýy peýdalanmak bu mekdebiň düýp özenini düzýär. Adam gatnaşyklary mekdebiň ylmy işleri we maslahatlary menejmentiň täze bölümlerini – öňdebaryjy nazaryýetini, konfliktologiýany, işgärleri dolandyrmak bölümlerini we beýlekileri döretmegiň usulyýeti esas bolup hyzmat etdi. Öňki Soýuzyň 20-nji ýyllarda zähmetkeşler toparlaryny dolandyrmagyň meseleleri S. D. Strelbiskiý we öňdebaryjylyk meseleleri bolsa I. S. Kanigiser tarapyndan işlenilip düzülipdi.

*Möçber mekdebi* (1950-nji ýyldan – häzirki wagta çenli) dolandyryşda kibernetikanyň matematiki statistikanyň modelirlemegiň, gelejekki ugry we hasaplaýyş tilsimatynyň ösdürilmegi hem-de ulanylmagy bilen baglanyşyklydyr. Möçber mekdebiniň esasy häsiýetnamasy sözde pikir we ýazmaça barlagyň modeller, nyşanlar, belgileri we möçber taýdan ähmiýetliler bilen çalşyrylmagyndan ybaratdyr. Möçber usullarynyň ulanylmagy dolandyryş kararlarynyň netijeliligini düýpgöter ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Öňki Soýuzyň halk hojalygyny dolandyrmakda häzirki zaman ykdysady-matematiki ugruň esasyny goýan akademik W. S.Nemçinowdyr. Ol ykdysadyýeti dolandyrmagyň statistiki usullarynyň işlenip düzülmegine düýpli goşant goşdy we 1958-nji ýylda öňki Söýuzyň ilkinji ykdysady-matematiki barlaglaryň barlaghanalaryny gurady. Menejmentde hadysaly çemeleşmek dolandyryşa özara baglanyşykly hereketler, wezipeler hökmünde garaýar. Wezipeleriň dürli-dürli toparlara bölünişi mälimdir. Olaryň esasylary–meýilnamalaşdyryşy, guramagy, karar kabul etmegi, gözegçiligi öz içine alýar.

***Dolandyryş wezipeleri.*** Dolandyryşyň ösüşi yzygiderli we garşylyklaýyn özara baglanyşykly wezipeleriň ulgamy hökmünde görkezilendir. Meýilnamalaşdyryşy guramak, gözegçilik etmek dolandyryşyň yzygiderli özara baglanyşykly wezipeleriniň biridir. Takyk we anyk ugurlary hem-de kararlary kabul etmek dolandyryş hadysasy bilen gapma-garşy baglanyşyklydyr. Başgaça aýdylanda, delil-

leri we kararlary kabul etmek dolandyryşyň yzygiderli baglanyşykly wezipeleri bilen bir wagtda amala aşyrylýar. Menejmentde ulgama çemeleşmek ulgamlylyk ýörelgesini açyp görkezýär we anyklaşdyrýar. Ulgamlaryň umumy nazarýetini işläp düzen (1968 ý.) L. Bertalanfi Günbatarda häzirki zaman ulgamly çemeleşmegiň esasyny goýujy hasaplanýar. Ýöne L. Bertalanfiden kän öň, hususan-da, XX asyryň başlarynda russiýaly A. A. Bogdanow özüniň işläp düzen ählumumy dolandyryş ylmynda esasy ýörelgeleri hem-de kanunlary kesgitledi. Tebigatda we jemgyýetde dolandyryş hadysalary şol ýörelgeler hem-de kanunlar boýunça bolup geçýär. Ulgamlar düşünjesi ulgamly çemeleşmekde merkezi orun eýeleýär. Ulgamlar açyk we ýapyk, ýagny daşarky gurşawa bagly we bagly däl bolup biler. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde firmalar we olary dolandyrmak açyk ulgamlar bolup durýar. Telekeçilikde firmany dolandyrmagyň açyk ulgamyndaky aragatnaşyklary görkezilendir.

***Dolandyryş ulgamyndaky aragatnaşyklar.*** Täsin aragatnaşyklaryň netijesinde dolandyryş öz-özüňden sazlanýar, ýagny düzelýär. Menejmentde ýagdaýly çemeleşmäni dolandyrmak we çözmek usullaryny anyk ýagdaý bilen baglanyşdyrmakdan ybaratdyr. Munuň üçin ýagdaýlar öwrenilýär, ulgamlaşdyrylýar we olaryň her biri üçin öz teklipleri işlenip düzülýär. Mysal üçin, ýagdaýly çemeleşmek bazar ykdysadyýetiniň ösüşiniň ýokary göteriliş, durnuklyk, çökgünlik döwürlerinden gelip çykýar. Her bir ýagdaýyň öz dolandyryş ýagdaýy bar. Mysal üçin, çökgünlik wagtynda dolandyryşy merkezleşdirmek güýçlendirýär. Firmanyň çökgünlikden çykmagy lideriň çalşyrylmagyny göz öňünde tutýar we ş.m. Seredilip geçilen ylmy-mekdepler we dolandyryşa usulyýet çemeleşmeler biri-birini inkär etmeýärler, gaýtam tersine, biri-biriniň üstüni doldurýarlar. Şoňa görä-de, olaryň ylmy taýdan işläp düzmeleri hem-de maslahatlary anyk şertleri we çözülýän wezipeleriň häsiýetini nazarda tutmak arkaly kompleksde (bilelikde) ulanmalydyr.

## 8.5. Menejmentiň milli aýratynlyklary

Türkmenistanyň bazar ykdysadyýetine geçmeli menejmentiň oňa we türkmen şertlerine meňzeş ulgamy döremegiň zerurlygyny şertlendirýär. Şunuň bilen baglanyşyklylykda menejmentiň

kanunalayyklarynyň we usullarynyň diňe bir umumy ýörelgeleriniň öwrenilmeginiň möhüm ähmiýeti bolman, eýsem dürli ýurtlarda olary ulanmagyň aýratynlyklaryny öwrenmegiň hem möhüm ähmiýeti bardyr. Her bir ýurduň telekeçilikde we menejmentde özüniň milli aýratynlyklarynyň bardygyny bellemek gerek. Ýöne menejmentiň amerikan we ýapon ulgamlary deňeşdirilen mahalaynda has köp tapawutlar ýüze çykýar.

***Ýapon menejment ulgamlarynyň aýratynlyklary.*** Ýapon firmalary harytlaryň öndürilişiniň möçberiniň uzak möhletleýin artdyrylmagyny, olara degişli bazalaryň paýynyň we täze önümleriň hiliniň ýokarlandyrylmagynda tutýan ornunyň artdyrylmagyny öz öňlerinde esasy maksat edinip goýýarlar. Kada bolşy ýaly, inženerçilik bilimi bar bolan ýapon menejerleriniň düzümi şonuň bilen oňat gabat getirilýär. Olardan tapawutlylykda amerikan menejerleri dessine girdeji almaga çalyşýarlar. Munuň özi olaryň ykdysady ýa-da ýuridiki bilimine doly laýyk gelýär.

Özbaşdaklygy göz öňünde tutýan amerikan menejmentinden tapawutlylykda ýapon menejmenti toparyň agzalary toparlaýyn ylalaşylan kararlary kabul edýärler we ol kararlaryň durmuşa geçirilmegi üçin deň jogapkärçilik çekýärler. Kesgitli bir topara, firma degişlilige, oňa wepalylyga Ýaponiýada ýokary baha berilýär. Olar uzak möhletleýin, köplenç ömürlik hakyna tutmalary, firmalaryň içinde kärdeşler arkalaşygy, hil gurnaklaryny guramak, formal däl aragatnaşyk we gözegçilik bilen berkidilýär hem-de güýçlendirilýär. Toparyň agzalary hünärleri utgaşdyrmaga, biri-birlerini çalşyrmaga ukyplydyr we tutuşlygyna onuň üstünligine gyzyklanýandyr. Türkmenistanda ykdysadyýeti dolandyrmagyň tejribesi oňa menejmentiň ulgamlarynyň hem, amerikan menejmentiniň ulgamlarynyň hem häsiýetliligine şaýatlyk edýär. Bu ýurtlaryň durmuş-ykdysady taýdan ösüşiniň ýokary derejesine üns bermek bilen, olaryň menejment ulgamlarynyň deňeşdirilmegi, hat-da menejmentiň biri-birine gös-göni gapma-garşylykly usullary ulanylan mahallarynda hem ýokary netijeleriň gazanylýandygyny äşgär görkezýär. Şeýlelik bilen, diňe bir usullaryň özleri möhüm däl-de, eýsem, olaryň ulanylýan şertleri hem möhümdir. Hut şoňa görä-de häzirki wagtda Türkmenistanda emele gelýän menejment dolandyryşy dünýä tejribesiniň we

ýurdumyzda toplanan tejribesiniň gazananlarynyň netijesinde, şeýle hem durmuş-ykdysady taýdan öşüşinde ulanylýan şertlere esaslanyp, menejment ulgamlarynyň ýokary derejä galmagyna esaslanýar.

***Dermançylyk ykdysadyýetinde hyrydarlyk we hödürleme kanunynyň aýratynlyklary.*** Bazar hemişe iki tarapyň – alyjy bilen satyjynyň aragatnaşygyny göz öňünde tutýar. Alyjy harytlara hyrydarlyk edýär, satyjy bolsa hödürleýän tarap hökmünde çykyş edýär. Dermançylyk senagatynda içerki we daşarky bazarda nähili derman serişdeler (olaryň dürli keselleri bejermekde wajyplygy, GMP kada gabat gelşi,olaryň gaplanylyş talaplary we ş.m.) öndürilmegine garaşýarlar. Dermançylyk ulgamyň esasy maksatlary–adamzat üçin ýokary hilli derman öndermek, öz işinde girdeji almak. Şonuň üçin hyrydarlyk we hödürleme kanunyny öwrenmek prowizorlara wajypdyr. *Hyrydarlyk* – munuň özi pul bilen üpjün edilen isleg bolup, onuň bazarda aňladylýan görnüşidir. Başgaça aýdylanda, hyrydarlyk tölege ukyply islegdir ýa-da alyjylaryň özlerine gerek harydy satyn almak üçin töläp biljek pulunyň jemidir.

*Hödürleme* diýip bazara çykarylýan ýa-da oňa çykarylyp bilinjek harytlaryň jemine aýdylýar. Hödürleme önümçiligiň möçberine we düzümine baglydyr. Hyrydarlyk we hödürleme dialektiki taýdan bitewüdir we özara baglanyşykdadyr. Olaryň özara deňligi ykdysady zerurlykdyr. Bu iki tarapyň birligi we özara deň gelmegi hyrydarlyk we hödürleme kanunynyň mazmunyny aňladýar. Başgaça aýdanyňda, bu kanunyň hereketi önümçiligiň ösmegi bilen islegiň üýtgemeginiň arasynda mynasybetiň bolmagyny talap edýär. Özi hem hyrydarlygyň hödürlemä diňe umumy möçberiniň laýyk gelmegi zerur bolman, eýsem, olar aýry-aýry harytlar boýunça hem özara mynasybeti gerekdir. Aýry-aýry harytlar we olaryň toparlary boýunça, şeýle hem ähli harytlaryň möçberi boýunça hyrydarlyk bilen hödürlemäniň arasyndaky bellibir mynasybet bazaryň häzirki ýagdaýyny häsiýetlendirýär. Satyjylaryň we alyjylaryň ykdysady ýagdaýlary bazara gönüden-göni baglydyr. Bazaryň häzirki ýagdaýy köp ýagdaýlaryň täsiri bilen emele gelýär we üýtgäp durýar. Oňa önümçiligiň we harytlaryň gorlarynyň möçberi, bahalaryň we pul girdejileriň derejesi, söwdanyň guralyşy, mahabat we başgalar täsir edýär. Bazaryň ýagdaýynyň üýtgemegi netijesinde hyrydarlyk bilen

hödürlemäniň arasynda dürli mynasybetiň emele gelmegi mümkin. Olaryň birnäçesiniň üstünde durup geçeliň:

1. Harytlaryň hödürlenişi alyjylaryň hyrydarlygyndan köp bolmagy. Harytlaryň otnositel bolçulygy olaryň diňe köp öndürilmeginiň netijesinde emele gelmän, eýsem bahalaryň çakdanaşa ýokary bolmagy ýa-da önümleriň hiliniň pes bolmagy, ilatyň pul girdejisiniň az bolmagy we ş. m. netijesinde hem emele gelip biler. Harytlaryň satylyp bilinmezligi bellibir şertlerde artykmaç öndürmegiň çökgünligine hem getirmegi mümkin. Harytlaryň bahasyny arzanlatmak bu ýagdaýdan çykmagyň ýollarynyň biridir.
2. Hyrydarlyk hödürlemeden agdyklyk edýär. Şeýle ýagdaýda haryt gytçylygy emele gelýär, ilat öz puluna gerek harydyny satyn alyp bilmeýär, puluň hümmeti gaçýar. Haryt gytçylygynyň döremeginiň dürli sebäpleri bar. Önümçiligiň möçberiniň pes bolmagy, ilatyň pul girdejileriniň harytlaryň öndürilişinden has çalt ösmegi onuň esasy sebäpleridir. Harytlaryň bazarda ýeterlik bolmazlygy bellibir şertlerde gytçylyk çökgünligine getirmegi mümkin. Harytlaryň gytçylygyna bazar bahalaryň ýokarlanmagy bilen jogap berýär. Ilatyň pul girdejileriniň ösüşini haýallatmagyň, harytlaryň öndürilişini artdyrmagyň ýa-da bazar bahalarynyň ýokarlanmagynyň üsti bilen şeýle kyn ýagdaýdan çykyp bolar.Türkmenistanda bazar gatnaşyklaryna ýuwaş-ýuwaşdan geçilmegi netijesinde hyrydarlyk bilen hödürlemäniň arasyndaky mynasybetli düýpgöter üýtgetme haryt bolçulygyny döreder, manadyň hümmetini ýokarlandyrar.
3. Hyrydarlyk we hödürleme özara deň gelýär. Bu bolsa hyrydarlylygyň möçberiniň we düzüminiň hödürlemegiň möçberine we düzümine laýyk gelmegini aňladýar.

Hyrydarlylygyň we hödürlemäniň özara deň gelýän şertlerinde harytlar jemgyýetçilik gymmatyna gabat gelýän deňagramlylyk bahalar boýunça satylýar. Şeýle bahalaryň emele gelmegi harytlaryň alyjylara näçe gerek bolsa, şonça-da öndürilendigini aňladýar. Hyrydarlyk bilen hödürlemegiň arasyndaky deňagramlylyk bazar ykdysadyýetiniň ösüşinde ýokary netijeligiň gazanylmagyny aňladýar.

Hyrydarlyga we hödürlemä köp ýagdaýlar täsir edýär, olar hemişe üýtgäp durýar. Dürli bazar ýagdaýlarynyň täsiri bilen hyrydarlygyň we hödürlemäniň üýtgemeleriniň derejesi olaryň çeýeligini häsiýetlendirýär. Bahalaryň ýokarlanmagy bilen ol ýa-da beýleki haryda bolan hyrydarlyk azalýar. Emma şonuň aýry-aýry harytlara hyrydarlygyň azalmagynyň derejesi dürli-dürlüdir. Mysal üçin, ilki--nji zerur bolan harytlara bahalaryň ýokarlanmagy bilen, olara bolan hyrydarlylyk düýpli üýtgemez. Aýdalyň, çöregiň bahasynyň birnäçe esse ýokarlanmagy bilen onuň sarp edilişiniň möçberi çürt-kesik azalmaz. Bu ýagdaýda hyrydarlyk çeýe däl. Munuň tersine, gymmat bahaly zatlara (ýeňil maşynlar, altyn, kümüş, göwher daşlary, hrustallar we ş. m.) bahalaryň ýokarlanmagy bilen olara bolan hyrydarlyk mese-mälim azalyp biler. Bu ýagdaýda bolsa hyrydarlyk çeýedir.

Hyrydarlyk bilen hödürlemäniň çeýeligi önümçiligiň ösüş derejesine baglydyr. Önümçiligiň endigan ösmegi we sarp etmek üçin ýeterlik derejede harytlaryň öndürilmegine hyrydarlyk bilen hödürlenmäniň arasyndaky ýagdaý uly rol oýnaýar. Olaryň çeýeligi öz-özünden emele gelmeýär. Muňa, esasan hem, bazar bolçulygy täsir edýär. Bazar bolçulygyny döretmek üçin önümçiligiň ösmegi, onuň ähli pudaklarynyň taýýar önümleri öndürip bilýän pudaklara öwrülmegi, şeýle hem, ösen daşary söwdanyň bolmagy gerek. Taýýar önümleri öndürýän önümçiligiň ýola goýulmagy öndüriji güýçleriň hil we mukdar taýdan özgermegine getirýär. Hyrydarlyk bilen hödürlemäniň çeýeligine daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň hem täsiri gaty uludyr. Bu faktor köplenç ýagdaýda wagtlaýyn häsiýete eýe bolýar. Daşary söwda diňe ykbysadyýet bilen bagly bolman, syýasy ýagdaýlar bilen hem baglydyr. Bazar bolçulygyny gazanmak üçin daşary söwdanyň bellibir wagt aralygynda oňaýly bolmagy mümkin. Bazar bolçulygyny döretmek üçin islendik ýurduň aragatnaşyk ulag mümkinçilikleri hem bolmaly. Dünýä bazaryna çykmaklygyň arzan düşýän ýollary zerurdyr. Bazar bolçulygy önümçilik bilen sarp etmegiň arasyndaky sözleýiş bütewüligi görkezýär. Bu ýagdaý bolsa durmuş-ykdysady ösüşiň kadaly bolmagyny we bazar gatnaşyklarynyň sazlaşykly emele gelmegini üpjün edýär.

***Bazary sazlaşdyrmagyň usullary.*** Häzirki zamanda hiç bir ösen döwletde öňki özakymlaýyn hereket edýän erkin bazar ýok. Bazar

XX asyrda sazlaşdyrylýan bazara öwrüldi. Şeýle bolsa, bazar kadaly hereket edýän ykdysadyýetiň aýrylmaz bölegi bolmagynda galýar. Hiç bir jemgyýet bazarsyz oňup bilmez. Bazar tölege ukyply isleg bilen hödürlemegiň arasyndaky deňagramlylygy üpjün etmek, hojalyk ýagdaýlarynyň üýtgemegini çalt duýmak, başarnyklylygy höweslendirmek, netijeli hojalygy alyp barmagy bähbitli etmek, ykdysady usullaryň üsti bilen düşewüntsiz hojalyklaryň ýaşamagyny bes etmek ýaly ajaýyp we hiç bir zat bilen çalşyp bolmajak mumkinçilikleri görkezýär. Emma ylmy-tehniki ösüşiniň talaplaryna laýyklykda halk hojalygy möçberinde çuňňur düzüm taýdan üýtgetmeleri çalt geçirmeklik erkin bazara başartmaýar. Şeýle ýagdaýda bazaryň sazlaşdyrylmagy obýektiw zerurlykdyr. Özakymlaýyn ösýän bazarda puluň hümmetiniň, pese düşmegi artykmaç öndürmekligiň çökgünligi, köp telekeçileriň pese düşmegi we köpçülikleýin işsizligiň bolmagy mümkin. Bu bolsa ilatyň ýaşaýyş derejesine, öňi bilen onuň durmuş taýdan goraga mätäç gatlagyna (zähmete ukypsyzlara, okaýanlara, maýyplara, köp çagaly maşgalalara we ş. m.) oňaýsyz täsir edýär. Şeýle ýagdaýlaryň bolmazlygy ýa-da olary gowşatmak üçin bazary sazlaşdyrmagyň dürli usullaryny ulanmak zerurdyr. Bazary sazlaşdyrmagyň usullary göni we gyýtaklaýyn usullara bölünýär. Bazary sazlaşdyrmagyň göni usullaryna döwlet tabşyryklary, jemgyýetçilik önümçiligiň düzüminiň döwlet tarapyndan emele gelmegi, ilatyň girdejileri barada syýasat we başgalar girýär. Bu usullaryň üsti bilen döwlet edaralary halk hojalygy derejesinde hyrydarlyk bilen hödürlenmegiň arasyndaky mynasybete gös-göni täsir edýär. Hyrydarlygyň möçberine we düzümine netijeli täsir etmekde ilatyň girdejileri barada döwlet syýasatynyň uly ähmiýeti bardyr. Onuň kömegi bilen ilatyň tölege ukyply isleginiň möçberi kesgitlenýär. Tölege ukyply islegiň möçberi iş hakynyň, pensiýalarynyň, talyp haklarynyň we beýleki pul tölegleriň (gymmat bahasy kagyzlar we başgalar boýunça) umumy jemine baglydyr.

Döwletiň girdejiler barada alyp barýan syýasaty kärhanalaryň girdejilerine hem degişlidir. Özüniň bu syýasatyny ol kärhanalaryň peýdasyna salgyt salmagyň üsti bilen amala aşyrýar.Gytaklaýyn usullaryň kömegi bilen hem döwlet bazara gowy täsir edip bilýär. Olara maliýe-kredit gatnaşyklary, salgytlar, bahalaryň döwlet tarapyndan sazlaşdyrylmagy we başgalar degişlidir. Bazary sazlaşdyrmakda

bahalaryň ähmiýeti uludyr. Olar şol bir wagtyň özünde hem hyrydarlyga hem-de hödürlemä güýçli täsir edýärler. Bahalar barada döwlet syýasatynyň ähmiýetini aýratyn bellap geçmek gerek. Döwlet, bir tarapdan, erkin bazar bahalaryň emele gelmegine ýol berýär, beýleki tarapdan, bolsa halkyň ýaşaýşy üçin ilkinji zerur harytlaryň bahalarynyň durnuklylygyny üpjün edýär. Şeýlelik bilen, döwlet bazary sazlaşdyrmagyň göni usullarynyň üsti bilen halk hojalygy boýunça makro ýagdaýlaryň emele gelmegine ýardam edýär. Bazary sazlaşdyrmagyň gytaklaýyn usullarynyň üsti bilen bolsa, ol mikro ýagdaýlaryň (harytlaryň topary boýunça, kärhananyň arasyndaky gatnaşyklar boýunça) emele gelmegine täsir edýär.

## 8.6. Marketing, onuň mazmuny we wezipeleri

Bazary sazlaşdyrmakda marketingiň uly ähmiýeti bar. Dermançylykda marketing düzgünlerini bilmek hökmanydyr. Marketing diýip, bazar ýagdaýlaryny hemme taraplaýyn öwrenmegiň esasynda, kärhanany dolandyrmak ulgamyna aýdylýar. Başgaça aýdylanda, kärhanalaryň işini talaplaryna laýyklykda guramak marketingiň mazmunyny aňladýar. Marketing haryt bolçulygy üpjün edilen ykdysadyýete mahsusdyr, ol hödürlemäniň hyrydarlykdan agdyklyk edýän şertlerinde ýüze çykýar.

«Marketing» düşünjesi bazar sözünden gelip çykypdyr we ünsüňi bazara dikmegi, harytlary satmagy we bazardaky beýleki hereketleri aňladýar. Marketing XX asyryň 20-nji ýyllarynda ABŞ-da döreýär. Ol Ikinji jahan urşundan soň bazaryň monopollaşdyrylmagynyň güýçlenmegi netijesinde kompaniýalaryň işinde giňden ýaýrap başlaýar. Marketingiň esasy maksady – kärhananyň bazardaky ornuny berkitmekden, onuň harytlaryny satmagy üpjün etmekden ybaratdyr. Marketing şu aşakdaky esasy işleri ýerine ýetirýär:

1. Harytlara we hyzmatlara hyrydarlygy öwrenmek;
2. Kärhananyň harytlaryna bolan bazar bahalaryny öwrenmek;
3. Alyjylara ýeňillik bermegiň, kepillendirilen hukuklaryny giňeltmegiň we ş. m. üsti bilen kärhananyň harytlarynyň satylmagyny höweslendirmek;

4. Kärhananyň öndürýän harytlarynyň görnüşlerini esaslandyrmak;
5. Söwda-täjirçilik işlerini dolandyrmak;
6. Alyjylara söwda hyzmatlaryny guramak. «Alyjylaryň harydy tapyp almaklaryny guramak».
7. Derman serişdelerini dünýä bazarlarynda satmaklyga bildiriş etmek. Olaryň gaplanyş talaplaryna bolan dünýä islegi öwrenmek.

Häzirki zaman korporasiýasyny dolandyrmagyň esasy bölümleriniň biri bolup marketing bölümi ýa-da gullugy çykyş edýär. Ol firmanyň bazar işlerini sazlaşdyrýar, önümçilik, tilsimaty we maliýe syýasatyny kesgitleýär. Marketing taryhy ösüşinde dört sany döwri başdan geçirdi:

1. Bu döwürde marketing işinde «Köp öndürmek, soňra bolsa, ýerleşdirmek» ýörelgesi agalyk edipdir. Şonda önümçiligi kamilleşdirmek, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak we önümiň düşýän gymmatyny aşaklandyrmak esasy wezipe bolupdyr. Şol wagt hyrydarlyk hödürlemeden agdyklyk edipdir.
2. Bu döwürdeş «Köp öndürmek soňra bolsa ýerleşdirmek» ýörelgesinden «haryt-ýerlemek-alyjy-mahabatlandyrma» ýörelgesine geçilýär, indi esasy üns bazara berlip ugralýar.
3. Bu döwürde alyş-çalşa gatnaşýan taraplaryň özüni alyp baryşlaryna üns bermek ýaly ýagdaýlar ýüze çykypdyr. Bazar ýagdaýlaryny öwrenmek boýunça barlag işleri geçirilipdir, «Marketing maksatnamalary» düzülipdir, bazary hemme taraplaýyn öwrenmek arkaly bazaryň ýagdaýlary barada çaklamalar işlenip düzülipdir.
4. Durmuş-etiki döwür. Belli amerikan marketology F. Kotleriň pikiriçe, durmuş-etiki marketingiň çäklerinde birbada aşakdaky meseleler çözülýär: sarp edijiler has netijeli harytlar we hyzmatlar bilen kanagatlandyrylýar, halkyň we jemgyýetiň bütewülikde hal-ýagdaýy oňatlaşýar. Häzirki zaman marketing işleri aşakdaky ýörelgelere esaslanýar:

1. «Sarp ediji–şadyr»;
2. Öndürilýän zady satmagyň ýerine satylýan zady öndürmeli;

3. Haryt döretmek bilen sarp edijini hem döretmeli.

*Birinji ýörelge* boýunça şu mysaly getirmek ýerlikli, ýagny «Toýota» firmasynyň «Biz siziň isleýän ulagyňyzy döredip bereris!» diýen şygary alyjylara gönükdirilendir. Bu firma bazary hemme taraplaýyn öwrenip, diňe hyrydarlygy bar bolan, alyjylaryň göwnüni tapyp biljek awtoulaglary öndürýär.

*Ikinji usul* birinjiniň dowamydyr. Bu ýerde önümçilik bazar talaplaryna ýokary derejede uýgunlaşýar. Mysal üçin, jinsi geýimleri öndürmegi alyp göreliň! Ony Windshaýmly (Bawariýa) Lewi Ştrauss işleýär.

Altyn gözleýjileriň hatarynda Kaliforniýa gelmek bilen, ol özüne şatlykly bir zady tapýar. Ýagny berk eginbaşyň ýeterliksizdigini bilýär we ony XIX asyryň ortalarynda öndürip başlaýar. Onuň jinsileri örän berkligi üçin, soňra fermerleriň we kowboýlaryň eşigi bolýar. Ol millioneriň bu oýlap tapan önümçiligini häzir hem nesilleri uly peýda gazanmak bilen dowam edýär.

17. Sargyt № 1856

## GOŞUNDYLAR

Şu bölümde farmasewtika gullugynda ýurdumyzda dermançylyk işine degişli alnyp barylýan esasy iş ýörediji resminamalar, hususan-da

-«Saglygy goraýyş edaralarynda derman serişdelerine dermanhanalaryň ýazylyşynyň düzgünnamasy»;

-«Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Baş dermanhana birleşiginde gözegçilik-derňew bölüminiň düzgünnamasy»;

-«Dermanhanalarda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini saklamak hem-de hasabyny alyp barmak barada düzgünnama»;

-«Saglygy goraýyş edaralarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini goýbermek barada düzgünnama»;

-«Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň garamagyndaky ylmy-barlag edaralarynda, barlaghanalarynda we okuw mekdeplerinde düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini saklamak we hasabyny alyp barmak barada düzgünnama»;

-«Onkologiki näsaglar tarapyndan ulanylmadyk, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini we dermanlary hasapdan çykarmak hem-de ýok etmek barada düzgünnama»;

-«Dermanhanalarda kabul edilen dermannamalary saklamak, saklanyş möhletiniň geçenleriini ýok etmek we hasabyny alyp barmak üçin hemişe hereket edýän topar barada» buýruk;

-«Saglygy goraýyş edaralarynda ulanylýan düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň boş çüýşeleriniň ýok edilişi barada delilnama»;

-«Saglygy goraýyş edaralarynda ulanylýan düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň saklanylyşy we goýberilişi barada buýruk»;

-«Saklanyş möhleti geçen, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri goýberilen ýörite dermannamalary ýok etmek üçin hasapdan aýyrmak barada» delilnama;

-«Neşeleriň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek we neşe serişdelerine hem-de psihotrop maddalaryna bagly bolan adamlara kömek bermek böýunça çäreleri barada» Milli meýilnama we başgalar barada anyk maglumatlar berilýär.

## B U Ý R U K

«Dermanhanalarda kabul edilen dermannamalary saklamak, saklanyş möhletiniň geçenlerini ýok etmek we hasabyny alyp barmak üçin hemişe hereket edýän topar barada».

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň 1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 26-synda çykaran 117-nji belgili, 1996-njy ýylyň ýanwar aýynyň 17-sinde çykaran 8-nji belgili, 2002-nji ýylyň maý aýynyň 20-sinde çykaran 71-nji belgili, 2004-nji ýylyň noýabr aýynyň 5-ne çykaran 159-njy belgili buýruklaryna esaslanyp, Baş dermanhana birleşigiň dermanhanalarynda kabul edilen dermannamalary, şoňa degişli resminamalary saklamaklygy we saklanyş möhleti geçenlerini ýok etmekligi hem-de hasabynyň alnyp barylyşyny düzgünleşdirmek maksady bilen

## T A S S Y K L A Ý A R Y N :

1. Dermanhananyň kabul eden dermannamalarynyň saklanyş möhleti.
(*1-nji goşundy*).
2. Saklanyş möhleti geçen ýeňillikli we tölegsiz (mugt) goýberilen dermannamalary ýok etmek üçin hasapdan aýyrmaga delilnama.
(*2-nji goşundy*).
3. Saklanyş möhleti geçen, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri goýberilen ýörite dermannamalary ýok etmek üçin hasapdan aýyrmaga delilnama
(*3-nji goşundy*).
4. Dermanhanalardan kabul edilip, saklamak üçin alnan ýeňillikli we tölegsiz goýberilen dermannamalaryň hasabyny alyp barmak üçin kitaby.
(*4-nji goşundy*).
5. Saklanyş möhleti geçip, ýok edilen, ýeňillikli we tölegsiz goýberilen dermannamalaryň resmileşdirilen delilnamalaryň hasabyny alyp barmak üçin kitaby.
(*5-nji goşundy*).

6. Saklanyş möhleti geçen, ýok edilen, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri goýberilen ýörite dermannamalaryň resmileşdirilen delilnamalarynyň hasabatyny alyp barmak üçin kitaby.
(*6-njy goşundy*).

**B U Ý U R Ý A R Y N:**

Welaýat dermanhana müdirligiň başlyklaryna, maliýe hasabat we hasabaty bölüminiň müdirlerine, gözegçilik-derňew bölümiň müdirine, dermanhana müdirlerine, gözegçilik-derňew bölümiň müdirine, dermanhana müdirlerine buýrugy doly öwrenip ýerlerde ýerine ýetirmeli.

1. 2005-nji ýylyň oktýabr aýynyň 13-inden Baş dermanhana birleşiginde Ahal, Balkan, Mary, Daşoguz, Lebap welaýat dermanhana müdirlikleriniň dermanhanalarynda kabul edilen dermannamalary saklamak, saklanyş möhletiniň geçenlerini ýok etmek we hasabyny alyp barmak üçin hemişe hereket edýän topar döretmeli.

1.1. Toparyň ýolbaşçysy –Birleşigiň (Müdirligiň ) orunbasary .
Toparyň agzalary:
– maliýe hasaby we hasabaty bölümiň müdiri ýa-da hünärmeni .
– gözegçilik –derňew bölümiň müdiri ýa-da hünärmeni.

2.2. Saklanyş möhleti geçen, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri goýberilen ýörite dermannamalary ýok etmek üçin hemişe hereket edýän toparyň agzalary hökmünde goşmaça wekiller gatnaşmaly.
– saglygy bejeriş edaralardan (Hassahana, Saglyk öýlerinden)
– dermanhana müdiri:

3. Dermanhanalarda kabul edilen ýeňillikli we tölegsiz goýberilen dermannamalar. Birleşigiň (Müdirligiň) dermannamalary saklamaga şert döredilen arhiwinde saklanmaly:

3.1. Dermanhana müdirligi, dermanhanada kabul edilen we şol aýyň hasabatyndan geçen ýeňillikli we tölegsiz goýberilen dermannamalary saklamak üçin her aýyň 25-inden soň 10 günüň dowamynda gözegçilik-derňew bölümine tabşyrmaly.

3.2. Dermanhanalardan ýeňillikli we tölegsiz goýberilen dermannamalary kabul edip arhiwde saklamak we olaryň hasabyny alyp barmak jogapkärçiligi gözegçilik-derňew bölümiň müdiri ýa-da hünärmeniň üstüne ýüklemeli (Edaranyň ýolbaşçysy bilen jogapkär adamyň arasynda maddy gymmatlyklaryň jogapkärçiliginiň şertnamasy baglaşylmaly):

4. Dermanhanalardan kabul edilip, saklamak üçin alnan ýeňillikli we tölegsiz goýberilen dermannamalaryň hasaby ýörite kitapda alnyp barylmaly.
- dermanhana belgisi we ýerleşýän ýeri;
- dermannamalaryň kabul edilen senesi;
- dermannamalaryň hasaba alnan döwri;
- dermannamalaryň görnüşi, sanynyň jemi, umumy bahasynyň jemi;
- tabşyrylan adamyň ady, atasynyň ady we goly;
- kabul eden adamyň ady, atasynyň ady we goly;

5. Saklanyş möhleti geçen (ýörite) dermannamalary ýok etmek üçin toparyň işini her çärýegiň soňky aýynyň 25-inden 31-ine çenli döwürde gurnamaly.

6. Saklanyş möhleti geçen, ýeňillikli we tölegsiz goýberilen dermannamalary ýok etmek üçin hasapdan aýyrmaga delilnama düzmeli:
- dermannamanyň görnüşi;
- dermannamanyň sany;
- bahasynyň jemi (manatda);

7. Saklanyş möhleti geçen, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri goýberilen ýörite dermannamalary ýok etmek üçin hasapdan aýyrmaga delilnama düzmeli:
- derman serişdesiniň ady;
- derman serişdesiniň ölçeg birligi;
- derman serişdesiniň mukdary;
- dermannamanyň tapgyry, belligi;

8. Saklanyş möhleti geçip ýok edilen, ýeňillikli we tölegsiz goýberilen dermannamalaryň resmileşdirilen delilnamalarynyň hasaby ýörite kitapda alnyp barylmaly:

– delilnama belgisi;
– dermannamanyň ýok edilen senesi;
– dermannama belgisi we ýerleşýän ýeri;
– dermannamanyň saklanyş möhletiniň geçen döwri;
– dermannamanyň görnüşi, sanynyň jemi, umumy bahasynyň jemi;
– hasaba alan adamyň ady, atasynyň ady;

9. Saklanyş möhleti geçip, ýok edilen düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri goýberilen ýörite dermannamalaryň resmileşdirilen delilnamalarynyň hasaby aýratyn kitapda alnyp barylmaly:

– delilnama belgisi;
– dermannamanyň ýok edilen senesi;
– dermannamanyň saklanyş möhletiniň geçen döwri;
– derman serişdesiniň ady;
– derman serişdesiniň ölçeg birligi;
– derman serişdesiniň mukdary;
– dermannamalaryň jemi sany;
– hasaba alan adamyň ady, atasynyň ady we goly;

10. Hasabat ýörite görnüşli, ýolbaşçynyň goly çekilip möhürlenen, tikilen we belgilenen kitapda ýöredilmeli.
11. Toparyň işiniň netijesini çärýegiň ahyrky aýyndaky dermanhananyň maliýe-hojalyk işleriniň hasabatyna çatmaly.
12. Baş dermanhana birleşigiň 2004-nji ýylyň iýun aýynyň 28-inde çykaran 76-njy belgili buýrugyny öz güýjüni ýitiren hasap etmeli.
13. Işgärler bölüminiň müdiri şu buýrugy birleşigiň garamagyndaky edaralaryň dykgatyna ýetirmekligi berjaý etmeli.Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi özümde galdyrýaryn.

**Baş dermanhana birleşiginiň başlygy**

***1-nji goşundy***
Baş dermahana birleşigiň
2005-nji ýylyň oktýabr
aýynyň 13-ünden 100 belgili
buýrugy bilen

**T A S S Y K L A N A N**

***Dermanhanada kabul edilen dermannamalaryň saklanyş möhleti.***

| T/b | Dermannamanyň görnüşi | Dermannamanyň saklanyş möhleti (ýyl) |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Ýeňillikli goýberilýän derman serişdeleriniň dermannamalary: | 1 |
| | -bahasyndan 90% | 3 |
| | -bahasyndan 50% | 3 |
| | -tölegsiz (mugt) | 3 |
| 2 | Düzüminde saklanýan serişdeleri: | |
| | -neşe maddalary | 5 |
| | -zäherli maddalar | 3 |
| | -etil spirti | 3 |
| 3 | Eýelik edijilik häsiýetli: | 3 |
| | -huşdan aýryjy | 3 |

**Maliýe hasaby we hasabaty bölümiň müdiri**

***2-nji goşundy***
Baş dermahana birleşigiň
2005-nji ýylyň oktýabr
aýynyň 13-ünden 100 belgili
buýrugy bilen

T A S S Y K L A N A N
D E R M A N H A N A №____

______________________________

Saklanyş möhletiniň geçen, ýeňillikli we tölegsiz (mugt) goýberilen dermannamalary ýok etmek üçin hasapdan aýyrmaga
D E L I L N A M A №____
____» ____________200___ý.
Toparyň ýolbaşçysy:
1. Birleşigiň (Müdirligiň) orunbasary.
Toparyň agzalary.
2. Maliýe hasaby we hasabaty bölümiň müdiri ýa-da hünärmeni.
3. Gözegçilik-derňew bölümiň müdiri ýa-da hünärmeni.
20___nji ýylyň ____________ aýynyň «____» –den 20___-nji ýylyň ____________aýynyň «____» –ine çenli aralygyndaky saklanyş möhleti geçen, ýok edilmeli dermannamalaryň görnüşiniň sanawy:

| T/b | Dermannamanyň görnüşi | Dermannamalaryň sany | Bahasynyň jemi (manatda) |
|---|---|---|---|
| | 1 | 2 | 3 |
| 1 | 100% tölegsiz (mugt) | | |
| 2 | 50% ýeňillikli | | |
| 3 | 90% ýeňillikli (ätiýaçlyk) | | |
| Jemi | | | |

Saklanyş möhleti geçen dermannamalary ýakmak ýoly bilen ýok edildi. Delilnama saklanyş möhleti geçip, ýok edilen ýeňillikli we

mugt dermannamalaryň ýeke-täk resminamasy bolup, onuň asyl nusgadygyny dermannamalaryň görnüşi, goýberilen derman serişdeleriň bahasynyň jemi kesgitleýär.

***3-nji goşundy***
Baş dermanhana birleşigiň
2005-nji ýylyň oktýabr
aýynyň 13-ünden 100 belgili
buýrugy bilen

T A S S Y K L A N A N

D E R M A N H A N A №____

_______________________
(Ýerleşýän ýeri)

Saklanyş möhleti geçen, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri goýberilen ýörite dermannamalary ýok etmek üçin hasapdan aýyrmaga

D E L I L N A M A №____

«____»____________200___ý.

Toparyň ýolbaşçysy:
1. Birleşigiň (müdirligiň) orunbasary.
Toparyň agzalary:
2. Maliýe hasaby we hasabaty bölümiň müdiri ýa-da hünärmeni.
3. Gözegçilik-derňew bölüminiň müdiri ýa-da hünärmeni.
4. Saglygy bejeriş edaranyň wekili.
5. № -nji dermanhana müdiri. ______________________

(Ady. A. A. wezipesi)

200__ nji ýylyň ________________ aýynyň «_____» –den, 200__ -nji ýylyň

_____________ aýynyň «____» –ine çenli aralygyndaky saklanyş möhleti geçen ýok edilmeli ýörite dermannamalaryň sanawy:

| T/b | Derman serişdesiniň ady | Ölçeg birligi | Derman serişdesiniň mukdary | Derman serişdesiniň tapgyry, belligi |
|---|---|---|---|---|
| | 1 | 2 | 3 | 4 |

Saklanyş möhleti geçen ýörite dermannamalary ýakmak ýoly bilen ýok edildi (dermannamalaryň sanynyň jemini görkezmeli). Delilnama düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri goýberilen, saklanyş möhleti geçip ýok edilen ýörite dermannamalaryň ýeke-täk resminamasy bolup, onuň asyl nusgadygyny derman serişdeleriniň ady, ölçeg birligi, mukdary, dermannamanyň tapgyry, belligi kesgitleýär.

Toparyň ýolbaşçysy: 1. __________ ________________________
Toparyň agzalary: 2. ___________ ________________________
3. ___________ ________________________
4. ___________ ________________________
5. ____________ _______________________
(goly) ( Ady. A. A.)
«Tassyklaýaryn»
Baş dermanhana birleşiginiň
Baş müdiri

_________________________
_______ ___________2005 ý.

***Türkmenistanyň SG we DS ministrliginiň Baş dermanhana birleşiginde gözegçilik-derňew bölüminiň***

D Ü Z G Ü N N A M A S Y

**1. Umumy düzgünler**

1.1. Şu düzgünnama Baş dermanhana Tertipnamasyna esaslanyp, birleşigiň çäginde hereket edýän kanunçylyk we kadalaşdyryjy namalara laýyklykda işlenip düzüldi.

1.2. Baş dermanhana birleşiginiň düzüminde 6 sany dermanhana edarasy özbaşdak balansda durýar. Gözegçilik-derňew bölümi

– Baş dermanhana birleşigi (merkezi edara) we Ahal, Mary, Lebap, Daşoguz, Balkan welaýat dermanhana müdirliginiň düzüm bölümine girýär.

1.3. Baş dermanhana birleşiginiň gözegçilik-derňew bölümi (geljekde bölüm) degişli edaralarda we dermanhanalarda buýruklaryň, düzgünnamalaryň ýerine ýetirilişi, melhemçilik işiniň we derman hem-de lukmançylyk önümleri bilen üpjünçiligiň ýerlerde berjaý edilişine, toparlaýyn hasapçy hünärmenleri bilen bilelikde maliýe-hojalyk işleriniň gözegçilik-barlagyny amala aşyrmakda birleşigiň gurluş bölümi hasaplanýar.

1.4. Gözegçilik-derňew bölümi öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Hökümetiniň kararlaryna, buýruklaryna, Türkmenistanyň Mejlisiniň çykaran kanunlaryna, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlaryna, Ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň, Baş dermanhana birleşiginiň buýruklaryna, görkezmelerine we gözegçilik-derňew bölüminiň düzgünnamasyna esaslanýar.

1.5. Gözegçilik-derňew bölümine birleşigiň we onuň garamagyndaky edaralarda iş birliginde bölüm müdiri we hünärmeni öz degişli wezipelerine hukukly.

1.6. Bölümiň iş birligi kanuny buýruk esasynda bellenilen tertipde edaranyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanýar we ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasaryna tabyn bolýar.

1.7. Bölüm öz gezeginde edaranyň bölümleri bilen maslahatlaşyp işleri amala aşyrýar.

**2. Bölümiň esasy wezipeleri**

2.1. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» döwlet maksatnamasyny durmuşa geçirmek;

2.2. Baş dermanhana birleşiginde bölüme degişli bolan, birleşigiň garamagyndaky dermanhana edaralarynda guramaçylyk we melhemçilik meseleleri baradaky buýruklary, görkezmeleri degişlilikde hereket edýän ýokary guramalaryň kanuny düzgünleri, ygtyýarnamalary döretmek;

2.3. Guramaçylyk we melhemçilik işi barada ýokary guramalaryň we Baş dermanhana birleşigiň buýruklarynyň, görkezmeleriniň birleşigiň garamagyndaky dermanhana edaralarynda bardygyna we ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;

2.4. Birleşigiň garamagyndaky dermanhana edaralarynda yzygiderli barlaglary geçirip durmak, melhemçilik tertibiniň we guramaçylyk işleriniň hiliniň ýokarlanmagyna, iş ýüzünde we usulyýet kömekleri bermek;
2.5. Birleşigiň garamagyndaky dermanhana edaralarynda edilen işiň hasabat serişdelerini seljerip, bölüme degişli bolan meselelerden netije çykaryp, olaryň işiniň gowulanmagy üçin çäreleri geçirmek;
2.6. Bölümiň ösüş we ýyllyk meýilnama barlagyny döretmek we onuň ýerine ýetirilişine gözegçiligi saklamak;
2.7. Maliýe hasaphana bölümi bilen gatnaşykda maddy gymmatlyklaryň hakykat ýüzünde barlygyna duýdansyz, tabşyrma-kabul ediş, meýilleşdirilen tükelleme-sanaw işlerini geçirmek;
2.8. Marketing we ykdysadyýet nyrh bölümi bilen maslahatlaşyp, dermanhana edaralarynda halkyň islegine bolan derman hyzmatynyň özgerişiklerine we nyrh kesgitlenilip söwda düzgünleriniň berjaý edilişine barlag geçirmek;
2.9. Melhemçilik işi, derman üpjünçiliginde we guramaçylyk işleri barada ilatdan gelip gowuşýan arzalaryň ýerinde barlanmagy we ýerlerde düşündiriş işleriniň geçirilmegi;
2.10. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Baş dermanhana birleşigi tarapyndan gurnalan toparlaýyn barlaglara gatnaşmak;
2.11. Dermanhana işgärleriniň arasynda dermanhana guramaçylyk we melhemçilik işleriniň meseleleri boýunça maslahaty gurnamak;

**3. Bölümiň iş maksatnamalary**

3.1. Dermanhanalarda we dermanhana şahamçalarynda, ammaryň saklaýyş bölüminde duýdansyz, tabşyryş-kabul ediş we meýilleşdirilen tükelleme-barlag işini geçirmeli. Geçirilen tükelleme-barlag işiniň netijesine, hiline baha berip kemçiligiň günäkär adamlar tarapyndan doly dikeldilmegini gazanmaly.
3.2. Derman we saglygy goraýyş serişdeleriniň üpjünçiligine, rejeli paýlanylyşyna, saklanylyşyna, ulanyş möhletlerine barlag geçirip durmaly.

3.3. Dermanhanalarda pulhana enjamynyň işleýşine, gündelik pulhana hasabatynyň düzülişine, pul dolanyşygynyň hereketine we onuň gündelik kitapda bellenen galyndysyna barlag geçirmeli.
3.4.Dermanhanalarda dermannama resminamalaryna we olaryň saglyk öýleri bilen bilelikde hasaba alnylyşyna gözegçilik-barlag işlerini geçirmeli.
3.5. Dermanhanalarda Saglyk ätiýaçlyk dermannamalary boýunça goýberilýän derman serişdeleriniň barlygyna we goýberilişine hepdelik gözegçiligini alyp barmaly.
3.6. Dermanhanalarda we ammaryň saklaýyş bölümlerinde düzüminde neşe we awy maddalary saklaýan derman serişdeleri we onuň ýörite (gülgüne reňkli blanka) dermannama hatlary, 96% etil spirtli, we berk hasabatda durýan derman serişdeler hakykat ýüzünde barlygyna, saklanylyşyna, girdeji we çykdajy resminamalaryna çärýekleýin barlagy amala aşyrmaly we delilleşdirilmeli.
3.7. Aýyň soňunda dermanhanalaryň hasabaty delilleşdirilen resminamalary we şol aýyň dermannama hatlarynyň görnüşine görä derman serişdeleriniň goýberilişine, bahalandyrylyşyna, reýestr tertibinde ýazylyşyna, girdeji we çykdajy resminamalaryna barlag-gözegçilik işlerini geçirmeli.
3.8. Bejeriş edaralaryna derman we lukmançylyk önümleri bilen üpjünçiligine berkidilen dermanhanalarda we dermanhana şahamçalarynda buýruklaryň we görkezmeleriň barlagyna we ýerine ýetirilişine, hasaba alyş kitapçalarynyň, degişli bolan resminamalaryň doly we dogry ýöredilişine, girdeji we talapnama esasynda çykdajy edilen derman we lukmançylyk önümleriniň hereketine seljerme geçirmeli.
3.9. Degişli dermanhanalaryň önümçilik bölümlerinde taýýarlanylan derman serişdeleriniň girdeji we çykdajy hasabatlaryna, olaryň bahalandyrylyşyna, ulanylyş möhletlerine, derman melhemçilik düzgünleriniň, görkezmeleriň, buýruklaryň, olaryň dogry we doly berjaý edilişine gözegçilik etmeli.
3.10. Dermanhanalarda kabul edilen dermannamalaryň ulanyş möhleti geçenlerini, çärýekleýin buýruk esasynda delilnama ýazyp toparyň gatnaşmagynda ýok edilmeli we onuň netijesine barlag geçirmeli.

3.11. Dermanhanalaryň maliýe görkezijilerine hasabaty boýunça seljeriş işini her aý, çärýek, ýyl boýunça aýratynlykda geçirip, onuň netijesini meýilnama hem-de öňki döwrüň görkezijileri bilen deňeşdirmeli we netijesini aýdyňlaşdyrmaly.

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň***

2002-nji ýylyň «___» _________

«______» belgili

*buýrugyna 1-nji goşundy*

Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri üçin ýörite Dermannama *hatynyň görnüşi.*

Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini almak üçin dermannama haty.

SG 000001

Saglygy goraýyş edarasy

RP.

Ulanyşy_____________________________________________

Näsag ______________________________________________

Kesel taryhyň belgisi__________________________________

Lukman ____________________________________________

(Düşnükli ýazmaly)

M. Ý.

*Düzetmek bolanok*

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň***

***2002-nji ýylyň «___» __________***

«___» belgili *buýrugyna 2-nji goşundy*

Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň sarp ediliş mukdarlarynyň kadalary.

(Ýylda 1000 adam üçin gram ölçeginde).
1. Morfin gidrohloridi – 0.3
2. Promedol (trimeperidin) – 5.0
3. Omnopon – 0.3
4. Kokain – 0.2
5. Dionin (etilmorfin) – 0.1
6. Estozin gidrohlorid – 0.3

*Bellik*:

1. Bu kadalar ähli derman görnüşlerini arassa täsir ediji madda geçirip hasaplamak ýoly bilen kesgitlenildi. Şol sebäpli, degişli kadalara laýyklykda derman serişdelerine isleg hasaplary bolan talapnamalar deňeşdirilende, ýokarda görkezilen maddalary saklaýan ähli derman görnüşlerini arassa serişde gaýtadan hasaplama arkaly amala aşyrylýar.

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň 2002-nji ýylyň «___»_________***

«________» *belgili buýrugyna 4-nji goşundy*

Dermanhanalarda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini saklamak hem-de hasabyny alyp barmak barada

**Düzgünnama**

1. Dermanhanalarda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri demir sandykda saklanylmaly.
2. Kömekçiler otagynda ýerleşýän, düzüminde neşe maddalary bolan, derman serişdeleri saklaýan demir sandygyň açary iş wagynda prowizorda bolmaly. Demir sandyklar iş güni tamamlanylandan soň möhürlenýär, hem-de petiklenýär hem-de petik dermanhananyň müdirine ýa-da dermanhana boýunça ýörite buýruk bilen tassyklanan maddy jogapkär adamda bolmaly. Düzüminde neşe maddalar bolan derman serişdeleriniň saklanylýan madda otaglaryň penjireleri demir gözenekli, gapylary bolsa demir bilen kakylan bolmaly. Iş tamamlanandan soňra bu otaglar maddy jogapkär adam tarapyndan gulplanylyp, möhürlenýär.

3. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri saklanylýan esasy otaglar we demir sandyklar, yşyk sesli duýduryş enjamlary bilen üpjün edilen bolmaly.
4. Gündelik işler üçin esasy otagdan kömekçiler otagyna düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň berlişi diňe dermanhanalaryň müdiri ýa-da oňa bellenen maddy jogapkär adam tarapyndan amala aşyrylmaly.
5. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň ätiýaçlyk möçberi şäher dermanhanalarynda bir aýlyk möhletden köp bolmaly däl; galan dermanhanalarda bolsa, bu serişdeleriň ätiýaçlyk möçberi bu dermanhanalary üpjün edýän ammaryň ýerleşýän aralygyna baglylykda ýokarky guramalar tarapyndan kesgitlenýär.
6. 1-4 toparlara degişli dermanhanalaryň kömekçiler otaglarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň ätiýaçlyk möçberi bäş günlik möhletden köp bolmaly däl. 5, 6, 7, 8 toparlara degişli dermanhanalaryň kömekçiler otaglarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini saklamak gadagan.
7. Nobatçy dermanhanalarda gijesine gyssagly saglygy goraýyş kömegini bermek maksady bilen, zerur bolan möçberinde, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri goýulýar. Bu derman serişdeleri nobatçy farmasewtiň demir sandygynda saklanýar. Nobatçylykdan soňra bu demir sandyk möhürlenýär ýa-da petiklenýär.
8. Düzüminde neşe maddalar bolan derman serişdeleriniň san hasabaty ýokarky guramanyň ýolbaşçysynyň goly çekilip belgilenen, tikilen we ýörite görnüş boýunça möhür goýlan kitapda ýazgysy alnyp barylmaly.
9. Her aýyň derman serişdeleriniň hakyky delillenen sanyny kitapdaky galan san bilen deňeşdirilmeli. Dermanhananyň maddy-haryt gymmatlyklarynyň tükellemesi geçirilen döwründe galan düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň hakyky sanlary anyklanyp, oňa aýratyn inwentar ýazgysy düzülýär.

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň 2002-nji ýylyň «___» __________***
*«________» belgili buýrugyna 5-nji goşundy*

Saglygy goraýyş edaralarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini we olary goýbermek üçin ýörite dermannama hatlary saklamak hem-de hasabyny alyp barmak barada

**Düzgünnama**

1. Saglygy goraýyş edaralaryň dermanhanalarynda hem döwlet dermanhanalary üçin göz öňünde tutulan düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň saklanyş, hasaba alnyş we goýberilişi barada düzgünler esasynda çäreler amala aşyrylýar.

2. Öz dermanhanalary bolmadyk saglygy goraýyş edaralary düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini dermanhanalarda ýa-da önümçilikde taýýarlanan derman görnüşinde almaly. Saglygy goraýyş edaralary tarapyndan dermanhanalaryndan alynýan düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň gabynyň daşynda «Içmek üçin», «Tene çalynýan». «Sanjym üçin», «Göz üçin damja», we ş. m. bu dermany taýýarlan dermanhananyň belgisi, ady, bölümiň ady, dermanyň düzümi, talapnama laýyklykda ýazgylar we taýýarlanan wagty, derman taýýarlanyň, barlanyň we dermanhanadan goýberenleriň gollary bolmaly.

Derman serişdeleriniň gabynda ýokarky agzalan ýazgylaryň ýok halatynda olary saglygy goraýyş edaralarynda saklamak we ulanmak gadagan. Çekip gaplanan, sançmak, garmak we goýberilýän gaba guýmak, ýazgylary çalyşmak düýbünden gadagan. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň gaplarynyň daş ýüzi gara syýada «A» harp bilen belgilenen bolmaly. Özünde neşe maddalaryny saklaýan derman serişdelerini demir sandyklarda saklamaly. Demir sandyklarynyň içinde neşe

maddalary bolan derman serişdeleriniň sanawy, olaryň bir gezeklik we gije-gündizlik möçberleri görkezilen bolmaly.
3. Sanjym görnüşinde ualnylýan derman serişdeleri, aýratyn, özbaşdak tekjelerde saklanmaly.
4. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň ätiýaçlyk möçberi edaranyň ýolbaşçysynyň buýrugy esasynda bölümlerde ätiýaçlygy bolmaly, saglygy goraýyş edaralaryň dermanhanalarynda bolsa, olaryň ätiýaçlyk möçberi 2 hepdeden köp bolmaly däl.
5. Ýatymlyk şertinde bejergi geçirýän saglygy goraýyş edaralarynyň näsaglary kabul ediş bölümlerinde adam janyna howp abanan ýagdaýynda agşam we gije wagtlary gyssagly saglygy goraýyş kömegini bermek üçin, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň bäş günlük ätiýaçlyk möçberini ýasamaga rugsat edilýär.
Bu ätiýaçlyk möçberi jogapkär nobatçy lukmanyň rugsady boýunça ýatymlyk serişdelerinde bejergi geçirýän saglygy goraýyş edaralarynyň ähli bölümlerinde ulanmak bolýar.
6. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň saklanyşyna we näsaglara bellenilişine jogapkär saglygy goraýyş edarsynyň müdiri hem-de edaranyň buýrugy boýunça tassyklanan hünärmenler bolup bilerler.
7. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini içmek, diňe şepagat uýasynyň ýanynda amala aşyrylmaly.
8. Saglygy goraýyş edaralarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň saklanylýan ýerinde hem-de nobatçy lukmanlaryň we şepagat uýalarynyň iş ýerinde bu derman serişdeleriniň ýokary bir we gije-gündizlik möçberleriniň sanawy hem-de bu derman serişdelerinden zäherlenen ýagdaýlarynda oňa garşy ulanylýan derman serişdeleriniň sanawy bolmaly.
9. Saglygy goraýyş edaralarynyň bölümlerindäki we otaglaryndaky düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň ählisiniň hasaby ýöredilmelidir. Hasabat tassyklanan nusgadaky resminama esasynda, müdiriniň goly çekilip möhürlenen, tikilen we belgilenen ýörite kitapda alnyp barylýar.

10. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri üçin ýöriteleşdirilen dermannama hatlarynyň hasaby bellenilen nusgasy boýunça alnyp barylýar.
Ýörite dermannama hatlary saglygy goraýyş edarasyna getirilende, edaranyň ýolbaşçysy tarapyndan bellenen topar tarapyndan kabul edilip, toparyň delilnamasyna laýyklykda hasap boýunça kitaba girizilýär. Edaranyň ýolbaşçysynyň buýrugy esasynda, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri üçin ýörite dermannama hatlarynyň saklanyşyna we hasabynyň ýöredilişine jogapkär bellenilýär.
11. Her bir saglygy goraýyş edarasynda, ýolbaşçynyň buýrugyna laýyklykda hemişe hereket edýän topar döredilýär. Bu topar aýda 1 gezek edarada bejeriji lukmanlarynyň düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň we oňa niýetlenen dermannama hatlarynyň saklanylyşy, hasabynyň ýöredilişini we ulanylyşyny barlamaga borçludyrlar.
12. Saglygy goraýyş edaralarynda ýörite dermannama hatlarynyň gündelik islegi bir aýlyk talapdan köp bolmaly däldir. Olaryň artygy ýerli saglygy goraýşy dolandyryjy guramalaryna tabşyrmalydyr. Bejeriji lukman görkezme bolan ýagdaýynda saglygy goraýyş edarasynyň ýolbaşçysynyň orunbasarynyň rugsady bilen anyk näsaga düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini goýbermek üçin ýörite dermannama hatyny berip biler.
13. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini goýbermek üçin ýörite dermannama kagyzlary diňe saglygy goraýyş edarasynyň ýolbaşçysynda ýa-da edaranyň buýrugy boýunça bu işe jogapkär adamda bolan demir sandykda saklanmaly.
14. Saglygy goraýyş edarasynyň ýolbaşçylary düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň hem-de olary goýbermek üçin ýörite dermannama hatlarynyň ýerlikli ulanylyşyna, hasabynyň alnyp barlyşyna we aýawly saklanylyşyna doly jogapkärdirler.

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň***
***2002-nji ýylyň «____»________***
«_____» belgili *buýrugyna 6-njy goşundy*

Dermanhana ammarlarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini we olary goýbermek üçin ýörite dermannama kagyzlaryny saklamak, hasabyny alyp barmak we goýbermek barada

## Düzgünnama

1. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri görnüşine seredilmän, dermanhana ammarynda berk diwary bolan aýry otaglarda, demir sandyklarda saklamaly. Otagyň penjireleri demir gözenekli, gapylary demir bilen berkidilen bolmaly. Jaý yşyk-sesli goraýyş enjamlary bilen üpjün edilip, gapylary, penjireleri, diwarlary, potoloklary ýörite beklenen bolmaly. Jaýda howa çalyşyjy hem-de howa çekiji gurallar, enjamlar bolmaly.
2. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri saklanýan otag iş tamamlanandan soň ýapylyp, möhürlenmeli ýa-da petiklenmeli. Açar, möhür hem plombir bu derman serişdeleriniň saklanylşyna jogapkär adamda saklanmaly.
3. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň hem-de ýörite dermannama hatlaryň dogry saklanyşynyň guramaçylygyna dermanhana ammarynyň müdiri jogapkärdir. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň hem-de dermannama hatlaryň saklanylýan otagyna girmeklik diňe olar bilen gös-göni işläp, ammaryň müdiriniň buýrugy bilen resmileşdirilen adamlara rugsat edilýär.
5. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň alnan halatynda, ammar müdiriniň ýa-da onuň orunbasarynyň hut özleri kabul edilen neşeli derman maddalarynyň jemi ugradyjy resminamadaky sanlarynyň deňdigini barlamaly.
6. Ammarlardan düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri möhürlenen görnüşinde goýberilýär. Şonuň bilen bir hatarda her bir gaba ugradyjynyň ady, familiýasy, gabyň içindäki

dermanyň ady we barlagyň belgisi görkezilen hatjagaz ýelmenilýär.
7. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň goýberilişi talapnamalar boýunça amala aşyrylýar. Talapnamalar edaranyň ýolbaşçysynyň ýa-da onuň orunbasarynyň goly çekilip, edaranyň möhri bilen tassyklanan bolmaly.
Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerine ähli talapnamalar hem-de hasap resminamalarda beýleki derman serişdelerine ýazylan talapnamalardan hem-de hasap resminamalaryndan aýratyn ýazylyp, olaryň sany ýazmaça görnüşinde görkezilmeli.
8. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri kesgitlenen tertipde resminamalaşdyrylan, alynýan serişdeleriň ady hem san ýazgy görnüşinde görkezilen aýratyn ynanç hatlary boýunça goýberilýär. Ynanç hatynyň hereket edýän möhleti 10 güne deň.
9. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini goýbermezden öňürti, madda jogapkär adam goýberilişiň esasyny, goýberilýän bu derman serişdeleriniň ýany bilen ugradylýan ugradyjy resminama bilen laýykdygyny, gaplamanyň dogrudygyny hut özi barlap, ammarda galan resminamanyň (faktura) nusgasyna gol çekmeli.
10. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini dermanhana ammaryndan diňe Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligiň bejeriş-kesselleriň öňüni alyş we dermanhana edaralaryna saglygy goraýyş maksatlary üçin we näsaglar üçin niýetlenen orunlary bar bolmaly ylmy-barlag saglygy goraýyş edaralaryna, medisina okuw jaýlaryna goýbermek bolýar.
11. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň derman görnüşine garamazdan tikilen we belgilenen, ýokary edaranyň ýolbaşçysynyň goly çekilip möhürlenen ýörite görnüşli kitapda hasabaty alnyp barylýar.
12. Ammarda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň giriş hem-de harç edilişi baradaky ähli resminamalar bellenen saklanyş möhletine laýyklykda, demir sandykda ýörite jogapkär adamynyň gözegçiliginde saklanýar.

13. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan ýurdumyz boýunça iş tejribede ulanylmaga rugsat edilmedik düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini dermanhana ammarlarynda saklamak gadagan.

14. Düzüminde neşe maddalary saklaýan derman serişdeleriniň ulag bilen daşalyşy hereketi edýän ýörite düzgünlere laýyklykda amala aşyrylýar.

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň***
***2002-nji ýylyň «___» __________***
«________» *belgili buýrugyna 7-nji goşundy*

Dermanhanalary dolandyryş guramalaryň derman serişdeleriň
hil taýdan gözegçilik barlaghanalarynda düzüminde neşe
maddalary bolan derman serişdelerini saklamak
hem-de hasabyny alyp barmak barada

**Düzgünnama**

1. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň görnüşine garamazdan demir sandykda saklamaly.

2. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň saklanylyşyna barlaghananyň müdiri ýa-da onuň orunbasary jogapkär hasaplanýar.

3. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri saklanylýan demir sandygyň açary barlaghananyň müdirinde ýa-da onuň orunbasarynda saklanylmaly.

4. Barlagçy-himige derňew üçin berlen neşe maddalary ýa-da olar düzüminde bolan derman serişdeleri aýratyn ýerde gulpuň astynda saklanýar.

5. Dermanhana ammarlaryndan derňew üçin ugradylýan düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri derňew geçirilenden soň 3 aýyň dowamynda saklanyp galyndylary dermanhana ammarynyň degişli bölümine geçirilýär. Zaýalanan düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri saklanyş möhleti geçenden soňra hereket edýän düzgünnama laýyklykda ýok edil-

ýär. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň saklanyş möhletleri:

a) şäher dermanhanalaryndan getirilenler 10 (on) gün,

b) oba dermanhanalaryndan getirilenler 20 (ýigrimi) gün.

Soňra ýokarky guramanyň wekiliniň gatnaşmagynda ýok edilip, barlaghananyň delilnamasy bilen resmileşdirilýär.

6. Barlaghana derňew üçin goýberilen düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri derman görnüşlerine garamazdan ýörite görnüşde tikilip belgilenen hem-de ýokarda duryan edaranyň ýolbaşçysynyň goly çekilip, möhürlenen aýratyn kitapda san hasabynda ýöredilmeli.

7. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerine resminamalar barlaghanalaryň müdirinde 3 (üç) ýylyň dowamynda saklanmaly.

Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň hasabynyň alnyp barylyşy, saklanylyşy, bellenilişi we ulanylyşy boýunça çäreler barada.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2001-nji ýylyň iýun aýynyň 14-ine çykaran 5260 belgili Karary bilen tassyklanylan «Neşeleriň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek we neşe serişdelerine hem-de psihotrop maddalara bagly bolan adamlara kömek bermek boýunça çäreleriň» 2001–2005-nji ýyllar üçin Milli Meýilnamasyny ýerine ýetirmek maksady bilen

**T A S S Y K L A Ý A R Y N :**

1. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri üçin ýörite dermannama hatynyň görnüşini (*1-nji goşundy*).

2. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň sarp ediliş mukdarlarynyň kadalaryny (*2-nji goşundy*).

3. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine saglygy goraýyş we dermanhana edaralaryndan düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň ýitenligi ýa-da ogurlanandygy barada gyssagly habarnamanyň görnüşini (*3-nji goşundy*).

4. Dermanhanalarda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini saklamak hem-de hasabyny alyp barmak barada düzgünnamany (*4-nji goşundy*).
5. Saglygy goraýyş edaralarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini we olary goýbermek üçin ýörite dermannama hatlary saklamak hem-de hasabyny alyp barmak barada düzgünnamany (*5-nji goşundy*).
6. Dermanhana ammarlarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini we olary goýbermek üçin ýörite dermannama hatlaryny saklamak, hasabyny alyp barmak barada düzgünnamany (*6-njy goşundy*).
7. Dermanhanalary dolandyryş guramalaryň derman serişdelerine hil taýdan gözegçilik barlaghanalarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini saklamak hem-de hasabyny alyp barmak barada düzgünnamany (*7-nji goşundy*).
8. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň garamagyndaky ylmy-barlag edaralarynda, barlaghanalarynda we okuw jaýlarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini saklamak we hasabyny alyp barmak barada düzgünnamany (*8-nji goşundy*).
9. Onkologiki näsaglar tarapyndan ulanylmadyk, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini we ýörite dermannama hatlary hasapdan çykarmak hem-de ýok etmek barada düzgünnamany (*9-njy goşundy*).
10. Saglygy goraýyş edaralarynda ulanylan, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň ýok edilişi barada delilnamanyň görnüşini (*10-njy goşundy*).
11. Saglygy goraýyş edaralarynda näsaglar tarapyndan ulanylmadyk, düzüminde neşe maddalary bolan we beýleki güýçli täsir ediji derman serişdeleriniň ýok edilişi barada delilnamanyň görnüşleri (*11-nji goşundy*).
12. Bölümlerinde we otaglarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň hasabyny ýöretmek üçin hasabat kitabynyň görnüşini (*12-nji goşundy*).

13. Ulanylmadyk düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri we beýleki maddalary üçin ýörite dermannama hatlaryň hasaby boýunça kitabynyň görnüşini (*13-nji goşundy*).
14. Dermanhanalarda düzüminde neşe maddalary bolan zäherli derman serişdeleriniň we etil spirtiniň hasabat kitabynyň görnüşini (*14-nji goşundy*).
15. Ylmy-barlag edaralarynda, barlaghanalarda we okuw jaýlarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň hasabyny alyp barmak üçin kitabyň görnüşini (*15-nji goşundy*.)
16. Dermanhana ammaryndaky düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň hasabyny alyp barmak üçin kitabyň görnüşini (*16-njy goşundy.*)
17. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri üçin ýörite dermannama hatlaryň hasabyny alyp barmak üçin kitabyň görnüşini (*17-nji goşundy*.)
18. Barlag üçin getirilen düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň hasabyny alyp barmak üçin kitabyň görnüşini (*18-nji goşundy*.)

**2. B U Ý U R Ý A R Y N :**

2.1 Aşgabat şäher, welaýat we gullukçylaryň saglygy goraýşy dolandyryjy guramalarynyň başlyklaryna, «Türkmenfarmasiýa» hojalyk hasaplaşygyndaky birleşigiň başlygyna, derman serişdelerini, lukmançylyk üçin niýetlenen önümleri, lukmançylyk enjamlary bellige alýan hem-de hiline gözegçilik edýän ekspertiza we kliniki barlaglary geçirýän döwlet merkeziniň başlygyna, saglygy goraýyş edaralarynyň hem-de dermanhanalaryň ýolbaşçylaryna:
2.1.1. Saglygy goraýyş edaralarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň saklanylýan ähli ýerlerini gorag-duýduryş ulgamy we demir sandyklar bilen üpjün etmeli. Dermanhanalarda saglygy goraýyş we ylmy-barlag edaralarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň duýduryjy sesli gorag serişdeleriniň (signolizasiýa) ýagdaýlaryny yzygiderli barlap durmaly. Degişli gorag serişdeleriniň bolmadyk halatynda, demir sandyklary, garawul goragynyň

güýçlendirilmegi, gorag-duýduryş enjamlarynyň goýulmagy we beýleki gorag serişdeleri bilen üpjün etmek baradaky möhüm çäreleri amala aşyrmaly. Ýokarda agzalan çäreleriň amala aşyrylmagyna mümkinçilik bolmadyk halatynda, bu edaralardan wagtlaýyn düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini alyp, bu derman serişdelerini saklamaklyga amatly şertleri bolan başga edaralaryň üsti bilen derman üpjünçiligi ýola goýmaly.

2.1.2. Ýerli saglygy goraýyş edaralarynyň ýolbaşçylary düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň hem-de ýörite dermannama hatlaryň hasabynyň alnyp barylyşy, saklanylyşy, goýberilişi, bellenilişi we ulanylyşy üçin şahsy jogapkärçilik çekmeli.

2.1.3. Saglygy goraýyş edaralaryny düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň goýberilmegi üçin ýörite dermannama hatlar bilen ýerli saglygy goraýşy dolandyryjy edaralar arkaly üpjün etmeli. Şol dermannama hatlar dermanhana ammarlaryndan alynýar. Ýerli saglygy goraýyş guramalarynda we saglygy goraýyş edaralarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini goýbermek üçin ýörite dermannama hatlaryň ätiýaçlyk möhletleri bir aýlyk kadadan köp bolmaly däl.

2.1.4.Ýörite dermannama hatlar demir sandyklarda saklanmaly. Olaryň açary saglygy goraýyş dolandyryjy guramasynyň başlygynda, saglygy goraýyş edaralarynda bolsa ýolbaşçyda ýa-da onuň orunbasarynda bolmaly.

1.1.5. Bejeriji lukmanlaryň düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen tertibe laýyklykda derman serişdeleriň bellenilmegine hemişe edaranyň ýolbaşçylary tarapyndan berk gözegçilik edilmeli. Neşekeşlere düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň goýberilmegi üçin dermannamalary ýazyp bermegi lukmanlara düýbünden gadagan etmeli.

**1.** Bejeriji lukmanlar tarapyndan hökmany suratda düzüminde neşe maddalary saklaýan derman serişdeleriň bellenendigi hem-de ula-

nylandygy barada näsagyň kesel taryhynda bu derman serişdeleriniň adynyň hem-de mukdarynyň görkezilmegi bilen ýörite ýazgy arkaly görkezilmeli.

**2.** Lukmanlaryň bellemegi boýunça düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň ulanylmagy lukmanyň sanjym edilýän otagyň şepagat uýasy tarapyndan amala aşyrylyp, bu barada kesel taryhynda hem-de lukmanyň bejergi belleýän kagyzynda bellik edilmeli.

**3.** Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň ulanylan boş çüýşejiklerini bejeriji ýa-da nobatçy lukman, şol gün dessine (dynç we baýramçylyk günlerinden başga saglygy goraýyş edaralarynyň başlygynyň orunbasaryna, onuň ýok wagtynda bolsa, saglygy goraýyş edaralarynyň ýolbaşçysyna tabşyrmaly. Saglygy goraýyş edarasynyň ýolbaşçysy, özüniň baştutanlygynda degişli görnüşde delilnama düzmek bilen her 10 günden ulanylan düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň boşan çüýşejiklerini ýok edýän topary döretmeli.

**4.** Onkologiki we ýerli saglygy goraýyş edaralarynyň ýolbaşçylary tarapyndan degişli düzgünnama laýyklykda, onkologiki näsaglar tarapyndan ulanylmadyk, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň we bu derman serişdeleri üçin taýýarlanan dermannama hatlaryň saglygy goraýyş edaralaryna gaýtarylyp getirilmegini üpjün etmeli.

2.1.10. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerine talap kesgitlenende tassyklanylan; düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini sarp etmegiň kadalaryndan ugur almaly.

2. 1.11. Saglygy goraýyş we dermanhana edaralaryndan düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň ýitenligi ýa-da ogurlanandygy barada bellenen görnüşinde Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine 3 günüň dowamynda habar bermeli. Şol bir wagtda günäkäri anyklap, ony jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin kazyýet edaralaryny bellenen düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň ýitenligi ýa-da ogurlanandygy barada degişli maglumatlar bilen üpjün etmeli. Bu derman serişdeleriniň saglygy goraýyş edaralaryndan ýitenligi ýa-da ogurlanandygy barada Türkmenistanyň Saglygy

goraýyş we derman senagaty ministrligine doly hat üsti bilen maglumat bermeli.
2.1.12. Saglygy goraýyş we dermanhana edaralarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri saklamak hem-de hasabyny alyp barmak işini ýerine ýetirmäge ygtyýar berlen, şol sanda wagtlaýyn ygtyýar berlen jogapkär işgärleriň resminamalarynyň taýynlanyp işe kabul edilmeginiň dogrulygyna yzygiderli gözegçilik etmeli. Bu işiň tertibiniň bozulandygy ýüze çykarylan halatynda, günäkerleri berk jogapkärçilige çekmeli .
2.1.13. Farmakologiki komitete derman serişdeleriniň synagy geçirilende häzirki zaman usullary arkaly haýsy derman serişdeleriniň neşekeşlik keselini döredip biljekdigini anyklamagy tabşyrmaly. Bu görkezilen häsiýetiniň ýüze çykarylan halatynda bellenen tertipde bu derman serişdelerini neşe serişdeleriniň sanawyna goşup, oňa gözegçilik çärelerini bellemeli.
2.1.14. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň ýerine häzirki zaman agyryny aýryjy derman we tehniki serişdeleri hem-de usullary giňden ornaşdyrmaly
3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişinde Birleşen Milletler Guramasynyň 1961-nji ýylda kabul eden neşe serişdeleri baradaky ýeke-täk Konwensiýasynyň degişli maddalaryny hem göz öňünde tutmaly.
4. Okuw jaýlary ylym we işgärler bölüminiň başlygyna tabşyrmaly.
4.1 Şu buýrugy Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň garamagyndaky ähli edaralaryň dykgatyna ýetirmeli.
Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmekligi Ministriň orunbasaryna tabşyrmaly.

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň***
***2002-nji ýylyň «_____» __________***
«______» belgili
*buýrugyna 8-nji goşundy*

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň garamagyndaky ylmy-barlag edaralarynda, barlaghanalarynda we okuw jaýlarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini saklamak we hasabyny alyp barmak barada

**Düzgünnama**

1. Ylmy-barlag edaralarynda barlaghanalarda we okuw jaýlarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri aýratyn otagda, demir sandyklarda saklanmaly.
2. Düzüminde neşe maddalaryny saklaýan derman serişdeleriniň saklanylýan otaglarynyň penjireleri demir gözenekli bolup, gapylary demir bilen örtülmeli.
3. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň saklanylýan otaglary, demir sandyklary iş güni tamamlanandan soňra gulplanylyp möhürlenilmeli ýa-da plombirlenmeli. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri saklanýan otaglaryň we demir sandyklaryň açarlary, şeýle hem möhür ýa-da plombir bu serişdeleriň saklanylşyna borçly edilen adamda bolmalydyr.
4. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň we olara degişli resminamalaryň dogry saklanylmagyny gurmak hem-de olary saklamak üçin ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasary jogapkärdir.
5. Okuw jaýlarynda talyplar bilen iş-tejribe sapaklary geçirmek üçin berlen düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň dogry ulanylmagyna sapagy alyp barýan mugallym jogapkärdir. Okuw sapaklary gutarandan soňra okuw otaglarynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri saklamak gadagan.

6. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri kabul edilende edara ýolbaşçysynyň ýa-da onuň orunbasarynyň hut özi alnan bu derman serişdeleriniň sanynyň kabul edilen resminamadaky görkezilen sana gabat gelýändigini barlamaly.
7. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň ätiýaçlyk mukdarynyň saklanylýan otagyna diňe edaranyň buýrugy bilen resmileşdirilip, bu serişdeler bilen işleýän adamlara rugsat edilýär.
8. Gündelik iş üçin düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini goýbermeklik edara ýolbaşçysynyň ýa-da onuň orunbasarynyň diňe hat üsti rugsady bilen, bu serişdeler kabul edip alýan adamyň familiýasy hem-de wezipesi görkezilen barlaghananyň müdiri tarapyndan gol çekilen talapnama boýunça amala aşyrylýar.
9. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň saklanylşyna jogapkär adamyň hut özi bu serişdeleri goýbermezden öňürti munuň üçin esaslary hem-de ugradyş resminamalarynyň doldurylyşynyň dogrudygyny we gaplanyşyň hilini barlamaga borçludyr ol talapnamanyň nusgasyna gol çekmelidir.
10. Düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň hasaby belgilenelen, tikilen we ýörite görnüş boýunça ýokarda duran edaranyň ýolbaşçysynyň goly çekilip, möhri bilen berkidilen aýratyn kitaplarda ýöredilýär.

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we Derman senagaty ministrliginiň***
***2002-nji ýylyň «_____» __________***
«______» belgili
*buýrugyna 9-njy goşundy*

Onkologiki näsaglar tarapyndan ulanylmadyk, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdelerini we dermannamalary hasapdan çykarmak hem-de ýok etmek barada

**Düzgünnama**

Onkologiki näsaglaryň ýogalandygy sebäpli, öýlerinde galan, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriň ulanylmagynyň öňüni almak maksady bilen, saglygy goraýyş edaralaryň ýolbaşçylary näsaglaryň hossarlary tarapyndan tabşyrylan düzüminde neşe maddalary bolan we beýleki güýçli täsir ediji derman serişdeleriniň hem-de olaryň goýberilişi üçin niýetlenen ýörite dermannama hatlaryň hasabatyna alyp barmalydyrlar.

Munuň üçin:

1.Saglygy goraýyş edarasynyň buýrugy bilen, näsagyň ýogalandygy barada resminama taýynlanyp, hünärmene ýogalanyň hossarlaryndan düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň hem-de olaryň goýberilşi üçin niýetlenen ýörite dermannama hatlarynyň yzyna kabul edip almaklyk tabşyryldy. Bu hünärmen keseliň taryhy bilen ambulator karta bellenen indiki dermannama hatlaryň alnan aralygyna çenli ulanylan serişdeleri deňeşdirmeli.Tabşyrylan dermannama hatlar, dermanlar we olaryň atlary, görnüşi (çüýşe, gerdejik, külke) ýörite belgilenen, tikilen, saglygy goraýyş edarasynyň ýolbaşçysynyň goly çekilip, tegelek möhür basylan depderde bellik edilýär.

Tabşyrylan dermanlar we dermannama hatlar ýok edilýänçä demir sandykda aýawly saklanmaly.

2. Her aýyň 30-yndan gijä galan ýygnalyşyna görä külke, gerdejik we çüýşe görnüşli düzüminde neşe maddalary bolan we beýleki güýçli täsir ediji derman serişdeleri saglygy

goraýyş edarasynyň düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň, etil spirtiniň sarp edilişine we hasabynyň ýöredilşine gözegçilik etmek boýunça hemişe hereket ediji toparyň gatnaşmagynda diňe ýok etmeklige degişlidir. Külkeleri we gerdejikleri ýakmaly, çüýşeleri bolsa döwüp mynjyratmaly. Ýörite depderde ýok edilen derman serişdeleri barada bellik edilýär.Ýok etmeklik barada ýörite delilnama düzülýär.

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň***
***2002-nji ýylyň «_____» __________***
«___________» belgili
*buýrugyna 10-njy goşundy*

Saglygy goraýyş edaralarynda ulanylýan, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň boş çüýşeleriniň ýok edilişi barada

DELILNAMA

Topar, aşakdaky düzümde (azyndan 3 adam).
Ady, atasynyň ady.
Ýyl, aý, gün.

Näsaglara ulanylan (kesel taryhynda belgilerini görkezmeli)________

Aralygynda düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleri bolan çüýşejikleriň umumy________sanyndan ________sanysy (ýazgy görnüşinde) ýok edildi.
Çüýşejikler döwmek arkaly ýok edildi.
Toparyň agzalarynyň gollary:

*Delilnama –3 ýylyň dowamynda saklanmaly.

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we***
***derman senagaty ministrliginiň***
***2002-nji ýylyň _____» __________***
___________» belgili
*buýrugyna 11-nji goşundy*

Saglygy goraýyş edaralarynda ulanylýan, düzüminde neşe maddalary bolan derman serişdeleriniň boş çüýşeleriniň ýok edilişi barada.

DELILNAMA

Topar, aşakdaky düzüminde (azyndan –3 adam bolmaly).
Ady, atasynyň ady.
Ýyl, aý, gün.
Öýlerinde ýogalan näsaglaryň hossarlary tarapyndan _________
aralygynda yzyna tabşyrylan düzüminde neşe maddalary bolan we güýçli täsir ediji derman serişdeleri ýok edildi.

Çüýşejikde
1).........................................sany
2).........................................-//-
3).........................................-//-
4).........................................-//-
5).........................................-//-

Külke görnüşinde
1).........................................-//-
2)........................................-//-
3).......................................-//-

Girdejikde
1).......................................-//-
2)......................................-//-

Çüýşejiklerdäki dermany döwmek, külke we gerdejikleri ýakmak arkaly ýok edildi.

Toparyň agzalarynyň gollary:

19. Sargyt № 1856

## Peýdalanylan edebiýatlar


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, I tom. Aşgabat, 2008.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, II tom. Aşgabat, 2009.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy I,II tomlar, Aşgabat, 2010.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. I – VIII tomlar. Aşgabat, 2010 – 2016.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan –melhemler mekany. Aşgabat, 2011.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, VI tom. Aşgabat, 2013.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, VII tom. Aşgabat, 2014.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. Aşgabat, 2014.
10. Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry Milli maksatnamasy.– «Türkmenistan» gazeti, 2003-nji ýylyň, 27-nji awgusty.
11. «Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – «Türkmenistan» gazeti, 1993-nji ýylyň 22-nji oktýabry.
12. «Eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmak we hususylaşdyrmak hakynda (täze redaksiýa)» Türkmenistanyň Kanuny. – «Türkmenistan» gazeti, 1997-nji ýylyň 30-njy iýuny.
13. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – «Türkmenistan» gazeti, 2000-nji ýylyň 31-nji iýuly.
14. «Telekeçilik işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – «Türkmenistan» gazeti,1993-nji ýylyň 2-nji noýabry.
15. «Erkin telekeçiligiň ykdysady zonasy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – «Türkmenistan» gazeti, 1993-nji ýylyň 4-nji noýabry.
16. *E.S.Sahatow.* Dermanhana edaralarynda hasap we hasabat işleri. Aşgabat,1995.
17. *A.Sopyýew we başg*. Ykdysady nazaryýet. Aşgabat, 2010 ý.
18. «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – «Türkmenistan» gazeti, 1993-nji ýylyň 19-njy noýabry.
19. Türkmenistanyň zähmet kodeksi. – «Türkmenistan» gazeti, 2009-njy ýylyň 1-nji maýy.

20. *Акопян А.С.* Организационно-правовые формы медицинских организаций и платные медицинские услуги в государственных учреждениях здравоохранения. // Экономика здравоохранения.-2004 №5-6 (84)ю-С. 10-18.
21. *Кучеренко В.З., Яковлев Е.П.* Стратегия клинического менеджмента как основа повышения качества медицинской помощи и ресурсосбережения. //Проблема управления здравоохранением . -2002-№2(3).-С 24-29.
22. *Райсберг Б.А.* Российское здравоохранение: вхождение в рынок./ Райсберг Б.А., Кузмина Н.Б., Шиленко Ю.В. Под ред. Кучеренко В.З., Герасименко Н.Ф.- М., ИНФРА.-2000.-309 с.
23. *Семенов В.Ю*. Способы оплаты медицинских услуг. // Учебное пособие – М.,2001.-44 с.
24. *Александрова О.А.*, *Щербина Е.А*. Особенности и проблемы лечебно-профилактических учреждений как основной организационной формы оказания медицинских услуг населению в современном Российском здравоохранении // Экономика здравоохранения.- 2006- №7 (105). – С.5- 10.
25. *Герасименко Н.Ф.*, *Максимов Б.П.* Полное собрание федеральных законов об охране здоровья граждан (комментарии, основные понятия, подзаконные акты). // ГЭОТАР-МЕД. -2001. – 511 с.
26. *И.В. Косова*, *Е.Е. Лоскутова*, *Т.П. Лагуткина.* Управление и экономика фармации: В 4 т. Т. 1. Фармацевтическая деятельность. Организация и регулирование: Учебник для студентов. для высш. учеб. заведений М.: Издательский центр «Академия», 2003. – 384 с.
27. *И.В. Косова*, *Е.Е. Лоскутова.*, Управление и экономика фармации: В 4 т. Т. 1. Фармацевтическая деятельность. Организация и регулирование: Учебник для студентов. для высш. учеб. Заведений М.: Издательский центр «Академия», 2011. – 384 с.
28. *А.А. Теодорович*, *Е.Е. Лоскутова*, *Е.А. Максимина*. Управление и экономика фармации: В 4 т. Т. 2. Учет в аптечных организациях: оперативный, бухгалтерский, налоговый: Учебник для студентов для высших учебних заведений. –М.: «Издательский цент Академия», 2004. – 448 с.
29. *В.В. Дорофеева, Е.Е. Лоскутов*. Управление и экономика фармации: В 4 т. Т. 3. Экономика аптечных организаций: учеб. для высших учебных заведений. –М.: Издательский центр «Академия», 2008. – 432 с.
30. *И.В. Косова, Е.Е. Лоскутова*, *Т.П. Лагуткина*. Фармацевтическая деятельность: организация и регулирование: учебно –

методический комплекс. Петрозаводск: Издательство ПетрГУ, 2007. – 136с.
31. *Е.Н. Писаренко.* Справочник фармацевтического работника. Изд. 2-е, доп. и перераб. – Ростов-на-Дону : Феникс, 2003. – 635 с.
32. *В.А. Сухинина.* Справочник руководителя аптеки. Москва : Литтерра, 2006. – 617 с.
33. *В.И. Евплов, О.А. Кудинова.* Организация лекарственной помощи в лечебно-профилактических учреждениях. Ростов-на-Дону : Феникс, 2003. – 703 с.
34. *Л.Б. Васькова, Н.З. Мусина.* Методы и методики фармакоэкономических исследований. Москва, ГЭОТАР-Медиа, 2007. – 112 с.
35. *Кучеренко В.З., Соколов А.Г., Мартынчик С.А.* Риск-менеджмент медицинского страхования. Журнал «Экономика здравоохранения» №1, 2008 г.
36. *Мартынчик С.А., Полесский В.А., Лелеко В.В., Соколова О.В., Мартынчик Е.А., Запорожченко В.Г.* Затраты на качество медицинской помощи: вопросы управления. Журнал «Экономика здравоохранения» №3, 2008 г.
37. *Манеров О.А.* Нужны ли инвестиции в профессиональное развитие медицинских кадров XXI века. Журнал «Экономика здравоохранения» №4, 2008 г.
38. *Бондаренко И.А.* Особенности бухгалтерского учета доходов организации. Журнал «Экономика здравоохранения» №4, 2008 г.
39. *Савашинский С.И., Шляпников В.В., Пташинский Р.И., Пацукова Д.В.* Некоторые экономические показатели рынка медицинских услуг при обслуживании в системе медицинского страхования. Журнал «Экономика здравоохранения» №5 2008 г.
40. *Кучеренко В.З., Мартынчик С.А., Осокина О.В.* Контроллинг производственно-хозяйственной деятельности медицинского учреждения как инструмент управления в условиях программного бюджетирования. Журнал «Экономика здравоохранения» №6 2008 г.
40. *Решетников А.В.* Социальный маркетинг и обязательное медицинское страхование. – М.: Финансы и статистика, 1998 с. 336.
42. *Решетников А.В.* Российское общество и здравоохранение: социологическое осмысление взаимодействия. – М., 2004. С. 35
43. *Линденбратен А.Л., Дубоделова Н.К.*Перспективы использования программ социологического мониторинга в службе надзора в сфере здравоохранения и социального развития // Менеджмент качества в сфере здравоохранения и социального развития, 2006. № 1. С 31-37.

## MAZMUNY

Giriş ........................................................................................ 7

## I BÖLÜM

1.1. Derman üpjünçiliginiň guralyşy dersi ............................................... 11
1.2. Türkmenistanda derman üpjünçilik işiniň ösüş taryhy ....................... 13
1.3. Garaşsyz Türkmenistanda dermançylyk ulgamynyň guralyşy ........... 20
1.4. Türkmenistanyň raýatlary bilen döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyna şertnama baglaşmagyň tertibi ................................... 24
1.5. Ýurdumyzda derman ösümlikleriniň ylmy taýdan öwrenilişi ......................................................................... 38
1.6.Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Baş dermanhana birleşigi ................................................. 41
1.7. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň «Türkmendermansenagat» birleşigi ..................... 49
1.8. Derman serişdelerini hasaba alyş we olaryň hiline döwlet gözegçiligi merkezi ............................................................. 53
1.9. Hususy dermanhanalar ........................................................................ 71

## II BÖLÜM

2.1. Dermanhana edaralarynyň guramaçylyk işleri .................................. 74
2.2. Hojalyk hasaplaşykly dermanhanalar ................................................ 84
2.3. Dermanhanada derman görnüşlerini taýýarlamagyň guralyşy ........................................................................ 102
2.4. Dermanhanalarda derman serişdeleriniň hiline gözegçiligiň guralyşy .................................................................. 105
2.5. Taýýarlanylan derman serişdeleri resmileşdirmegiň we goýbermekligiň guralyşy ....................................... 111
2.6. Zäherli, neşeli we güýçli täsir edýän serişdeleri saklaýan derman görnüşleriniň resmileşdirilişine we saklanylyşyna bildirilýän talaplar ... 113
2.7. Dermanhanada taýýarlanan derman görnüşleriniň näsaga berliş düzgüni ......................................................................................... 114

2.8. Derman serişdeleriniň dermannamasyz goýberilmegi ...................... 115
2.9. Dermanhanalardaky sorag-jogap bölüminiň guralyşy ...................... 117
2.10. Häzirki wagtda ilaty derman serişdeleri
bilen üpjün etmegiň ugurlary ............................................................ 119

## III BÖLÜM

3.1. Hassahanalardaky näsaglaryň derman
bilen üpjün edilişi.............................................................................. 124
3.2. Kesel bejeriş we öňüni alyş edaralarynyň dermanhanalary ............. 128
3.3. Merkezi etrap dermanhanasynyň işiniň guralyşy ............................ 130
3.4. Dermanhana ammarynyň işiniň guralyşy ....................................... 135

## IV BÖLÜM

4.1. Harytlaryň sarp edilişiniň hasaba alnyşy ........................................ 142
4.2. Esasy we tiz hatardan çykýan serişdeleriň hasaby............................ 147
4.3. Arzan bahaly we tiz hatardan çykýan zatlar ..................................... 150
4.4. Zähmetiň we iş hakynyň hasaby ....................................................... 152
4.5. Zähmet rugsadynyň görnüşleri we olara hak tölenilişi .................... 157
4.6. Döwlet kömek pulunyň tölenişi ........................................................ 161

## V BÖLÜM

5.1. Hasaplaşyk işleriniň geçirilişi ........................................................ 167
5.2. Döwlet bankynyň üstünden geçirilýän
hasaplaşyklaryň esasy görnüşleri ....................................................... 170
5.3. Ykdysady derňew ............................................................................. 174
5.4. Haryt-maddy gymmatlyklaryň, pul serişdeleriniň we nagt pulsuz
amala aşyrylýan hasaplaşyklaryň tükellenmegi ..................................... 175

## VI BÖLÜM

6.1. Hojalyk hasaplaşykly dermanhana edaralarynyň hasabaty............... 182
6.2. Haryt maddy gymmatlyklarynyň hasaba alnyşy.............................. 187
6.3. Hasabyň ölçeg birlikleri we hojalyk
hasabynyň görnüşleri ......................................................................... 190
6.4. Dermançylykda banklaryň üstünden geçirilýän
kredit we maliýe hereketleri................................................................. 195
6.5. Maliýe ulgamy. Döwlet býujeti we onuň milli
girdejini paýlamakdaky orny ............................................................. 197

## VII BÖLÜM

7.1.Derman üpjünçiligini maliýeleşdirmegiň ugurlary ............................ 200
7.2. Döwlet salgyt ulgamy. Salgytlaryň görnüşleri ................................ 203
7.3. Salgyt gaçalgalary ................................................................. 217
7.4. Karz, onuň mazmuny we guramagyň ýörelgeleri ............................ 219
7.5. Banklar, olaryň ähmiýeti, görnüşleri we wezipeleri ........................ 222

## VIII BÖLÜM

8.1. Bazar ykdysadyýet ulgamynda menejment ..................................... 225
8.2. Hususyýetçi tarapyndan bazar, öz-özüňi dolandyryş wezipelerini amala aşyrmagyň görnüşleri ................................................................ 230
8.3. Menejmentiň ýörelgeleri ............................................................ 233
8.4. Menejmentiň döreýşi ................................................................ 245
8.5. Menejmentiň milli aýratynlyklary ................................................ 249
8.6. Marketing, onuň mazmuny we wezipeleri ........................................ 255

Goşundylar ..................................................................................... 258

Peýdalanylan edebiýatlar ................................................................. 290

Maýa Hudaýnazarowna Baýramlyýewa, Gurban Täçmyradowiç Ýollyýew,
Nurgeldi Muhammetjumaýewiç Berdyniýazow

# FARMASIÝANYŇ GURALYŞY WE YKDYSADYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *H.Sapargulyýew* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktory | *O. Nurýagdyýewa* |
| Korrektor | *M. Atanyýazowa* |
| Kompýuter işleri | *M. Atajanowa* |
| Neşir üçin jogapkär | *I. Gurbanow* |

Çap etmäge rugsat edildi 19.03.2017. Ölçegi 60x90$^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi. 18,5. Hasap-neşir listi 17,82.
Çap listi 18,5. Şertli reňkli ottiski 56,63.
Sargyt № 1856. Sany 200.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.